HASAN ÝYLMAZ

# Şu kitaby okap görüň, mugallym!



HASAN ÝYLMAZ

# ŞU KITABY OKAP GÖRÜŇ, MUGALLYM!

*Bu elektron kitap eseriň «Dünýä edebiýaty» žurnalynda neşir edilen terjimesiniň esasynda mugallymlara gollanma hökmünde taýýarlanyldy.*

## MAZMUNY


**GIRIŞ ........................................................................6**

**I BÖLÜM ....................................................................26**

**MUGALLYMYŇ HATALARY ...........................................26**

1. Içgysgynç bolmak ....................................................26

2. Hiç hili düzgün ýok .................................................28

3. Köp gürleýän mugallym bolmak ..................................31

4. Ýol kartasy ýok .......................................................35

5. Çeňňegi dogry oklamak ............................................40

6. Dil ýarasy... .............................................................42

7. Ähli zady men etmeli ................................................45

8. Erbet taraplaryňyzy görkezmek ..................................47

9. Gaýtalamak ýok .......................................................51

10. Ýürekdeşlik ýok .....................................................54

11. Gysgaça jemleme ýok ..............................................58

12. Nämä garaşýanyňy bilmezlik ....................................59

13. Berilýän sowallaryň ejiz gelmegi ..............................67

14. Kötekleýji topara goşulmak ......................................68

15. Özüňe başgalaryň nazary bilen seredip bilmezlik ........73

16. Okuwçylara hormat goýmazlyk .................................76

17. Uçguny söndürmek .................................................78

18. Durnukly häsiýetiň bolmazlygy .................................82

19. Ata-eneler bilen işleşip bilmezlik ..............................83

20. Hile däl-de, sana kowalaşmak ..................................88

21. Sazlaşygy ýola goýup bilmezlik .................................90

22. Ýeterlik goldap bilmezlik ....................................................94
23. Sabyrly bolmagy ýatdan çykarmak........................................96
24. Y.M.G. ýok ........................................................................98
25. Hiç hili mesele ýok... Ähli zat ýerbe-ýer... ..............................98
26. Ederiňi bilmezlik ..............................................................100
27. Täsirli bakyşlardan peýdalanyp bilmezlik ............................103
28. Yzygiderli tankytlamak .....................................................104
29. Diňlemezlik........................................................................106
30. Täze we tapawutly zatlary synamazlyk ...............................109
**II BÖLÜM ..............................................................................112**
**MUGALLYMLAR ÜÇIN ŞAHSY BAŞARNYK SAPAKLARY ...........112**
1. Ýylgyryş bilen başlaň!........................................................113
2. Sapagy düşündirmek, ýöne nädip? .......................................115
3. Ýürekgysgynç bolmaň! .......................................................117
4. 5N, 1K, 1H we 1E gerek ......................................................118
5. Aragatnaşyk – esasy zat .....................................................121
6. Esasy itergi .......................................................................123
7. Kagyz ýüzünde öwüň..........................................................124
8. Iki ädim ädiň......................................................................125
9. Täsir edilýän wagt ..............................................................126
10. Gorka garşy göreşiň...........................................................127
11. Sapak degişmä beslensin ...................................................128
12. Hemişe höwesli boluň.........................................................131
13. Umytlary güýçlendirmek .....................................................135
14. Nämä garaşýandygyňyzy biliň!............................................136
15. Garaşmagy başarmak..........................................................138

16. Ýyldyza öwrüliň! ........................................................................139
17. 10/5 gözden geçirmek (gaýtalama) ..................................140
18. Her okuwçy – bir şahsyýet ...............................................141
19. «Indiki gezekde» ...............................................................145
20. Garaşmagyň güýji .............................................................146
21. Çeňňek oklamak .................................................................146
22. Köpçülikde öwmek .............................................................147
23. Belläp almak .......................................................................148
24. Görelde almak .....................................................................152
25. Hekaýa gürrüň bermek .....................................................154
26. Düşünje – Mysal – Düşünje ..............................................155
27. Höweslendiriň ....................................................................156
28. Indiki gezek... Has gowy ....................................................157
29. Ýeterlik gyzyklanma bildiriň .............................................157
30. Gülkünç kartlar ..................................................................162
31. Akylyňda gaýmalaşýan jogaplar bilen diňlemek ..................163
32. «S2G» usulyndan peýdalanyň ..........................................164
33. Ýagşylyk ýaýyň, mähir paýlaň .........................................164
34. Bäş harply ýakymsyz söz ...................................................168
35. Düzgünleri goýuň, ýöne ilki bilen... ...................................176
36. Batyl ynançlary ýok ediň ...................................................178
37. Ýaralaýan sözleri aradan aýryň .........................................187
38. Ruhlandyryjy tapyň ...........................................................190
39. Rahatlanyň! ........................................................................192
40. Gaýtalamak tolkuny ...........................................................194
41. Synanyşmazlar... Näme üçin? ............................................195

42. Baglanmalar ....................................................................196
43. Endikleriň kömekçisi ........................................................204
44. Günäkärlemegi bes etmek .................................................208
45. Gijeki gaýtalama................................................................211
46. Diňe sowal beriň ...............................................................212
47. Wezipäňe düşünmek gerek.................................................213
48. Iň möhüm aýratynlyk: rahat bolmak...................................214
49. Hökman jaň ediň!...............................................................220
50. Saz — hökmanylyk ............................................................222
51. W + J = N ...........................................................................224
52. Öwmegiň 60 ýoly ...............................................................226
53. Iň gowusyny geýiň..............................................................230
54. Jadyly aýna .........................................................................231
55. Bu işi gylla ýarysynda kesiň ..............................................232
56. Aýdylyşa üns bermeli ........................................................233
57. «Näme edýärin?»................................................................234
58. Işiňde üstünlik, gadyrdan kärdeşim! .................................235
59. Iň meşhur söz .....................................................................243
**JEMLEÝJI SÖZ** ..................................................................**250**
**TERJIMEÇIDEN** ..................................................................**251**

# GIRIŞ

Ähli zat Osman mugallym bilen baglanyşykly başlandy. Eger ýaşap ýören bolsa, ömri uzak bolsun! Onuň ýüzümi alyp, göwnüme gaty degen güni ýadymdan çykanok. Mekdebe baran ilkinji günlerimdi. Synp ýolbaşçymyza Patma Ýurt diýýärdiler. Täze okuw ýylynyň başlan ilkinji günlerinde ol käbir sebäplere görä işe gelip bilmändir, şeýlelikde, synpymyz birnäçe hepdelik Osman mugallyma berkidilipdir. Aslynda, näme etmişimiň bardygy teý ýadyma düşenok. Ýöne kötek iýip, baldyrymyň syzlany-ha ýadyma düşýär. Mugallym bolmak kararyna, belki, şol gün gelendirin. Dogry, şondan soň maňa diýseň gowy mugallymlar gabat geldi. Meni halas edeniň şolar bolmagam ahmal. Ynanyň, şu ýerde şolaryň ählisiniň adyny agzamak isleýärin. Ýöne sizi ýadatmakdan gorkýaryn. Isleseňiz, mundan aşakdaky 5-10 setiri okaman hem geçip bilersiňiz. Ilki bilen ýatlanylmaly adam Patma mugallym – Patma Ýurt. Ol Osman mugallymyň kalbyma sünjen ýaralaryna ilkinji bolup em eden ynsandy. Sedat mugallym, Hasan mugallym, Kerim mugallym, gadyrdan Ýusup Akbulut... olaryň ählisi diýseň gowy mugallymlardy. Gadyrdan Gülseren Günje, Engin Gençtan, Ýyldyz Kuzgun, Üstün Dökmen, Niýazi Karasar ýaly mugallymlarymy bolsa soňrak tanadym. Ülker Akkutaý bolsa meniň geljekde özi bilen kärdeş bolmagymyň ilkinji kerpijini goýan adamdy. Muhsin Hesapçiogly bilen doktorlyk işimi goraýarkam tanyşdym. Ol maňa çuňňurlygy, işiňe jürlügi, etjek-goýjagyňy bilmegi, adamlar bilen gatnaşyk saklamagy öwreden adamdy. Ýürekdeşlik, hormat, dostluk ýaly duýgular bolsa mugallymym Adnan Kulaksyzoglynyň maňa bagyşlan häsiýetleriniň diňe käbirleri. Norma mugallym ätiýaçly bolmagyň, fransuz dili mugallymym Hüseýin beg başgalara goldaw bermegiň nusgasydy. Ybraýym Taşel diýilýän başga bir mugallym bolsa işjeňligiň, asla tükenmejek energiýanyň, maksada okgunlylygyň

we gelen kararyňa ygrarlylygyň iň gowy göreldesi bolupdy. Mugallym Şewket Ertem – ajaýyp ýolbaşçy we dostdy. Iň hoşgylaw ynsan Aýla Oktaý üçin dörän ilkinji duýgularym häzirem biparh goýanok: ol meniň hem söýgi, hem maglumat çeşmäm. Özem asla guramaýan we asla guramajak çeşme. Elbetde, heniz gahrymanlarym kän. Olaryň ählisini uly hormat bilen ýatlaýaryn. Eliňize düşen bu kitapda göwnüňize ýarajak her bir pikir diňe maňa degişli däl. Ählisiniň, ynanyň, ählisiniň eýesi we gönezligi ýokarda adyny agzan adamlarym.

Olardan daşary hem, gahryman bolmaga sabyrsyzlyk bilen garaşýan, meniň üçin juda gymmatly ýene bir adam hem bar. Men oňa: «Guzym!» diýip ýüzlenýärin. Guzym – gyzym. Indi o-da mugallym. Belki, bu kitaby meniň üçin juda gymmatly işe öwren hem şoldur. Kitap neşir edilýärkä, janym guzym işe başlar. Oňa, onuň bilen bile maňa adam we kaka bolmagy öwreden ogullarym Sabry bilen Seljuga hem soňsuz hoşallyk bildirýärin. Elbetde, bu üç perişdämi dünýä getiren aýalyma-da hoşallygym çäksiz. Aslynda, ol bu hoşallygy indi 22 ýyldan bäri maňa düşünmegi we sabyr etmegi bilen hem gazanýar.

**Hasan Ýylmaz**

## OŇA ÖWRET![1]

*Bilýän, bu wagt alar, ýöne eger öwredip bilseň, oňa gazanylan on sentiň tapylan on dollardan has gymmatlydygyny öwret!*

*Oňa utulmagy hem başarmalydygyny, üstünligi üçin bolsa begenmelidigini öwret!*

*Göriplikden daşlaşdyr ony!*

*Eger başaryp bilseň, oňa ýumşak gülmegiň syryny öwret!*

[1] Abraham Linkolnyň oglunyň mugallymyna ýazan hatyndan.

*Diýdimzorlaryň göräýmäge üstündigini, aslynda olara hötde gelmegiň aňsatdygyny öwret!*

*Oňa kitaplaryň gudratyny öwret!*

*Oňa ebedi syrlar hakda pikirlenip biler ýaly boş wagt ber: Goý, ol asmandaky guşlar, Gün şöhlesiniň astyndaky arylar, depäniň ýaşyl eňňitlerindäki güller hakda pikir öwürsin!*

*Eger başaryp bilseň, oňa sapakda hilä ýüz urmakdan şowsuz bolmagyň has haýyrlydygyny öwret!*

*Mugallymy aldanyňdan ýalňyşyňy boýun almagyň mertebedigini öwret!*

*Oňa öz pikirlerine ynanmagy öwret, goý, hemmeler inkär edýärkä-de, özüne ynansyn...*

*Hemmeleri diňlemegi öwret oňa, ýöne ähli eşidenlerini hakykatyň eleginden geçirmegi we diňe gowularyny saýlamagy öwret!*

*Eger başarsaň, gynananda nädip gülmelidigini, gözýaş dökmegiň utanç däldigini öwret!*

*Oňa güýjüni we zehinini iň gymmat baha satmagy, ýöne ýüregine hem-de ruhuna asla nyrh kesmezligi öwret!*

*Boş uwwuldylara gulagyny dykmagy öwret, özüniň haklydygyna ynanýan ýerinde dim-dik durup, söweşmegi öwret oňa!*

*Dogry ädimi ätmek üçin, haýyş edýän, muny okaň!*

Dogry düşüniň, bu kitap maglumat goruňyza goşant goşmak üçin däl, duýgy we pikir goruňyzy baýlaşdyrmak üçin ýazyldy. Ilkinji maksadym özüňiz ýaly bir mugallym hökmünde mümkinçilikleriňizi artdyrmak, size kämilleşmäge we özgermäge şert döretjek pursatlary salgy bermekdir. Şeýle gürleşeliň, her sahypany okap bolanyňyzdan soňra öňüňizdäki iki iş gününde orta

atylýan pikirleri we maglumatlary nähili durmuşa geçirip boljakdygy barada oýlanyň. Alymlara gulak assaň, maksatlarymyzyň hakykata golaý gelmelidigini nygtaýarlar. Ýogsam olar myrada gowuşmaz. Bu kitapda ýazylanlara biperwaý çemeleşmäň, esasy zat bolsa, olary peýdalanmaga çalşyň! Nirede ulanmalydygyny özüňiz has gowy bilersiňiz! Bilim dünýäsiniň gahrymany bolmak üçin ulanyň! Wezipesine diňe matematika, taryh, geografiýa, fizika... ýaly dersleri öwretmek diýip düşünýän, ýöne adam ýetişdirmegi ýatdan çykarýan kärdeşleriňizden parhly bolmak üçin ulanyň! Durmuşyňyzyň manysyny has baýlaşdyrmak we has joşgunly günleriň siziňki bolmagyny gazanmak üçin ulanyň! Dogry, adam ýetişdirmek – jogapkärli iş. Ýöne bu jogapkärçiligi şu pikirlerden peýdalanmak arkaly gyzykly güýmenjä öwrüp bilersiňiz.

**Hormatly kärdeşim!**

Ilkinji nobatda, siziň bilen bilim dünýäsiniň gahrymany bolmak baradaky umumy pikirlerimi paýlaşmak isleýärin!

Ady hemişe dilden düşmeýän we ol barada beýleki kärlere garanyňda has köp ýazylýan mugallymçylyk kärinden başga bir kärden habaryňyz barmy? Men «ýokdur» diýip pikir edýärin. Eýsem, bu käri beýle mukaddeslige öwürýän aýratynlyk barada pikir öwrüp gördüňizmi? Munuň syryny sada sözler bilen çözlemeli bolsa, şeýle diýip bolar: «Häkimi-de, inženeri-de, döwlet adamlaryny hem mugallymlar ýetişdirýär». Bu pikir, elbetde, dogry. Ýöne mugallymçylyk bu örän ýöntem düşünjeden has güýçli aýratynlyga eýe. Eýsem, ony şeýle derejede arzylaýan aýratynlyklar nämelerkä? Şeýle bir sowal: özüňiz üçin aýratyn gymmata eýe bolan bir zadyňyzy, mysal üçin, galamyňyzy ýa awtoulagyňyzy başga birine bereniňizde kalbyňyzy nähilidir bir ünji gurşaýarmy? Iň bolmanda, şol ünjiniň sizde azda-kände döreýändigini gypynçsyz aýdyp biljek.

Eýsem, çagalarymyzyň gadyr-gymmaty zatlarymyzyňkydan pesmi? Ýok, hiç haçan beýle bolup bilmez! Ýöne olary, belki, adyny hem bilmeýän, diňe mugallymdygyny bilýän adamlarymyza ynanýarys gerek! Bizde mugallyma bolan beýle ynamy oýarýan güýç nämekä? Mugallymlar diňe matematikany, ene dilini, taryhy ýa geografiýany gowy bilýän we şolary okuwçylaryna öwredýän adamlarmy? Olaryň wezipesi diňe şundan ybaratmy? Eýsem, mugallymçylyk diýmek näme, heý, pikir edip gördüňizmi?

Öz saýlap alan käriňiz barada, belki, kän-kän kitaplary okansyňyz. Okuw merkezlerine-de gatnan bolmagyňyz ahmal. Dogry düşüniň, maksadym size mugallymçylygy öwretmek däl. Men siziň bilen bilýänlerimi däl-de, duýýanlarymy paýlaşmak isleýärin. Çünki bu käriň maglumat bilen däl-de, duýgy bilen baglydygyna ynanýaryn.

Onsoňam ynsan ýetişdirmegiň unudylan, diňe synaglardan üstünlikli geçmegiň maksat edilip goýlan, adamlary ynsan şekilindäki «robot» ýaly edip ýetişdirmek baradaky düşünjäni ileri tutýan käbir pedagoglara bolan azda-kände «öýkämi» siz bilen paýlaşmak isledim.

Diňe okadýan dersiniň mugallymy bolmagy öwrenen we şol bolmaga-da çalyşýan, aslynda bolsa, dersiň däl-de, okuwçynyň mugallymy bolmalydygyny ýatdan çykaraňkyrlan kärdeşlerime bolan garaýyşlarymy paýlaşmak isleýärin.

«Ilki adam, onsoň alym bolmagy» başarmaýan, şuny başarmaýandygy üçin «ilki adamy, soňra lukmany», «ilki adamy, soňra inženeri» ýetişdirip bilmeýän mugallymlar bilen käbir zatlar barada pikir alşasym gelýär.

Çagalaryny gowy okamaga halys endik etdiren, olaryň synagdan ýykylan güni bolsa, «Muny näme üçin beýtdiň, indi men goňşularymyň gözüne nähili görneýin?!» diýip, bu «kyýamaty» özi

üçin uly urgy hasaplaýan ata-enelere igenjimi paýlaşmak isleýärin. Çagalaryny «gowy» okuwlara bermegi, olaryň mekdebe ulagly gidip gelmegini üpjün etmegi, olara sowalga bermegi, ähli okuw esbaplaryny birkemsiz satyn almagy, özi-de, olaryň illeriňkiden üýtgeşik bolmagyny gazanmagy, perzendiniň bu zerurlyklary üçin «saçyny sübse etmegi» çaga ýetişdirmek hasaplaýan; çagalarynyň öňündäki borçlaryny şu zatlar bilen ölçeýän ata-eneleriň nirede ýalňyşlyk goýberýändiklerini aýtmak isleýärin.

**Gadyrly, ýaş kärdeşim!**

Ýokarda agzalan ýalňyşlyklaryň ählisini özüm başdan geçirdim. Şonuň üçin hem saňa öz kalbymy açmak isleýärin. Aslynda, bu ýalňyşlyklaryň ählisiniň günäkäri özümden başga hiç kim hem däl.

*Ilki ADAM, soňra MUGALLYM bolmak*

Daşary ýurtda ýaşaýan bir garyndaşymyň gürrüň beren wakasy hiç ýadymdan çykanok. Ony gürrüň berşi ýaly beýan etmek isleýärin:

*– Ýanýoldaşymyň hamyladygyny eşiden günüm meniň ömrümdäki iň bagtly günleriň biridi. Ony dessine lukmanyň ýanyna äkidip, geljekki perzendimiziň sagdyn dünýä inmegi üçin näme edip biljekdigimizi soradym. Ýadyma düşüşine görä, Pawel atly ol lukman diňe bir şol şäherde däl, tutuş ýurtda-da meşhur lukmanlaryň biridi. Şol bir wagtyň özünde-de, ol meşhur hirurgdy. Aýalymyň hamyla döwründe onuň ýanyna azyndan aýda bir gezek gatnadyk. Beren maslahatlaryny gylyny gyşartman berjaý edip, perzendimiziň dünýä injek gününe sabyrsyzlyk bilen garaşdyk. Uly tolgunmalara beslenen şol günleriň birinde, has takygy, çaganyň dünýä inmeginden, takmynan, bir hepde öň aýalym ýene-de şol lukmanyň işleýän hassahanasynda ymykly, özem ýatymlaýyn galdy. Çünki biz soňky günleriň ählisiniň lukmanyň gözegçiliginde geçmegini isleýärdik. Ine, garaşylýan günem gelip ýetdi. Men*

*çaga dogrulýan bölümiň aşaky gatyndaky zalda sabyrsyzlyk bilen hoş habara garaşýardym. Az salymdan hassahananyň bir işgäriniň ýanyma gelýändigine gözüm düşdi. Ol: «Lukman sizi görmek isleýär!» diýdi. Ynan, 10-15 basgançagy nädip geçenimi bilemok. Çaga dogrulýan otagyň öňüne gelenimde ölerin öýtdüm. Lukman hiç zat bolmadyk ýaly: «Aýalyň çagany adaty ýagdaýda dogurmagy üçin elimizden gelenini etdik. Ýöne bu başa barmajaga meňzeýär. Şonuň üçin ony operasiýa etmeli bolar. Munuň üçin sen ýene 750 marka bermeli bolarsyň. Puluň bir bölegini hem häzir tölemeli» diýdi. Şol ýerde essim aýylar öýtdüm. Diňe: «Men size telim aýdan bäri pul töläp gelýän. Bujagaz puluň gürrüňi bolarmy?» diýenim ýadyma düşýär. Az salymdan kislorod ýetmezçiliginden ýaňa kömür ýaly garalan, beýnisiniň agramly bölegi işlemäge ýarawsyz oglan bäbejigi gujagymyza getirip berdiler. Ol häzir 7 ýaşynda, ýöne akyly 2-3 ýaşly çaganyňkydan artyk däl. Ýöräp, gürläp bilenok. Hemişe şeýle bolup galjakmyş...*

Bu waka maňa güýçli täsir edipdi. Her ýatlanymda-da inim düýrügiberýär. Oýlanýaryn: lukman Paweli anatomiýa, fiziologiýa we hirurgiýa boýunça synaglara salsaňyz, örän ýokary baha alar. Belki, hemmelerden güýçlüdigini synaglar görkezer. Ýöne ol – diňe lukman. Bu ýerde maksat onuň kärini we ukybyny püçege çykarmak däl. Ýöne başga kärdäki adamlar bilen bagly hem şeýle ýagdaýlara gabat gelip bolmazmy? Daşary ýurtlarda örän ussat inženeriň içgin hasaplamalaryndan soňra gurlan binalaryň başyna düşen agyr ýagdaýlar bilen bagly habarlary gazetlerden ýygy-ýygydan okaýarys. Özide olar «ýöne inžener», emma «diňe inžener» bolan adamlaryň eden işi...

«Ýöne mugallym» ýa-da «diňe mugallym» bolan kärdeşlerim!

Bilýäňizmi, maňa: «Heý, saňa diýýän, saňa diýýän, özüni oňarman geçenler!» diýýän mugallymlarymdan hiç zat öwrenip bilmedim.

Hatda ol dünýäniň iň gowy biologiýa ýa taryh mugallymy bolsa-da... Dogry, meni synpdan synpa geçirip biljek bahany gazanmak üçin okadym. Ýöne diňe synpdan geçdim, başga hiç zat...

Ýöne ýaşyna görä maňa: «Oglum!», «Ýigit!», «Ýaş ýigit!», «Gardaş!» diýip ýüzlenen mugallymlarymy hemişe söýdüm, syladym. Göwnüme bolmasa, olar sapagy hem hemmelerden gowy düşündirýärdiler. Käbir sapaklar kyn düşýärdi, ýöne «şol gowy mugallym üçin» okaýardym, ýaltanmaýardym, şeýdibem üstünlik gazanýardym.

Maňa ýakyn duran, «Ýüzüň salyk-la, bir meseläň barmy? Aýt derdiňi!» diýen, ýeri gelende bir käse çaýy paýlaşan mugallymlarymyň ýanynda özümiň hem adamdygyma ynandym we bu ajaýyp duýgyny başdan geçirdim.

Men hemişe bir goja mugallymymy ýatlaýaryn. Onuň bilen bagly bir wakany size-de gürrüň bereýin.

Boludaky oglanlar üçin mugallymçylyk mekdebiniň ahyrky ýylynda okaýardyk. Bir aý çemesi wagtdan uçurym bolmalydyk. Nesip bolsa, bize başlangyç synp mugallymy bolmak mertebesi garaşýardy. Ýakynlaşyp gelýän uçurym dabarasynyň hem-de 18 ýaşyň hyjuwy hereketlerimizi hem özgerdipdi. Ýöne bular dogry hereketler däldi. Hondanbärsi, hiç kime hormat goýmaýan hereketlerdi. Endige görä, şol goja mugallymyň sapagynda hem şeýle hereketleriň birini suňşuryp goýberdik. Ol sapagy saklady-da:

– Siz özüňizi eýýäm mugallym hasaplaýarsyňyzmy? – diýdi.

Bu sowala gylymyz hem gymyldamady. Kellä gelen ilkinji jogaby berdik:

– Şübhelenýäňizemmi, mugallym?

– Ýa halamadyňyzmy, mugallym?

– Ýedi ýyllap okap, başga kim bolaly!

Goja mugallym biziň kelpez jogaplarymyzy sabyrly diňledi-de, şeýle diýdi:

– Serediň, size bir ölçeg bereýin. Şonuň bilen özüňizi ölçäň! Mugallym bolup bilipsiňizmi ýa bilmänsiňizmi, soň göz ýetirersiňiz.

Soňra da şeýle diýdi:

– Bir gün synpyňyzda ýa mekdebiň zalynda bir okuwçy görseňiz... Özem, nähili okuwçy, bilýäňizmi? Burny akyp duran, onuň bir bölegem agzyna girip giden okuwçy...

Hemmeler seňrigini ýygyrdy. Mugallym bolsa bu sözleri aýtmadyk ýaly, özüni juda rahat alyp baryp, sözüni dowam etdi:

– Seňrigiňizi ýygyrmaň! Şeýle okuwçyny göreniňizde, edýän işiňizden alýan lezzetiňizi daş keşbiňiz arkaly äşgär edip, onuň burnunam öz elýaglygyňyz bilen süpürip bilseňiz, sizden hakyky mugallym çykar.

Jahyllygyň ýelgini bilen şol mugallymymyň aýdanlaryna wagtynda ähmiýet bermändim. Ýöne iru-giç mugallym bolsam, beýle mugallym bolman diýipdim.

***

Geliň, indi siziň bilen bu waka başgaça çemeleşeliň! Taýýarlanyň we özüňizi 8 ýaşly başlangyç synp okuwçysynyň ornuna goýmaga çalşyň! Ol başlangyç synpyň okuwçysy ahyryn! Burny bolsa, gözleri gülüp duran, mähri, söýgüsi ýüzüne çaýylan mugallym tarapyndan süpürilýär. Onuň burnuňyzyň «göwnüne degmejek» bolşuny hem duýýarsyňyz. Nähili duýgyny başdan geçirerdiňiz?

Size öz burnumy süpüren adam barada biraz gürrüň bereýinmi? Mekdebe barýançam dünýäde iň köp bilýän adamyň

kakamdygyna bütin durkum bilen ynanýardym. Ýöne mugallymy tanap, şeýlebir haýran galdym. Haýran galmazça-da däl, ol Türkiýede näçe adamyň ýaşaýandygyna çenli, Gyzylyrmagyň boýuny, matematikany, garaz, hemme zady bilip dur. Oňa adam diýesiňem gelenok. Adamdanam beýik bir zat. Oturan ýerime ýakynlaşanda bolsa, meni täsin duýgular gurşaýardy. Onuň ysam üýtgeşikdi. Elleri başymy sypanda bolsa, aýaklarym ýerden göteriliberýärdi. Ol – hyýaly bir şahsyýetdi.

Iň täsin ýeri hem, gelip-gelip, hut şol adam meniň burnumy süpürýär. Eý, Allam! Diýmek, menem ADAM! Men GEREKLI. Men GADYRLY.

Belki, size-de «Bilim bermek» diýen düşünjäniň kesgitlemesini ýat tutdurandyrlar. Özem muny pedagogika dersiniň ilkinji sapaklarynda öwrendiňiz. Indi şol kesgitlemäni ýene bir ýola tekrarlap, ýokarky ýagdaýa şol kesgitlemäniň nazaryýeti bilen seredip göreliň!

Siziň bilýän kesgitlemäňizde hem şeýle diýilýän bolsa gerek: «Adamyň özüni alyp barşynda öz ýaşaýyş ýoly bilen, islenen ugurda, müdimilik galýan özgertmeleriň döredilýän wagtydyr». Bu meşhur kesgitlemäniň ýa-da şoňa meňzeş kesgitlemeleriň ählisiniň esasy gozgaýan pikiri «özboluşlylyk gazandyrmak» ýa-da «özüni alyp barşyny üýtgetmek». Bilim bermek hut şu maksada eýerýär. Kesgitlemede gabat gelýän beýleki sözler bu özgerişligiň nähili we nädip boljakdygyny beýan edýär. Esasy zat «özboluşlylyk bermek».

Indi biziň «okuwçymyzyň» ýagdaýyny ýokarda agzalan kesgitlemä görä seljermäge synanyşalyň! Mugallym hökmünde maksadymyz «okuwça burnuny süpürmelidigini öwretmek» diýeliň! Bu maksada ýetmek üçin ýaňky okuwçyny ýa-da okuwçylary göreniňde şeýle diýýärsiňiz:

– Ullakan adam bolduňyz, henizem üst-başyňyzy oňaryp bileňzokmy? Siz hapysalar diýsänim, sizi görsem aňrym bärime gelýär.

Bu sözleri diýýärkäňiz sesiňizde öýkäniň, düýrükmäniň bardygyny aslynda ýazmagam gerek däl.

Ýöne siziň «bu tagallaňyzyň» netijesinde okuwçynyň üst-başyna seretmegi endik edinjekdigine ynanýarsyňyzmy? Üstesine-de, biziň ýokarda mysal getiren «Hasanymyzyň» ýagdaýyna düşünjek bolalyň! Oňa başgaça ýüzlenilipdi, başgaça düşündirilipdi. Eger şeýtsek, sizi-hä bilmedim, ýöne men-ä ol okuwçynyň burny bilen bagly indiki duýduryşlary eşidende, şol ýakymly ýagdaýy ýatlajakdygyna ynanýaryn. Diňe ýatlabam oňaýmaz, burnunam süpürer.

Hany, indi ýatlaň, maksadyňyz okuwçynyň hemişe üst-başyna serenjam berip, arassa hem-de tertipli gezmegini gazanmak dälmidi? Siz oňa bu endigi bagyşlamak bilen hem çäklenmän, birtopar ýakymly duýgulary-da bagyşladyňyz. Ol duýgulary burun süpürmek bilen deňär ýaly däldir.

Indi bu ýagdaýdan we mysaldan öwrenenleriňizi seljeriň! Eger «Mugallymçylyk okuwçynyň burnunam tämizläp bilmekdir» ýa-da «Mugallym bolmak üçin okuwçynyň burnuny tämizlemäge hem taýýar bolmaly» diýýän bolsaňyz, ýokarda okanlaryňyzyň ählisini unudyň. Men siz bilen beýle ýatlama paýlaşmadym. Eger şeýle pikire gelen bolsaňyz, size maslahatym, ýanyňyzda hemişe birküç sany elýaglyk göteriň. Çünki olar siziň gowy mugallym bolmagyňyz üçin zerur.

Ýöne ilki bilen adam bolmagy we adamlary ýetişdirmegi maksat edinen adam üçin ýokarky ýagdaýdan başga sapaklaryň edinilmegi zerur.

**Dersiň mugallymy ýa-da okuwçynyň mugallymy bolmak**

Bir surat mugallymym ýadyma düşýär. Ol şeýlebir işine yhlasly, gaýratly we tutanýerlidi welin, hemmeler Aýşe hanymyň geljekki Pikassolary taýýarlap biljekdigine ynanardy. Biz bolsa surat dersiniň synaglaryndan geçmek we mugallymyň gözüne gowy görünmek üçin Pikasso bolmagymyzyň gerekdigine ynanardyk.

Fizika mugallymymyz hem üýtgeşik adamdy. Onuň ynanjyna görä, «Türkiýäni fizikany gowy bilýän 10 sany adam halas edip biljekmiş». Başga-da, ol tutuş durmuşymyzyň fizika bilen baglydygyny, fizikany bilmeýän adamy adam hem hasap etmeli däldigini aýdardy.

Matematika mugallymymyz onuň bilen ylalaşanokdy. Onuň aýtmagyna görä, «Dünýä matematiki deňlemeleriň üstünde gurlan bolmaly». Aslynda, ol hem «Matematikany bilmeýän adamyň adam däldigine» we öz okadýan dersiniň mekdepde iň ähmiýetli dersdigine ynanýardy.

«Sagdyn kelle sagdyn bedende bolar» diýen nakyly bedenterbiýe mugallymymyzdan, gör, näçe gezek eşitdikkäk? Hatda ol beýleki derslerden hem düzüwli ýetişip bilmezligimiziň sebäbini ýeterlik derejede sport bilen meşgullanmaýandygymyz bilen delillendirerdi. Eger biz bedenterbiýä ünsi güýçlendirsek, beýleki derslerden hem göreldeli okap biljekmişik.

Saz mugallymymyz her bir adamyň haýsy hem bolsa bir saz guralyny çalyp bilmelidigini aýdardy. Şonuň üçin hem her birimize mandolin çalmagy öwretjek bolup gara başyna gaýdy, görgüli. Onsoňam başga mugallymlar we okuwçylar tarapyndan öz dersine kembaha garalmagyna çydam edip bilmezdi.

Indi pikir edip görýän welin, mugallymlarymyň şol pikirdir ynançlaryna bütin düýrmegim bilen berlen bolsam, men häzir fizikany örän gowy bilýän, çeperçilik sungatyndan baş çykarýan

we surat çekip bilýän, haýsydyr bir saz guralyny (megerem, ol mandolin bolardy) çalyp bilýän we geometriýanyň integral, piramida ýaly adalgalaryndan ýaýdanman çagalarymyň öý işlerine kömekleşip ýören, bularyň üstesine-de, sport bilen irginsiz meşgullanýan kaka bolardym.

Bilýäňizmi, şu zatlary başarmaýandygym ýadyma düşende, keýpim gaçýar, özümi gerekmejek adam hasaplaýaryn. Ýatlajak bolaýyn, fizikadan ýadyma düşýän zat, manysy meniň üçin henizem gümürtik bolan wektor, zynjyr ýaly düşünjeler. Saz mugallymymyň zoruna çydaman satyn alan mandolinimiň tarlarynyň üzülenine bolsa eýýäm ýigrimi ýyl dagy bolandyr. Indi oňa diňe wagtal-wagtal çagalyk ýatlamasy hökmünde seredýärin. Sport bilen meşgullanyp ýören adamam däl men, surat çekmegi bolsa, çynymy aýdaýyn, ýigrenýärin. Garaz, ähli zatdan baş çykarýan geniý Hasan kemala gelmedi.

Bir rowaýat ýadymda, ýöne nirede okanym ýa kimden eşidenim ýadyma düşenok:

*Bir gün jeňňelde ähli haýwanlaryň gatnaşmagynda maslahat geçirilipdir. Özleriniň sowatsyz galmagyna halys sabyr käsesi dolan haýwanlar jeňňelde bir mekdep açyp, onda hemmeleri okatmaga girişmegi ara alyp maslahatlaşmakçy bolupdyrlar. Şeýlelikde, haýwanlaryň her görnüşinden bir wekile öz pikirini aýtmaga rugsat berlipdir. Wekiller gezekli-gezegine pikirlerini beýan edipdirler.*

*Münbere ilki bilen guşlaryň wekili geçýär-de, uçmagy öwrenmek dersiniň girizilmegini teklip edýär. Teklibinem: «Siz ömrüňizde ýere asmandan seredip gördüňizmi? Göwräňizi howanyň müň bir dürli nygmatdan doly boşlugynyň erkine berip gördüňizmi?» diýip, jogap talap etmeýän sowallar bilen delillendirmäge çalyşýarmyş. Guşuň teklibinden soň ses berlişik*

*yglan edilýär. Maslahat birinji ders «Uçmagy öwrenmek» bolmaly diýen karara gelýär.*

*Karar kabul edilenden soň münbere towşanlaryň wekili geçýär:*

*– Ylgamak her haýwana ilkinji nobatda gerekli başarnykdyr. Ony başarmaýan haýwana haýwanam diýilmez. Onsoňam ylgamagyň taryhy haýwanat dünýäsiniň geçmişiniň ilkinji asyrlaryna çenli uzaýar...*

*Şeýlelikde, ses berlişigiň netijesinde ikinji ders hem kesgitlenilýär: «Ylgamagy öwrenmek».*

*Munça ders paýlanyşykda balyklaryň wekili dymyp oturarmy? Münbere çykyp, ol hem ýüzmegiň ähmiýetini demi gutarýança öwüpdir. Şeýlelikde, sanawa «Ýüzmegi öwrenmek» dersi hem goşulýar.*

Biz gepi uzaldyp oturmalyň! Jeňňelde ýene näçe haýwanyň bardygy we mekdepde näçe dersiň boljakdygy barada özüňiz pikir öwrüp görüň!

Garaz, bir işi iň gowy edip bilýäne şol işiň mugallymy bolmagy ynanypdyrlar. Biraz wagt geçensoňam, «Näderejede öwredip bildik? Nämeleri gazandyk?» diýen gyzyklanmalaryň yzyna düşüp, synag geçiripdirler. Şeýlelikde, olar şeýlebir ajy hakykat bilen ýüzbe-ýüz bolupdyrlar: haýwanlaryň çagalary, uçmak, ýüzmek, ylgamak ýaly endikleri öwrenmeg-ä beýlede dursun, okuwa gatnap başlamazdan öňki bilýän başarnyklaryny hem ýatdan çykarypdyrlar. Sebäbi birbada hemme ugurlardan ökde ýetişdirjek bolmak ýalňyş netijelere eltip biler. Käteler täze bir zady öwrenjek bolup, öňki ukyplaryny unudýanlar hem az däl.

Hut şu meselede diňe şunça ýaşap düşünip bilen mugallymlarymyň goýberen ýalňyşlyklary barada ýene-de käbir aýtjaklarym bar.

Bilýän, mugallymlarymyň köpüsi üçin meniň iň gerekli beden agzam beýnim, iň esasy aýratynlygym bolsa zehinimdi. Olary diňe şu ikisi gyzyklandyrýardy. Hatda olaryň iň gowy görýän okuwçylary aýdanlaryny ýadynda saklap, synaglarda aýdylyşy ýaly ýazyp bilýänlerdi. Muny başaranlar göreldeli, başarmadyklaram gowşak okuwçy, şeýlemi?!

Adamlaryň biri-birine berk bagly we biribirine täsirini ýetirýän köp sanly aýratynlyklarynyň bardygyna göz ýetiren günüm öz mugallymlarymyň ýalňyşandyklaryna düşündim.

Adamyň santimetr ýa-da gram bilen ölçenjek derejedäki fiziki (beden bilen bagly) aýratynlyklarynyň; pikirlenmek, ýatda saklamak, netije çykarmak, jogapkärçilik talap etmek ýaly aň bilen bagly aýratynlyklarynyň; başga adamlar bilen aragatnaşyk saklamak, bilelikde işläp, ýaşap bilmek ýaly jemgyýetçilik aýratynlyklarynyň; «Men nähili adam?», «Nämeleri başaryp bilerin?», «Durmuşdaky maksatlarym näme?» diýen ýaly sowallardan ybarat şahsy aýratynlyklarynyň; jynsy tarapdan aýratynlyklarynyň; dogryny-ýalňyşy, ýamany-ýagşyny, halaly-haramy tapawutlandyrmaga nepi degýän ahlak aýratynlyklarynyň hem bardygyny öwrenen günüm mugallymlarymyň meniň kämil adam bolmagym üçin juda bir yhlas etmändiklerine düşündim.

Adam – bitewilik. Ony beden, zehin, jemgyýetçilik, şahsy aýratynlyklar emele getirýär. Meniň pikirimçe, adamyň şu aýratynlyklar bilen bile ösüp ulalmagy gerek. Ýa-da onuň şu aýratynlyklar bilen ulalmagy üçin gapdaldan kimdir biriniň kömegi zerur. Çünki bu aýratynlyklaryň ählisini bir şahsyýetiň ýalňyz özüniň kämilleşdirip bilmejekdigi göze görnüp duran hakykat. Mugallymlarymyň sapagyň eýýäm ilkinji minutlarynda gümra bolýan synpyň sanawy ýadyma düşýär. Olar şol sanaw arkaly sapakda kimiň bardygyny, kimiň ýokdugyny anyklaýardylar.

Ýadyňyzdamy, adymyz tutulanda, «Men» ýada «Bärde» diýýärdik. Eger häzirki akylym bolan bolsa, adym tutulanda:

– Bedenim bärde – diýerdim.

Dogry, bu jogabym mugallymymy kanagatlandyrmazdy. Muňa garamazdan, ýene şol pikirimi gaýtalardym:

– Hawa, diňe bedenim bärde. Ýöne beýnimi açyp görüp bilýän bolsaňyz, gülgüne reňkli öýüň öňündäki ýaşyl çemenlikde gezim edip ýörendigimi görerdiňiz. Belki, ýagly öýjükleriň has «işjeňligi» sebäpli meni uly alada goýýan örgünlerimiň nähili utandyrýandygyna göz ýetirerdiňiz. Dar balak geýenim üçin maňa agzyna gelenini aýdan kakama bolan öýkämi; öýde ýatan çöpi galdyrman ýatýandygym we otagymy arassalamaýandygym üçin maňa her gün igesini sürtýän ejeme bolan igenjimi duýardyňyz. Hany, hol gün bir gyza halys beýan edip bilmedik duýgularym hem bar-a!.. Şu zatlardan halas bolup bilmeýärkäm, tutuş zehinim, duýgym bilen nädip synpda bolup bileýin?!

Eger gaýratym ýetse, yzyndan şu sözleri hem suňşurardym:

– Bilýäňizmi, şunça zadyň üstesine-de, maňa düşündirjek bolýan haýsydyr bir kesgitlemäňiziň durmuşda nähili nepiniň degjekdigine akyl ýetirip bilýän däldirin. Aslynda, onuň meň bilen näme dahyly bar? Dersiň bütin dowamynda: «Men bu öwrenýän zadymy durmuşda nirede peýdalanyp bilerin?» diýen sowala jogap tapyp bilmän oturyşyma ony nädip öwreneýin? Ylalaşýan, siz köp zatlary düşündirip, olar durmuşda örän peýdaly diýip bilersiňiz. Ýöne men siziň bilen pikirdeş däl-dä! Şonuň üçin hem, mümkin bolsa, ilki bilen şu kesgitlemäniň maňa degjek peýdasy barada gürrüň beriň! Onsoň hut täze öwrenýän kesgitlemämiz bilen bagly ozalky bilýänlerimi ýadyma salmaga kömek etseňiz, olar bilen baglanyşygyny düşündirseňiz, siziň näme bilýäniňizi däl-de, meniň näme öwrenenimi göz öňünde tutsaňyz, sapakda

işjeň bolmagym üçin meni nähilidir bir ýol bilen höweslendirseňiz, batyrgaýlygymy artdyrsaňyz, bular üçin maňa pursat berseňiz, onsoňam maňa adymy tutup ýüzlenseňiz, men diňe şonda bütin durkum bilen sapakda bolardym we hakykatdanam öwrenerdim.

Nähili pikir edýärsiňiz? Şeýle diýen bolsam, mugallym maňa näme jogap bererdi? Aljak jogabymy siz hem çaklaýansyňyz. Biler bolsaňyz, şuňa meňzeş synanyşyk edipdim. Alan jogabym şeýledi:

– Men synagda siziň üçin şeýlebir sowallar taýýarlaryn welin, näme etjegiňizi bilibem bilmersiňiz. Sen bu kelläň bilen uniwersitete girmegi ýadyňdan çykar. Git kakaň ýanyna, ol saňa bäş-üç sany goýun alyp bersin. Senem bak şolary. Ýöne şony bir başararmykaň sen?!

Hawa, hut şeýle jogap alypdym. Ýöne muňa-da şükür! Has erbet jogabam alyp bilerdim.

Şeýle ýagdaýlara köp gabat geliberseň, «Mekdeplerde esasy maksat – gowy baha. Hakyky öwrenmek bolsa ýatdan hem çykýar» diýýän «sowatsyz topara» goşulaýasyň gelip dur. Belki, şol «sowatsyz topar» dersleriň däl-de, okuwçylaryň mugallymy işleýän mekdepleriň tarapdarydyr.

Şu kitaby «okuwçysynyň mugallymy» bolup bilen ýa-da şeýle bolmagy ýüregine düwen adamlar üçin ýazýaryn. Maksadym – özüme pikirdeş adamlary tapmak. Döwletimiziň geljekki nesilleriniň mundan soňra özüni söýýän, ukyplaryna ynanýan, özüne-de, başgalara-da düşünýän, maksatly ýaşaýan, günlerini manyly geçirýän, çekinmeýän, şol bir wagtda-da jogapkärçiligine düşünip, töwekgelçilikden gaçmaýan, öwrenmegiň täsirli ýollaryny bilýän, dörediji... adamlar edilip ýetişdirilmegini isleýärin. Aňy köne pikirlerden hyryn-dykyn mugallymlar bilen muny başarmak juda kyn. Belki, mümkinem däl. Men biziň «bilim gahrymanlarymyza» hemişe mätäçdigimize ynanýaryn. Adamy

ýa-da haýsydyr bir işi kämilleşdirýän aýratynlyk öz-özüni dogry tankyt edip bilmegidir. Belki, mugallymlarymyzyň bilim gahrymanlary bolmagyndaky ilkinji ädim hem şu tankytdyr.

Gaýry döwletlerdäki käbir kämil adamlary görenimizde, olara hem-ä haýran galýarys, hemem, boýun alalyň, gözümiz gidýär. Olaryň bizden ýekeje tapawudy bar, ol hem ýetişdirilişiniň aýratynlygy. Ynanmasaňyz, käbir kiçijik deňeşdirmeleri getirip göreliň! Görüň, biz kimi terbiýeleýäris, olar kimi ýetişdirýär?! Bu diňe okap, peýdalanmak üçin maglumat. Öz durmuşymyz, öz bolşumyz bilen deňeşdirip, has gowusyny saýlamak, elbetde, özüňize bagly.

* Biz çagalarymyzy aýdanymyzy diňleýän, garşylyk görkezmeýän, garagolluk etmeýän, söz berilmese dilini ýarmaýan, ululara hormat goýýan, rugsat berilmese oýun oýnamaga-da bogny ysmaýan we köp işleýän adam edip ýetişdirýäris.

* Olar bolsa çagalaryny öz erkli, islendik pursatda hüjüme we özüni goramaga taýýar, jogapkärçilikli, sowaly kän berýän, gözleýän, deňeşdirýän, goýlan düzgünlere näme üçin boýun bolmaly ýa bolmaly däldigini öz ýanyndan kesgitläp bilýän, hakyny gidermeýän, gerek wagtynda garşylyk görkezýän adamlar edip ýetişdirýärler.

* Çagamyzyň ýa okuwçymyzyň geljekki hünärini biz saýlap berýäris, olar hem biziň saýlanymyzyň özi üçin iň dogry kärdigine ynanýarlar. Sebäbimi? Sebäbi olary bizden gowy tanaýan ýok.

* Olar çaganyň geljekde kim bolasynyň gelýändigini öwrenip, şol islegiň öňünde duran ähli päsgelçilikleri aradan aýyrýarlar. Çaganyň başarnygy baradaky karara onuň özi gelýär. Ata-enelerdir mekdep bolsa çaganyň özüni dogry tanap bilmegine kömekçi bolýar.

* Biz çaganyň terbiýesine öýde-de, mekdepde-de gözegçilik

edip, geljekde onuň boýun egdirilýän, dolandyrylýan adam bolup ýetişmegine «goşant goşýarys». Olaryň töweregi bilen mesele çykarman, köpçülige aňsatlyk bilen garylyp-gatylyp gitmegini isleýäris.

* Olar çagalaryny başgalara emir edip biljek şekilde, liderlik ukyplaryny güýçlendirip ýetişdirýärler. Olar çagalarynyň dessine köpçülige goşulyp gitmegini däl-de, köpçüligiň öz çagalaryna görä hereket etmegini isleýärler.

* Biziň pikirimize görä, çaga – perişde. Onuň şol perişdeligine hem ulalmagyny isleýäris. Käbirimiz bolsa çaga hemişe gözegçilik edip durmaly diýip hasaplaýarys. Munuň üçin olary gorkuzmakdan, bir zada bagly bolup ýaşatmakdan hem gaýdamzok.

* Olar çaganyň ezeli tebigatynyň üýtgemezligini isläp, gorkmaýan, aňsat-aňsat haýran galmaýan, özüne ynanýan we işlemekden gaçmaýan adam bolmagyny gazanýarlar.

* Biz çagamyzy aşa söýýänligimiz üçin, olaryň geljekde kösenmezliginiň aladasyny edip, öýleri, ulaglary, mülkleri miras galdyrmagyň tarapdary. Onsoň çagalarymyza bu mirasy goramak kyn düşýär.

* Olar üçin iň möhüm miras çagasynyň bilimli, hünärli adam bolup ýetişmegi. Çünki özüne ynanýan çaganyň durmuşda ähli zady gazanjakdygyna ynanýarlar.

* Biz mekdepde ähli zada mugallymdan garaşýarys. Mugallymlaryň çagalarymyzy hem akademiki, hem medeni, hem psihologiki, hem jemgyýetçilik, hem hünär taýdan ýetişdirmegini isleýäris. Ähli zady mugallym gowy bilýär. Käte bolsa mugallym ata-eneleriň hem, töwerekdäkileriň hem, çaganyň hem pikirini diňlemän, ähli zady özüniň gowy bilýändigine ynanýar.

* Olar bolsa «ýekäniň çaňynyň çykmajakdygyna»,

bilim-terbiýe meselesiniň diňe bir mugallyma bagly däl-de, tutuş jemgyýetçilige baglydygyna düşünýärler. Mugallym bolsa çaga üçin diňe meseleleri çözmekde, kämilleşmekde kömekçi bolýar.

Ine, kitaby ýazmaga şu pikirler bilen girişdim. Onuň okyjylarynyň geografiýasy nirelere çenli uzar, nähili peýdasy deger, bu barada häzir bir zat aýdyp bilmerin. Iň gowy bahany, hormatly okyjylarym, siz berersiňiz. Kitaby okan we bir netije çykaran kärdeşlerimden pikirlerini meniň bilen hem paýlaşmaklaryny haýyş edýärin. Meni makullan ýa makullamadyk bolsun, tapawudy ýok, her bir pikir meniň üçin juda gymmatlydyr. Çünki bu kitap – 17 ýylyň miwesi. Çünki bu kitapda meniň bilen ýatlamalaryny, eden-goýanlaryny we başdan geçirenlerini paýlaşan iki müň bäş ýüz sany mugallymyň goşandy bar. Çünki bu kitapda meniň bilen gussalaryny, şatlyklaryny, arzuwlaryny we garaýyşlaryny paýlaşan müňlerçe okuwçylarymyň haky bar.

**Gadyrly mugallym!**

Kitap esasy bölümleriň ikisinden ybarat. Birinji bölümde meniň käte-käte «Mugallymlaryň jähennemlik günäleri» diýip atlandyrýan meselelerim – «Mugallymlaryň hatalary» seljerildi. Ikinji bölümde bolsa mugallymy bilimiň gahrymany edip biljek ýollara üns çekildi. Hut şu meselede goşmaça maglumatlara ýa resminama zerurlyk çyksa, maňa jaň edip bilersiňiz. Adyňyzy, nirededigiňizi bilmesem hem, siziň bilen ýürekdeşdigimi, maksadymyzyň, matlabymyzyň birdigini bilýärin.

Bilim dünýäsiniň ähli gahrymanlaryna çäksiz söýgi bilen ...

**Dr. Hasan Ýylmaz**

# I BÖLÜM

# MUGALLYMYŇ HATALARY

## 1. Içgysgynç bolmak

Biler bolsaňyz, siziň bilim we hünär tejribäňiz okuwçylar bilen aragatnaşygyňyza berk baglydyr. Ýöne mugallymyň ilkinji goýberýän ýalňyşlygy içgysgynçlyk we özüniň şeýledigini bilmezlikdir. Bu häsiýet özüňiz üçin hem, okuwçy üçin hem iňňän zyýanly. Öz ýagdaýyňyzy duýmak üçin okuwçylara üns beriň. Olaryň özüni alyp barşyna, seredişlerine, sapaga gatnaşyşlaryna we gyzyklanmasyna üns beriň. Synpda hümürdi köpelse, bu siziň bir zady ýalňyş edýändigiňiziň alamatydyr. Diýmek, siz içgysgynçlygyň duzagyna düşensiňiz. Siz bu duzakdan halas bolmaly, özem dessine. Öwrenmegiň we öwretmegiň hakyky lezzetini diňe şol duzakdan sypanyňyzdan soň duýarsyňyz.

Öz durmuşyňyza we başgalaryň durmuşyna üns beriň! Içiňiziň gysan, dünýäňiziň daralan pursatlary barada pikir ediň. Eger şol bir ýagdaýlar gaýtalanýan, günler şol bir akymda geçýän bolsa, diýmek, içgysgynçlyk, tukatlyk başlandyr. Edil şeýle ýagdaý synpda-da bolup biler. Eger sapak «hüwdi diňlän ýaly» bir heňde dowam edýän bolsa, öwredýän zatlaryňyzyň ne size, ne-de okuwçylara nepi deger. Beýle ýagdaý iki tarapy hem kösär. Çagalara aýdylýan hüwdüler barada pikir ediň. Çagany ukladýan «gudrat» hüwdüdäki «jadyly» sözler däl-de, şol bir heňiň gaýtalanyp durmasydyr. Şol bir äheňdäki islendik gürrüň ýa ses adamda gipnoz täsirini döredýär. Ýöne sapagy içgysgynç edýän zat diňe sesiňiz hem däl. Sapagy alyp baryş usulyňyzyň üýtgewsizligi, görkezme esbaplarynyň ýöntemligi we gözleriň öwrenişen esbaplary bolmagy hem okuwçylaryň içini gysdyryp

biler. Şeýle bir mugallymy göz öňüne getirip görüň: okuwçylar ol mugallym synpa girip, sapak tamamlanansoň synpdan çykýança näme etjegini, näme diýjegini bilýär. Şeýle mugallymyň okuwçylara berip biljek öwrenmek lezzeti şol bir aýdymy ýüzlerçe gezek diňlänimizdäki lezzetden tapawutly bolarmy? Isleseňiz, gaýratyňyz çatsa, bir gün öz sapak berşiňizi şekilli ýazga geçiriň. Belki, wideoýazga mümkinçiligiňiz bolman biler, iň bolmanda, ses ýazgysyny ediň. Soňra-da sesiňizi, umuman-a, özüňizi diňläp görüň. Eger 45 minutlap öz aýdanlaryňyzy sabryňyz ýetip diňläp bilseňiz we içiňiz gysmasa, onda mesele ýok. Siziň sapagyňyz okuwçylar üçin hem täsirlidir.

Işiňize, sapak geçişiňize täzelikleri girizmegiň ýoly gürleýşiňize azda-kände üýtgeşmeleri girizmegiň üstünden geçýär. Ilkinji nobatda öz partaňyzyň aňyrsynda durmak endigiňizden saplanyň. Sapagyň bütin dowamynda däl, ýöne ýygy-ýygydan hatarlaryň arasyna aýlanyň. Iki ädim öňe, iki ädim yza, iki ädim saga, iki ädim çepe bolubam biler. Ýöne, gaýrat ediň-de, bir ýerde durmaň. Wagtal-wagtal bolsa garaşylmadyk zatlary etmekden gorkmaň. Içgysgynçlygy ýeňmegiň ýene bir ýoly ýüz-gözüňi üýtgedip durmakdyr. Muny synap görüň we okuwçylaryň nähili kabul edýändigine üns beriň. Ynanyň, ýüzüňizdäki sähelçe üýtgeşme tutuş synpyň howasyna täsirini ýetirip biler. Ýöne bu üýtgän ýüzden näme okaljakdygy hem möhüm zat. Şonuň üçin wagtal-wagtal okuwçylaryň görýän şol ýüzüne bildirmänjik synpdaky aýnada seredip görüň. Ýüzüňiziň okuwçylara näme diýýändigini okamaga çalşyň. Esasan hem, gözleriňiz näme diýýär? Olar ýylgyrýarmy ýa-da «Ah, kakylman geçen jaň, kakylmaz boldy. Bu ezýete ýene näçe minut çydamaly men?!» diýýärmi? Boýun alalyň, käte özümiziň hem islemeýän ýagdaýymyza okuwçylary düşürýäris. Şonuň üçin hem sapagyň içgysgynç dowam edýändigini duýsaňyz, ilki bilen sesiňizi

üýtgediň. Mysal üçin, başgarak äheňde gürläp bilersiňiz. Eger haýalrak gürlemek endigiňiz bolsa, size kyn düşýän hem bolsa, sesiňizi güýçlendiriň. Sözleri aýdyş ýygylygyňyzy çaltlaşdyryp bilseňiz-ä has gowusy! Ýöne sesiňizdäki üýtgeşme okuwçylary ürküzmesin-de, olara hoş ýaksyn. Onsoň hem, wagtyny bilipjik, gürrüňleriňize gysgajyk arakesmeler beriň. Bu arakesmeler 5 sekuntdan geçmese has gowy. Ine, şonda okuwçylaryň siziň indiki aýtjaklaryňyzy diňlemek üçin, sabyr bilen garaşýandyklaryny görersiňiz. Garaşmagyň güýji adama şeýle bir täsir edýär welin, ol içgysgynçlygy köki-damary bilen sogrup taşlaýar. Sözleriňizde basymy kän ulanyň. Içgysgynçlygy sapakdaky deňi-taýy bolmadyk işjeňlik we gyzyklanma bilen ýeňip bilersiňiz. Birmeňzeşlik içgysgynçlygy hem yzyna düşürip alyp gelýär. Içgysgynçlyk bolsa diňe bir sapakda däl, ähli ýerde-de ýakymly zat däldir. Onuň dermany bolsa üýtgeşiklik girizmekdir. Dogry, başda öwrenişmezligiňiz mümkin, ýöne üýtgeşmeleriň soňlugy bilen nepi deger. Sapakdaky üýtgeşmeler, gerek bolsa, tutuş durmuşyňyza hem işjeňlik girizer. Size üç harp aýtjak, şolary ýadyňyzda saklaň we wagtal-wagtal gaýtalaň! Hatda iş esbaplaryňyzyň arasynda görnäýjek bir ýerde şol üç harpy ýazyp goýuň. Şol harplara her gezek gözüňiz düşende, manysy barada pikirleniň we gerekli üýtgeşmäni giriziň. Ine şol harplar: AIB – Asla, içgysgynç bolmaň!

## 2. Hiç hili düzgün ýok

Aslynda, mekdepde tertipsizligi ýüze çykarýan sebäpleriň biri hem soňy gelmeýän düzgün-tertiplerdir. Hemmeler okuwçylaryň şol tertip-düzgünlere gyşarnyksyz boýun bolmagyny isleýär. Başgaça aýtsak, okuwçylar özlerini mugallymlarynyň isleýşi ýaly alyp barmaly. Ýöne olaryň bu düzgünlere näme üçin boýun bolmalydygyny näme üçindir mugallymlar doly düşündirmeýär.

Biraz erkinligiň bolmagy islendik toplum, şol sanda synp otagy üçin hem gereklidir. Şonuň üçin şol düzgünler we okuwçylaryň mekdepde özlerini alyp baryşlary barada ýene bir ýola çynlakaý pikir edilse has gowy boljak. Biz düzgünler düýbünden gerek däl diýmeýäris. Olar gerek, ýöne mekdepdäki düzgün-tertipler okuwçylaryň sapaga gatnaşygyna täsirini ýetirjek, olaryň kämilleşmegine ýol açjak görnüşde bolup biler. Synpda hemmeleriň göwnüne makul, hakykata has ýakyn düzgünleriň hereket etmegi okuwçylaryň özünde hem jogapkärçiligi artdyrar. Eger muny başarsak, okuwçylarymyzda öz-özüňe erk etmek häsiýetini hem kämilleşdirip bileris.

Hut şu mesele babatda size Weýsel Sönmez atly bir mugallymymyň gürrüň beren wakasyny ýetireýin:

*– Bäşinji synpda okaýardym. Synp ýolbaşçymyz täzedi. Onuň tejribeli mugallymdygyna eýýäm ilkinji derslerinde göz ýetirdim. Tutuş synp bolup mugallymymyz bilen bile barlag işleriniň geçiriljek günlerini, gezelençdir tejribe günlerini, sapaklaryň nähili tertipde geçiriljekdigini, arassaçylyk, nobatçylyk ýaly meseleleri, okuwçylaryň sapaga gatnaşygyny we beýleki käbir meseleleri gözden geçirdik. Synpdaky tertip-düzgün kadalaryna käbir üýtgeşmeleri girizdik. Şol üýtgeşmeleriň biri hem gijä galyp gelen okuwçy synpa girip, ötünç soramaly we dessine ýerine geçip oturmalydy. Näme üçin gijä galanyny bolsa sapakdan soň düşündirmelidi. Ilkinji iki hepdede hiç kim sapaga gijä galyp gelmedi. Gar-ýagyş ýagsyn, tapawudy ýok, eger dynç alyş möwsümi bolmasa, sapaklara wagtynda girip-çykýardyk. Bir gün mugallymymyzyň özi gelmedi. Sapagyň başlananyna 10 minut geçen hem bolsa, ol gara bermeýärdi. Nobatçynyň ýanyna ýene iki okuwçyny goşup, mugallymlar otagyna ýolladyk. Az salymdan mekdebiň müdiriniň orunbasarlarynyň biri mugallymymyz we ony getirmäge giden synpdaşlarymyz synpa bile girdiler. Orunbasar*

*bize şeýle ýüzlendi:*

*– Şu gün mugallymyňyz sapaga üç minut gijä galandygy üçin meniň ýanyma geldi. Ýanýoldaşyny lukmana alyp gidendigi üçin okuwa wagtynda ýetişip bilmändir. Ol maňa: «Siz we okuwçylarym rugsat berse, sapaga girmek isleýärin» diýdi. Men oňa rugsat berdim,ýöne siz berýärsiňizmi? – diýip ýüzlendi.*

*Tutuş synp dymdy. Näme diýjek, ilkinji gezek şeýle ýagdaýy başdan geçirip görýärdik. Şol barmana hyýalymda ozalky mugallymlarym janlandy. Köplenç-hä gijä galardylar, munuň üçin özlerini asla müýnli duýmazdylar. Bu gezek ählimiz doňup galdyk. Az salymdan özümizi dürsäbem, tutuş synp bolup: «Rugsat berýäris!» diýip jogap berdik. Şol mahal, gizlemäýin, biziňem, mugallymlarymyzyň hem didesine akja hünjüler doldy. Şol mahal: «Ulalsam menem Emrullah mugallym ýaly boljak» diýip, öz-özüme söz berdim. Şol gün ilkinji gezek: «Menem adam, meniňem gadyrym bar, meniňem sözüm geçýär» diýmäge we öz jogapkärçiliklerimi duýmaga başladym.*

Görşüňiz ýaly, tutuş mekdepdäki ähli okuwçylara degişli däl-de, her synpyň öz düzgün-tertip kadalary bolup biler. Okuwçylaryň şol kadalara eýe çykmagy we ýerine ýetirmegi hökmanydyr. Bu duýgyny nähili döretmeli? Mysal üçin, örän täsirli taýýarlanan sowalnamanyň kömegi bilen döredip bolar. Onda şeýle sowallar bolup biler:

* Okuwçylaryň has netijeli öwrenip bilmegi üçin hemmeleriň ýerine ýetirmeli 10 düzgüni haýsylar?

* Häzirki kadalaryň haýsysy göwne makul däl we näme üçin?

* Synpda okuwçylar üçin nähili düzgün-tertip kadalary hereket edýär?

* Ähmiýetine görä iň zerur bäş kada haýsylar?

Sowallaryň sanyny we görnüşini özüňiz kesgitläp bilersiňiz.

Ýöne, ýatdan çykarmaň, olar mesele bilen berk baglanyşykly bolmalydyr. Sowalnamalar düzülende sowallar barada käbir okuwçylaryň hem pikirini diňlemek gerek. Hut şu meselede iň gowy netijäni almak üçin iň dogry sowallary saýlamaly. Soňky ädim synpyň düzgün-tertip kadalaryny kesgitlemekdir. Şunda-da okuwçylaryňyzyň tekliplerine üns beriň. Çünki olar siziňkä görä hakykata has ýakyn bolup biler. Onsoň hem olar öz goýan kadalaryna boýun bolup galarlar. Düzgünleriň ýatdan çykmazlygy üçin ony synpda bir görnükli ýerde ýazyp goýmak hem peýdaly bolar. Şol ýazgynyň nusgalaryny okuwçylara hem paýlaň. Kadalaryň iňňän sada we düşnükli dil bilen ýazylmagyna hem üns beriň. Kadalar şeýlebir ýazylsyn, olar synpda dostlugy, agzybirligi berkitmäge ýardam etsin. Gerek bolsa bu kadalar okuwçylaryň geljegine hem ak ýollary açsyn. Ýene bir zat, synpda güýje girizmezden öňürti kadalary başga bir kärdeşiňize hem okap berip bilersiňiz. Unutmaň, okuwçylar özlerinden bir zada garaşylýandygyny bilseler, şol garaşylýan işi etmäge çalşarlar.

### 3. Köp gürleýän mugallym bolmak

Mundan 17 ýyl ozal mugallymçylyga başlan ilkinji günüm bütin süňňümi tolgunma gurşapdy. Men Demirçi Ýokary bilim mekdebinde işe başlapdym, üstesine-de, men bu mekdepde pedagogika boýunça bilim berjek ýeke-täk mugallymdym. Dogry, men psihologiýa boýunça okadym, ýöne mekdepde nähili hünär dersi bar bolsa, ählisini meniň egnime ýüklediler. Ilkinji girmeli dersim hem «Bilimi dolandyrmak» dersidi. Çynymy aýtsam, bu ders meniň uniwersitetde-de iň asgyn tarapymdy, hatda synaglardan bir näçe gezek ýykylyp, gaýta-gaýta okamaly hem bolupdym. Şonuň üçin ilkinji sapagyma örän uly jogapkärçilik bilen taýýarlandym. Meýilnama taýýarladym, düşündirjek zatlarymy gysgaça bellik etdim we olary telim ýola gaýtalap

okadym. Aýnanyň öňüne geçip, sapagy düşündirmek boýunça türgenleşdimem. Çünki gorkýardym. Ynansaňyz, şol gorky bilenem synpa girdim. Gysgaça tanyşlykdan soňra, özümiňem doly bilip-bilmeýänim gümana dersi düşündirmäge girişdim. Şol pursat dem alýandygymy hem ýatdan çykardym. Çünki hemmeler meni diňleýärdi. Okuwçylarymyň haýran galýandyklary görnüp duran bakyşlarynyň astynda baý gürledim-ä! Taýýarlanan wagtym dersiň ortarasynda güllesi gutaran sapança ýaly sem bolup galmakdan, gürläre zat tapmazlykdan gorkýardym. Düşündirdim, düşündirdim, ahyry sapak tamamlandy. Synpdan çykyp barýarkamam öz-özümi götergiledim: «A-haw, Hasan gardaş, sen doglaňda mugallym bolup doglan bolaýsaň nätjek?! Ilkinji dersiňi ajaýyp geçirdiň...». Ýöne okuwçylaryň-a hiç zada düşünmändiklerine, diňe täze gelen mugallymdan çekinişlerine sapagy diňleýänden bolandyklaryna, özümiň bolsa 34 hepdelik dersi bary-ýogy bir sagada sygdyranyma düşünmek üçin köp wagt gerek bolmady. Ilkinji sapagym ýaramazyňam baryp ýatanydy. Soň-soňlar pikirlenip, sapagyň maksadyny düşündirmek, esasy adalgalary barada maglumat bermek, okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşmagyny gazanmak, olaryň höwesini artdyrmak, düşünenleri barada sowal-jogap alyşmak ýaly islendik sapak üçin zerur bolan aýratynlyklaryň ýekejesini hem ilkinji dersimden tapyp bilmedim.

Kärdeşler, diňlemegiň öwrenmek bolmaýşy ýaly, gürlemek hem öwretmek däldir. Eger sapagyň her 10 sekundynyň 3 sekundyny okuwçylar sizi diňlemäge bagyşlaýan bolsa, onda siziň sapagy alyp barşyňyz hiç neneň däl. Dogry, olar galan 7 sekundy başga pikirdir güýmenjelere sarp edýärler. Eger okuwçylaryň zehinini öz erkine goýberseňiz, onda olaryň diňleýşini we öwrenişini uly töwekgelçilikde galdyryp bilersiňiz. Eger sapakda okuwçylaryň ünsüni özüňizde jemlemek we olaryň, hakykatdan

hem, bir zatlary öwrenmeklerini isleseňiz, «yzygiderli gürrüňiň» dowamlylygyny 2 minutdan geçirmäň. Wagtyň galan bölegini okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşmagy üçin sarp edip bilersiňiz. Dogry, siziň sapagyňyz birnäçe «2 minutlardan» ybarat bolup biler. Başarnygyňyz şol «2 minutlaryň» aralygyny peýdaly geçirip bilşiňize baglydyr. Bu aralygy okuwçylaryň akyl taýdan hem, fiziki taýdan hem sapakda bolmagyny gazanyp bilmek esasy maksat bolup durýar. Yzy kesilmeýän maglumatlary azaltsaňyz, okuwçylaryň olary kabul edip almagy üçin «uly ýagşylyk» etdigiňiz bolar. Öwrenýän wagtlary okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşmagy üçin näme gerek bolsa, şony hem gaýgyrmaň. Öwrenmegiň okuwçynyň borjudygyny nazarda tutup, esasy işi olaryň etmegini isläniňizde maksada has ýeňil ýetip bilersiňiz. Çünki bir işi edýändigini duýýan adam üstüne jogapkärçilik hem alýar. Eger okuwçy öwrenmegiň özi üçin borçdugyna düşünse, iş iki tarap üçin hem ýeňilleşer. Şonuň üçin sapakda ähli zady özüňiz etjek bolmaň, goý, okuwçylar hem özlerine degişli wezipä dogry düşünsinler we ony berjaý etsinler.

Öz gürrüňleriňizi azaltmak babatynda ilkinji berjek maslahatym wagty tygşytly peýdalanyp bilmekdir. Munuň birnäçe ýoly bar. Olaryň biri we iň ýönekeýi sagatdan peýdalanmak. Tutan wagtyňyzdan 2 minut geçenden soň gürlemegiňizi kesiň we okuwçylar bilen sowal-jogap alşyň. Şeýdip hem olaryň sapaga işjeň gatnaşmagyny gazanyň. Okuwçylary «sapakda saklamagyň» başga-da käbir ýollary bar, ýöne, ilki bilen, muňa täsirini ýetirýän ýagdaýlara ünsüňizi çekmek isleýärin.

*Sapaga işjeň ýa höwessiz gatnaşyk okuwçynyň içki we daşky ýagdaýyna bagly. Içki şertler onuň mümkinçilikleri bilen baglanyşykly. Bulara ünsi jemlemek, ruhy we fiziki taýdan taýýarlyk, onuň sapaga işjeň gatnaşmagy üçin görýän esasy taýýarlyklary ýaly aýratynlyklar girýär. Öwrenýän wagtynda*

*okuwça daşyndan edilýän täsir daşky şertleri emele getirýär. Şonuň üçin mugallym okuwçynyň sapaga işjeň gatnaşmagyny gazanmak üçin aşakdaky ýagdaýlara üns bermelidir.*

*a. Öwredilýän maglumatlar okuwçynyň ünsüni çekip, gyzyklanmasyny artdyryp biljek derejede beýan edilmeli;*

*b. Täze maglumaty öwrenmekde asyl maksadyň nämedigi barada okuwçynyň özi hem pikirini aýdyp bilmeli. Eger ol bu babatda dymmagy saýlasa-da, mugallym okuwçydan şol pikiri alyp biljek derejede taýýarlykly bolmaly;*

*ç. Okuwçy öwrenýän wagty lezzet almaly. Mundan başga-da, onuň öwrenmegi başarýandygyny duýmagy sapaga bolan höwesini artdyrar. Eger mugallym muny başarmasa, okuwçylar özlerini gyzyklandyrjak zady özleri tapar. Ýöne olaryň «şahsy oýlap tapyşlary» sapak bilen asla bagly däldir;*

*d. Okuwçynyň gyzyklanmasy esasy üns merkezinde saklanylmaly ýagdaýdyr. Täze öwrenilýän maglumat barada ol öz pikirini erkin aýdyp bilmelidir;*

*e. Mugallymyň şol bir öwrediş usulyny gaýtalamagy, sapakda üýtgeşiklikleriň bolmazlygy okuwçynyň ünsüni peselder. Bu babatda şol bir ses äheňiniň örän howply ýagdaýdygyny ýokarda aýdyp geçipdik;*

*ä. Okuwçy başarýandygyny duýmaly, ýene-de başaryp biljekdigine ynanmaly. Munuň üçin ony ýeterlik başarnyklar bilen höweslendirip bolar. Çünki bir zady yzygiderli başaryp bilmezligi okuwça ählitaraplaýyn ýaramaz täsirini ýetirýär;*

*f. Okuwçynyň sapaga bolan gyzyklanmasy onuň şol maglumatdan alyp biljek netijesine hem berk baglydyr. Şonuň üçin hem maglumatyň onuň gündelik durmuşyna ähmiýeti düşündirilende, muňa çynlakaý çemeleşmeli;*

*g. Okuwçylaryň öwrenmek tizligi we usullary biri-birinden*

*tapawutlydyr. Şonuň üçin käbir okuwçylar bilen aýry-aýrylykda işleşmek netijeli usul bolup biler.*

Täze maglumatlary düşündirýän wagtyňyz 2 minut dolanda, okuwçylaryň birinden özüňizi saklamagy haýyş etmek, munuň üçin jogapkär okuwçyny bellemek hem aýyp däl. Goý, wagt dolanda ol size duýdursyn!

Üçünji ýol bolsa okuwçylaryň «sözsüz duýduryşlaryny» gözüňizden salmazlyk. Okuwçylaryň gözleriniň ýumlup, ýüzlerinde içgysgynçlygyň alamatlaryny duýup başlanyňyzdan, gürlemegi bes ediň we olar bilen işleşmäge geçiň. Eger synpda şeýle alamatlary görseňiz, siziň diýýänleriňiz howa gidip durandyr, ýöne okuwçylaryň aňyna ýetýän däldir. Gürleýän wagtyňyz özüňizi saklamagy öwreniň, çünki gürlemek öwretmek däldir.

### 4. Ýol kartasy ýok

Okuwçylaryň sapakdaky başarnygynyň esasy şertleriniň biri, olaryň öwrenýärkä synlap biljek ýol kartasynyň bolmagydyr. Gynansagam, dersleriň agramly böleginde şunuň şeýle bolmalydygyny ýatdan çykarýarys, şeýdip hem uly ýalňyşlyk goýberýäris.

Göz öňüne getiriň! Size nätanyş, özem uzyn we howply ýola çykýarsyňyz. Eliňizde-de kartaňyz ýok. Mugallymlaryň köpüsi düşnükli we terbiýeçilik häsiýetli kartany ulanmakdan ýüz öwrüp, okuwçylaryň sapagyň dowamynda töwekgelçilige taýyn bolmagyny isleýär. Ýöne bu diýseň uly hatadyr. Dürli-dürli synplara sarp eden ýyllaryňyzy seriňizde ýene bir ýola aýlaň. Şol ýyllarda geçýän sapagyňyzyň nirä barýandygyny näçe gezek duýup bildiňiz? Aslynda, mugallym hökmünde sapagyň nirä barýanyny we terbiýeçilik ähmiýetiniň nämeden ybaratdygyny bir bilýärdiňizmi? Köpiňiziň meniňki ýaly jogap berjekdigiňize jedel

hem edip biljek: «Juda bir bilemokdym». Ederiňi bilmezlik ýoluňy ýitirmäge we şowsuzlyga eltýär. Eger nirä barýandygyňyzy bilmeýän bolsaňyz, nirede durandygyňyz hem dumanlydyr. Şonuň üçin hem okuwçylary dogry ýola gönükdirmek üçin heniz sapagyň başynda olara düşnükli ýol kartasyny hödürläň.

***Konfusiý şeýle diýipdir:***

*«Bilimli adamlar dokuz zat barada pikir edýär:*

*1. Seredenlerinde çuňlugy görmegi;*

*2. Diňlänlerinde kemsiz eşitmegi;*

*3. Görnüş babatynda mylaýymlygy;*

*4. Özüni alyp barşynda adamkärçilikli bolmagy;*

*5. Gürlände hakykatdan daş düşmezligi;*

*6. Işinde jogapkärçiligi;*

*7. Işi paşmaberende meseleleriň dogry çözgüdini;*

*8. Gaharlananda muňa sebäp bolan meseleleri;*

*9. Ýeňşe ýetende adalaty».*

Garry enemiň mellegimizde noýba ýetişdirýän günleri ýadyma düşýär. Ol ilki topragy agdarardy. Has takygy, meniň önüp-ösen ýerlerimde «karyk» diýlip atlandyrylýan usul bilen ýeri ekişe taýýarlardy. Onuň taýýarlan ýerine seretseň, her bir noýba tohumynyň nirä goýuljakdygyny, aralygynyň näçeräk boljakdygyny duýmak kyn däldi. Ol diňe şondan soň ýere tohum sünjüp başlardy. Şeýle pikir edip görüň: boş ýer, entek işlenilmedik. Dogry, ol hasylly, mes toprak. Tohumyňyza hem göwnüňiz ýetýär. Ýöne toprak hasylly, tohum gowumyş diýip, tohumy paýradyp goýberseňiz, garaşan hasylyňyzy alyp bilersiňizmi? Tohumyň näçeräk mukdary kök urar? Näçerägi ýaşap biler?

Mugallymçylyga ilkinji başlan obamda el halylaryny dokamak ýörgünli eken. Il içinde «Ýagçy bedir» diýlip atlandyrylýan nepis halylar hut öý şertlerinde dokalýardy. Boş stanoga «atgy» we «çözgi» diýlip atlandyrylýan ýüpler ilki dikligine, soň keseligine çekilerdi. Onsoň ýüňden taýýarlanan reňkli ýüplükler atgydyr çözginiň aralygynda örülerdi. Indi-indiler pikir edip görsem, şol haly stanogy agaçdan däl, altyndan hem bolsa, halyçylar hernäçe tejribeli bolsalar hem, ellerindäki ýüplükler bolsa hiliň iň ýokary derejesine laýyk bolsa-da, şol atgysyz we çözgüsiz haly dokap bolmazdy.

Mundan 14 ýyl ozal ilkinji kompýuterime eýe bolanymda maglumat göteriji diskler bilen işleşýänim ýadymda. Olara maglumat ýüklemek üçin ilki «format» edilmegi – arassalanmagy şertdi. Disk hernäçe ýokary hilli bolsa-da, gerekli şertlerini berjaý etmän ulanyp bolanokdy.

Kärdeşler, sapagyň başynda täze öwreniljek maglumatyň esasy aýratynlyklaryny okuwça düşündirmek ýokarda mysal getiren üç ýagdaýym bilen berk baglydyr. Eger getirilen mysallara we öz maksadyňyza dogry düşünseňiz, maglumatlary okuwçylaryň aňyna islän şekiliňizde ýerleşdirip bilersiňiz. Şondan soň size-hä öwretmek, olara-da öwrenmek ýeňil düşer. Okuwçy az salymdan öwrenjek zadynyň asyl maksadyna düşüner we özüni muňa taýýarlar. Şeýlelikde, öwretmek bilen öwrenmegiň arasynda hiç hili bulaşyk düwün galmaz.

«Okuwçylara ýol kartasyny hödürlemeli» diýýäris. Bu – geografiýadaky atlas däl. Ony özüň taýýarlamaly. Şonuň üçin hem geçiljek sapagy öňünden gowy meýilleşdirmek, maksady anyk kesgitlemek gerek. Maglumatlary nähili tertipde berjekdigiňizi meýilleşdirip, okuwçylara iň sada dilde düşündirmeli. Aslynda-ha, maksatlar şu tertipde kesgitlense ýerine düşer:

* Näme üçin bu maglumaty öwrenýäris?

* Nämeleri öwreneris?

* Nädip öwreneris?

* Näderejede öwrenendigimize nähili ýol bilen göz ýetirip bolar?

* Öwrenenlerimizi nirede peýdalanyp bileris?

Şu sowallary we olaryň jogabyny ilki öz ýanyňyzdan kesgitläp, sapagyň başynda okuwçylara ýönekeý dil bilen düşündiriň. Şeýlelik bilen, okuwçylaryň täze maglumatlaryň öňünde «ejizlemezliklerini», gorkman hereket etmeklerini gazanyp bilersiňiz.

Sapagyň ýol kartasyny taýýarlamak üçin oňa jogapkärçilikli taýýnlyk görmelidigini ýokarda ýazypdyk. Munuň üçin sapagyň mowzugy, mazmuny, garaşýan netijeleriňiz barada özüňize sowallary berip bilersiňiz.

Şol sowallar babatynda käbir mysallary biz bereli:

** Bu sapakda okuwçylar haýsy ukyplaryny kämilleşdirip bilerler?*

** Şol ukyplar okuwçylaryň gündelik durmuşyndaky haýsy meselä kömek berip biler?*

** Öwreniljek maglumat bilen okuwça nämeleri berip bolar?*

** Sapak okuwçylaryň gündelik durmuşyna nähili peýda berip biler?*

** Mowzugyň esasy aýratynlyklary haýsylar?*

** Olaryň sanawyny nähili düzmeli?*

** Garaşylýan maksada ýetmek üçin haýsy ýoly saýlamaly we ondan nähili peýdalanmaly?*

** Maglumat düşündirilende haýsy görkezme esbaby has*

*netijeli bolar?*

** Sapakda haýsy sowallar okuwçylaryň gyzyklanmasyny artdyryp biler?*

** Nähili mysallar getirilende okuwçylar sapaga ünsüni jemlär?*

** Aýdylýanlaryň hakyky durmuş bilen baglanyşygyny okuwçylara düşündirmek üçin nähili wakalardan we hekaýalardan peýdalanyp bolar?*

** Sapagy nädip gyzykly geçirip bolar?*

** Okuwçylaryň netijeli öwrenmegini üpjün etmek üçin, olaryň ählisiniň ünsüni nädip sapakda jemläp bolar?*

** Bu sapak üçin nähili goşmaça güýmenjeler peýdaly bolup biler?*

** Şu öwrenilýän maglumatyň ähmiýetini, ony kem-käs öwrenmegiň zyýanyny okuwçylara nädip takyk ýetirip bolar? Men munuň üçin haýsy sowallary taýýarlamaly?*

** Maglumatlaryň olaryň aňynda hemişelik (iň bolmanda uzak wagtlyk) galmagy üçin okuwçylara haýsy jogapkärçilikleri ýüklemeli?*

** Aslynda, sapak näçe wagt dowam etmeli?*

** Maglumatlar öwrenilýän wagty okuwçylar nähili kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolar? Şol kynçylyklary ýeňmekde olara nähili kömek berip bilerin?*

** Hut şu sapagy täsirli guramakda haýsy halypadan maslahat alyp bilerin?*

Şeýle sowallaryň özi bar-da, sany ýok. Olary tükeniksizlige çenli hatarlap bolar. Şonuň üçin hem olaryň arasyndan özüňiz üçin iň ähmiýetlilerini saýlap, jogabyny hem nagt etseňiz, eýýäm uly ädim ätdigiňizdir. Bu jogaplar siziň ýol kartaňyz bolup biler. Ine, şol karta-da sapagyň netijeliligini artdyrar.

Şonuň üçin sapak özüňiz üçin hem, okuwçylar üçin hem gyzykly bolsun diýseňiz, azajyk kelle döwüň. Munuň üçin wagt tapyň.

### 5. Çeňňegi dogry oklamak

Mugallymyň düşündirýän zatlaryna akyl ýetirmek üçin okuwça wagt hem yhlas gerek. Ýöne şol wagtdyr yhlasy sarp etmek üçin okuwça bir zat – asyl sebäp we «näme üçinlik» gerek. Mugallymlaryň goýberýän ilkinji ýalňyşlygy okuwçylaryň aňynda şol maglumaty öwrenmegiň sebäbini ýerleşdirip bilmezligidir ýa-da muny ýatdan çykarmagydyr. Eger sapagyň başynda okuwçy: «Bu zatlar maňa nämä gerek?» diýen pikire gulluk etse, şondan soň sapagy täsirli geçirjek bolup görkezen gaýratyňyz ýele sowrular gider. Hatda öwreniljek maglumatyň gymmaty bütin ömre täsir etmeli bolsa-da, ol okuwçy üçin adaty bir sapakdan parhly bolmaz. Eger onuň aňyna çeňňegi ilkinji gezekde dogry oklamasaň, soňky synanyşyklaryň geregi hem ýok. Şeýle ýagdaýda okuwçynyň ünsi dessine başga ýana dargar, onsoň toplap bilseň topla-da. Käbir mugallymlar bolsa öwretjek maglumatynyň ähmiýetine okuwçylar düşünýändir öýdüp pikir edýär. Al, saňa gerek bolsa ýene bir ýalňyşlyk! Şonuň üçin sapagyň başynda täze maglumatlary öwrenmekligiň esasy sebäplerini okuwçylara düşnükli dilde düşündiriň.

**Men näme etmeli?**

Okuwçylaryň aňynda täze maglumat bilen bagly gyzyklanmany döretmek işine sapagyň ilkinji sekuntlaryndan girişiň. Muňa barýan ýol örän sada iki sowalyň üstünden geçýär. Birinji, haýsy sebäbe görä bu sapak okuwçylar üçin peýdaly? Ikinji, olara bu sapagyň ähmiýetini düşündirmek üçin nähili goşmaça işlerden peýdalanyp bilerin? Biraz aýak çekiň-de, pikirleniň!

Elbetde, sapaklaryň aglabasynda bu sowallara jogap tapmak ýeňil däl. Okuwçylara hakykata daýanýan sebäpleri hödürlemek üçin siz kemsiz pikirlenmeli. Aşakda getirilýän mysala bir nazar aýlaň:

*Orta mekdebiň 8-nji synpynda sapak geçip dursuňyz. Okuwçylaryňyz 13-14 ýaşlarynda. «Saglygyňyzy goraň!» atly dersde dişleri arassalamak bilen bagly temany düşündirjek bolýarsyňyz. Synpa gireniňizden okuwçylar başyňyzda bir derdiň bardygyny duýsun. Biraz gussaly şekilde hatarlaryň arasyny aýlanyp çykyň. Käte bolsa ahmyryňyzy daşyňyza çykaryň. Soň şeýle diýiň:*

*– Çagalar, bilýäňizmi, sapaga gelýärkäm, heniz siziň ýaşyňyzda başdan geçiren bir wakamy ýatladan ýagdaý ýüze çykdy. 14 ýa 15 ýaşymdadym. Synpdaşlarymyň birine has ýakyn bolmagy, onuň bilen gürleşmegi, gezelenç etmegi öler ýaly isleýärdim. Munuň üçin elimden näme gelse gaýgyrmaýardym. Ýöne näme etsemem, dostlugymyz pajarlap gidibermeýärdi. Asla ol maňa ünsem berenokdy. Haçan gürleşjek bolsam, ilkinji aýdan sözlerimi diňläp-diňlemän, yzyna öwrülip gidiberýärdi. Garaz, şeýle ýagdaýda birnäçe aýy geçirdik. Bir gün özümden iküç ýaş uly oglanlaryň birine bu ýagdaýy gürrüň berdim. Ol ýylgyrdy-da, şeýle diýdi:*

*– Diňle, Hasan! Bir adam gabat garşysyna geçip, özi bilen gürleşmek isleýän adamyň, ilki bilen, haýsy aýratynlygyna üns berýär, bilýäňmi?*

*– Ýok, bilemok.*

*– Dişine, Hasan, dişine. Özüň pikir edip gör, diliňden bal dökülýänem bolsa, dişleri saralyp giden agyz derdini kime ýetirip biler.*

*Şeýlelikde, çagalara şu gün geçiljek mowzugyň çür depesini sapaga gelen dessime ýetirdim. Şeýle başlamagyň peýdasyny*

*soň-soňlar hem kän gördüm.*

Ýokarda ýazylanlary teswirlemek gerekmi? Meniň pikirimçe, gerek däl. Sapaga şeýle gürrüňden soň başlamagyň täsiri barada özüňiz pikir edip görüň. Ýöne sapak bilen bagly şeýle wakalary gürrüň berýärkäňiz okuwçylaryň ýaş we pikirleniş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak esasy şertdir.

Okuwçylaryň ünsüni jemlemek üçin tapan iň gowy usulym olarda täsir galdyrjak hekaýalardyr wakalary gürrüň bermekdir. Ýöne şunda okuwçylaryň ölçegi, görnüşi, hereketi we reňki duýup bilmegine mümkinçilik berjek sözlerden peýdalanyň. Wakany näçe täsirli gürrüň berip bilseňiz şonça gowy. Haýsydyr bir täsirli gürrüň bilen okuwçylaryň ünsüni sapakda jemlemek hem gyzykly, hem netijeli ýoldur. Aslynda, hekaýa gürrüň bermegiň hut şu meselede iň gowy usuldygyny dünýä pedagogikasy hem tassyklaýar. Ýöne waka gürrüň berýän mugallymlaryň esasy we ilkinji goýberýän ýalňyşlygy howlukmaçlykdyr. Şonuň üçin haýaljak gürrüň beriň hem-de wakanyň jümmüşine özüňiz hem ýene bir ýola siňiň. Sapaga şondan soň girişmek has netijeli bolar.

Helen Kellerden: «Kör bolmakdan hem erbet näme bolup biler?» diýip sorapdyrlar. Ol bu sowala: «Gözüň görýän hem bolsa, hiç zat görüp bilmezlik» diýip jogap beripdir.

### 6. Dil ýarasy...

Mugallymyň bilip ýa bilmezlikde okuwça dil ýarasyny salmagy, belki-de, onuň işindäki uly hatadyr. Çünki okuwçylaryň duýmak, pikirlenmek ýaly ukyplarynda we gündelik durmuşynda mugallymyň orny ynanylmajak derejede ýokarydyr. Şonuň şeýledigini ýatdan çykarmaly däl. Göwnübir ýaly görünse-de, okuwçy mugallymynyň aýdýanlaryny aňyndan biparh geçirip bilmez. Esasy zat bolsa, olaryň mugallymyň aýdýanlaryny

islese-islemese çynlakaý kabul edýänligidir. Ýönekeý mysal: mugallym okuwçyny «ýalta» diýip atlandyrsa, okuwçynyň özüni, hakykatdanam, şeýledir öýtmegi ahmal. Käbir çeşmelerde şeýle ýagdaýa «täsir etmek» diýilýär. Ýöne çaganyň aňyna dil ýarasyny salmazlyga ata-eneler hem üns bermeli. Bu ýagdaý diňe bir mugallym bilen okuwçynyň gatnaşyklaryna sowuklyk salman, okuwçyny gynandyrar we onuň mugallyma bolan hormatyna zeper ýetirer. Şu käre baş goşanymdan bäri käbir okuwçylaryň gowşak ýetişmeginde dil ýarasynyň hem täsiriniň uludygyna göz ýetirdim. Dogry, köplenç halatda, mugallymyň niýetinde erbetlik hem ýok, ol diňe özüne erk edip bilmän, ynjydyjy sözleri aýdýar. Ýöne göwnüňizde zat ýok hem bolsa, okuwçy aýdylan sözi şol bir ýiti täsir bilen kabul eder. Başgaça aýtsak, siziň aýdanlaryňyz okuwçynyň kalbyna hakyky garasöýmeziň aýdan sözi bilen deň derejede ýara salar. Şonuň üçin hem okuwçylary ýaralajak, olaryň özüne bolan ynamyny we size goýýan hormatyny kül-peýekun etjek sözlerden, kynam bolsa, SAKLANYŇ! Durmuşda öz kalbymyza hem dil ýaralary salnandyr. Şol ýarany başgalara, esasan hem, mugallym hökmünde okuwçylaryňyza salmazlyk üçin aýtjak sözleriňize, gerek bolsa her bir sözüňize üns beriň. Eger başgalary ynjytjak sözleri aýtmaly bolsaňyz, beýniňiz size bu barada duýdursyn we hata goýbermekden saklasyn. Hormatlaýan adamyňyzdan şeýle sözleri eşitmek özüňize nähili täsir ederdi?! Eger şeýle agyr ýagdaýy başdan geçiren bolsaňyz, okuwçynyň ahwalyna bütin süňňüňiz bilen düşünersiňiz. Şol agyr ahwalyň ýarasynyň heniz hem doly bitmändigini diňe siz bilýänsiňiz.

**Men näme etmeli?**

Näme aýdýandygyňyzy we ony nähili aýdýandygyňyzy aňşyrmak sapakda dilden sypaýjak dil ýaralaryndan halas bolmagyň açarydyr. Bäş minutyňyzy sarp ediň-de, geçmişde size ýara salan sözleriň sanawyny düzüň. Elbetde, sanaw düzýärkäňiz

ýakymly duýgulary başdan geçirmejekdigiňiz belli. Ýöne öz düşen ýagdaýyňyzy ýatlap, okuwçylary şol ýagdaýa salmazlyk üçin eliňizden gelenini edersiňiz. Sapakda ulanýan sözleriňiz, hakykatdan hem, juda kän zada täsirini ýetirýär. «Näme aýdanyňyz däl, ynjytjak sözleri nähili aýdanyňyz esasy zatdyr». Äheňiňiz bilen deň hatarda ýüz keşbiňiz hem okuwça güýçli täsir eder. Aýdýan sözleriňize, olary nähili aýdýandygyňyza üns beriň. Geljekde okuwçylaryň sizi gowy mugallym hökmünde ýatlamagyny isleýänsiňiz. Şeýle bolsa, bu siziň öz eliňizdäki zat. Kalba ýara salýan däl-de, «Aperin!» diýdirýän, buýsandyrýan we gaýratlandyrýan sözleri ulanyň. Okuwça onuň ady bilen ýüzlenmegiň nähili uly täsir edýändigini siz hem görensiňiz. Şonuň üçin olara hemişe atlaryny tutup ýüzlenmegi kiçilik bilmäň. Käbir okuwçylaryň sapagyna gowşak ýetişmeginiň, töwekgelçilikden gorkmagynyň, jogapkärçilikden gaçmagynyň, özüne ynamsyzlygynyň aňyrsynda hut şuňa meňzeş ýagdaýlara sezewar bolmagy ýatandyr.

***Hekaýat***

*Soňky demini sanap ýatan ata üç ogluny ýanyna çagyryp, olara şeýle wesýet edipdir:*

*– Ogullarym, men ölemsoň araňyzda dawa bolmazlygy üçin size 17 sany düýämi paýlap bermek isleýärin. Miras hökmünde düýeleriň deň ýaryny uly, üçden birini ortanjy, dokuzdan birini bolsa körpe ogluma galdyrýaryn.*

*Atalary aradan çykandan soň doganlar mirasy aýdylyşy ýaly paýlaşmak üçin jemlenipdirler. Ýöne sargyt edilişi ýaly paýlaşmak olara ýeňil düşmändir. Sebäbi 17 ne 2-ä, ne 3-e, ne-de 9-a bölünýär eken.*

*– Bu meseläni diňe obamyzdaky dana goja çözüp biler – diýşip, doganlar onuň ýanyna ýola düşüpdirler.*

*Dana olary diňläp, şeýle diýipdir:*

*– Mende-de bir düýe bar. Şonam goşup, soň hasap öwrüp görüň hany!*

*Gojanyň bu jomartlygyna haýran galan doganlar indi hasaby 18 düýä deňläp, mirasy paýlaşmaga durupdyrlar. Ilki bilen uly dogan 9 düýesini alýar. Ortanjy dogana 6, körpä-de 2 düýe düşýär. Ýöne ähli düýeleri paýlaşýarlaram welin, ortada bir düýe artyk galýar duruberýär.*

*Bu ahwaly synlap duran dana goja ýylgyryp, şeýle diýýär:*

*– Örän gowy! Meseläňiz çözülen bolsa, men düýämi alaýjak.*

Bu hekaýatda dana katalizator[2] bolup gatnaşýar. Meseläni çözensoň, aradan aýrylýar. Ol meseläniň çözgüdinde doganlara kömek berýär, ýöne özi hem hiç zat ýitirenok.

### 7. Ähli zady men etmeli

Käte işden soň öýe ýadaw gelýäňizmi? Hamala, marafon ýaryşyna gatnaşyp gelen ýalysyňyz. Bu ýagdaý sizde (mugallymlarda) ertir ýene-de işe gitmek we sapaga girmek höwesiniň soňuna sogan dograr. Bu ýalňyşlygyň esasy sebäbi mugallymyň synpda we mekdepde ähli işi özi etjek bolmagydyr. Ine, şol hem uly ýalňyşlyk. Isleseňiz, bilelikde mekdebiň eýwanlaryna gezim edeliň! Ýolugra-da synplara göz aýlalyň! Ine, şonda mugallymlaryň sapagyň 85 göterimini işläp (başagaý bolup) geçirýändigini göreris. Şeýlelikde, şol mugallymlara günüň ahyrynda ýene-de gutulgysyz ýadawlyk, argynlyk garaşýar. Galyberse-de, synpda agramly işi özüniň etjek bolmagy mugallymyň tejribesi üçin hem zyýanlydyr. Ýöne öwrenmegiň

[2] Himiki reaksiýany çaltlaşdyryjy ýa-da haýalladyjy, şol bir wagtda özi üýtgewsiz galýan serişde.

başdangeçirmelerden ýüze çykýandygyna, öwrenýäniň öz jogapkärçiligine düşünmegini gazanmagyň esasy şertdigine düşünen mugallym beýle ýalňyşlygy goýbermez. Maşgalalardaky hamrak ene göz öňüňize gelsin! Olar çagalary bilen bagly işleriň ählisini özi eder-de, oňa hiç bir işi galdyrmaz. Şeýdip hem çagasyny jogapkärçilik çekmekden «halas eder». Iň ýamany hem, bularyň ählisini «çagasynyň gowulygy» üçin edýändirin öýder. Ýöne şol eneleriň özüni halys tapdan düşürmeden daşary, çagasyna hem uly zyýan ýetirýändigine göz ýetirmek şeýle kynmyka?!

Synpda-da edil şu ýörelgä gulluk etmeli. Ähli zady özüňiz etjek bolmaň. Goý, okuwçylaram işlesin. Jogapkärçiliklerden okuwçylara-da ýeterlik paý galdyran, olaryň şol jogapkärçilik bilen özüne ynanylan işleri ýerine ýetirmegine akylly-başly ýolbaşçylyk edip bilýän mugallym bu işiň netijesini hem görer. Okuwçylar, hakykatdan hem, özlerinde jogapkärçiligiň bardygyny duýup, sapaga işjeň gatnaşarlar. Bu bolsa olara öwrenmegiň lezzetini bagyşlar, höwes bilen öwrenmek bolsa öwrenmegiň iň netijeli ýoludyr. Siz hem ruhy we fiziki taýdan özüňizi has gowy duýarsyňyz.

**Men näme etmeli?**

Aslynda, okuwçylaryň etmeli işini hem öz egniňize alyp, mekdepde näçeräk wagt ýitirýändigiňizi öz ýanyňyzdan hasaplajak boluň. Şol hasaplamalardan soňra-da, sapagyň merkezinde mugallym däl-de, okuwçylar bolan höweslendirmelerdir gyzyklandyrmalaryň sanawyny düzüň. Ertirki sapagy nähili geçjekdigiňiz barada pikir ediň. Şeýle bir meýilnama taýýarlaň, oňa görä, sapakda işleriň azyndan 60 göterimini okuwçylar etsin. Meýilnamaňyzda okuwçylaryň erkin işlemegine, topar bolup pikir alyşmagyna we özbaşdak öwrenmegine hem üns berilsin. Şeýle çemeleşme bilen düzülen meýilnamany hem

sapakda amal etmäge çalşyň. Ýöne bu synanyşygy okuwçylara erkinlik berip, synpda gowur turuzmasalar razy bolýan mugallymyň başdansowmasy bilen çalyşmazlygyňyzy haýyş edýärin. Dogry, synpa gözegçiligi gowşatsaňyz, özüňiz üçin hem oňaýsyz bolar. Ýöne adam ýetişdirmekden maksatlarymyzyň biri «özüni alyp barşynda jogapkärçilik duýýan, özüne erk edip bilýän we daş-töweregindäkileriň hem şuny şeýtmegi üçin nusgalyk adam bolup bilýän şahsyýetleri ýetişdirmek» dälmidir?! Üstesine, synpdaky liderlik täjiniň eliňizde wagty, ýagny siz synpdakaňyz okuwçylara gözegçiligiňiz üns merkeziňizde bolar. Olar hem bu gözegçiligi duýarlar. Elbetde, merkezinde okuwçy bolan sapak geçiliş tärine uýgunlaşmak üçin wagt gerek bolar. Ilki-ilkiler käbir meselelerdir kynçylyklaryň hem ýüze çykmagy ahmal. Ýöne bu ädimden ýüz öwürmäň we işe hut ertiriň özünde girişiň. Bu işde özüňize-de, okuwçylara-da ynanyň!

**8. Erbet taraplaryňyzy görkezmek**

Käbir mugallymlar agras görünmegi mertebelilik saýýar. Käbir kärdeşlerimiz bolsa işdäki ilkinji gününden başlap, juda özdiýenli, okuwçylara asla ýüz bermeýän mugallymdygy barada gürrüň bermegi halaýar. Mende-de hut şu düşünjä gulluk eden mugallymlaryň birnäçesi bolupdy. Olaryň bolşuna şol ýaşlarymda juda bir düşünmedik hem bolsam, indi düşünýärin. Mugallymyň ýüzünden gar ýagýan bolsa, talapkärdigini häli-şindi dile getirýän bolsa, okuwçylaryna synaglary we ozal synpdan synpa geçirmedik okuwçylaryny ýatladýan bolsa, gysgaça aýtsak, erbet taraplaryny görkezmek üçin elinden gelenini gaýgyrmaýan bolsa, munuň ýekeje düşündirişi bardyr: ol mugallym özüne ynanýan däldir. Aslynda, okuwça el galdyrmak hem şu manyny berýär. Mundan birnäçe ýyl ozal halypalarymyň biri şeýle diýipdi:

– Birini ýenjip duran adamy görseň, ýenjilýäne däl-de, ýençýäne gynanmaly. Çünki çäresiz şonuň hut özüdir. Ýençýäniň hereketi daşyndan seredip durana şeýle diýýär: «Seni boýun etmegiň, saňa bir zatlar öwretmegiň nähilidir bir ýoly bar. Ýöne men ony bilemok. Şol emelsizligim we sowatsyzlygym üçin hem seni ýençmeli bolýan».

Hakykatdan-da, okuwçylara erbet häsiýetlerimizi görkezmegimiziň aňyrsynda çäresizlik bilen özümize ynamsyzlygymyz ýatandyr. Hut şu meselede Weýsel Sönmez atly bir mugallymyň gürrüň beren wakasynyň oňat mysal bolup biljekdigini pikir edýärin:

*– Anadolynyň bir mekdebinde mugallym bolup işe başlamalydym. Özüm hem synpda sapak geçmekden düýbünden habarsyz diýen ýalydym. Temegini göge tutup ýören mugallymdym. Mekdebe gelip, ilkinji iküç hepdede assyrynlyk bilen beýleki mugallymlary synladym. Näme edýänlerini, sapagyň gidişini nähili ele alyşlaryny öwrenmäge çalyşdym. Şol mahal menden sorasaňyz, iň başarjaň mugallym – müdir diýerdim. Okuwçylar ony görse tut ýaly dikelerdiler, sesini eşitseler girere deşik tapmazdylar. Hatda tutuş mekdep müdiriň adyny eşitse, titir-titir ediberýärdi.*

*Bilýäňmi, bir gün onuň ýanyna bardym-da, şeýle sowal berdim:*

*– Ýoldaş mugallym, beýle hormaty nädip gazandyňyz?*

*Müdir ilki güldi, soňra-da şeýle diýdi:*

*– Men ilkinji gezek girýän synpymda iň daýaw göwreli, «Şü-ýä hemmä diýenini etdirýändir» diýip çaklan okuwçymyň mazalyja suwuna degýän. Bu bolsa beýleki okuwçylaryň hem gözüni gorkuzýar. Olaryň gözüne seredip hiç haçan gülemok. Dogry, olary gowy görýän, ýöne daşymdan syr bildirmäm bolmaz.*

*Men hem müdiriň aýdyşy ýaly mugallym bolmaga çalyşdym. «Gaýratym» miwesini tiz eçildi: gysga wagtda mekdebiň iň hyrsyz mugallymlarynyň biri hökmünde tanaldym. Öz okadýanlarym-a beýlede dursun, beýleki synplaryň okuwçylary hem meni görseler girere deşik gözläberýärdi. Olaryň meniň ýanymda edep kadalarynyň birinem ýatdan çykarman berjaý etjek boluşlaryny duýýardym. Dogry, müdiriň aýdyşy ýaly, okuwçylary gowy görýärdim, ýöne muny olara syzdyrmaýardym. Çünki maňa «Söýgi ejizlikdir, gowy görýäniňi bildirme!» diýipdiler. «Eger gowy görýäniňi bilseler, sylamazlar» diýipdiler. Olary syr bildirmän gowy görýändigim üçin okuwçylarym hem meni sylaýandyr öýdýärdim. Öýtmezçe boldumy? Gören ýerlerinde salam berýärler, başlaryny aşak egip gürleşýärler, hol aňyrdan penjekleriniň iliklerini ildirip gelýärler. Mümkin boldugyndan gelýän ýoluny üýtgedip, meniň bilen pete-pet gabat gelmejek bolýanlary hem ýok däl.*

*Ýylyň ahyrynda okuwçylardan synag aldyk. Meniň okuwçylarymyň üçüsi uçurym boldy. Olaryň üçüsi hem meni diýseň gowy görýändir öýdýärdim. Ýöne ýalňyşypdyryn. Olar bilen bir gün köçede gabatlaşdym: ilikleri açykdy, elleri jübülerindedi. Olar maňa bakdy, menem olara. Iliklerini ildirjegem bolman, bäbenegimiň içine seredip geçip gitdiler...*

Bilýäňizmi, okuwçylar beden agzalaryňyz arkaly özlerine näme diýýäniňize üns bererler. Dogan Jüjelogly atly bir mugallymym şeýle gürrüň beripdi:

*– Mekdepleriň birinde mugallymlar üçin gysga wagtlyk okuw geçýärdim. 25-30 çemesi mugallym «U» harpy görnüşinde oturyp, meni diňleýärdi. Iň öňde oturan kärdeşim okuwyň tutuş dowamynda aýaklaryny biri-biriniň üstünden çilşirip, olary öňe uzatdy, gaşyny çytyp, ellerini biri-biriniň içinden gowşuryp oturdy. Iki sagatlabam şol bolşuny üýtgetse nädersiň! Okuw tamamlanan*

*dessine onuň ýanyna bardym:*

*– Ýaşuly, maňa gahar etdiňizmi?*

*Ol sowalyma haýran galdy:*

*– Aý, ýok! Beýle niýetim-ä ýokdy. Eger size şeýle görnen bolsa, bagyşlaweriň!*

*– Men sizden ötünç däl-de, maňa gahar etmändigiňizi eşidesim gelýär! Söhbetdeşimiň ýüzi has-da üýtgedi. Men göwnüm bir ýaly sözümi dowam etdirdim.*

*– Siz iki sagatlap maňa sessiz awyňyzy pürkdüňiz. Indi şony sesli gaýtalamagyňyzy haýyş edýärin. Men hiç-le! Ýöne öýde aýalyňyza we çagalaryňyza, synpda okuwçylaryňyza şeýle seretseňiz gynanardym.*

Dogry, käte ýüz-gözümiziň üýtgänini özümiz hem bilmän galýarys. Bilip şeýdäýýän wagtlarymyz hem bar. Ýöne bu ýagdaýlaryň ikisi hem biziň ejizligimizdir.

Mugallymlaryň aglabasy, nägileligini ýa-da garaşanynyň çykmandygyny beden dili bilen aýdýar. Aslynda, köpçüligiň öňünde çykyş edýärkäk beden dilimiz düşündirjek bolýanlarymyzyň 55 göterimini beýan edýär. Aýdýan zadyňyzy beden diliňiziň nähili aýdyşyna üns beriň: ýüz keşbiňiz, özüňizi alyp barşyňyz näme diýýär. Synpda sizden işjeň adam ýok, okuwçylara düşündirýänleriňiziň agramly bölegini, aslynda, diliňiz däl-de, beden diliňiz düşündirýär. Şonuň üçin bedeniňiziň diýýän zatlaryna gözegçilik etmegi ýatdan çykarmaň. Çünki ilki adam, ondan soň mugallym bolmagy maksat edinýänleriň ählisi hem şeýdýär.

**Men näme etmeli?**

Okuwçylaryň sapaga gatnaşygyna sözsüz hem täsir edip bolýar, munuň üçin mugallym beden diliniň hilini

ýokarlandyrmaly. Batyrgaý boluň! Aýnaň öňüne geçip, özüňize bir nazar aýlaň. Siz size näme diýýärsiňiz? Sizde joşgun we tolgunma barmy? Ýüzüňiz okuwçylara näme diýýär? Gülýändirin öýdýän wagtyňyzyň, aslynda, 40 göteriminde gülmeýärsiňiz. Şonuň üçin hem özüňize yzygiderli şu sowaly beriň: bedenim näme diýýär? Beden diliňizden hemişe netijeli peýdalanmagyň esasy ýoly oňa yzygiderli gözegçilik etmegiň üstünden geçýär. Munuň üçin aýnadan we ýörite taýýarlanylan wideogörnüşlerden peýdalanyň. Iň bolmanda, kärdeşleriňiziň birinden özüňize seredip, beden diliňiziň näme diýýändigini aýdyp bermegini haýyş ediň. Eger siz beden dilini dogry ulanmaýan bolsaňyz, tankytlamakdan hem çekinmesin. Özüňiz bolsa bu kemçiligi düzetmäge çalşyň. Bu yhlasyňyz size özüňizi rahat duýmagy we sapagy has netijeli alyp barmagy bagyşlar. Töwerekdäkileriň hem size gowy nazar bilen garamagyny gazanyp bilersiňiz.

### 9. Gaýtalamak ýok

Belki, siz sapagy akgynly geçýän mugallymsyňyz. Belki, maglumatlary düşnükli edip ýetirmegiň hem ussadysyňyz. Ýöne esasy zat siziň maglumaty nähili düşündirýäniňiz däl-de, okuwçylaryň nähili düşünendigidir. Berlen maglumatyň olaryň aňynda hemişelik, iň bolmanda köp wagtlyk galmagyny üpjün etmegiň esasy şerti gaýtalamakdyr. Şol gaýtalamany wagtynda amala aşyrmasaň, maglumatlar okuwçylaryň aňyna doly ýetmez. Üstesine-de, käbir mugallymlarda şol gaýtalamalary ýeterlik amala aşyrman goýberilýän ýalňyşlyk hem bar. Maglumat okuwçylar bilen bilelikde gaýtalanylanda has ýerine düşýär. Dogry, mugallymlara muny aýtmak täzelik däl. Maglumatlary telim ýola gaýtalamak olaryň aglabasynyň iş tejribesinde bar. Ýöne käbir kärdeşlerimiz dogry we netijeli gaýtalamagyň ýoluny ýodasyny bilmän kösenýärler. Şony bilmezlik bolsa sapagyň

içgysgynç geçmegine hem-de netijesiz bolmagyna getirýär.

**Men näme etmeli?**

Öwretmek we öwrenmek işindäki gaýtalamaklyga iki usulda çemeleşmeli. Olaryň birinjisi mugallymyň sapagy düşündirýärkä we sapagyň dowamynda öz gözegçiliginde gaýtalamakdyr. Hut şu meselede käbir ýagdaýlary unutmazlygy maslahat berýäris:

Aýdan her bir zadyňyzy şol bir görnüşde gaýtalamakdan saklanyň. Bir sapakda azyndan 3-4 gezek öwrenilen maglumat bilen bagly okuwçylara sowallary berip, olaryň gaýtalamagyny gazanyp bilersiňiz. Şu meselede kabul edilen wagt aralygy 10 minutdyr. Diýmek, her 10 minutdan merkezinde okuwçylar bolan gaýtalamak sapagyň täsirli geçmegi üçin peýdaly bolar. Hut şu meselede men näme diýmegi halaýaryn, bilýäňizmi? Okuwçylara:

«Ýaňky aýdanlarymy öz sözleriňiz bilen ýazyň!» diýýärin. Şu ýumuş okuwçylaryň pikirlenmek we ýerine ýetirmek ukybyny artdyrýar. Onsoňam yzygiderli amala aşyrylýan okuwçy merkezli gaýtalamagyň peýdasyny sanap, aňyrsyna çykyp bolmasa gerek. Olaryň iň ýönekeýleriniň biri – maglumaty gaýtalaýan wagty okuwçy özüni sapagyň jümmüşinde hasaplaýar. Ähli ünsüni sapakda jemleýär. Çünki islendik pursatda mugallymyň özüne maglumaty gaýtalamagy tabşyrjakdygyny bilýär. Maglumat gaýtalanýarka bu işe işjeň gatnaşýan okuwçylardan öwgiňizi gysganmaň. Munuň üstesine-de, ähli okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşmagyny yzygiderli gazanjak boluň. Aslynda, gaýtalamak okuwçylaryň öwrenilen maglumat barada siz bilen birmeňzeş pikirdedigini ýa-da däldigini bilmekde hem peýdalydyr.

Gaýtalamagyň ikinji görnüşini okuwçy synpda dälkä amala aşyrmaly. Munuň üçin olara öwrenilen maglumaty sapakdan soň, hatda öýe baranlarynda hem gaýtalamagyň ähmiýetini düşündiriň. Şu meselede aşakda berilýän maslahatlar peýdaly

bolar. Ýöne okuwçylaryň bu maslahatlara eýerişine gözegçilik etmek hem ýene-de size baglydyr.

** Öwrenilen maglumatyň aýratynlyklaryna we öwrenýänleriň başarnygyna bagly bolmak bilen, ýygy-ýygydan gaýtalanylýan maglumatlaryň täsiri wagtal-wagtal gaýtalanylýanlardan azdyr.*

** Gaýtalamagyň iň uly ähmiýeti öwrenýäni kämilleşdirýänligindedir. Şol bir maglumaty ýa başarnygy yzygiderli gaýtalap ýörmek hem käte öwrenmäge zyýanly täsirini ýetirip bilýär.*

** Gaýtalamagyň has peýdaly ýeri öwrenmegiň ilkinji basgançaklaryndadyr.*

** Bir maglumatyň gysga wagtlaýyn ýatdan uzak wagtlaýyn ýa-da geçmeginde ilkinji şert gaýtalamakdyr. Şonuň üçin hem:*

*a. Dürli-dürli mysallaryň getirilmegi;*

*b. Okuwçylara degişli mysallary tapmagyň tabşyrylmagy;*

*ç. Okuwçynyň maglumatyň özenini öz sözleri bilen gaýtalamagy;*

*d. Eger öwrenilýän maglumat bir düşünje bolsa, şol düşünjäniň sözlem içinde getirilmegi ýüzleniljek ýollaryň diňe käbiridir.*

*Eger kesgitleme öwredilýän bolsa, mugallym bir sapakda olaryň diňe ýekejesini öwretmäge üns bermeli. Öýe berilýän ýumuşlaryň biri öwrenilen kesgitlemäni öýde-de gaýtalamak bolup biler.*

** Başarnygyň eýesi bolmakda gaýtalamagyň ähmiýeti juda uly. Gaýtalamak hereketde gönümelligi, takyklygy, inçeligi we tizligi artdyrýar.*

*Täze başarnyk gazanylýarka:*

*a. Ýalňyşlyklaryň köpelmegi şol başarnygyň düzüwli ele*

*alynmandygyny görkezýär. Şeýle ýagdaýda iň dogry ýol öwrenmäge arakesme bermekdir.*

*b. Başarnygyň ýeňilligi ýa çylşyrymlylygy ony nähili wagt aralygynda gaýtalap durmalydygyny görkezýän aýratynlykdyr.*

*ç. Yzygiderli işlemegiň netijesinde käte gaýtalamaga hem arakesme bermeli bolýar.*

*d. Maglumat gaýtalanylýarka iň esasy zat dogry hereketleriň gaýtalanmagydyr. Şonuň üçin ýalňyşýan adama ýalňyşýandygyny wagtynda duýdurmak, olary tiz düzetmegiň esasy ýoludyr.*

Islendik işi ýa-da maglumaty yzygiderli gaýtalamak arkaly öwrenip bolýar. Gaýtalamak we özleşdirmek öwreniljek maglumata has ýakynlaşmagyňyzy üpjün eder. Şonuň üçin hem öwrenmegiň iň netijeli ýoly özleşdirmegiň we gaýtalamagyň üstünden geçýär. Näçe kän gaýtalandygyça, maglumat aňda şonça-da berk ornaşar. Ýöne gaýtalamak içgysgynç işe öwrülmeli däldir. Islendik bir täze öwrenilýän maglumaty näçe gezek gaýtalamalydygyny, gaýtalamagyň haýsy usulyndan peýdalanmalydygy, gaýtalamagyň wagtyny we olaryň arasyndaky wagty öňünden ölçermeli. Maglumat öwrenilýärkä gaýtalamak bilen deň hatarda dynç almak hem möhümdir.

## 10. Ýürekdeşlik ýok

Ýaşaýşyndan ýürekdeşligi köki-damary bilen goparyp aýran adamlara haýran galýaryn. «Hemişe, ähli ýerde we her hili ýagdaýda çynlakaý bolmaly we şeýledigiňi başgalara-da mälim etmeli» diýýän adamlara, dogrusy, nebsim agyrýar. Meniň pikirimçe, olar örän içgysgynç durmuşda ýaşaýarlar. Gynansamam, men mugallymlaryň köpüsinde şu häsiýeti gördüm. Olar ýürekdeşlik, mähir bilen berlen maglumatlaryň okuwçynyň aňynda has berk ornaşjakdygyny bilmeýärdiler. Ikinjiden bolsa,

şadyýan dynç alyşdan ýa güýmenjeden soň sapaga «gaýdyp gelmegiň» has peýdaly boljakdygyndan bihabardylar.

***Hekaýat***

*Mundan birnäçe ýyl ozal fiziki we ruhy taýdan ýetmezçiligi bolan 9 adam 100 metr aralyga ylgamak boýunça ýaryşa goşuldylar. Ýaryş başlan dessine olaryň ählisi ylgamaga başlady. Dogry, tizlikleri deň däldi, ýöne ählisinde-de ýeňşe bolan ynanylmaz derejede umyt bardy. Ýöne ýaryş gyzyşyp-gyzyşmanka olaryň arasynda bir ýaş ýigdekçe düwdenekläp gitdi-de ýykyldy, soňra-da aglamaga başlady. Onuň ýüregiňi gyýýp barýan agysy şol sekundyň özünde beýleki sekiz ýaryşyjynyň gulagyna ildi. Ynanmarsyňyz, ählisi ädimini haýallatdy-da, yza gaňrylyp bakdylar. Az salymdan hem ählisi yzyna öwrülip, hälki ýykylan ýigdekçäniň ýanyna geldiler. Olaryň arasynda Daun sindromly bir gyz eglip, ýigdekçäni ogşady-da:*

*– Ine, bu ony gowulaşdyrar – diýdi.*

*«Soň näme boldy?» diýýäňizmi? Dokuz ýaryşyjy biri-biriniň elinden tutdular-da, pellehana sary bile ädim urup başladylar. Stadiondakylaryň ählisi ör turup, köp wagtlap olara el çarpdylar. Şol gün bu waka şaýat bolan adamlar häli-häzirem ony gürrüň berýärler. Näme üçin, bilýäňizmi? Çünki şeýle bir hakykat bar: durmuşda esasy zat özümiz üçin ýeňiş gazanmak däl. Esasy zat, wagty gelende haýallamak, belki ugrumyzy üýtgetmek, yza dolanmak, başgalaryň hem ýeňiş gazanmagyna ýardam etmek.*

Okuwçylar sapaga dartgynly ýagdaýda gelseler, olaryň öwrenmek mümkinçiligi birneme azalar. Olar özlerini birahat duýsalar, üstesine-de, nämedir bir zatdan endişe etseler, sapaga ünsüni jemläp bilmezler. Şeýle ýagdaýda sapaga şadyýanlyk we joşgun gatmak üçin mugallym hökmünde näme edip bilersiňiz? Meniň pikirimçe, gülkünç zatlaryň pikirini ediň. Şol ýylgyryş ilki

özüňizde, soňra-da okuwçylarda oýansa, ne ýagşy. Aýtmak isleýänlerini nähilidir bir şorta söz bilen baglanyşdyrýan adamlar durmuşda kän-ä! Sizem şolaryň biri boluň. Sebäbimi? Sebäbi şeýle adamlaryň sizde galdyrýan täsirinde. Ýylgyrýan we sizi ýylgyrdyp bilýän adamlar hemişe gözüňize hoş ýakýandyr, ýüregiňize ýakyndyr. Eger sapakda ýylgyrmagyň özüňizi mugallym ýaly alyp barmaga zyýan berjekdigi barada pikirlenýän bolsaňyz, onda siz ýalňyş pikire gulluk edýärsiňiz. Synpdaky ýürekdeşlik we şadyýanlyk okuwçylaryň egnindäki dartgynlylyk ýüküni azaldar, belki, düýbünden aýryp taşlar. Munuň üstesine-de, käbir zatlar şorta söz, degişme bilen aýdylanda, has ýiti täsir edýär. Eger gülmeli bolsa, okuwçylar bilen bile gülmekden birjik-de çekinmäň. Endişe etmäň, synpda şadyýan bolmagyň size zeleli degmez. Tersine, onuň haýryny görersiňiz.

**Men näme etmeli?**

Ýokarda aýdylyşy ýaly, gülkünç zatlar barada pikir ediň. Synpa şadyýanlyk, wagtyhoşluk ruhuny getiriň. Başarsaňyz, muny durmuşda hem şeýtmeli. Keýpiçaglyk bilen köp zadyň hötdesinden gelip boljakdygyny özüňiz hem görersiňiz. Eger şadyýanlyk tagamyny taýýarlamakçy bolsaňyz, düzümine şulary goşmaly bolarsyňyz: uludan gülki, şadyýan özleşdirme, çynlakaý ýylgyryş, islendik pursatdan gowulyk gözlemek başarnygy we ýaşaýşy şatlykdan pürepür gezelenje öwürmek. Aslynda, synpy işjeňleşdirmek, «ukudan oýarmak» ilkinji zerurlyklaryň biridir. Mugallymyň agras bolmalydygy, onuň özüni alyp barşyny üýtgetmeli däldigi baradaky köne düşünjeleriň üstüne atanak çekiň. Bu düşünjäni zibile atyň we dartgynlylygyň az, tersine, göwnühoşlugyň bol ýagdaýyna geçiň. Muny başarsaňyz, okuwçylara bir nazar aýlaň, olar nähili özgerýär. Gerek bolsa, dogry ýerinde aýdylan ýekeje degişme, ýekeje şorta söz ähli işiňizi ýeňilleşdirip biler. Synanyşyň, şonda synpda islenilmeýän bir

ýagdaý ýüze çykaýanda hem, muny degişme bilen çözüp boljakdygyny görersiňiz.

***Hekaýat***

*Şotlandiýada Fleming atly garyp daýhan ýaşaýardy. Ol bir gün işläp ýörkä täsin bir ses eşitdi. Sesiň gelen tarapyna ylgap baranda bolsa, biline çenli palçyga çümen çaga gözi düşdi. Ol halas bolmak üçin elinden gelenini edýärdi, sesiniň ýetdiginden gygyrýardy. Daýhan çagany palçykdan çykaryp, ony ölümden halas etdi.*

*Bu wakanyň ertesi Flemingiň öýüniň öňünde saklanan bezemen arabadan bir aristokrat düşdi. Ol daýhanyň halas eden çagasynyň kakasy eken.*

*– Oglumy halas edendigiňiz üçin, size serpaý ýapmak isleýärin – diýip, aristokrat hoşallyk bilen maksadyny beýan etdi.*

*Muny üýtgeşik bir gahrymançylyk hasaplamaýan Fleming:*

*– Ýok, kabul edip biljek däl – diýip, sowgat-serpaýdan ýüz öwürdi.*

*Edil şol mahalam daýhanyň körpeje ogly daşardaky gep-gürrüňi eşidip, öýden çykdy. Ony gören aristokrat daýhandan:*

*– Bu seniň ogluňmy? – diýip sorady.*

*Daýhan buýsanç bilen jogap berdi:*

*– Hawa.*

*– Gel, onda şeýle gürleşeli. Ogluňy maňa ber, men ony okadaýyn, ýetişdireýin. Eger häsiýeti kakasyna meňzeýän bolsa, sen oňa geljekde buýsanarsyň.*

*Şeýlelikde, Flemingiň ogly aristokratyň kömegi bilen okady. Oňa çenli aradan ep-esli ýyl geçdi. Flemingiň ogly Londonda lukmançylyk boýunça ýokary bilim aldy. Häzir bütin dünýä ony «Pensilin» dermanyny oýlap tapan Ser Aleksandr Fleming hökmünde tanaýar. Şol ýyllarda aristokratyň ogly erbet*

*keselleýär. Soňra ol pensiliniň kömegi bilen gutulýar.*

*Indi, üns beriň! Aristokratyň ady: Lord Rendolf Çerçil. Oglunyň ady: Ser Winston Çerçil. Ony halas eden lukman: Ser Aleksandr Fleming.*

## 11. Gysgaça jemleme ýok

Heniz çagakam öýümizdäki ulularyň bugdaý meýdanynda işleýşini synlardym. Kakam bilen atam bugdaý orardy, enem bilen ejem bolsa ony toplardy. Gujaklaryny dolduran bugdaýy her ýerde-her ýerde desseläp giderdiler. Az salymdan meýdanda onlarça bugdaý dessesi peýda bolardy. Soňra olar bäşden-üçden has uly desselere toplanardy. Bu iş uly bir harman emele gelýänçä şu görnüşde dowam ederdi. Biziň öýümizdäkileriň bu usulyny kärdeşlerimde görmek isleýärin. Arman, olaryň köpüsinde şeýle usuly görüp bilemok. Şonuň üçin hem dersleriň netijeliligi azalýar.

Gürrüň dersi gysgaça jemlemek barada barýar. Sapak dowam edýärkä wagtal-wagtal gysgaça jemlemeler okuwçylaryň has gowy düşünmegine kömek eder. Şeýdilse, okuwçy maglumatlaryň jümmüşine has içgin girişer. Gynansagam, käbir kärdeşlerimiz sapagyň dowamynda okuwçylara has düşnükli boljak gysgaça jemlemelerden ýaltanýarlar. Bu biziň işimizdäki uly hatadyr. Gysgaça jemleme özüňiz üçin hem, okuwçylar üçin hem möhüm bir sowalyň jogaby bolar: näme öwredildi, näme öwrenildi? Bu iki sowalyň jogaby okuwçylaryň ozalky öwrenenleri bilen indiki öwrenjeklerini baglanyşdyrmagyna ýardam eder.

### Men näme etmeli?

Gysgaça jemlemegi bir sapakda iki ýa üç gezek geçmek ýeterlikdir. Ýöne olaryň iň soňkusynyň sapagyň ahyrynda bolmagyna üns bermeli. Gysgaça jemlemäni mugallymyň özi hem, okuwçylaryň birki sanysy hem geçip biler. Sapagyň

dowamlylygyna görä, gysgaça jemleme 3 minutdan 5 minuda çenli dowam etmeli. Eger öwrenilenleri gysgaça görnüşde okuwçylaryň jemlemegini isleýän bolsaňyz, birküç minut öňünden olaryň haýsynyň muny başarjakdygyny öz ýanyňyzdan kesgitläň. Ýöne şol bir okuwçylary saýlamak hem ýalňyşlykdyr. Goý, her bir okuwçyda gysgaça jemleme jogapkärçiligi bolsun. Gysgaça jemlemäni kimiň geçjekdigini bilmeýändigi üçin okuwçylar sizi ünsli diňlär. Wagtyň netijeli peýdalanylmagy üçin gysgaça jemlemede aýdylýan zatlaryň anyk bolmagyna üns beriň. Mysal üçin, hälki öwrenilenleri gaýtalap berjek okuwça bu pursada başgalaryň hem gatnaşmagyny üpjün etjek sowallary bermegi öwretmek has peýdaly bolar. Ýöne jogap ýalňyş bolaýanda hem jogap bereni beýleki okuwçylaryň utandyrmazlygyny, tersine, ony goldamagyny gazanmaly. Maglumatlary gysgaça jemlemäge çykan okuwçyny uzak saklamaly däl we ony muňa mejbur etmeli däl. Bu işi okuwçylar özara amala aşyranlarynda has gyzykly we netijeli bolýar. Onsoň hem öwrenilenleri gysgaça jemlemegi okuwçylaryň özleriniň ýerine ýetirmegini gazanyp bilsek, olarda bellik tutmak, öwrenenlerini başga ýerlerde-de ulanmak, tiz we netijeli pikirlenmek ukyplaryny hem ösdürip bolar.

## 12. Nämä garaşýanyňy bilmezlik

«Ynanyň, garaşan netijäňizi alarsyňyz». Biler bolsaňyz, bu ýönekeý sözlemiň düzüminde örän uly hakykat we täsin güýç bar. Kimdir birinden garaşanyň çykmagy ählimiz üçin mahsus duýgy. Ýöne käbir kärdeşlerimiz, munuň ýalňyşdygyny özleri hem duýman, okuwçylardan iň ýokary netijä garaşýarlar. Bu – ýalňyşlyk, onda-da örän uly ýalňyşlyk! Okuwçylar, köplenç, suwa çalymdaş. Has dogrusy, olarda suwuň iki häsiýetini görüp bilersiňiz. Özüňiz bilýäňiz, suw guýlan gabynyň şekiline girýär. Bulgura guýsaňyz bulgura, çüýşä guýsaňyz çüýşä meňzär. Suwuň

ikinji bir häsiýeti bolsa diňe pese, ýagny özi üçin amatly bolan ugra akar. Ine, onuň şu iki häsiýeti barada pikir ediň. Dogry ukyplary ýüze çykarmak işinde öwretmegiň iň dogry ýoly saýlanyp alynsa, synpdaky ähli okuwçylar sapaklaryna gowy ýetişip biler. Onsoňam alymlara gulak assaň, olar beýnimiziň mümkinçilikleriniň diňe 10 göterimini ulanýandygymyzy aýdýarlar. Käbir adamlarda bolsa beýniniň ulanylýan bölegi has-da azdyr. Okuwçylaryň basyrylgy ýatan ukyplaryny ýüze çykarmak üçin, olardan sapaklaryna gowy ýetişmeklerine garaşýandygyňyzy duýduryň. Eger şeýtseňiz, wagtyň geçmegi bilen olar özlerinden hem diňe gowy işlere, maksada okgunlylyga garaşyp başlarlar. Gynansagam, mekdepde okuwçylaryň agramly böleginiň hakyky ukybyny açyp bilmeýäris, açylsa-da, ukyby ösdürmek üçin alada edilmeýär. Munuň sebäbi bolsa olaryň aňyna ters pikiriň guýulýanlygydyr. Dogry pikir näme, bilýäňizmi? Ine, ol:

*«Töwekgelçilikden gaçmaň, ähli zady mümkin bolan iň gowy derejesine ýetirmäge çalşyň. Unutmaň, maksadyňyza ýetmeseňiz, elbetde, bu sizi gynandyrar, ýöne asla synanyşmazlyk şol şowsuzlyga ýesir düşmekdir».*

Muny bolsa, özüň unutma, kärdeşim: «Özüňizden başaryp biljek zatlaryňyzy talap edip, oňa ýetmek üçin dyrjaşýarkaňyz ÝAŞLYK SIZIŇ BILENDIR. Ýaşyňyz näçe bolsa bolsun, maksatlaryňyz tükense ýa olara ýetmekde gowuşgynsyzlyk edýän bolsaňyz, SIZ EÝÝÄM GARRANSYŇYZ».

**Men näme etmeli?**

Mugallymçylykdaky ilkinji ädim – okuwçyny tanamak. Özi-de bu iş yzygiderli dowam etdirilmeli. Her bir okuwçyňyzy birnäçe tarapdan içgin tanamaga synanyşyň. Nygtajak bolýanym olaryň boýunyň ölçegini, agramyny, ata-enesiniň kärini, maşgala

ýagdaýyny we şuňa meňzeş aýratynlyklaryny öwrenmek däl. Has içgin we şahsyýet hökmündäki aýratynlyklary bilen tanamaga çalşyň. Mysal üçin, her bir okuwçyňyzyň gyzyklanýan zatlaryny, öwreniş aýratynlygyny, aladalaryny, hormatlaýan zatlaryny biljek boluň. Munuň üçin sizde göz astyndan synlamak ukyby güýçli bolmaly, öwrenenleriňizi bir ýere bellik edip goýsaňyz, has peýdaly bolar. Çünki soňky ýyllarda geçirilen gözlegler her okuwçynyň öwreniş aýratynlygynyň tapawutlydygyny ýüze çykardy.

Käbir okuwçylar gürrüň bereniňde gowy düşünýärler. Olar düşünjeler we sözler bilen pikirlenmek ýoluny saýlap, okamagy, ýazmagy, waka gürrüň bermegi, söz bilen bagly oýunlary halaýarlar. Mahlasy, olara gerekli zat kitaplar arkaly gürlemek, ýazmak, jedelleşmek, hekaýalary gürrüň bermek we ş.m.

Käbir okuwçylarda bolsa aň-hasap ýady güýçli bolýar. Olar pikirlenende sebäp bilen netijäni biri-birine baglamagy gowy görýärler. Yzygiderli sowal bermek, tejribe edinmek, hasaplamak, zehin soraglaryny çözmek hem olaryň halaýan zatlarynyň hatarynda. Olar bilen pikirlendirjek zatlaryň üstünde işlemek, bilim muzeýlerine gezelenç etmek, köpräk tejribe geçirmek has peýdaly bolar.

***Hekaýat***

*Fransiýada agyr işlerde işleýänleriň pikirlerini derňemek bilen gyzyklanýan bir adam gurluşyk meýdançasyna iberilýär. Ol öňünden çykan ilkinji gurluşykça şeýle ýüzlenipdir:*

*– Näme iş edýärsiň?*

*Sowala gahary gelen gurluşykçy:*

*– Näme, gözüň körmi? – diýip gatyrganypdyr. – Läheň-läheň daşlary parçalap, başlygyň görkezen ýerine ýygnaýan. Dowzah ody ýaly howurly howa-da janymy alyp barýar. Beýle-de bir agyr*

*iş boljak eken, janyňy aljak-la bu.*

*Işçiden şu jogaby alan adam ikinji bir gurluşykça edil ýaňky sowaly beripdir:*

*– Näme iş edýärsiň?*

*– Gaýa daşlaryny desgada göwnejaý ýerleşdirip boljak şekilde bölüşdirýän. Işim agyr, şol bir gaýtalanyp duran zatlar. Ýöne, nätjek, aýalym we çagalarym üçin işlemeli bolýan. Her näme-de bolsa, işim-ä bar. Ýagdaý mundan hem agyr bolup bilerdi.*

*Bu jogap myhmanyň göwnüne azda-kände giňlik salýar. Üstesine-de, dogumyny artdyrýar. Şol dogum bilen hem şol bir sowaly üçünji işçä eňterýär. Bu gezek düýbünden başgaça jogap alýar:*

*– Göreňokmy? Men iň gözel binalaryň birini gurýan.*

*Bu wakanyň iň gyzykly tarapy üç işçiniň hem şol bir işi edip, aýry-aýry jogaplary berenligidir.*

***Allen Klein***

Käbir okuwçylarda görüş zehini güýçli bolýar. Olar görýän zatlary, suratlar, şekiller bilen baglanyşdyryp pikirlenýärler. Şeýle okuwçylar surat çekmegi, karta ýa-da grafiki çyzgy çyzmagy, umuman görmek, şekillendirmek bilen bagly zatlary gowy görýärler. Olara sapakda wideogörnüşler, slaýdlar, filmler, sungat eserleri, tapmaçalar, suratly kitaplar, zehin oýunlary, sungat muzeýlerine gezelençler has zerur. Okuwçylaryň başga birleriniň beden zehini güýçli bolýar. Olar elläp görmek arkaly we duýgulary bilen pikir edýärler. Tans etmegi, ylgamagy, bökjeklemegi, öwrenýän zatlaryny – özi üçin täzelikleri elläp görmegi, bir zat düşündirilende aýratyn duýgulary, garaýyşlary gowy görýärler. Şeýle okuwçylar üçin gerekli zatlar kiçijik sahnalary gurap, olarda keşpleri bermek, hereketiň köpräk bolmagy, sagdynlyk endikleri, fiziki oýunlar, umuman, bir zady edip görüp öwrenmek bolup

durýar.

Saz-äheň zehini güýçli okuwçylar hem bar. Olar äheňdir saz arkaly pikirlenýär. Aýdym aýtmagy, sykylyk çalmagy, diňlemegi, aýaklaryny we ellerini saza görä yzygiderli hereketlendirmegi, öz ýanyndan hiňlenip ýörmegi gowy görýärler. Şonuň üçin hem olara aýdym diňlemäge, konsertlere gitmäge, saz gurallaryny çalmaga şert döredilse, has gowy bolar.

Okuwçylaryň ýene bir toparynyň jemgyýetçilik zehini güýçli bolýar. Olar öz pikirlerine başgalaryň pikirlerini hem gatýarlar. Şol bir wagtda-da ýolbaşçylyk etmegi, nähilidir bir dabara ýa çäre guramagy gowy görýärler. Olar üçin dostlary, toparlaýyn oýunlar, jemgyýetçilik we medeni çäreler has gymmatly.

Zehiniň başga bir görnüşini «ýalňyzlyk» diýip atlandyralyň. Şeýle häsiýetli, has dogrusy, ýalňyzlyk zehini ösen okuwçylar özleri bilen ikiçäk galanlarynda has netijeli pikirlenip bilýärler. Olar öňünde belli bir maksadyň goýulmagyna, hyýal öwürmäge, meýilleşdirmäge, sessizlige, «ýedi ölçäp, bir kesmäge» mätäçdirler. Şonuň üçin olaryň ähli işleri ýeke galmak, ýalňyzlyk bilen bagly.

Okuwçylardan bir üstünlige garaşýan bolsaňyz, bu meselede olaryň zehin aýratynlygyna üns beriň. Çünki bir zada garaşmak aýdylanlar bilen däl-de, ýerine ýetirilýänler bilen baglydyr. Mysal üçin, haýal-ýagalrak hereket edýän okuwçyňyza berlen sowala jogap tapmagy üçin näçe wagt berýärsiňiz? Bilermenler-ä olara zehinli okuwçylara berýän wagtymyzdan hem az wagtyň berilýändigini aýdýarlar. Bu bolsa olaryň aňasty giňişligine zeper ýetirýär. Şonuň üçin sapaklaryna ortatap ýa-da ondan hem pesräk ýetişýän okuwçylary kyn sowallar bilen kösemek ýerliksizdir. Käte bolsa olar bilen gaty sesli, käte özleri ýaly ýuwaşjadan gürleşýäris. Bir zady ýatdan çykarmaň, belki, özüňiz duýýanam dälsiňiz, ýöne

okuwçy siziň her bir hereketiňizi özünden garaşylýan zat diýip hasaplaýar. Şonuň üçin hem okuwçylardan garaşýan üstünligiňiz barada ilki özüňiz pikir ediň. Munuň üçin okuwçylaryň her birinden öz zehin üstünlikleri barada ýazmaça düşündiriş soraň. Jogaplary okap, haýran galarsyňyz. Okuwçylar özüni siziň gözüňiz bilen görerler. Garaýyşlaryňyz nähili ýokary bolsa, garaşýan zadyňyz hem şonça köp bolar, garaşýanyňyzy hem alarsyňyz.

Haýyş edýän, olar bilen gatnaşygyňyz grek mifologiýasyndaky «myhman hudaýy» ýaly bolmasyn.

***Hekaýat***

*1952-nji ýylyň 4-nji iýulynda 34 ýaşly bir aýal Ýuwaş ummanyň Katalina adasyndan 21 mil günbatardaky Kaliforniýa tarap ýüzüp başlady. Eger başaryp bilse, munuň hötdesinden geljek ilkinji adam boljakdy. Florense Çatwik atly bu ýüzüji ozal Angliýa kanalyny iki tarapa-da ýüzüp geçipdi. Ýüzüşiň başlan säherinde suw juda sowukdy, üstesine-de goýy ümür bardy, ýüzüji howply ýagdaýda özüne kömek bermek üçin gapdallap ýüzüp gelýän gämileri hem kynlyk bilen saýgarýardy. Millionlarça adam bolsa «mawy ýaýlym» arkaly bu ýüzüşe şaýat bolýardy. Zenan ýüzüji ummanyň ýyrtyjylaryndan we doňduryp gelýän sowukdan heder etmän, 15 sagatlap ýüzdi. Ýakyndaky gämide oturan ejesi bilen tälimçisi, kenara juda golaý gelendiklerini aýdyp, dowam etmegi haýyş etselerem, ol özüni suwdan çykarmaklaryny sorady. Maksada okgunly ýüzüji Kaliforniýa ýarym mil galanda suwdan çykmagynyň sebäbini soňra şeýle düşündirdi:*

*– Kenary görüp bilen bolsam, başarardym.*

*Hawa, onuň «sygryň guýrugynda pyçak döwmesiniň» sebäbi ýadawlyk hem, suwuň sowuklygy hem däldi... Ýekeje sebäp, ümür sebäpli kenary görüp bilmezligidi.*

***

*Grek mifologiýasynda ady we rowaýaty dilden dile geçip gelýän birtopar hudaý bar. Olaryň biri «myhman hudaýy» diýlip atlandyrylýar. Greklerde her hudaýyň öz edýän işi, ugry bar. Mysal üçin, hamana, bereket hudaýy bolluk eçilse, söweş hudaýy söweşleri dolandyrýar, söýgi hudaýy bolsa adamlary birleşdirýär... Myhman hudaýynyň wezipesi myhman kabul etmekmiş. Elbetde, özüne gelişýän şekilde. Hamana, ol myhmanyna dünýäde bolan we bolmadyk nygmatlaryň ählisini eçilermiş. Garaz, myhmanyň göwnüni kemsiz awlap bilermiş. Özem ol myhmanyndan hökman ýatyp gitmegi haýyş edermiş, eýdip-beýdip, myhmany muňa razy-da edermiş. Ýatmak üçin myhmana ýüpekden, guş ýeleginden ýassyk-düşek berermiş. Ýatylýan wagt gelende-de, myhmanyny meşhur ýatylýan otagyna eltip, «Geçip ýatyberiň!» diýermiş. Myhman ýerine geçende, onuň garşysynda oturyp, onuň özi üçin ýazylan düşege sygyp-sygmanyny barlarmyş. Eger myhmanyň aýagy düşege sygmasa, dessine eline byçgy alyp, aýagyň sygman galan bölegini kesermiş. Eger myhmanyň boýy düşekden kelte bolsa, eýdip-beýdip ony süýndürip, düşege dogrularmyş. Myhmanyň boýy düşege laýyk gelse, «Gijäňiz rahat bolsun!» diýip, çykyp gidermiş.*

Bu hyýaly rowaýat haçan ýadyma düşse, käbir mugallymlaryň edýän hereketleri ýa-da okuwçylardan garaşýan zatlary barada oýlanýaryn. Öz galybymyz bar. Okuwçyny çagyrýarys. «Hany, gel-de, şu galyba gir!» diýýäris. Çaga galypdan uzyn gelýär. Bu nähili beýle bolýar, mümkin däl-ä! Okuwçy düýbünden başgaça pikirlenýär, başgaça beýan edýär, başgaça öwrenýär. «Ýok, beýle bolmaga haky ýok» diýýäris. Bolup bilmez. Onsoň ýokarda getirilen rowaýatdaky ýaly çaganyň galypdan çykýan ýerlerini «dogrulaýarys». Ýöne bu gödekligi «düzgün-tertip» diýip atlandyrýan usullarymyz bilen edýäris. Çaganyň «düşünjesi» galypdan kiçi geldimi, başyna ala ýabylynyň gününi salýarys.

BEÝTMÄŇ! Ilki bilen okuwçylaryň her haýsyny ýeke-ýekeden tanaň. Ondan soň olaryň başarnygyna görä bir üstünlikden hantama boluň. Şeýdýärkäňiz, okuwça ruh, güýç bermegi hem ýatdan çykarmaň. Okuwçy siziň diýýän derejäňize ýetmek üçin gaýrat etse ýa sähel ymtylsa, ony çynyňyz bilen öwüň. Hawa, öwüň we minnetdarlyk bildiriň.

***Hekaýat***

*Napoli şäheriniň kenarýaka köçeleriniň birindäki kafede espresso içýärdik. Içeri giren müşderileriň biri «Due caffee, una sospreso» («Iki kofe, biri asgyja») diýdi-de, iki kofäniň puluny berdi. Soňra-da, özüne hödür edilen kofäni içdi-de, çykyp gitdi. Kafeniň işgäri diwara kakylan çüýe bir bölek kagyzjygy ildirdi. Soňra ýene iki adam geldi-de, birinjiniň aýdanlaryna çalymdaş sözleri gaýtaladylar. Olar hem üç kofäniň puluny berip, iki kofe içip gitdiler. Diwardaky çüýe bolsa ýene bir bölek kagyz ildirildi. Diýmek, şeýle ýagdaý uzakly gün gaýtalanýan bolarly.*

*Az salymdan kafe horaşaja eşikli bir pukara adam gelip girdi-de: «Un caffee sospreso!» («Asgyçdan bir kofe!») diýdi. Hyzmat edýän ýigit dessine bir kofe taýýarlady-da, ony täze müşderisiniň öňünde goýdy. Hälki pukara kofesini içdi-de, pul tölemän çykyp gitdi. Hyzmat edýän ýigit bolsa hälki çüýe ildiren kagyzlarynyň birini aýryp, ony zibile oklady. Bu şaýat bolan wakam «italiýalylaryň köpçülikleýin terbiýesinden» ýene bir sapak almagym üçin ýeterlik boldy. Üns beriň, kafe giren pukaranyň: «Asgyçda meniň üçin ätiýaç kofe barmy?» diýip soramagynyň geregi ýok. Asgyç hemmeleriň görüp biljek ýerinde, aç-açan ýerleşdirilipdir. Onsoň ýanynda harçlygy bolmadyk islendik adam kafe gelip, asgyjyň ýagdaýyna görä çekinmän, ýaýdanman, kofe sargyt edip bilýär.*

***Bilgin Erýüksel***

**13. Berilýän sowallaryň ejiz gelmegi**

Aslynda, bir zady soramak we jogap bermek durmuşyň süňňünde bar. Şeýle dälmi?! Sowal-jogap alyşmak bir maglumaty öwrenmekde hem uly ähmiýete eýedir. Pikirlenmek we mesele çözmek sungatyny öwrenmek üçin örän köp wagt we zähmet sarp etmeli bolýar. Ýöne muny başaryp bilsek, okuwçylarymyzyň ömründäki iň uly serpaýy özümiziň berendigimize hemişelik guwanyp bileris. Oýlanyşykly taýýarlanan we okuwçyny ýerlikli pikirlenmäge mejbur edýän sowallar onuň maglumaty öwrenmegine hem-de pikirlenmek ukybynyň kämilleşmegine ýardam eder. Üstesine-de zehin energiýasyny we öwrenmäge bolan höwesini artdyrar. Käbir kärdeşlerimiziň aňsadyna bakyp, okuwçylara taýýar maglumatlary berýändigini görýäris. Bu – ýalňyşlykdyr! Biziň uzak möhletli maksadymyz näme pikir etjekdigini däl, nähili pikirlenjekdigini, näme bilmelidigini däl, maglumata nädip ýetmelidigini bilýän adamlary ýetişdirmekdir. Okuwçynyň pikirlenmek ukybyny ösdürjek sowallary taýýarlamak we hödürlemek, aslynda, sungatdyr. Siziň üçin aljak jogabyňyz däl-de, şol sowallar arkaly maglumatyň okuwçynyň aňyna nähili täsirli şekilde ýetiriljekdigi esasy maksat bolsun. Şonuň üçin şeýle sowallary näçe kän taýýarlap bilseňiz, ertirki gün haýry deger.

**Men näme etmeli?**

Sapaga şeýle bir sowal bilen başlaň, goý, ol sapagyň asyl maksady, geljekdäki bähbidi barada okuwçyny çuňňur oýlanmaga mejbur etsin. Diýjek ilkinji sözleriňiz okuwçylaryň işjeňligini artdyrjak sözler bolsun. Okuwçylardan şu öwrenilenlerden geljekde nähili peýdalanyp biljekdiklerini soraň. Berýän sowallaryňyz «Näme üçin?», «Nähili?» we «Eger...» diýen ýaly sözler bilen başlasa has ýagşy. Bu sowallar okuwçylaryň bilim binýadyny berkitsin. Berýän sowallaryňyz okuwçylarda

* toparlandyrmagy;

* tapawutlary duýmagy;

* meňzeşlikleri tapmagy;

* jogapkärçiligi duýmagy;

* çaklamagy;

* sesli pikirlenmegi;

* dürli ýollary taýýarlamagy;

* gysgaça jemlemegi oýarmaly.

Islendik bir adamdan talap edip biljek iň kyn zadyňyz onuň pikirlenmegidir. Şonuň üçin hem ýekeje sowal bilen okuwçylarda pikirlenmek ukybyny ösdürmäge synanyşyň. Sowallaryň işiň iň belent nokadydygyny ýatdan çykarmaň. Sowallaryňyz, ýene bir gezek gaýtalap aýdýarys, ýokarda bildirilýän talaplara gabat gelsin.

### 14. Kötekleýji topara goşulmak

Siziň işleýän mekdebiňizde mugallymlar otagy okuwçylaryň ýanynda nähili abraýa eýe. Belki, okuwçylar onuň deňesinden geçmäge hem ýaýdanýandyrlar. Eger bu otag edilen etmişler, goýberilen ýalňyşlyklar üçin köteklenilýän ýere öwrülen bolsa, onda bu ýagdaý şeýle pikire gulluk edýän okuwçynyň ukyplarynyň hemişelik maýyp galmasy ýaly eýmenç netijä getirip biler. Onsoňam şol köteklemelerde ulanylýan käbir demir düzgünler bar. Olaryň iň howplusy hem kötekleýän mugallymyň okuwçy barada beýleki kärdeşleriniň aňynda hem ýakymsyz pikirleri oýarmagydyr. «Şunça ýyldan bäri mugallymçylyk edip gelýän welin, Hasan ýaly gepedüşmez okuwçy görmedim» diýen manydaky sözlem düzetmesi juda kyn ýalňyşlygyň hut özüdir. Eger okuwçyny söz bilen ýepbekleýän mugallymy töweregindäki

kärdeşleriniň haýsydyr biri goldaýsa dagy, okuwçy üçin şundan uly kyýamat gerek däl. Şondan soň hemmeler Hasanyň gepe düşmez, kütek okuwçydygyna ynanar. Iň ýamany hem şoldur. Bu uly ýalňyşlyk, ýok, ýalňyşlygam däl, mugallymçylygyň uly hatalarynyň biridir.

Hut şu meselede siziň bilen käbir pikirlerimi paýlaşmak isleýärin. Ýaşyna garamazdan, islendik adama bir hata zady edýändigini aýdyp, ýanjap dursaň, onuň zandynyň şoňa meýillidigini ynandyrsaň, ol siziň garaşýanyňyzdan hem beter hata goýberer. Gynanýan zadym, köp ýagdaýlarda ata-eneleriň ýa mugallymlaryň çagada döreýän ýaramaz endige, aslynda, özleriniň sebäp bolýandyklaryna düşünmeýänlikleridir. Şeýlelikde, olar aşakdaky örän sada hekaýatda beýan edilýän hakykatdan mahrum bolarlar.

***Hekaýat***

*Bir adam ogly bilen dagda gezelenç edip ýördi. Birdenkä oglanjyk ýykyldy-da, ahmyr bilen: «Ahhhhh!» diýip iňledi. Şol wagt edil şeýle ses dagdan hem geldi: «Ahhhhh!». Bu sese oglanjyk haýran galdy. Dessine-de: «Kimsiň?!» diýip, daş-töweregine garanjaklady. Ýöne görnen adam bolmady, tersine ses ýene aýdanyny gaýtalady: «Kim siň?».*

*Bu jogap oglanjygyň gaharyny getirdi. Şol gaharyna-da gygyrdy: «Sen gorkak, gözüme görün!». Ses ýene gaýtalandy: «Sen gorkak, gözüme görün!».*

*Oglanjyk bu ahwalata aň ýetirip bilmän, sebäbini kakasyndan sorady. Kakasy şeýle diýdi:*

*– Oglum, ünslüje diňle-de, üns ber!*

*Soňra-da, ol daş-töwerege seslendi:*

*– Men – seniň muşdagyň. Sen – ajaýyp adam!*

*Ses köne endigine görä, bu sözleri hem gaýtalady. Çagajyk bolsa haýran galýardy, nämeleriň bolýandygyna heniz hem düşünip bilmeýärdi.*

*Oglunyň ahwalyna dessine düşünen kakasy:*

*– Muňa ýaň diýilýär. Ýöne bu ýagdaý, sözüň doly manysynda, DURMUŞYŇ hut özüdir. Durmuş hemişe-de seniň berýäniňi özüňe gaýtaryp berýär. Başgaça, ol seniň bolşuň aýnasydyr. Eger ondan söýgä garaşýan bolsaň, özüň hem mähir siňdir! Onuň saňa düşünmegini isleýän bolsaň, senem oňa düşün! Eger adamlaryň saňa gadyr goýmagyny isleýän bolsaň, bu işe ilki özüň başla! Ýaşaýyşyň bu düzgüni öz hökümini hemişe ýöredýär.*

Hawa, ýaşaýyş hemişe biziň berýänlerimizi yzyna gaýtaryp berýär. Aslynda, ol tötänlikleriň ýumagy däl-de, eden işlerimiziň aýnasydyr. Gulak assaňyz, size bir zat düşündireýin. Atalarymyzyň bir sözi bar, onda «Birine kyrk gezek däli diýseň, däli bolar». Bu nakyldaky san kyrkmy ýa başga sanmy, ony biljek däl, ýöne bu aýdylanlar psihologiýada: «Hakykata öwrülýän şer» diýen düşünjä kybap gelýär. Haýsydyr bir okuwçydan garaşýan zatlaryňyzy haýsydyr bir kärdeşiňiz bilen paýlaşanyňyzda, şol okuwçy barada şeýle garaýşyň kärdeşiňizde hem döreýändigini görüp bilersiňiz. Mysal üçin, bir kärdeşiňiziň ýanyndan haýsydyr bir okuwçy hakda «Halys okap bilenok, özünden uly doganam şeýledi» ýa «Şonuň özüni alyp barşy meni halys ýadatdy, düzelmän geçdi» diýip görüň, şol pikire kärdeşiňizem gulluk edip başlar. Iň erbedi hem şu aýdanlaryňyz okuwçynyň mundan soňky ýetişigine we özüni alyp barşyna ýaramaz täsir eder. Garaz, okuwçydan «garaşýan zadyňyzy» alarsyňyz.

Okuwçylar baradaky pikirleriňizi kärdeşleriňiz bilen paýlaşmaň diýemok. Eger okuwçyda nähilidir bir kemçilik bar bolsa, bu barada kärdeşleriňiziň hem habarly bolany ýagşy, ýöne kimdir

birini tankytlaýarkaňyz, örän seresaply boluň! Şonuň üçin okuwçynyň size ýaramadyk taraplarynyň sebäplerini öwrenjek boluň! Her niçik hem bolsa, hiç kimi aşa artyk tankytlamaň!

Okuwçylaryň söz bilen ýepbeklenmesiniň başga bir ýoluny bilýärsiňizmi? Özem şol ýoly ýöredýänler iň gorkýan kärdeşlerimdir. Olar ýadyma düşende, şu waka serime dolýar.

*Bir gün mugallymlaryň biriniň öýünde otyryn. Sagadam 15:00. Daş-töwerekde iňlär siňek ýokdy, sessizlik höküm sürýärdi. Aslynda, gapdalymda bir kärdeşim gazet okap otyr, ýöne ondanam ses çykanok. Az salymdan başga bir mekdepde okadýan bu kärdeşimiň ýanyna şol mekdepde işleýän başga bir mugallym geldi. Onuň gelmegi bilen gazet bir tarapa oklanyldy we gürrüňdeşlik başlady. Gürrüňe soňky gelen kärdeşim başlady:*

*– Halypa, düýn seniň synpyňda synag aldym. Ynanaý, 45 okuwçydan diňe dördüsi synagdan geçip bildi. Galanlarynyň birindenem netije ýok.*

*Ol şu sözleri aýdybam otagy ýaňlandyryp gülüp başlady. Men onuň gözlerinde eden işine bolan buýsanjy gördüm. Otagda ozaldan oturan mugallym endişe bilen:*

*– Sen ony aýdýaň, meniň geçen hepdede alan synagymy bir görsediň. Göwnelaýyk jogap berip bilen ikije okuwçam tapmadym-a!*

*O-da kärdeşinden galjakmy?! Gülüp başlady. Şol mahal bu söhbete gapydan girip gelen üçünji mugallymam goşuldy. O-da şol bir ýagdaýdan söz açdy. Bu gürrüňleri diňläp oturyşyma, mundan artyk çydap biljek däldim:*

*– Oglanlar, siziň käriňiz näme? – Bu sowala olaryň üçüsem haýran galdy. – Geliň, bir oýun oýnalyň. Aýdalyň, siz lukman, onda-da hirurg. Oturan ýerimiz hem lukmanyň öýi bolsun. Ine, şonda kärdeşiňize: «Halypa, ynanaý, operasiýa eden 5 adamymyň*

*dördüsini o dünýä iberýän» diýip güljekmidiňiz? Aýdalyň, siz aklawçy. Şonda: «Boýun alan 6 dawamyň bäşisinde ýeňildim» diýermidiňiz? Ýa siz – söwdagär. «Her dört müşderiniň üçüsiniň hakyny iýdim» diýip gülermidiňiz? Eger şol kärlerde işlän bolsaňyz, dünýe bireýýäm gapyşjak eken. Ýok, ýok, size ýüz tutjak näsagam, adamlaram, müşderilerem bolmazdy. Işden mahrum bolardyňyz. Gynanýan zadym – siz mugallym. Hemişe, islendik şertde-de müşderi tapyp bilýärsiňiz. Olara-da isleýşiňizçe çemeleşýärsiňiz. Ýöne, meniň pikirimçe, biziň kärimizde has uly jogapkärçilik duýmaly. Şeýle dälmi?...*

Bu wakany teswirlemek gerekmi? Meniň pikirimçe, gerek däl.

**Men näme etmeli?**

Okuwçynyň mugallymy bolmagy başaran bolsaňyz, sizi kötekleýän topara goşup bolmaz. Eger özüňiziň şol topara degişlidigiňizi bilseňiz, wagt ýitirmän çete çekilmäge synanyşyň. Eger topardan erkin bolsaňyz, bu erkinligiň tagamyny oňa goşulan kärdeşleriňize hem mahabat ediň. Sizem, olaram mugallym! Diýmek, kärdeşleriňize «Saklan!» diýmäge hakyňyz bar. Batyrgaý boluň, «Bu edýäniňiz galat ahyry!» diýmäge güýç tapyň!

Ýokarda agzalan mysaldaky ýaly gep-gürrüňi siziň ýanyňyzda etmekçi bolýan kärdeşleriňizden pikirlenip gürlemegi haýyş ediň. Mugallymyň öz diýjek sözlerine ünsli bolmagy okuwçynyň ýetişigine oňyn täsirini ýetirer. Wagtyňyz bolsa, mugallymlar otagynda kärdeşleriňiziň edýän gürrüňlerine üns beriň. Olar okuwçynyň gowy ýetişiginiň haýryna gürleýärlermi ýa bolanja ýetişiginiň hem köküne palta urýarlarmy? Aslynda, mugallymlar otagynda, köplenç, ýetişigi pes we garagol okuwçylardan şikaýat edilýär. Günäkäri gözleýän däl-de, ýagdaýdan çykalga agtarýan mugallym bolmaga çalşyň. Hut şu meselede beýleki kärdeşleriňize hem kömekçi boluň. Olara aýdýan zatlaryny seljerip

aýtmaklarynyň okuwçylaryň ýetişigine, özüni alyp barşyna täsir etjekdigini düşündiriň. Oýlanylman aýdylýan sözler has ýakymsyz ýagdaýlara hem eltip biler. Mugallymlar otagynda şu zatlary ýatladýan ýazgylary hem ýerleşdirip bilersiňiz. Dogry, muny beýtseňiz, kärdeşleriňiz siziň üstüňizden güler ýa sizden gaty görer öýdýänsiňiz. Siz olardan tapawutly boluň. Goý, ýazan sözleriňiz henizem adatylygyň çygryndan çykyp bilmeýänleriň degnasyna degsin. Tapawutly bolmak we şeýledigiňizi duýmak size aýratyn bir şatlyk bagyşlar. Garaňkylyga käýinmegiň ýerine şem ýakmagy saýlamak has dogrudyr. Unutmaň, müňlerçe kilometrlik ýol hem ilkinji ädimden başlaýar. Şol ädimi siz ädiň. Eger bu edýäniňiz ýekeje okuwçynyň geljegine täsir etse-de, synanyşanyňyza deger.

### 15. Özüňe başgalaryň nazary bilen seredip bilmezlik

Biziň mugallym hökmünde goýberýän esasy ýalňyşlyklarymyzyň ýene biri hem, özümize başgalaryň nazary bilen seredip bilmeýänligimizdir. Özüňi alyp barşyň barada nähilidir bir duýduryşlar ýa bellikler bolmasa, bu käri ýöretmek mümkin däl diýseň hem boljak. Mysal üçin, okuwçylar size nähili seredýär? Olaryň siz baradaky garaýyşlary neneňsi? Ine, muny bilmek üçin geçen sapagyňyzy wideoýazgy edip, soňra-da oňa tomaşa etmek peýdaly usul bolup biler. Hepdäniň içinden haýsy hem bolsa bir gün, şol günden hem bir sapagy saýlap alyň-da, her gezek şol sapagy geçişiňizi ýazgy ediň. Bu, elbetde, dogum, garadangaýtmazlyk talap edýän usul. Sebäbi islendik adam wideogörnüşde özüni görende, ilki bilen, kemter, bärden gaýdýan taraplaryna gözi düşýär. Bu görnüşler, belki, keýpiňizi gaçyryp biler, ýöne olar mugallymçylyk başarnygyňyza şeýlebir goşant goşar welin, güýjüne özüňiz hem haýran galarsyňyz.

**Muny nädip etmeli?**

Haýsy hem bolsa bir güni saýlaň. Kamera hökmünde bolsa mobil telefonymyzy hem ulanyp bileris. Ýöne size gerekli zat diňe bir telefonyň kamerasy däl. Ýokarda aýdylan ýagdaýlarda nepi deger ýaly, degna sazlaýjy dermandan hem ediniň. Ýazgyly sapaklarda başga-da bir üns bermeli aýratynlygyňyz bar. Kameranyň ýazgy edip durandygyny bilýärsiňiz. Bu duýgy size özüňizi alyp barşyňyzy üýtgetmäge ýol bermeli däl. Adaty sapaklarda özüňizi nähili alyp barýan bolsaňyz, şol sapakda hem edil şeýle bolmaly. Hut şu usul size güýjüňizi we kemçilikleriňizi aýan-aýdyň görkezer. Öýe baryp, üstüňizden guruň-da, bu ýazga «höwes bilen» tomaşa ediň. Ýöne sapakda özüňizi alyp barşyňyz bilen bagly diňe göwnüňize ýaramadyk zatlary bellik etmäň. Artykmaçlyklaryňyzy, has takygy, başgalarda bolmadyk, diňe size mahsus aýratynlyklary hem görmäge çalşyň. Goý, olar göwnüňizi götersin. Munuň üçin görnüşlere tomaşa edýärkäňiz, eliňize bir kagyz alyp, onda üç sütün görnüşinde bellikleri edip bolar. Birinji sütüni «Nämeler edildi?» diýip atlandyryň. Bu sütüne öz sapak geçişiňizden halan taraplaryňyzy ýazyň. Ikinji sütün «Nämeler edilmedi?» diýlip atlandyrylsyn. Şu sütüne eden bellikleriňizde adalatly we birazajyk geçirimli bolmaga synanyşyň. Çünki tankytlanýan özüňizsiňiz. Eger bir kemçilik goýberilen bolsa, sebäbini derňemäge synanyşyň.

Üçünji bir sütün «Indiki gezekde» diýlip atlandyrylsyn. Adyndan hem belli bolşy ýaly, bu ýerde, esasan, ikinji sütünde eden bellikleriňizi indiki sapakda nähili düzedip biljekdigiňiz barada ýazyň. Başgalaryň, ilkinji nobatda, okuwçylaryň size bolan garaýşyny öwrenmek üçin muny hökman amala aşyrmagyňyzy haýyş edýärin.

Garaýyşlary öwrenmek üçin sapagy ýazgy etmän, haýsydyr bir kärdeşiňizden öz sapagyňyza gatnaşmagyny hem haýyş edip

bilersiňiz. Ýa-da siziň sapagyňyzy size derek, goý, ol geçsin. Özem sapagy edil siziň uslybyňyzda alyp barsyn. Ine, şonda synpyň iň arkadaky oturgyçlarynyň birinde oturyp, özüňize tomaşa edersiňiz. Kärdeşiňiz hem özüni siz ýaly alyp barsa, okuwçylaryň garaýşynda hem hiç hili üýtgeşme bolmaz.

Bu işde okuwçylaryň kömeginden hem peýdalanyp bolar. Munuň iň netijeli ýoly bolsa «çäkli ýazgy» ýazmakdyr. Munuň üçin, ilki bilen, etmeli işiňiz okuwçylardan hiç zatdan endişe etmezligi we diňe hakykaty ýazmagy haýyş etmekdir. Mysal üçin, olara: «Mugallym hökmünde mende görýän we size ýaraýan aýratynlyklarymy ýazyň!», «Mugallym hökmünde mende görýän we size ýaramaýan aýratynlyklarymy ýazyň!», «Mugallym hökmünde menden ýene nähili aýratynlyklara ýa-da özgerişlere garaşýandygyňyzy ýazyň!» diýen ýaly teklipler bilen ýüzlenip bolar. Eger muny başaryp bilseňiz, ynanyň, bolmalysyndan hem kän zady gazanarsyňyz. Okuwçylaryňyzyň nazarynda siziň mertebäňiz şeýlebir artar welin, siz ömürboýy olaryň aňynda gowy mugallym bolup galarsyňyz. Olar gowy mugallymyň sapaklaryna girip-çykyp ýörkä, siz özüňiz barada has köp maglumaty alyp bilersiňiz.

***GOWY MUGALLYM BOLMAGA ÇALŞYŇ. OL:***

** okuwçylarynyň diňe gowy taraplaryny görer;*

** okuwçylaryny hiç haçan tankytlamaz, olaryň ýüreginde tyg goýjak sözleri aýtmaz;*

** jogapkärli we hakykaty baýdak edinip işlär;*

** okuwçylara näme gerekdigine dessine düşüner;*

** her bir sapagyny gyzykly geçirmäge çalşar;*

** diňlemek we syzmak üçin wagt tapyp biler;*

** özüne başgalaryň gözi bilen seretmegi hiç haçan ýadyndan*

*çykarmaz;*

** okuwçylaryň şahsy kämilliginiň ýokarlanmagyna ýol arçar;*

** tolgundyryjy täzeliklere baýdyr;*

** öwrenilýän wagta her bir okuwçyny çekip biler;*

** okuwçylaryň kiçijik üstünliklerini görüp, olaryň ulalmagyna ýardam eder;*

** okuwçyda öwrenmäge bolan maksatlary oýarar;*

** okuwçylar bir ýerde dogry ädim äden bolsa, olary öwmegi, bu ädimi şöhratlandyrmagy hiç haçan ýadyndan çykarmaz;*

** okuwçylaryny tanar, olardan öz başaryp biljek zadyny talap eder;*

** hiç bir okuwçysyny nazardan salmaz, muny olaryň özlerine-de syzdyrar;*

** sapaga taýýarlanmaga we ony netijeli geçirmek üçin meýilnama düzmäge wagt tapar;*

** ýaşy we pikirlenişi boýunça okuwçylaryň deňesine çenli peselip biler;*

** öwrenmegiň iň netijeli ýolunyň öwrenmegi öwrenmekdigine düşüner we muny ösdürmäge çalşar;*

** dersiň netijeliligini artdyrjak esbaplardan köp peýdalanar;*

** sapagyny ozal endik edilenlerden hem baýlaşdyrmak üçin elinden gelenini gaýgyrmaz.*

**16. Okuwçylara hormat goýmazlyk**

Gynansagam, mekdepleriň köpüsinde hormat goýmazlyk ýokanç kesele öwrülipdir. Munuň soňky ýyllarda has möwjeýändigi bolsa gynanjyňy iki esse artdyrýar. Töweregiňe baksaňyz, munuň mysaly kän: tutuş ýol özüniňki ýaly hereket

edýän sürüjiler, soň gelen hem bolsa, gele-gelmäne nobatyň öňräk bir ýerine dyknyşýan adamlar, biri-birini tanaýan hem bolsa, Taňry salamyny gysganýanlar, iň ýamany hem, bularyň ählisini ideal adam bolmakdyr öýdýänler näçe diýseň bar. Jemgyýetçiligiň aýnasyna deňelýän mekdeplerimiz hem bu iniňe tiken sünçýän görnüşlerden halas däl. Elbetde, bu ýagdaý üçin diňe mugallymlary ýa diňe okuwçylary günäkärläp bolmaz. Ýöne bu döwük aýnany abatlamakda ilkinji ädimi mugallymlar ätmelidir. Munuň üçin olar göwnüňi beýik tutmagyň, iň ýamany hem, hyrsyzlygyň okuw işine iňňän ýaramaz täsir edýändigine düşünmelidirler. Diýmek, soňky ädimleri ählisini düzetmäge sarp etjek bolmaly.

**Men näme etmeli?**

Mekdepde we gündelik durmuşda bir-birege hormat goýmagyň ähmiýetini baran synpyňyzda düşündiriň. Ilkinji nobatda bolsa, öz ýolbaşçylyk edýän synpyňyzda bir-birege goýulýan gadyryň iň ýokary derejä çykarylmagyny isleýändigiňizi aýdyň we bu işe, ilki bilen, özüňiz başlaň. Mysallary özüňizden getirseňiz gowy bolar, islendik adamyň durmuşda kemsidilen, hormat goýulmadyk wagty bolandyr. Öňräkki sahypalarda paýlaşylan ýaň baradaky hekaýany ýene bir ýadyňyza salyň. Onda şeýle diýilýärdi: «Adamlar muňa «ýaň» diýýärler, ýöne bu ýagdaý durmuşyň hut özüdir. Durmuş mydama özüne berýäniňi yzyna gaýdyp berýär. Ol seniň hereketleriň aýnasydyr. Eger aşa söýgi isleýän bolsaň, özüňem juda güýçli söý. Eger aşa mähir isleýän bolsaňyz, muny hem özüň başla. Eger özüňe düşünilmegini isleýän bolsaň, senem oňa düşün. Eger adamlaryň özüňe hormat goýmagyny isleýän bolsaň, ilki bilen, özüň olara hormat goý. Tebigatyň bu kadalary biziň durmuşymyza hem mahsusdyr».

Şu meselede mugallymyň elinden geljek iň täsirli iş okuwçylaryna hormat goýmak we olardan mähirini

gysganmazlykdyr. Okuwçylaryň mugallymyň näme diýýäninden beter, näme edýänine üns berýändigini ýatdan çykarmaň. Mähir we hormat bilen bagly uzyndan-uzyn düşündirişleriň ornuny hut şu meselede görkezjek göreldäňiz bilen çalşyp bilersiňiz. Muny durmuşda-da şeýdip bolaýsa! Mähir bilen hormat adamy adama öwürýän aýratynlyklaryň binýadynda ýatýar. Şularyň ikisinem başaryp bilýän adam gözüňe nähili yssy görünýär, şol adamyň hut özi bolmak bolsa has uly bagtdyr. Mysal üçin, buýsanç bilen: «Meniň iň esasy aýratynlygym hemmelere mähir bilen çemeleşip, hormat goýup bilýänligimde» diýip bilmek nähili gowy!

Wagtyňyzy emele gelen ýagdaýyň günälisini gözlemäge däl-de, çözgüdini tapmaga sarp ediň. Meseleleri gödeklik bilen çözüp bolmaýar. Şonuň üçin hem synpda ýürekdeşlige, bir-birege hormat goýmaga uzaýan ýollary gözläň. Munuň üçin okuwçylardan ýörite ýazgyny hem haýyş edip bilersiňiz. Goý, olar siz barada akylly-başly pikir öwrüp bilsin. Okuwçylarda ýaramaz täsir döredýän esasy zatlar dil bilen däl-de, hereket, özüňi alyp barşyň bilen galýar. Şonuň üçin hem olar haçan özleriniň gadyry bilinmeýändir öýtseler, goý, bu barada sizi habardar etsinler. Munuň üçin haýsydyr bir söz hem saýlanyp, şonuň üsti bilen düşünişip bolar. Şol söz aýdyldymy, diýmek, mugallym hereketlerine gözegçilik etmeli. UNUTMAŇ: biz okuwçylar bilen nähili gatnaşyk saklaýan bolsak, olar hem biz bilen edil şeýle gatnaşykda bolar. Şu meselede soňky diýjek sözüm bolsa, kitabyň giriş bölümindäki «burny akyp duran Hasan» bilen bagly setirlere ýene bir göz gezdiriň!

### 17. Uçguny söndürmek

Mugallym üçin mahsus bolmaly esasy aýratynlyklaryň we kämillik açarlarynyň biri ömürboýy okuwçy bolup galmakdyr. Täze

öwrenilýän maglumatyň gyzyklylygy we özüneçekijiligi siz we okuwçylaryňyz üçin täsirli başdangeçirmä öwrüler. Öwrenmäge bolan uçgunyňyzdan mahrum bolmak uly ýalňyşlykdyr, bu ýagdaý işe bolan höwesiňizi hem azaldar. Bu uçgunyň ýitendigini nädip bilmeli? Ol – aňsat. Düşündirýän täze maglumatyňyz özüňiz üçin täsirli dälmi, diýmek, uçgundan nam-nyşan galan däldir. Eger sapak düşündirmek siziň üçin gyzykly bolman, adaty bilen işe öwrülen bolsa, onda günler adatdakysyndan hem iki esse uzan ýalydyr. Bu ýagdaý, gerek bolsa, okuwçylaryň tertip-düzgünine hem täsirini ýetirer. Täze sapagy düşündirýärkäňiz, olar bilen bagly özüňizem täze zatlary öwrenseňiz, bu ýagdaý sapagyň has gyzykly bolmagyna täsir eder.

Aslynda, adam ömrüni püçege çykarýan bir topar aýratynlyk bar. Meniň pikirimçe, olaryň iň howplularynyň biri birsydyrgyn günlerdir. Bu ýagdaý, gerek bolsa, ruhy saglygymyza hem zyýanly täsirini ýetirýär. Maşgalalara maslahatçy bolýan günlerimde öý bikelerindäki bagtsyzlygyň esasy sebäbiniň birsydyrgynlykdygyna şaýat bolýaryn. Olarda şeýle pikir bar: «Bu gün näme etdim we nähili etdim? Ertirem edil şeýtjek. Mundan... 378 gün, eger ýaşasam, 3789 günden soň hem şu işleri etmek, öwf, bu janymy alar!». Mugallymam şundan aýry pikir edýän däl bolsa gerek.

Talyplykda mugallymlaryndan öwrenenleri bilen heniz hem çäklenip ýören, şondan soň özüni hiç hili kämilleşdirmedik kärdeşler sizde-de bardyr. Üns berseňiz, olaryň kärinden «doýandygy» gözlerinden görnüp durandyr. Iň ýamanam, şol duýgyny okuwçylaryna-da bildirýärler. Munuň sebäbi bilen gyzyklansaňyzam, öz aýdyşlaryna görä, olaryň özünde günä ýokdur. Olaryň biri mekdepdäki iş tertibinden, ýene biri maddy kynçylyklaryndan, başga biri öz işiniň gadyrynyň bilinmeýänliginden zeýrener. Ýöne şol kärdeşlerimiziň haýsydyr bir meseläniň çözgüdi gözlenende sebäbi başga bir zada

baglamagyň peýdasyzdygyny ýatdan çykaryşyna haýpyň gelýär.

Alymlar soňky 15-20 ýylyň içinde edinen maglumatlarymyzyň tutuş adamzadyň soňky iki asyrda edinen maglumatlaryndan hem 30 esse kändigini kesgitlediler. Şu nukdaýnazardan pikir edilende, öz üstünde işlemeýän, täzelikleri gözlemeýän mugallymyň çäresizligine haýpyň gelýär. Başga bir gynandyrýan ýagdaý bolsa, kärdeşlerimiziň juda köpüsiniň maglumat gorunyň okuwçylaryňkydan hem azlygydyr. Mugallymlaryndan kompýuteri has sowatly ulanyp bilýän, has köp kitap okaýan, maglumat beriji telefilmlere tomaşa edýän, gündelik metbugatdan habarly okuwçylar bar. Özüniň biliminiň okuwçynyňkydan hem pesdigini duýan mugallym ony özüne ýakynlaşdyrman goranmak, aýybyny gizlemek isleýär. Düşüniň, maksadym, özümiň hem degişli bolan toparymy – mugallymlary ýerden alyp, ýere sokmak däl. Ýöne täzelikleriň, yzygiderli öwrenmegiň diňe bir adamy däl, tutuş toplumy kämilleşdirýändigine berk ynanýaryn.

Hormatly kärdeşlerim! Eger ýokarky ýazanlarym degnaňyza degen bolsa, biraz özüňizi dürsäň-de, aýdylanlardan many çykarmaga çalşyň! Eger şol manyny tapmasaňyz, maňa gatyrganmagy dowam etdirip bilersiňiz. Ýöne men 2001-nji ýylda uniwersitetde işläp ýören mugallymlaryň elinde hem şondan 20-25 ýyl ozalky sapak bellikleri gördüm. Olaryň ýazylan kagyzlary hem wagta tap getirip bilmändir, saralypdyr, ýyrtylypdyr. Sökülen sahypalar bolsa ýüplük bilen tikilipdir. Öz ýanymdan: «Käşgä, bu kärdeşim şol sahypalary tikmek üçin sarp eden wagtyny täze maglumaty öwrenmäge bagyşlasady!» diýip pikir edýärin.

**Men näme etmeli?**

Öwrenmäge bolan islegiňizi gaýtadan alawlandyrmak üçin ilkinji etmeli işiňiz şahsy kitaphanaňyza göz aýlap, ol ýerden sizi

henizem özüne çekip biljek eserleri (ýa-da eseri) tapmak. Özem şol eser, gürrüňsiz, size kynçylyk çekýän meseläňizde ähmiýetli bolup biljek eser bolmaly. «Şü-ýä peýdaly bolar» diýen ýerleriňizi belläp almak üçin eliňize galam alyň-da, kitaby okamaga girişiň...

Özüňizi kämilleşdirmegiň başga bir ýoly bolsa, hut şu meselä bagyşlanan okuwlara gatnaşmakdyr. Esasan hem, özara gatnaşyklarda ýol görkezýän, şol bir wagtda-da döwrebap tehnologiýalara daýanýan okuwlar siziň üçin has peýdaly bolup biler. Bu zatlar üçin biraz puluňyz we wagtyňyz gitse-de, ine, görersiňiz, iň soňunda iň uly girdejini edinen tarap siz bolarsyňyz. Ýaşaýan ýeriňizdäki kitaphana baryp hem özüňiz üçin peýdaly maglumatlary – kitaplary, žurnallary gözläp, tapyp bilersiňiz. Ozal ýazylmadyk neşirleriňiziň azyndan üçüsine dagy ýazylyp, şolaryň okyjysy bolup başlamak siziň üçin has ähmiýetlidir. Esasy zat gözläň we öz ýagdaýyňyza dogry baha beriň. Şu zatlary edýän wagtyňyz sapak düşündirişiňizdäki üýtgeşikliklere günübirin gözegçilik ediň. Mekdepde işe ýaňy başlan ýaş kärdeşleriňiz bilen köpräk gürrüňdeş boluň. Belki, olarda siziňki ýaly tejribe ýokdur, ýöne ýaş mugallymlaryň öwrenmäge bolan islegi sizde-de uçgun oýarar. Onsoň hem işe täze gelen mugallymlaryň öwrenmek islegi beýleki kärdeşlerine-de ýokuşmaga, olara-da goltgy bermäge ukyply bolýar. Öwrenmek işine on iki süňňüňiz bilen berlip, hut şu «kesele ýolugyp», ony başgalara-da ýokuşdyrýan adam özüňiz bolup bilersiňiz. Öz dünýäňize başgaça nazar bilen seretmek, özgertmelere girişmek we olaryň süňňüne siňmek siziň höwesiňizi artdyrar, has güýçli eder. Üstesine-de, ozalky hormatyňyza hormat goşar. Töwekgelçilik üçin ilki ynam zerur. Ynamy bolsa yzygiderli öwrenmek islegi oýarýar. Eger bu isleg kalbyňyzda sönen bolsa, onda özüňizem ýoksuňyz. Öwrenmek – öz ýoluňyzy tapmak. Öwrenmäge bolan güýçli isleg bilen ýoluňyzy ýagtyldyň we şol ýagtylygy hiç haçan söndürmäň!

## 18. Durnukly häsiýetiň bolmazlygy

Okuwçylaryň özüni alyp barşyna gözegçilik edip bilýän adam bolup ýetişmeginde durnukly häsiýetli mugallymyň orny uludyr. Eger mekdepde ýa maşgalada çaga halanylmaýan hereketleri edýän bolsa, munuň esasy sebäpleriniň biri hökmünde onuň biliminden we terbiýesinden jogapkär adamlaryň durnukly bolmagy başarmaýandygy görkezilýär. Mugallymyň okuwçysynyň bir etmişini görmezlige salyp, başga bir gün bolsa şol bir etmiş üçin jeza bermegi ýa-da haýsydyr bir etmiş eden okuwçynyň jezalandyrylyp, edil şol hereketi eden başga bir okuwça göz ýumulmagy mekdepdäki gowuşgynsyzlygyň hemmeler tarapyndan bilinýän mysallarydyr. Eger şol mugallym siz bolsaňyz, onda dessine özgermäge mejbursyňyz. Özüňize şeýle sowallary beriň: «Gaharlanyp otyrkam, dessine ony ýuwudyp, mylaýym adama öwrülip bilýärinmi? Ruhy ýagdaýym we gelýän netijelerim birden üýtgäp bilýärmi?». Özüňi alyp barşyň ýygy-ýygydan üýtgäp durmagy diňe siz üçin däl, eýsem, okuwçylaryňyz, kärdeşleriňiz üçin zyýanly, üstesine-de, ol uly ýalňyşlyk. Ruhy ýagdaýyňyzyň üýtgemegi okuwçylaryň pikirlerini bulaşdyryp biler, çünki siziň ozaldan öwrenişilmedik täze häsiýetleriňiz okuwçylary kyn günde goýar. Bir zady ýatdan çykarmaň, siz – mugallym! Mugallym bolsa okuwçylarynyň gözünde aýratyn sarpa goýulýan we goýulmaly şahsyýetdir. Şonuň üçin hem olar bilen bagly hereketleriňiziň, diýýän sözleriňiziň her birine üns beriň. Men 17 ýylyň dowamynda okuwçylarymdan nähili ders aldym, bilýäňizmi? Olar özlerine mähriban bolmak bilen deň hatarda, durnukly häsiýetiňizi hem halaýarlar. Mundan bir minut ozal dünýäniň iň mähriban mugallymy bolup, häzirem gahar bilen synpy göçüräýjek bolmagyňyz olaryň degnasyna iň erbet degýän ýagdaýdyr. Aslynda, okuwçylar mugallymyň durnukly häsiýetine teşne. Goý, siziň özüňizi alyp barşyňyz biraz hyrsyz bolsun,

barybir, şol bir häsiýetiňizi saklasaňyz, okuwçylar size sarpa goýar.

**Men näme etmeli?**

Özüňizdäki bir häsiýeti üýtgetmek üçin ädilmeli ilkinji ädim – şol häsiýetiň, hakykatdan hem, sizde bardygyna göz ýetirmekdir. Munuň üçin size okuwçylar ýa-da kärdeşleriňiz ýardam berip biler. Eger häsiýetiňizi üýtgetmek isleýän bolsaňyz, ýene bir sowala jogap beriň! Siz mylaýym mugallym bolmagy saýlaýarsyňyzmy ýa okuwçylary özüňizden biraz uzak tutmakçy bolýarsyňyzmy? Okuwçylardan: «Meniň şu günki ruhy ýagdaýym nähili? Bu barada maňa aýdyp beriň» diýip ýüzlenmäge hem çekinmäň. Häsiýet nähili bolsa-da, iň esasy maksat onuň durnukly bolmagydyr. Eger ol durnukly bolsa, okuwçylaryňyz we kärdeşleriňiz siz bilen nähili aragatnaşyk saklamalydygyny takyk bilerler.

## 19. Ata-eneler bilen işleşip bilmezlik

Uzynly günüň iş ýadawlygyndan soňra, öýe gelip etmek isleýän zatlaryňyzyň sanawyny düzsek, haýsydyr bir okuwçynyň ata-enesine jaň edip, onuň ýagdaýy barada pikir alyşmak bu sanawyň iň soňky basgançagynda ýazylar. Belki, asla ol sanawda özüne ýer hem tapmaz. Işden soň ata-eneleriň birine gysgaça SMS ýazmak ýa-da mekdebe gelen ata-eneleriň biri bilen oturyp gürrüň etmek käbirimiz üçin artykmaç iş bolup görünýär. Muny boýun alalyň! Ýöne bilim bermegiň tutuş toparyň işidigini unutmalyň! Şol toparda bolsa okuwçylaryň ata-eneleriniň paýy diýseň uludyr. Olar bilen ýola goýuljak ýygy, ýürekdeş we netijeli hyzmatdaşlyk synpdaky okuwçylary has peýdaly şekilde dolandyryp bilmegiňize ýardam eder. Munuň üçin size günüň dowamynda bary-ýogy 10 minut ýeterlik bolar. Ýöne şojagaz 10 minut günüň iň bähbitli pursadydyr. Eger ata-eneler bilen

gatnaşygy olara ýazmaça habar bermek bilen çäklendirseňiz, işden göwnüňizdäki ýaly netije alyp bilmersiňiz. Bary-ýogy birnäçe minut dowam etjek ýüzbe-ýüz gürrüňdeşlik müň bir hatyňyzdan peýdalydyr.

Sizi rahatlandyrmak üçin däl, ýöne okuwçylarda ýüze çykýan gowşak ýetişmäniň 45 göterimi maşgala meseleleri bilen baglydyr. Şonuň üçin hem okuwçynyň üstünligi üçin edýän göreşiňiz onuň maşgalasy tarapyndan hem goldanylmasa, garaşýan netijäňizi almak juda kyn.

**Men näme etmeli?**

Ilkinji nobatda, ata-eneler bilen gatnaşygyň işiň aýrylmaz bölegidigine düşüniň! Olar bilen netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýsaňyz, işleriňiz adatdakysyndan has ýeňilleşer. Eger muny kabul eden bolsaňyz, bu gatnaşykda ilkinji ädimi mugallymyň ätmelidigini hem ýatdan çykarmaň. Mugallymlaryň birnäçesi ata-eneleriň öz çagalarynyň okaýşy bilen ýakyndan gyzyklanmaýandygyndan şikaýatçy. Olar mamla däl diýip bolmaz. Ýöne ata-enelerde bu gyzyklanmany döretjek ilkinji we esasy adam mugallymdyr. Eýsem, bu babatdaky ilkinji ädimimiz nähili bolmaly? Jogap örän sada: okuwçydan onuň ata-enesine ýollanan salam. Süňňünde ýylgyryş we mylaýymlyk bolan telefon jaňy. Olara «Sizi mekdepde görmek meniň üçin ýakymly bolar!» diýiň. Has möhüm ädim bolsa olaryň öýlerine myhmançylyga barmakdyr. Has aňrybaş derejedäki zatlary talap edýän, şeýlemi?! Meniň pikirimçe, beýle däl. Düzgünlere laýyk gelýän myhmançylyklar ata-enelere-de, okuwça-da, siziň özüňize-de peýdalydyr. Käriňizden lezzet alarsyňyz. Nirede bolsa-da, okuwçynyň ata-enesi bilen söhbetdeşlikde mugallym hökmünde üns berilmeli käbir ýagdaýlary hem sanap geçmek isleýärin:

*1. **Oňaýly egin-eşik**: diňe bir özüňizde däl, gürrüňdeşiňizde*

*hem gowy täsir galdyrjak, oňaýsyzlyk döretmejek egin-eşigi saýlamak bu işdäki ilkinji, ýöne juda möhüm ädimdir.*

*2.* ***Salamlaşmak****: duşuşýan adamyňyz erkek hem bolsa, zenan maşgala bolsa-da, ör turup salamlaşyň! Elleşip salamlaşsaňyz-a, oňa ýetesi zat ýok. Mähirli we gözlerine seredip salamlaşmak indiki ädimlere açyljak aýdyň ýoldur.*

*3.* ***Ýer görkezmek****: gelen myhmana mylaýymlyk bilen oturjak ýerini görkeziň. Ol ornaşyp oturmanka-da, siz ýeriňize geçmäň. Ondan soň hem onuň bilen deň derejede oturyň. Asla myhmanyňyzdan ýokarda oturmaň. Araňyzda bolsa torba, resminama ýaly, gürrüňdeşlik üçin gerekmejek zatlaryň bolmazlygyna üns beriň.*

*4.* ***Hödür-kerem****: ondan mylaýymlyk bilen çaý ýa-da kofe içip-içmejekdigini soraň. Ýöne ýüz öwürse, gaýta-gaýta ýüregine düşüp durmaň.*

*5.* ***Ýüzlenmek****: söhbetdeşiňiziň ýaşyna görä dogry ýüzlenmegi hem ýatdan çykarmaň. Eger söhbetdeşleriňiz birden kän adam bolsa, içinde haýsydyr birine ýüzlenmän, hemmesi bilen mylaýym pikir alyşmaga çalşyň. Söhbetdeşiň gözüne garap gürlenilmeginiň ol tarapyndan täsirli kabul ediljekdigini ÝATDAN ÇYKARMAŇ!*

*6.* ***Rahatlyk we ynam****: gürrüňdeşligiň göwnüňizdäki ýaly we ýeňil geçmegi bir-birege bolan ynama baglydyr. Bu ynam AÝDYŇ PIKIRLENMEGIŇ, AÝTJAK ZADYŇY AÝDYŇ DÜŞÜNDIRIP BILMEGIŇ we ÜNSLI DIŇLEMEGIŇ netijesidir. Goý, söhbetdeşiňiz siziň öz aýdýanlaryny üns we uly gyzyklanma bilen diňleýändigiňizi görsün; wagtal-wagtal bolsa ýerlikli we gysga jogaplary beriň. Onuň gyzyklanýan zatlaryny we dünýägaraýşyny dogry kesgitläp bilseňiz, söhbetdeşlik has ýürekdeş ýagdaýda geçer.*

*7.* ***Esasy gürrüňe geçmek****: ilkinji duşuşyklarda iki tarap hem iş gürrüňine geçmezden ozal, söhbetdeşini ýakyndan tanamak*

*isleýär. Bu meseläni çözmegiň iň gowy ýoly bolsa başy özüňiz ýa söhbetdeşiňiz tarapyndan başlanan mesawy gürrüňdeşlikdir. Bu gürrüňdeşlik siziň esasy söhbediňiz bilen asla bagly bolman biler. Mysal üçin: «Ýadamadyňyzmy? Öýden mekdebe çenli gelmek kyn düşmedimi?» ýaly sowallar bilen gürrüňdeşligi başlap bilersiňiz. Ýöne şu mesawy gürrüňdeşlikde öz aýdýanlaryňyzyň gysga we özüneçekiji bolmagyna-da üns beriň.*

*8. **Bellik etmek**: gürrüňdeşlikde özüňiz üçin bellikleri etmäge başlamazdan öňürti myhmanyňyzdan munuň üçin rugsat soramagy ýatdan çykarmaň. Duşuşyk başlamanka, bellik etjek ýandepderçäňizi we galamyňyzy ýanyňyza alyp goýuň. Ýene bir zada – belliklere güýmenip, söhbetdeşiňizden nazaryňyzy uzak wagtlap sowmazlyga-da üns beriň.*

*9. **Sowallara jogap bermek**: elbetde, sowallary diňe siz däl, söhbetdeşiňiz hem berer. Şol bir wagtyň özünde-de sizden käbir sowallara garaşar. Köplenç ýagdaýda, ilkinji sowallaryňyz gürrüňdeşden gelýär. Olara berjek jogabyňyz sowallaryň özi bilen deň derejede ähmiýetlidir.*

*Söhbetdeşiň sowallaryna jogap bermegiň altyn açarlaryny hem paýlaşaýyn:*

** gereksiz dymyp hem oturmaň, ýaňralyk bilen ýüregine-de düşmäň. Özüňizi çynlakaý, şol bir wagtda-da tebigy ýagdaýda alyp baryň;*

** öz garaşýan sowalyňyza däl-de, sizden soralan zatlara jogap beriň;*

** jogabyňyz gysga we ýerlikli bolsun. Eger söhbetdeşiňiz has giňişleýin jogap isleýän bolsa, mundan hem ýüz öwürmäň;*

** sowalyň jogabyny bilmeýän bolsaňyz, bu barada dessine duýduryň. Bilmeseňizem, bilýän bolmakdan saklanyň;*

** ýerliksiz degişmekden çetde duruň.*

*Siz sowal bereniňizde:*

** Sowallaryň çuňlugyna gark bolmakdan goranyň. Diňe iň ýerlikli sowallary saýlaň;*

** Häli sizden soralan zady başgaça görnüşde söhbetdeşiň özünden soramak ony diňlemändigiňizi, oňa ynanmaýandygyňyzy we ondan kemçilik gözleýändigiňizi ALAMATLANDYRAR.*

*10.* ***Gürrüňdeşligiň jylawyny eliňde saklamak****: Gürrüňdeşiňiziň maksady näme: ol maglumat almak isleýärmi, hasaba durmakçymy ýa şikaýat etmek niýetindemi? Ilki bilen, şuňa düşüniň we gürrüňiň hörpüni şoňa laýyk alyp gidiň. Islendik meselede kömege taýýardygyňyzy mälim ediň. Gerek bolsa, öz aýdanlaryňyzyň arasyny bölüp, söhbetdeşiňizi diňläň.*

*Söhbetdeşlikde: «Men siziň näme diýjek bolýanyňyzy bilýärin. Meni diňläň...» ýaly sözlemlerden saklanyň.*

*11.* ***Jemleme****: Başdaky mylaýymlyk söhbetdeşligiň ahyrynda hem möhümdir. Başdaky ýaly ýylgyryşlar, ýürekdeşlik söhbetdeşiňiziň siz barada gowy pikirde galmagyna ýardam eder.*

*Ýene bir zada üns beriň: söhbetdeşligi netijeli jemlejek boluň. Mysal üçin, «Hasaba almak işini şu gün-ertir tamamlarys... Taslamany anna güni size ýetirerin... Duşenbe güni sapaklara girip başlaberiň... Köp sag boluň!..» ýaly sözleriň jadysyny özüňizem dessine görersiňiz.*

***EGER GÜRLEŞEN ADAMYŇYZ SIZI WE ÖZÜNE GOÝAN GADYRYŇYZY SOŇ-SOŇLARAM ÝATLASA, BU ÖZÜŇIZ HEM-DE IŞ ÝERIŇIZ ÜÇIN ÝENE BIR ARTYKMAÇLYK DIÝMEKDIR.***

Synpyňyzda ruhy tarapdan kömege mätäç bolan 10 okuwçynyň sanawyny düzüň. Ondan soň olaryň maşgalalaryna şol okuwçy barada aýdyp boljak gowy sözleri pikirleniň. Ýöne bu sözler hakykata daýanýan bolsun. Eger haýsydyr bir okuwçynyň ata-enesi bilen görüşýän bolsaňyz, olaryň öz çagasy barada öwgüli

sözi eşitmegi halaýandygyny ÝATDAN ÇYKARMAŇ. Şonuň üçin hem gürrüňdeşligi şol sözlerden başlamak ýerlikli bolar. Bu işi hälki düzen sanawyňyzda her okuwçy barada bellikleri etmekden başlap bilersiňiz. Köplenç ýagdaýda, «Maňa näme?! Sapagymy okadaýyn, okuwçy näme bolsa şol bolsun!» diýen gara pikiri seriňizden kowmak iň esasy zatdyr. Diňlemäň şol sesi. Her näçe kyn bolsa-da, şol duşuşyga özüňizi mejbur ediň. Duşuşykdan soň diňe söhbetdeşiňiz däl-de, özüňiz hem diýseň hoşal bolarsyňyz. Munuň netijesinde özüňiz üçin hem, okuwçy üçin hem, onuň ata-enesi üçin hem garaşylmadyk gowulyk garaşýar. Özi hem bu iş siziň kän bir wagtyňyzy almaz. Işiň bütin durky ilkinji ädimden başlaýar. Ynjalygyňyzy gaçyrmak gorkusyndan daşlaşyp, telefony eliňize alyň. Belgä serediň we dessine aýlaň. Şu gezek şu işi pikirlenmän ediň. Bu hereketiň size uly hormat getirjekdigine ynanyň. Okuwçyny ata-enesi bilen gürrüňdeşlikde öweniňizden soň, onuň sapaga gelmegine garaşyň. Okuwçynyň ýylgyryşy size ähli zadyň ýerbe-ýerdigini buşlar.

***Hekaýat***

*Alp Arslan Soltan 27 müň esger bilen Wizantiýa topraklaryna sary ýöriş geçirende, gözegçilige goýberen çaparlarynyň biri aljyraňňy ýagdaýda gelip, duşmanyň 300 müň adamlyk goşunynyň ýetip gelýändigini habar berýär. Ine, şonda Alp Arslan:*

*– Nämä endişelenýäň? Bizem olara sary ýetip barýarys-a! – diýip, ýylgyryş bilen jogap berýär.*

UNUTMAŇ: eger bir işi bir adam başaryp bilýän bolsa, onda ony her kim öwrenip biler. Şol «her kim» sizsiňiz.

## 20. Hile däl-de, sana kowalaşmak

Mugallymlaryň goýberýän ýene bir ýalňyşlygy öwreden zatlarynyň okuwçynyň aňyna ýetip-ýetmänligi barada gürrüň

etmän, okuw kitabynyň, mysal üçin, 73-nji sahypasyna çenli ýetendigi barada öwünmesidir. Diýmek, mugallym edilen işiň hiline däl-de, sanyna kowalaşýar. Ýöne biziň döwrümizde iş mehanizminiň hile has baglydygyny ýatdan çykarmaly däl. Bu mehanizm «Ilkinji nobatda – hil» ýörelgesi bilen işleýär. Hil düşünjesiniň beýleki aýratynlyklary bolsa müşderiniň isleglerini ilkinji nobatda goýmak we olaryň tekliplerini diňlemekdir. Siz bir oýlanyň, okuwçylaryň isleýän zadyny olardan iň soňky gezek haçan soradyňyz? Hiç haçan! Dogrumy? Hut şu meselede dogry sowallara ýüzlenmegiň ýollary barada pikir ediň. Soňra-da diňe sapagyň ýokary hilli bolmagyna üns beriň, okuw kitabynyň «başdan sowlan» sahypalary bolsa bütinleý ýadyňyzdan çyksyn.

**Men näme etmeli?**

Size ilkinji gerek zat – gaýrat. Sapak düşündirýärkäňiz, okuwçylaryň hut şu meselede näme öwrenmek isleýändigini bilmek, dogrusy, mugallymdan gaýrat talap edýär. Dogry, ilkibaşda, okuwçylaryňyzyň berýän jogaplary manysyz görnüp biler. Ýöne siziň çynyňyzdygyny görüp, okuwçylar hem çynlakaý jogaplary bermäge başlarlar. Şondan soň bu usul peýdaly bolup başlar. Gowusy, okuwçylaryň meselesi bilen uzakdan-ýakyndan baglanyşygy bolmadyk kitap boýunça sapak düşündirmegi bir gyra zyňmalydyr! Okuwçylaryň durmuşda üstünligi nädip gazanyp biljekdigine gönükdirilen sapaklar bilen siziň synpyňyzyň mekdebiň iň göreldeli synpy boljakdygy barada pikir ediň. Bu işiň netijelerini hem hemişelik yzarlap duruň. Şeýdip hem mekdep ýolbaşçylarynyň bellenen maksatnamany wagtynda geçip tamamlamak baradaky talaplaryny berjaý edip hem-de öz maksatlaryňyzy amala aşyryp bilersiňiz. Munuň üçin ýokarda-da ýazylyşy ýaly, mugallymyň gaýraty we şeýtmäge bolan islegi gerek. Mugallymyň döredijilik ukyby we zehini goýlan maksadyň ýol almagyna-da ýardam berer. Düşündirýän sapagyňyzy

okuwçylaryňyzyň maksadyna has golaý görnüşe getirmegiň ýollaryny tapmak we ony durmuşa geçirmek adamlaryň aglabasynyň ömür manysyna hem täsirini ýetirer. Siziň ýeke-täk maksadyňyz – HILDIR. Ony almak üçin bolsa sana däl-de, hiliň hut özüne kowalaşyň.

**21. Sazlaşygy ýola goýup bilmezlik**

Sizi söýýän, çünki siz hem meni söýýärsiňiz. Mugallym hökmünde hormat gazanmagyň esasy ýoly okuwçylarda bu duýgyny döredip bilmegiň we siz üçin näme edip bilseler gowy boljakdygy baradaky pikiriň üstünden geçýär. Olary gowy görýändigiňizi duýduryp bilseňiz, olar siziň göwnüňizi ýykmazlyk üçin ellerinden geleni gaýgyrmazlar. Aslynda, halypa mugallym hökmünde köpimiziň goýberýän ýalňyşlygymyz ýaş kärdeşlerimize ilkinji sapaklaryna girmänkä «okuwçylary gaty tutmak» baradaky maslahatymyzdyr. Dogry, bu – uly ýalňyşlyk! Okuwçylarda özi bilen sazlaşyk döredip bilýän we özi barada gowy pikir döretmegi başarýan mugallymyň sapakda hem işi ilerläberer. Özüňizden mysal alyň, siz barada aladalanýan adamyň göwnüni ýykyp, sözünden çykasyňyz gelermi? Bu ýaşaýşyň sada, ýöne örän möhüm kadasydyr. Bu sazlaşyk öwrenmek we öwretmek işiniň lezzetini has-da artdyrýar.

*Bir pikir: söhbetdeşiňiz özünde ilkinji 90 sekuntda galdyrmak islän täsirleriňiziň 90 göterimini kabul eder.*

Okuwçylaryň dünýäsine nädip ýakynlaşyp bolýar? Munuň üçin olaryň isleglerine ýakynlaşmaly. Şu ýakynlaşmany başarsaňyz, olar siziň bilen sazlaşyga girer. Bu sazlaşygyň esasy ýolunyň hereketleriň üstünden geçýändigini bilýärmidiňiz? Özüňizden mysal alyň: kimdir biriniň ýa bir toplumyň sizi halamaýandygyny duýsaňyz, gerekli sazlaşygy gurup bilermisiňiz? Okuwçylar bilen

araňyzda mylaýym baglaşygy ýola goýmak üçin hut şu ruhy ahwaly ýatlaň!

**Men näme etmeli?**

Okuwçylaryň sapaga ýetişigini we oňa düşünişini güýçlendirmek üçin olar bilen sazlaşykly gatnaşyklary ýola goýmak zerurdyr. Munuň üçin, ilki bilen, diýýän sözleriňize we hereketleriňize üns bermeli. Ýüzüňizdäki sähelçejik ýylgyryş hem size goýulýan sarpany ozalkysyndan 10 esse artdyryp biler. Olara ähmiýet berýändigiňizi bilmekleri üçin, bilgeşleýinden sowal beriň. Gerek bolsa, okuwçylary ýygy-ýygydan öwüň! Her biriniň başaryp biläýjek zatlaryndan habarly boluň. Okuwçylaryň özüňize sözünde durýan, adyl we şadyýan mugallym hökmünde hormatlamagyny gazanjak boluň. Okuwçylar siziň özlerine gadyr goýýandygyňyzy bilenlerinde, hereketlerine hemişelik gözegçilik ederler.

Adamlaryň başarjaň ýa emelsiz bolmagynyň binýadynda ýatan esasy zat olaryň özüne goýulýan gadyrdan täsirlenmegidir.

***Umuman, bir adam bilen gyzyklanmagyň dört ölçegi bar:***

1. Gowy niýet bilen gyzyklanmak;

2. Ondan kemçilik gözlemek;

3. Gyzyklanmazlyk;

4. Gyzyklanýan ýaly bolup görünmek,

Şu ölçegleriň birinjisiniň jadyly güýjünden mahrum galmaýyn diýýän bolsaňyz, adamlar bilen bank edarasynyň arasynda şeýle bir baglanyşyk gurmaga çalşyň: aýdaly, siz şol bankda öz hasabyňyzy açdyňyz. Şol hasaba-da «Duýgularyň karz hasaby» diýen ady beriň. Bankda hasabyňyz bolup, onuň hem üstüni yzygiderli dolduryp durýan bolsaňyz, kynçylyk çekeniňizde, ine, size taýýar pul.

***Hekaýat***

***Goý, şuglaňyz ýaýylsyn!***

*Uzaklardaky obalaryň birinde bir ýaş ýigit özüniň çaklaňja söwda dükanyny açdy. Ol söwdada hiç kimiň gözüni boýajak bolmazdy, adamlar bilen hem hoşgylawdy. Şonuň üçin hem ony hemmeler söýýärdi. Şeýle bolansoň, töwerekdäkileriň ählisi söwdasyny şondan edenini kem görenokdy, hatda ony tanyş-bilişlerine-de salgy berýärdiler. Şeý-de şeý-de ýaş söwdagäriň işleri şeýlebir şowlady welin, bary-ýogy bir ýylda Amerikanyň ol ujuna çen li uzan zynjyryň eýesi boldy oturyberdi. Ýöne günlerde bir gün bir dert tapyndy-da, işi ýaňy şowlap başlan söwdagär hassahana düşäýdi. Beterinden-beteri, lukmanlaram onuň ömrüniň az galandygyny aýdýarmyşlar.*

*Ýagdaýdan habarly söwdagär dükanlaryny iň mynasyp ogluna galdyrmak maksady bilen, olaryň üçüsinem ýanyna çagyrdy-da:*

*– Ine, heriňize 1 dollar. Şu pula näme alsaňyz alyň, ýöne alan zadyňyz şu otagyň içini doldurmalydyr – diýdi.*

*Eliňe ullakan bir kompaniýa geçjek bolup durka, pursady elden gidirersiňmi? Onuň ogullarynyň üçüsem 1 dollary alyp, şähere çykdy.*

*Agşam gaýdyp gelenlerinde, kakasy olardan näme alandyklaryny sorady. Birinji ogly dostunyň ekinzarlygyna gidip, iki halta saman alandygyny aýtdy we samany otaga pytradyp goýberdi. Elbetde, saman hassahana otagynyň ep-esli ýerini tutsa-da, tutuşlygyna-ha doldurmady.*

*Gezek söwdagäriň ikinji ogluna ýetdi. Asyl ol ýorgan satýan tanşynyňka gidip, peryeleklerden satyn alan eken. Otaga pytradylan ýelekleriň diňe içerini çaşyrany galdy. Olaram otagy dolduryp bilmedi. Elbetde, söwdagär bu söwdadan hem kanagatlanmady.*

*Onuň üçünji ogly näme diýdi, bilýäňizmi?*

*– Dollarymy jübime salyp, siziň o-o-zalky dükanyňyz ýaly bir dükana bardym we ony bölekletdim. Soňra onuň 90 sentini haýyr-sahawata bagyşladym. Galan 10 sentine-de iki sany zat aldym – diýip, jübüsinden otluçöp bilen şem çykardy-da, şemi ýakdy. Kakasynyň aýdyşy ýaly, şemiň ýagtylygy tutuş otagy dolduraýdy. Özem ep-esli wagtlap. Şeýle bolar-da, kakasy mundan hoşal bolmazmy?!*

*– Örän gowy, örän gowy! Berekella, oglum! Kompaniýamyzyň başyna sen geçersiň. Çünki ýaşaýyşdaky esasy zady – şuglaňy saçmagy başarýarsyň – diýip, ol körpe oglunyň başyny sypady.*

Ýokarky gürrüňe gaýdyp geleliň! Bile işleşmek isleýän ýa-da muňa mejbur bolan adamlaryňyzyň serinde özüňiz üçin «Duýgularyň karz hasabyny» açyň. Şol hasabyň üstüni hem wagtal-wagtal dolduryp duruň. Munuň üçin:

** Çykdajydan ýaýdanmaň: çykdajy çykman, girdeji girmez;*

** Onuň üçin özüňizde wagt aýryň;*

** Eger araňyzda bir mesele bar bolsa, munuň günäkärini gözlemegiň ýerine, çözgüdiniň kim üçin peýdaly boljakdygy barada oýlanyň;*

** Ýalňyşan bolsaňyz, ötünç soramagy kiçilik bilmäň;*

** Ol bir dogry iş etse, hoşallygyňyzy gysganmaň;*

** Hormat goýýandygyňyzy görkeziň;*

** Täsirli diňlemegiň ýollaryndan habarly boluň. Munuň üçin 10 usul:*

*1. Aýdylýanlaryň iň täsirli bölegini gaýtalaň;*

*2. Söz bilen bagly bolmadyk yşaratlardan peýdalanyň;*

*3. Gürrüňdeşiňiziň gözüne bakyp diňläň;*

*4. Ýüzüňizi ondan aýyrmaň;*

*5. Başyňyzy yrap makullaň;*

*6. Duýgusyny özüňize kabul ediň;*

*7. Sözünde tutjak bolmaň;*

*8. Özüňizem täsirli duýgy bagyşlamaga çalşyň;*

*9. Nähilidir bir garşylykly pikiri orta atmaga howlukmaň;*

*10. «Düşündim» ýa-da «Hä, düşnükli!» diýip makullaň.*

## 22. Ýeterlik goldap bilmezlik

Bir topar sebäbe görä, käbir kärdeşlerimizde okuwçyny goldamak, oňa täsirini ýetirmek bilen bagly çekinjeňlik ýüze çykýar. Ýöne okuwçy bilen ýakyndan gyzyklanýandygyňy gizleýän we netijesi bir topar gowulyga getirip biljek täsirden gaça durmak biziň işimizdäki esasy ýalňyşlyklaryň biridir. Ýekeje hereket bilen sekundyň 10-dan biriçeräk wagtda okuwçyda gowy täsir galdyryp bilersiňiz. Şunda iň esasy usullaryň biri birküç sözlemden ybarat hoş söz bilen onuň arkasyna kakmakdyr. Özem bu arka kakma ýylgyryşa we çynlakaý gyzyklanma beslenmeli. 20 ýyla ýetip barýan iş tejribämde okuwçylaryň 80 göteriminiň şeýle ýakynlaşma bilen ýüzbe-ýüz bolup görmändigine şaýat boldum. Käbir okuwçylaryň elini gysanyňda, gözlerinden ýumşak desmaly tutýan ýaly duýgyny okaýarsyň. Dessine-de aşak bakarlar. Bu olaryň özüne bolan ynamsyzlygynyň alamaty. Eger başga işim ýok bolsa, hemişe okuwçylara beýleki adamlar ýaly el gysmagy, şeýlelikde, ýürekdeş bolmagy öwretmäge çalyşýaryn. Sizem şeýdiň, başgalara nädip ýakynlaşyp bolýandygynyň syrlaryny öwrediň. Çünki ýürekdeş ýakynlyk gözleriň uçgun almagyna, olarda üýtgeşik bir mähriň emele gelmegine getirer. Mähir bilen okuwçynyň arkasyna kakmagyňyzyň ýa egnine elini

goýmagyňyzyň onuň ýadyndan ömürboýy çykmajakdygyny özüňiz hem görüp bilersiňiz.

**Men näme etmeli?**

Ilki bilen, synpy gözden geçiriň: kim ruhy we fiziki ýakynlyga mejbur? Şeýle okuwçylaryň azyndan bäşisini dagy öz ýanyňyzdan belläň. Olaryň her birine aýdyp boljak ýakymly sözleri seriňizde aýlap, ýanyna baryň-da, şol sözler bilen arkasyna kakyň, elini gysyň ýa egnine eliňizi goýuň. Onsoňam özüňiz üçin, onuň gözlerindäki uçguna bir nazar aýlaň. Üýtgeşik tolgunma gatyşykly haýran galmany görersiňiz. Bary-ýogy birnäçe sekunda sygyp biljek bu hereketiň okuwçynyň tutuş geljegi üçin uly täsiri bardyr.

Şeýle hereketler kimiň kalbyna bahar gondurmaz?! Olar kimdir birine ýakynlygyňyzy duýdurmagyň iň gowy ýoludyr. Şol bir wagtyň özünde-de adam bolmagyň esasy açary! Başdan geçirenlerim we gazanan tejribäm bu usullaryň adamlara ýakynlaşmak üçin iň dogry ýoldugyny görkezdi.

***Men kim? Men bularyň haýsy?***

| | |
|---|---|
| *Hakykatyň dosty...* | *Ylalaşyp boljak...* |
| *Öwülýän...* | *Zehinli...* |
| *Hormat goýmagy başarýan...* | *Diňlemegi başarýan...* |
| *Tolgunmalaryny gizlemeýän...* | *Degişgen...* |
| *Pozitiw...* | *Sada...* |
| *Dostana...* | *Pikirlenmegi halaýan...* |
| *Maksada okgunly...* | *Jogaby taýýar...* |
| *Döredijі...* | *Keýpihon...* |

| | |
|---|---|
| *Jogapkärçiligi duýýan...* | *Gyzyklanýan...* |
| *Ýüz görmeýän...* | *Gowy häsiýetli...* |
| *Adyl...* | *Sagdyn...* |
| *Ruhubelent...* | *Aýratyn...* |
| *Gelen netijesini üýtgetmeýän...* | *Şadyýan...* |
| *Içki dünýäsi bilen ýaşaýan...* | *Durnukly...* |
| *Mylaýym...* | *Gowy aragatnaşyk saklap bilýän...* |
| *Hormatyň eýesi...* | *Söýülýän...* |
| *Inçe pikirli...* | *Meşhur...* |
| *Düşünýän...* | *Minnetdar...* |
| *Meýilleşdirmegi halaýan...* | *Ederini bilýän...* |
| *Höwesjeň...* | *Sahy...* |
| *Dana...* | *Syzgyr...* |
| *Arkaýyn...* | ... |

## 23. Sabyrly bolmagy ýatdan çykarmak

Sabry birnäçe ýol bilen düşündirip bolar. Onuň mugallymlara mahsus kesgitlemesi şeýledir: «Bir netijä garaşýarkaň, çydamly we rahat bolmak». Aradan çykanyna esli wagt bolanam bolsa, ýerliksiz gürrüňlerimi sabyr bilen diňlän enemiň gözleri henizem ýadymda. Işde käbir okuwçylar babatynda çydamsyz ýagdaýlara düşenimde, enemiň sabyr bilen meni diňleýşini ýatlaýaryn. Özem

onuň manysyna indi has içgin düşünýärin. Asyl enem meniň bilen ýürekden gyzyklanýandygyny görkezýän eken, onuň bu bolşy başarnyklarymyň açylmagynda we töwekgelçiliklerde esasy orny eýelän bolsa nätjek?! Onuň sabrynyň saýasynda özümi dünýäde iň gerekli adam hasaplaýardym. Eýsem, siziň okuwçylaryňyz özüni şeýle hasaplamaga mynasyp dälmi?! Şu sowala berjek jogabyňyz sabyr diýlen beýikligiň miwesidir. Sabyr – yşkdyr. Sabyr okuwçylaryňyzyň özüne bolan ynamynyň artmagynda size mahsus bolmaly esasy başarnykdyr. Aslynda, durmuşda beýleki başarnyklara eýe bolmak üçin hem sabyr gerek. Beýleki başagaýlyklary bir gyra süýşürip, uly sabyr bilen okuwçylaryňyzyň ýanyndadygyňyzy olara syzdyryp bilseler, olar sizi gowy dostlarynyň biri hökmünde kabul ederler. Munuň üçin wagt tapyň!

**Men näme etmeli?**

Sabyrly, şol bir wagtyň özünde-de durmuşyňyz üçin möhüm orna eýe biri barada pikir ediň. Ol, mysal üçin, ejeňiz, kakaňyz, eneňiz ýa ataňyz, dostuňyz ýa bolmasa birmahalky mugallymyňyz bolup biler. Onsoň şonuň sabrynyň derejesine nädip ýetip biljekdigiňiz barada pikir ediň. Eger sabyr tagamly nahar bolsa, oňa ilkinji goşulmaly zadyň nämedigini bilýärsiňizmi? Ol – diňlemekdir! Siziň bilen iç döküşýän okuwçy üçin dünýädäki iň möhüm wezipe öz aýdýanlarydyr. Şuny ýadyňyzdan çykarmaň! Ony diňe gulaklaryňyz bilen däl, ýüregiňiz bilen, uly gyzyklanma berlip diňläň. Arasynda mähirli ýylgyryň. Munuň üçin wagt tapmaryn öýtseňizem, birazajyk wagtyňyzy sarp edeniňe deger. Şeýdip onuň kalbynda aýratyn orun tutýan adamlaryň biri bolup biler.

**24. Y.M.G. ýok**

Kärdeşlerimiziň käbiriniň goýberýän esasy ýalňyşlygy sapagyň gyzyksyzlygydyr. Täsirli sapak geçmek üçin bolsa gysgaça Y.M.G. diýlip atlandyrylýan üç aýratynlyga üns bermeli. Bu aýratynlyklaryň ilkinjisi ynandyrmak. Sapagy täsirli gurap bilýän mugallym bolmak üçin okuwçylary şol sapagyň möhümligine, onuň durmuşda hökman haýrynyň degjekdigine ynandyrmalysyňyz. Ikinji aýratynlygy maglumat bermek diýip atlandyralyň! Bu aýratynlyk, aslynda, sapagyň iň esasy bölümidir. Ol öwreniljek we amala aşyryljak zatlaryň ählisini öz içine alýar. Üçünji we iň möhüm aýratynlyk güýmenje diýlip atlandyrylýar. Kiçijik güýmenje bilen hem sapagyň geçiliş täsirini artdyryp bilersiňiz. Unutmaň, her bir sapakda şu üç aýratynlyk hökman gerekdir.

**Men näme etmeli?**

Ilkinji aýratynlyk – ynandyrmak täze öwreniljek maglumatyň ady bilen tanyşlygyň yzysüre gerek. Munuň üçin iň netijeli ýollaryň biri hekaýa gürrüň bermekdir. Ikinji aýratynlygymyz – maglumat bermek üçin täze maglumaty ozalky öwrenilenler bilen baglanyşdyrmak gerek. Ilki bilen, täze öwreniljek maglumatdan okuwçylardan nämä garaşýandygyňyzy açyk-aýdyň, soňra-da olaryň siziň garaşýan ugruňyza ýönelmegi üçin ýol salgy beriň. Şu maglumaty nädip öwrenmelidigini öwrediň. Üçünji aýratynlygymyz güýmenje diýipdik. Muny şadyýanlyk diýip hem atlandyryp bileris. Degişme arkaly mysallary getirmek ýa-da, hakykatdan-da, degişmek öwreniş işiniň gyzygyny we täsirliligini artdyrar.

**25. Hiç hili mesele ýok... Ähli zat ýerbe-ýer...**

Sapaga duýdansyz giren müdir ýa barlagçy sizi gorkuzýarmy?

Olar synpdaka adaty bolşuňyza görä sapak geçmegiň ýalňyş boljakdygyndan gorkýarsyňyzmy? Mekdepde ýa-da synpda size eýgertmejek mesele ýüze çykanda, bu barada ýolbaşçylara duýdurmakdan ýaýdanýarsyňyzmy? Boýnuňyza alyň, ýagdaýlaryňyz, işiňiz bilen gyzyklananlarynda hem «Hemme zat ýerbe-ýer!» diýäýýäňiz, şeýlemi?! Eger ähli zady bolşy-bolşy ýaly aýtsaňyz, ähli günäniň öz gerdeniňize düşerinden, onsoňam jogapkärçilikleriňiziň artaryndan heder edýäniňizi hem gizlemäň. Ýöne ýokardaky ýagdaýlaryň ählisini baş atyp makullaýan bolsaňyz, onda zyýan görjek adam siz we okuwçylaryňyz bolar. Bularyň ählisi uly, onda-da diýseň uly ýalňyşlykdyr. Elbetde, düzedilmeli kemçilikleri degişli ýolbaşçylara ýetirmek üçin şony aýtmagyň wagtyny bilmek hem uly gaýrat we başarnyk gerek. Ýöne şuny başarmak hem şahsy kämilligiň, hem-de işleýän edaraňyzyň ýalňyşsyz ilerlemeginiň ilkinji ädimidir. Şuny şeýdip bilseňiz, özüňize bolan ynamyňyz hem artar. Çünki siziň aýtjak zatlaryňyz hem şol günüň, hem mekdebiň işiniň netijeliligini ýokarlandyrar. Elbetde, eşitmek islemeýän bolsalar hem, käbir adamlar ajy hakykaty eşitmäge borçludyr. Özünde kämillige we gaýratlylyga bolan hyjuw bardyr öýdýän mugallym ilkinji ädimi ýokarda görkezilen kemçilikleri düzetmekden ýa-da olaryň düzedilmegini gazanmakdan başlamaly. Oýlanyp görüň, belki, şu gün şol gündür!

**Men näme etmeli?**

Munuň iň gowy ýoly meseläni ara alyp maslahatlaşýan ýolbaşçyňyza aýdyň sowal bilen ýüzlenmekdir. Wagty we ýeri bilnip orta atylan bu sowal soňky aýtjaklaryňyzy beýan etmegiň jaýdar binýady bolar. Ine, käbir mysallar:

*– Mekdebiň öňünden geçýän köçedäki ulag dyknyşygynyň okuwçylaryň howpsuzlygy bilen baglanyşygy barada bir pikiriňiz barmy?*

*– Kitaphanadaky kitaplaryň üstüni ýetirmek babatynda nähili işleri geçirip bileris?*

*– Ata-eneleriň öz jogapkärçiliklerini has içgin duýmagy üçin näme edip bileris?*

*– we ş.m.*

Pikirleriňizi beýan etmezden öňürti berjek sowalyňyzyň ýolbaşçyny tankytlamak maksatly däldigine, onuň özüni oňaýsyz duýmazlygyna üns beriň. Munuň üçin gerek bolsa, taýýarlyk görüp hem bolar. Görüljek gowy taýýarlyk, käbir zatlaryň kagyza bellik edilmegi we kiçijik türgenleşik pikir alyşmanyň göwnüňizdäki ýaly geçmegini üpjün eder. Bu babatda iki zatdan – aýnadan we ses ýazdyryjy enjamdan peýdalanyp bilersiňiz. Aýna beden diliňiziň diýýänlerini görmek, ses ýazdyryjy bolsa diýýänleriňiziň täsirine göz ýetirmek üçin gerek. Mesele maslahatlaşylýarka, olaryň ikisi hem ýerbe-ýer bolmaly.

Aýdylmaly zatlary olary eşitmeli adamlaryň hut özüne aýdyň. Şeýdip hem okuwçylaryňyz, hem özüňiz üçin ýagşylyk ediň. Bolşy ýaly aýdyň. Özüňizi çäklendirmäň. Mekdep, okuwçylar we özüňiz üçin şeýdiň.

*Islendik başarnykdaky iň kyn zat ilkinji ädimdir.*

*Älem giňişligine uçurylan gämi energiýasynyň agramly bölegini atmosferadan çykmak üçin sarp edýär. Ondan çykandan soň azajyk energiýa hem onuň uzak wagtlap hereket etmegi üçin ýeterlik bolup biler.*

### 26. Ederiňi bilmezlik

Birsalym mekdepde her gün edýän işleriňiz barada pikir öwrüň! Her gün öýe dolanyp gelýärkäňiz, sizde nähili duýgular bolýar? Argyn, işden halys surnugan görnüşde dolanýan bolsaňyz,

özüňize şu sowaly beriň: «Meniň wezipäm näme?». Dogry, sowal sada, ýöne ähmiýeti juda uly. Her gün duşuşýan kärdeşleriňiziň we okuwçylaryňyzyň durmuşyna ýalkym çaýyp bilmek öz durmuşyňyzy hem şuglalandyrar. Öňüňizde duran anyk wezipä dogry düşünseňiz, edýän işiňiziň manysy-mazmuny güýçlener. Onsoň özüňizden hoşallyk duýgusy oýanar. Gynansagam, kärdeşlerimiziň agramly bölegi bu sada sowala jogap berip bilmän kösenýär. Hakykatdan-da, «meniň öňümde duran wezipe näme?». Eger şol wezipe takyk bilinmese ýa aňyrsy dumanly görünse, ýalňyşlygy hut şol ýerden gözlemeli. Munuň dermany başgalara hyzmat etmegiň lezzetini duýmagy başarmakdadyr.

Mundan 25 ýyl ozal Fransiýada ýaşaýan tanyşlarymyň biri Türkiýä gezelenje gelende, maşgalasy bilen bizde myhmançylykda bolupdy. Olaryň gapdalynda başga bir fransuz tanşy hem bar eken. Ilkinji gezek görýänim üçin tanşymyň tanşynyň kimdigini, onuň näme iş bilen meşgullanýandygyny heniz bilemokdym. Agşam sagat 8-de nahara oturdyk. Paul atly şol ýigit tutuş dört sagadyň dowamynda Fransiýadaky işi barada gürrüň berdi. Onuň gürrüňlerini kesesinden diňläp, näme pikir edýärsiň, bilýäňizmi: «Fransiýany, gürrüňsiz, şu adam halas edýän bolsa gerek. Fransiýa şu günki derejesine şu adamyň zähmeti bilen ýetipdir-ow! Şu bolmasa, Fransiýa batjak eken...». Ine, onuň asyl käri barada bilmeseňiz, diňe edýän işleri baradaky gürrüňlerini diňleseňiz, siziň hem şeýle pikir etjekdigiňiz ikuçsuz. Aslynda, Paul gümrük nokadynyň ýönekeý işgäri. Merkezden tabşyryk bolanda, ol ýoly bekläp duran demir germewi ýokary galdyrýar, ulaglar geçip gidensoňam ýene ýapýar. Şu wagt ýylgyrýanyňyzy görýän diýsemem boljak. Ýöne Paul gülenok, tersine, örän çynlakaý nämeleri diýýär, bilýäňizmi: *«Men – diýýär – eger işimi bilmesem, sähel zady gözden salsam, Fransiýa neşe serişdelerem, ogurlyk ýaragam girip biler. Döwletime 100 gram neşe geçiräýsem,*

*ýaşlaryň, gör, näçesi zaýalanar. Olaryň ýene näçe adama täsir etjekdigini özüň pikir edip görüber! Şonuň üçin hem meniň işim juda möhüm...».* Hawa, Paul şeýle pikir edýär. Onsoňam meniň tanaýan daşary ýurtlularymyň köpüsi öz işi barada hut şeýle terzde gürrüň berýär.

Isle ynanyň, isle-de ynanmaň, her biriňizde özüňiz, okuwçylaryňyz, ýakynlaryňyz we tutuş döwletiňiz üçin örän möhüm wezipe bardyr. Ine, şol wezipäni süňňüňizde duýsaňyz, buýsanjyňyz artar. Buýsanjyňyz artsa-da, töwerekdäkileriň işjeňleşmegine we netijeli işlemegine hut siz sebäp bolarsyňyz. Öz wezipäňizi unutsaňyz welin, diňe bir öz ykbalyňyza däl, okuwçylaryňyzyň ykbalyna-da örän uly zeper ýetirersiňiz.

**Men näme etmeli?**

Garaňkylyga awyňy pürkmegi, günälini daşdan gözlemegi, iş ulgamyny, kärdeşleriňizi, syýasatçylary we ýene-ýeneleri günäkärlemegi düýbünden taşlamaly. Özüňizden ömrüňizdäki iň uly idealyň nämedigini soraň. «Men kim?», «Men näme?», «Nämelere eýeçilik edýärin?», «Näme edip bilerin?» diýen sowallara takyk jogap tapmaga çalşyň we şol jogaplary kagyza bellik ediň. Ertirki günde-de ýagşylykda ýatlanmak üçin nämeleri edip biljekdigiň baradaky oýlar we olaryň jogaby hem tüýs ýerine düşjek oý-pikirler bolar. Çünki juda uly hormat goýýan mugallymym Üstün Dökmeniň hem aýdyşy ýaly, adamyň öz ömründäki iň uly maksady ertir ýagşylykda ýatlanmakdyr. Hut şu meselede mümkinçiligi iň ýokary bolan adamlar bolsa mugallymlardyr. Şeýle bir işleri ediň, goý, olar adyňyzyň telim ertirlerde ýaşatsyn. Sizde munuň üçin näçe diýseň pursat bar. Ýöne şol işiň ähmiýetine we beýikligine ilki özüňiz ynanyň.

## 27. Täsirli bakyşlardan peýdalanyp bilmezlik

Gözleriň jadysy bar. Olar kimdir birinde täsir galdyrmagyň hem esasy ýaraglarynyň biri. Okuwçylar bilen aragatnaşyk meselesinde mugallym üçin hem esasy serişdäniň gözlerdigini, has takygy, olaryň gözlerine seredip gürlemekdigini alymlar bireýýäm subut etdiler. Sapak düşündirilýärkä, okuwçylaryň gözlerine seretmek ýönekeý seretmekden has täsirli. Bu görnüş düşündirilýän täze maglumatyň örän ähmiýetlidigini tassyklaýan delildir. Okuwçylaryňy äsgermezçilik etmek ullakan ýalňyşlykdyr. Ýekeje täsirli bakyş bilen okuwçylaryň aňynda hemişelik tagt gurup bolýarka, muny şeýtmedik kärdeşlerime hemişe gaharym gelerdi. Bu bakyş 2-den 5 sekunda çenli aralykda bolup biler. Şol bakyş okuwça dilsiz-agyzsyz: «Men seniň bilen gürleşýärin» diýýär. Eger okuwçylaryň gözüne 2 sekuntdan az seretseňiz, göwnüňizdäki ýaly täsiri alyp bilmersiňiz. Ýöne men haýran galýaryn, näme üçin mugallymlaryň we okuwçylaryň arasynda gözleriň şeýle jadysyndan bilgeşleýin mahrum bolýanlar barka? Kimdir biriniň edil gözüne seretmek üçin, ilki bilen ony kalbyňda kabul etmeli. Belki, bu duýgyny söz bilen düşündirmek kyn, ýöne şol gysgajyk wagt aralygy size-de, okuwça-da kän zady gazandyryp biler. Mugallym hökmünde synpdaky täsiriňizi güýçlendirmek isleýän bolsaňyz, gözleriň jadysyndan hökman peýdalanyň. Şeýdip gözleriň kömegi bilen sapagyň gyzykly geçmegini hem gazanyp bilersiňiz.

### Men näme etmeli?

Beýleki başarnyklarymyz ýaly, sapakda gözler bilen täsirli işläp bilmek üçin hem wagt we tejribe gerek. Özbaşdak türgenleşiklere jansyz jisimlere bakmak arkaly başlap bilersiňiz, çünki ol size ýiti bakyş bilen gaýtargy bermez. Esasy maksat, her näçe ýerliksiz

görünýän hem bolsa, şol jisime birsalym seredip durmakdyr. Wagt aralygyny 5 sekuntdan başlap seredip durmak üçin, kiçijik zatlaryň birini saýlap alyň. Oňa bakyp, içiňizden 5-e çenli sanaň. Şol wagt aralygynda başga bir zada bakmak islegiňiziň döremegi adaty ýagdaýdyr. Ünsüňiz bölünýän bolsa, täzeden synanyşyň. Biraz soňrak türgenleşikleriňizi ýanýoldaşyňyza ýa-da çagalaryňyzyň birine seredip durmak arkaly dowam etdirip bilersiňiz. Soň dostlaryňyzyň biri, tanyşlaryňyz bilen hem dowam etdirmek mümkin. Ýöne jansyz jisimlerden adamlara geçeniňizde, bakyşyňyza mähir gatmagy ýatdan çykarmaň. Olaryň geňirgenmegi hem ahmal. Şol mahal kyn günede düşüp bilersiňiz. Tolgunmaň, bu beýle türgenleşiklerdäki adaty ýagdaý. Sähelçejik gaýrat we tejribe arkaly ählisini ýeňip geçersiňiz. Bu başarnygyň asyl miwesini oňa eýe bolanyňyzdan soň dadarsyňyz.

**28. Yzygiderli tankytlamak**

Kimdir biri görejiňize bakyp sizi tankytlasa, nähili duýgyny başdan geçirersiňiz? Ýa-da geçmişiňize nazar aýlap, kimdir biriniň sizi tankytlan, peseltjek bolan pursadyny ýadyňyza salyň. Onuň sizi tankytlamagyna garamazdan, bu ýagdaýa sebäp bolan häsiýetiňizden ýüz öwrüp bilmediňiz, dogrumy? Men käbir adamlary tanaýaryn, olar tankyt meselesinde jomart, şol tankydyň oklary özüne degiberse welin, seni gözleri bilen iýäýjek bolýar. Diýmek, tankydyň tankytlanýanyň düzelmesi üçin hiç hili peýdasy ýok. Dogry, mugallym yzygiderli düzetmeli, dogry ýola salmaly. Esasy maksadyňyz okuwçylaryň köpçülikde halanmaýan häsiýetlerini, özüni alyp barşyny düzedip, olara has dogry ýoly görkezmekden ybaratdyr. Şu meselede örän oýlanyşykly bolmaly. Eger okuwçy özüniň düzedilmeli häsiýeti barada däl-de, siziň ýüregedüşgünçligiňiz barada pikirlenýän bolsa, ähli azabyňyzyň reýgan boldugydyr.

**Muny nädip başarmaly?**

Başga biriniň häsiýetini tankytlamagyň esasy maksady ony düzetmek, şol häsiýeti köki-damary bilen aýyrmakdyr. Munuň üçin iň täsirli ýol okuwçynyň aňynda şol häsiýet bilen bagly suraty şekillendirmegiň üstünden geçýär. Mysal üçin, mundan birnäçe ýyl ozal çagalaryň biri egin-eşiklerini islän ýerine oklap goýberýärdi. Onuň bu endigini düzetmek üçin barmagym bilen ýeri görkezdim-de, şeýle diýdim: «Sabry, eşikleriňi hemişe ýere oklaýaň. Eden işiňe bir seret. Dogrumy şu edişiň? Üstesine, eşiklerini ýerbe-ýer goýýanlaryňam hakyny iýýäň...». Onuň aňynda şöhlelenen surat barada pikir ediň: islänimden beter oňa islemeýän zatlarymy aýtdym. «Nutugym» gaty uzaga çekdi. Şol mahal meseläni düzetmekden geçen, ony hasam bulaşdyrýandygymy özümem bilemokdym. Soňra bolsa jadyly sözleri öwrendim. Bu sözler: «Indiki gezek» diýen sözlerdi. Sada, ýöne örän güýçli. Muny synap görmek üçin kän wagt gerek bolmady. Çünki Sabry eşiklerini ýere oklap goýbermek sungatynda «ussatlyga» çenli baryp ýetipdi. Ine, şol günleriň birinde oňa bu gezek şeýle diýdim: «Sabry, INDIKI GEZEK eşikleriňi toplap, ýatýan ýeriň başujunda goýmagyňy isleýän». Bu sözler oňa şeýlebir täsir etdi welin, haýran galaýmaly, birnäçe gezekden soňra eşikler toplanyp, belli bir ýerde endigan goýlup başlandy. Diýmek, islemeýän zadymyz bilen däl-de, isleýän zadymyz bilen täsir edip bilýän ekenik. Şeýle ýagdaýlarda INDIKI GEZEK diýilýän söz düzümini peýdalanmaga çalşyň. Dogry, endikleri üýtgetmek işi dessine bolup geçenok. Sabyrly bolmak gerek. Tankytlaýjy bolmaň, çünki bu çagany ynjadar, siziň işiňize-de ýaramaz. Unutmaň, goý, ol çagamyz ýa okuwçymyz bolsun, terbiýelejek bolýanymyzyň ünsüni öz hereketlerine jemlemek we şol barada pikirlenmegini gazanmak gerek. Fiziki ýa-da akyl taýdan hiç bir temmi onuň ýaramaz endikleriniň düzelmegine ýardam bermez.

Eger temmi berseňiz, «Edenimi egnim bilen çekdim» diýer-de goýar, ýöne düzelmez. Sebäbi onuň aňynda «Şujagaz temmä çydap bilsem, bu endigi gaýtalabersemem bolar» diýen pikir hem oýanýar.

**29. Diňlemezlik**

Özüňizi aýratyn saýmagy halaýarsyňyzmy? Jedel hem edip biljek, köpiňiz halaýansyňyz. Meniň tanaýanlarymyňam tas ählisinde diýen ýaly şu häsiýet bar. Adamlaryň aglabasy özüni aýratyn saýmak pikirini halaýar, gerek bolsa bu duýgy onuň akyla sygmajak üstünliklerine hem sebäp bolup biler. Mugallymçylyk kärine göwün beren, ony ykbalyna öwren adamlar üçin töweregindäkileriň özüni aýratyn saýmagyny gazanmak başdan sowup bolmajak we çekinilmejek borçdyr. Şeýtmek diňe bir töweregimizdäkileriň (mysal üçin, okuwçylaryň) özüni gowy duýmagy üçin däl, özümiz üçin hem peýdalydyr. Her gije başyňyzy ýassyga goýanyňyzda, özüňizden: «Bu gün kime nepim degdi? Kimiň özüni has gowy duýmagyna sebäp boldum?» diýip soraň. Belki, muňa ýekeje ýylgyryşyňyz, SMS-iňiz, jaňyňyz, hatyňyz ýa-da aýdan gowy sözüňiz sebäp bolandyr. Eger şolaryň biri hem kelläňize gelmese, gynansagam, tamamlanyp barýan gün siziň üçin iň haýyrsyz geçen günleriň biridir. Mugallymlarda bolsa şeýle mümkinçilik näçe diýseň bar. Aslynda, islendik adamyň öz göwnünden suw içmegini gazanmagyň müň bir ýoly bar. Olaryň arasynda iň netijelisi bolsa diňlemekdir. Diňlemek, onda-da diňlemegiň düzgünlerini berjaý edip diňlemek gürrüňdeşiňize dilsiz-agyzsyz «Seni görýän, syzýan, sen gerekli we aýratyn adam, saňa hormat goýýaryn» diýmekdir. Şu hereketiň ýeke özüniň kuwwatlandyryjy, ynamy artdyryjy, özüne bolan hormaty beýgeldiji güýjüni siz hem görersiňiz.

Fakultetdäki talyplarymyň käbirleri ýanyma gelip: «Bir dostumyz bar. Örän ýiti meseleleri başdan geçirýär» diýip, ol barada içlerini döküp başlaýarlar. Soňam şol dostlaryna nähili kömek berip biljekdikleri barada maslahat soraýarlar. Men olary diňläp, edip biljek ýagşylyklaryny ýekeje söze sygdyrýaryn: «Diňläň!». Okuwçylaryň käbiriniň bu jogaba geňirgenýändigini gizlejek däl. Onsoň düşündirýän: netijeli diňlemek meseleli adamyň meselelerine dogry düşünilmegine eltýär. Ýöne diňleýän ýaly görünmäň, hakykatdan-da, diňläň! Eger söhbetdeşiňiz özüni diňlemeýändigiňizi aňsa, «Diýmek, meniň hiç bir ähmiýetim ýog-ow!» diýip pikir eder. Belki, niýetiňiz ýaman hem däldir, ýöne diňlemezlik bilen diňlän bolmagyň ikisiniň hem zyýany birmeňzeş. Olaryň ikisem ýalňyşlykdyr.

**Käbir ünsi çekäýmeli sözler:**

*«Adamlar hemişe gahryman bolup bilmez, ýöne hemişe adam bolup bilerler».*

**Benjamin Franklin**

*«Guşlar ýaly uçmagy, balyklar ýaly ýüzmegi öwrendik, ýöne zandymyzda berlen sungaty – adam ýaly ýaşamagy unutdyk».*

**Martin Luter King**

*«Ýalňyşlygymyz näçe köp boldugyça, şonça-da ýalňyşlyk gözleýäris».*

**Jenap Şehabetdin**

*«Bilbiller saýrap başlanda gargalar dymýar».*

**Möwlana Jelaletdin Rumy**

**Nädip başarmaly?**

Dogry diňlemegi öwrenmek ýürekden diňlemekden başlanýar. Eýsem, nädip ýürekden diňlemeli? Ýürekden diňlemek – diňleýänimiziň duýgularyny kalbymyzda syzmakdyr. Eger,

hakykatdan-da, şol mahal diňlemäge ýagdaýyňyz ýok bolsa, muny gizlemäň: «Bagyşla, häzir işim kän. Seni arkaýynlykda diňläsim gelýär. Haçan oturyp, gürleşip bilerkäk?» diýip, bu mesele bilen içgin gyzyklanýandygyňyzy syzdyryň. Elbetde, bu sözler ilki ony ynjalykdan gaçyryp biler, ýöne iň dogry ýol şudur.

Okuwçylar, aslynda, nämeleriň özlerini zehinli hasaplamagyna we gowy duýmagyna getirip biljekdigini bilýärler.

Ine, olaryň ýüreginiň isleýän zatlary:

*– Haýyş edýän, maňa ýylgyryp bakyň!*

*– Maňa adymy tutup ýüzleniň!*

*– Meni diňläň!*

*– Sapakda ýokkam nämelerden mahrum galandygymy düşündiriň!*

*– Bahalarymda görünmese-de, meniň ukyplarymy duýmagy we dogry ýoly görkezmegi başaryň!*

*– Meni öwmäge delil tapyň!*

*– Hereketlerimiň hiç birini halamasaňyz hem, heniz hem ADAM hökmünde hormat goýýandygyňyzy syzdyryň!*

*– Geljegim üçin öňümde bir topar ýoluň bardygyny, şol ýollar arkaly öz öňümde dürli maksatlary goýup biljekdigimi düşündiriň!*

*– Özümden has köp zada garaşmagym üçin meni höweslendiriň!*

Aşakda diňlemek bilen bagly käbir aýratynlyklary hatarladyk. Olara üns bersek, hem-ä bize dertlerini döküýänlere em bolarys, hem-de olary ýaşaýşa höweslendireris:

** Ony eýýäm taýýar jogaplar bilen diňlemezlige çalşyň!*

** Okuwçyňyzyň pikirini diňläp, bäş sekunt garaşyň! Şol wagt aralygynda onuň aýdýanlaryna, hakykatdan-da, ähmiýet*

*berýändigiňizi görkezersiňiz. Okuwçyda galjak bu täsir, belki, berjek jogabyňyzdan hem güýçli bolar.*

** Duýgusyny kabul ediň!*

** Ýerliksiz soraga tutmaň!*

** Aýyplamaň!*

** Özüňizi gorajak hem bolmaň!*

** Käte onuň aýdanlaryny gaýtalamagyň hem zyýany ýok.*

** Beden dilinden peýdalanyň!*

** Gözüňizi gözlerinden aýyrmaň!*

** Göni bakyp gürleşiň!*

** Başyňyzy atyp makullaň!*

** Ählisine mähirli ýylgyryş goşuň!*

** Unutmaň, diňlemek söýgüdir!*

Okuwçylar bilen netijeli aragatnaşygy ýola goýmak üçin ilki olaryň kalbyny okamak, diňlemek we diýýänlerine düşünmek gerek.

## 30. Täze we tapawutly zatlary synamazlyk

Eger ähli kişi ozalky elektron hasaplaýjylaryň we hat ýazýan enjamlaryň kämilligine haýran galyp, indi adamzadyň şolardan kämil zady oýlap tapyp bilmejekdigine ynansa, nähili uly betbagtçylyk bolardy?! Ynsan hökmünde täzelikleri gözlemek islegiňiz ýok bolsa, gysga wagtda ýaşaýyşdan lezzet almaýan, birsydyrgynlygyň döreden boşlugynda gark bolan adama öwrülersiňiz. Her gün şol bir işi edibem durmuşynyň üýtgemegine garaşýan adamlara düşünip bilýän däldirin. Eger şol bir meselede şol bir synanyşyklardan üýtgemeýän bolsaňyz, sizden täzelige garaşmagyň haýry ýok. Bu düzgün mugallymlara-da degişli. Mysal,

haýsydyr bir maglumata okuwçylaryň düşünmändigine göz ýetiren kärdeşlerim şol maglumaty ýene öňki terzinde gaýtalap netije gazanjak bolýarlar. Täze we tapawutly ýollary synamaga ýykgyn etmezlik hem ýaşaýşyňyz, hem-de işiňiz üçin uly ýalňyşlykdyr. Üýtgeşmäniň tebigaty şeýle: ol ilki ynjalykdan gaçyrýar. Şeýle-de bolsa, işde, durmuşda käte özgerişlikleriň wagtynyň gelendigini özümiz hem syzýarys. Şuny syzdykmy, diýmek, bir ýol saýlamaly. Ýa öňki akymdan, ýa täzesinden ýöremeli. Ýöne öňki akym işimizi, durmuşymyzy öňküsinden özgertmez. Diýmek, özgerişli ýoly saýlamaly. Ilkinji kynçylyklary ýeňip geçsek, durmuşymyzda emele gelen özgerişlik biziň üçin bahasyz serpaý bolar. Şol serpaýyň tagamyny bir gezek aldykmy, soň biz diňe täzelikleri gözleýän adama öwrüler gideris.

Kämilleşmek we öwrenmek üçin ozaldan werziş bolan işiňizi başga ýollar bilen etmek peýdalydyr. Çünki uly özgerişlikler «kiçi doganlaryndan» başlaýar. Sapaga adatdakylardan üýtgeşik görnüşde girişmek, geljekki uly özgerişlikleriň ilkinji basgançagy bolup biler. Mysal üçin, okuwçylar düşünen zatlaryny dilden däl-de, ýazmaça beýan etseler, öwrenilen täze maglumatyň özeni barada görkezme çykyşlaryny taýýarlasalar, sahna eserlerini ýerine ýetirseler, olaryň görüş, eşidiş we duýuş ukyplary bilen bagly oýunlar taýýarlanylsa... nähili gowy bolar! Onsoňam dünýä haýran galdyryjy çaltlykda özgerýär. Şonuň üçin hem mugallym hökmünde bilim bermegiň täze ýollaryny öz okuwçylaryňyz bilen bilelikde tapyp bilersiňiz.

**Men näme etmeli?**

Ozal synagdan geçirilmedik zatlary synamak, bilim bermek işinde täze we tolgundyryjy ýollary hyýalyňda aýlamak, elbetde, ýüreklilik, ynam we özüňi bu işe bagyşlamagy talap edýär. Bu işe her gün bary-ýogy 10 minutyňyzy sarp edip, ertirki sapakda nähili üýtgeşmeleri girizjekdigiňiz barada kagyza bellik etmekden başlap

bilersiňiz. Eger zehiniňizi çäklendirmeseňiz, hyýal güýjüňize ynanyp, beýniňiziň sag ýarymşarynyň işlemegine rugsat berseňiz, köp adamyň akylyna gelmejek zatlar siziň seriňize dolup biler. Hut şu meselede adaty kitaplardan daşary heniz özüňize nätanyş çeşmelere hem göz gezdirip çykyň. Işiňiz bilen bagly gysga möhletli okuwlara hem ýygy-ýygydan gatnaşmagy maslahat berip biljek. Öwrenmegiň kesgitlenen ýaşy ýok, aslynda, öwrenmek we kämilleşmek uly baýlykdyr. Başgalardan tapawutlanyp başlan wagtyňyz işden we ýaşaýyşdan alýan lezzetiňiz başgaça bolar.

**Birsydyrgynlykdan halas bolmak:**

1. Özüňizde artykmaç hasaplan häsiýetleriňiziň we hereketleriňiziň sanawyny düzüň!

2. Kämilleşmegiňizi bökdeýän yzygiderli ýagdaýlardan halas bolmagyň meýilnamasyny taýýarlaň!

| Halas bolmak isleýän birsydyrgyn häsiýetleriňiz. | Olardan halas bolmak üçin näme edip bolar? |
|---|---|
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |

## II BÖLÜM

## MUGALLYMLAR ÜÇIN ŞAHSY BAŞARNYK SAPAKLARY

### Dogry ädim bilen başlamak

Hem siziň, hem okuwçylaryňyzyň isleýän okuw ýagdaýyny emele getirmek, aslynda, uly gahrymançylykdyr. Şol bir wagtyň özünde-de bu iş uly ÖZGERIŞLIGI talap edýär. Eger okuwçylaryň özlerine we daş-töweregine buýsanýan synpyny emele getirip bilseňiz, bu iş, gürrüňsiz, sizi haýran galynýan we çäksiz hormat goýulýan adama öwrer. Bu kitabyň özüňiz we okuwçylaryňyz üçin ýaşaýyş güýjüni artdyryjy, özgertmelere girişmäge iteriji ähmiýetiniň boljakdygyna ynanýaryn.

Töwekgelçilik şol özgerişlik üçin esasy serişdedir. Hem özüňiziň, hem okuwçylaryňyzyň kämilligi üçin töwekgelçiliklere ýüz urmak bu bölümiň özenini tutýan aýratynlykdyr. Umuman, bölümde size şeýle diýmek isledik: «Häzirem hemişeki işiňizi edýän bolsaňyz, gazanjak zadyňyz ozal gazananlaryňyzdan üýtgeşik bolmaz». Kitabyň bu bölümi tapawutly bolmaga we şol tapawudy emele getirmäge ýykgyn edýän pikirlerden ybarat. Öz döreden tapawutlylygyňyzy okuwçylarda görmek bolsa, siziň üçin bahasyz serpaý bolar.

Kitabyň bu bölüminde size mugallymçylyk başarnygy bilen bagly 60 ýol salgy berler. Her bölümi okap tamamlanyňyzdan soňra, okanlaryňyzyň size nähili duýgulary berendigi barada bir dem oýlanmagyňyzy isleýärin. Şol bir wagtda-da berlen maglumaty işde nähili ulanyp biljekdigiňiz barada pikir ediň. Şunda hyýal güýjüňizden aňryçäk derejede peýdalanmaga çalşyň. Synag edilen işiň netijesini göz öňüne getiriň. Kalbyňyz bilen syzýanlaryňyzy eşitjek boluň. Gepiň gysgasy, mugallymçylyk

dünýäňize başgaça nazar bilen täzeden seredip görüň.

Bölüm bilen bagly ýene şuny aýtmak isleýärin: okan her bir sözbaşyňyzy iş ýüzünde-de synap görüň. Özgermek işligi hemişe häzirki zamandadyr, ýagny dessine amala aşyrylmaly hereketdir. Pursat tapyp, işe edil şu wagt girişiň. Tejribede ulanylmadyk maglumat asmandan bökeniňde açylmadyk paraşýut ýalydyr. Esasy zat näme bilýäniňiz däl-de, şolary nädip durmuşa ornaşdyryp bilýäniňizdir.

**1. Ýylgyryş bilen başlaň!**

Her näme diýseňem, okuwçylarda mugallymdan çekinjeňlik dolulygyna aýrylmaýar. Siziň sapakdaky ýylgyryşyňyz şol çekinjeňligi iň pes derejesine çenli getirip biler. Sada, ýöne deňi-taýy bolmaýan ýylgyryş bilen okuwçylaryň sapaga gatnaşygyny we gyzyklanmasyny öz isleýän derejäňize çenli ýetirip bilersiňiz. Bu hereket olaryň töwekgelçilikden gorkmazlygyny we öwrenmek işine has ýürekden berilmegini hem üpjün eder. Ýylgyryş olara gadyr goýýanlygyňyzyň alamatydyr. Aslynda, gülýändiris öýdýän wagtymyzyň 40 göteriminde asla gülmeýän ekenik. Şonuň üçin hem ýylgyrýan wagtyňyzda ýüzüňiziň «näme diýýänini» aýna bakyp, ilki özüňiz okaň. Agraslykdan saýlanyň. Gorkmaň, bu saýlan ýoluňyz okuwçylaryň arasyndaky abraýyňyzy gaçyrman, tersine artdyrar.

Ýadyňyzda bolsa, kitabyň başynda ilki adam, soňra mugallym bolmalydygyny nygtapdyk. Hut şu meseleden söhbet açýan setirlere ýene bir göz aýlaň. Ýylgyryş ilki adam soňra mugallym bolup bilen bilim işgäriniň esasy aýratynlygydyr. Ýylgyryş söhbetdeşimizde täsin täsiri döredip biljek iň jadyly güýçdür. Üstesine-de, ol asla kyn däl. Bary-ýogy ýüzümizdäki 10-12 myşsany işletmek ýeterlik. Indi ýüzüňizi sallaň hany! Häzir sizi hiç

kim görýän däldir diýip umyt edýärin. Şonuň üçin ýazýanlarymy kynçylyksyz berjaý edip bilersiňiz. Hawa, dowam edeliň! 30 sekunt ýaly ýüzüňizi sallap duruň. Ýadadyňyz we özüňizi erbet duýduňyz, şeýlemi?! Çünki ýüz sallamak üçin jemi 103 sany myşsany işletmeli bolduk. Bu ýagdaýy başga bir tarapdan düşündirsek, halys islemeýän ýagdaýyňyzda hem kynlyk bilen bolsa-da ýylgyrsaňyz, «şatlyk gormony» diýilýän salga ýoluňyz düşer. Bu bolsa özüňizi azajyk hem bolsa hälkiden gowy duýmagyňyza ýardam eder. Biz – mugallym! Biziň hem mugallymlarymyz bardy. Sizi biljek däl welin, özüm-ä ýüzünden gar ýagyp duran mugallymlarymy jynym almazdy. Olaryň ýüz keşbi, hamana, özüme käýelýän ýaly duýgyny bererdi. Aslynda, munuň dilsiz-agyzsyz käýemekdigine soň düşündim. Hut şu meselede juda meşhur bir hekaýaty siz bilen ýene bir gezek paýlaşmagy dogry hasaplaýaryn. Gürrüňsiz, eşidensiňiz ýa okansyňyz. Ýöne gowy zatlary her näçe paýlaşsaňam gadyry gaçmaýar:

*Kiçijik gyzjagaz gussaly nätanşa ýylgyryp bakdy.*

*Bu ýylgyryş onuň özüni gowy duýmagyna sebäp boldy. Şol duýgy bilen hem birmahal özüne ýagşylyk eden dostuna hoşallyk bildirmändigi ýadyna düşdi. Dessine oňa hat ýazmaga durdy.*

*Bu hoşallyk hatyndan dostunyň göwni şeýlebir galkyndy welin, ol günortanlyk naharynda restoranyň hyzmatçysyna eçilibilenini eçildi.*

*Ömründe ilkinji gezek şeýle serpaýa eýe bolan hyzmatçy gyz näme edendir öýdýärsiňiz?! Agşamlyk öýe barýarka, puluň bir bölegini köçäniň burçunda oturan gedaýyň ýerde açylgy duran başgabyna oklady.*

*Çugutdyryp oturan gedaý bu peşgeşe diýseň minnetdar boldy. Çünki ol iki günläp damagyndan zat geçirmändi. Dessine-de*

*sykylyk atyp, bir öýüň ýerzeminindäki sümelgesine ýelk ýasady. Ýolugra sowukdan ýaňa doňara gelen güjüjegi hem ýany bilen alyp gitdi.*

*Güjüjek gijäniň janalgyç sowugyndan gutulandygy üçin şeýlebir şadyýandy welin, otagyň içinde iki ýana ylgaberdi. Ýarygije otagy tüsse büredi, çünki ýangyn döräp başlapdy. Tüssäniň ysyny alan güjük üýrüp, garyp bendäni ukudan oýardy. Soňra-da tutuş öýüň ýaşaýjylaryny abanyp gelýän howpdan halas etdi.*

*Ejeler, kakalar bolsa süýji ukuda ýatan çagalaryny halas etdiler...*

*Hawa, şunça gowulyk ýekeje ÝYLGYRYŞDAN doguldy.*

Synpyň arka tarapynda «ÝYLGYR!» diýlip ýazylan diwarlygy asyň! Bu ýazga her gezek gözüňiz düşende, mugallym hökmündäki esasy borjuňyzy ýatlarsyňyz. Ýylgyryş siziň üçin hem, okuwçylaryňyz üçin hem iň gowy melhemdir. Goý, gözleriňiz hem gülsün. Mahlasy, ýürekden gülüň. Kimdir biri size ýylgyryş bilen baksa, nähili ýakymly duýgulary başdan geçirýärsiňiz. Synpda şol «ýylgyryş bilen bakýan» adam siz bolmalysyňyz. Okuwçylar siziň mähriňize, esasan hem, ýylgyryşyňyza mätäç. Ýokarda ýatlanan hekaýatdaky ýaly, ýekeje ýylgyryş bilen durmuşy gözelleşdirip bilersiňiz.

## 2. Sapagy düşündirmek, ýöne nädip?

Biziň üçin oglan oýunjagy ýaly görünýän täze sapaga okuwçylaryň düşünmeýşi siziň hem myrryhyňyzy atlandyrýan bolsa gerek. Garaz, ýakymly duýgy-ha däl. Nämäniň ýetmeýändigi barada pikirlenersiňiz, şony tapmakda welin iş bar. Biziň pikirimizçe, bu kynçylygy ýeňip geçmekde täze öwreniljek maglumatyň mowzugyna uly paý degişli. Wagt ýeterlik. Maglumat

okuwçylaryň ýaş, akyl derejesine kybap gelýär. Mugallymy diňleýärler. Onda ýetmeýän zat näme?

Kärdeşler, sapagyň başynda we dowamynda okuwçynyň aňynda: «Men bu maglumaty näme üçin öwrenýärin? Onuň nämä haýry deger? Haýsy meselämi çözer?» diýen ýaly sowallar ýaşaýan bolsa, onda näme etsek hem, eden azabymyz ýerine düşmez. Aslynda, okuwçylar bu sowallaryň jogabyny her sapagyň başynda almak isleýärler. Oňa berlen aýdyň jogap sapagyň soňky bölümlerine hem oňyn täsirini ýetirer. Şonuň üçin öwrenilýän maglumaty okuwçylaryň geljekde nirelerde peýdalanyp biljekdigini aýdyň düşündiriň. Eger okuwçy maglumatyň maksady bilen öz öňünde goýan maksadyny baglanyşdyryp bilse, oňa işdämenlik bilen topular. Ýöne olar şol baglanyşygy özbaşdak gurup bilmez. «Okuwçynyň mugallymy» bolan kärdeşlerim, şonuň üçin sapaga hut şu meseläni çözmekden girişmelidir. Bu juda bir ýeňil işem däl. Munuň üçin okuwçylaryň kämilleşmegindäki zerurlyklary anyk bilmeli. Şony bilýän bolsaň, maglumatyň maksadyny okuwçylaryň maksady bilen baglanyşdyrmak kyn däl. Aslynda, islendik sapagyň asyl maksady bir topar mysallar arkaly düşündirilip bilner. Munuň üçin özüňize, pikirleriňize we hyýal güýjüňize ynanyň. Aşakda salgy berjek ýollarym baradaky bellikler iş torbaňyzda dursa gowy bolar. Olaryň üstüni özüňizde dörän pikirler bilen dolduryp bilersiňiz.

Ertirki düşündirjek sapagyňyza taýýarlanýarkaňyz ilki bilen şu sowalyň jogabyny tapmaly: bu sapagy öwretmegiň ähmiýeti näme? Eger bu sowalyň aýdyň jogabyny tapmasaňyz, indiki ädimleriňiz peýdasyz bolar. Sapakdaky etsem-goýsamlaryňyzy meýilleşdirýärkäňiz, özüňize käbir sowallar bilen ýüzleniň:

– Sapak okuwçylaryň garaşýan zadyny berip bilermi?

– Sapakdaky «NÄME ÜÇINE» anyk jogap tapmak üçin nähili

mysallary getirip bolar?

– Okuwçylar öwrenenlerini nirede we haçan durmuşa geçirip bilerler?

– Okuwçylaryň häzirki meselelerini çözmekde täze maglumatyň niçik nepi deger?

Ýene bir gezek gaýtalaýaryn: özüňize we hyýal güýjüňize ynanyň, pikirleriňizi erkine goýberiň!

### 3. Ýürekgysgynç bolmaň!

Mugallymlaryň iň uly ýalňyşlyklarynyň biri ýürekgysgynçlykdyr. Mugallym ýürekgysgynçmy, diýmek, şol synpda wagt hem doňup galandyr. Okuwçylaryň sapaga bolan gyzyklanmasy düýbünden ýiter, onuň ornuny bolsa assa-ýuwaşdan tertipsizlik eýeläp başlar. Özüňiz okuwçykaňyz haýsy sapakdan heder edýärdiňiz? Hyrsyz mugallymlaryň içgysgynç sapaklaryndan dälmi?! Ol mugallymlar şol bir ses belentliginde gürlärdi, şeýlemi? Ýa-da asla hereket etmän, sapagyň başynda atlanan oturgyjyndan galjagam bolmazdy. Şeýle sapaklara girmek siziň üçin iň agyr jezady. Bu gün siz – mugallym! Diýmek, okuwçylary bu dertden halas etjek adam hem siz.

Sapakdaky ýürekgysgynçlyga sebäp bolýan zat mugallymçylyk höwesiňizi ýitirmekdir. Onuň ýitmegine bolsa işimizdäki birsydyrgynlyk sebäp bolýar. Aslynda, birsydyrgynlyk «Bu işleriň kime geregi bar?» diýen düşünjäni emele getirýär. Şu zynjyr emele geldimi, biz okuwçylaryň ýekinde ýigrenýän mugallymyna öwrülip başlarys. Başga meselelerde bolşy ýaly, bu ýerde-de çözgüt meseläniň öz içindedir: ilki bilen pikirleri üýtgetmeli. Soň birsydyrgynlykdan halas bolmagyň kalbymyza bagyşlap biljek ýakymy barada oýlanmaly. Ondan soňra ýekeje, ýöne örän möhüm ädim galýar. Şol ädimi ädip bilsek, onuň netijeleri

geljegimize ýalkym saçar. Mysal üçin, sapaga «Asla ýürekgysgynç bolmaň!» diýen ýazgyny synpyň arka tarapynda ýerleşdirmek bilen girişip bilersiňiz. Ol size bolmaly ýagdaýyňyzy yzygiderli ýatladyp durar. Onsoň sapakdaky işjeňlik ýokuşyjydyr. Siziň ruhy ýagdaýyňyz dessine okuwçylara hem geçer. Wagtal-wagtal bolsa olaryň garaşmadyk hereketlerini ediň ýa sözlerini aýdyň. Mysal üçin, tutuş synpy ýerinden turzup, soňra-da oturdyň. Öz oturgyjyňyzdan bolsa daşlaşyň, çünki oturgyç sapakdaky işjeňligi bökdemekden başga zada ýaramaz. Okuwçylaryň sapaga bolan gyzyklanmasynyň azalyp başlanyny duýduňyzmy, derrew başga bir üýtgeşiklige geçiň. Üýtgeşiklik sapagy düşündiriş usulyňyza ýa hereket edişiňize bagly bolup biler. Gorkmaň, hökman garaşýan netijäňizi alarsyňyz. Diýmek, ýürekgysgynçlykdan dynmagyň esasy dermany özgerişlikdir.

## 4. 5N, 1K, 1H we 1E gerek

«Üns», «pikirlenmek», «goşulmak». Bu sözleriň üçüsiniň hem çuňňur manysynyň bardygyny bilýäris. Olar şol bir wagtda mugallymçylyk işinde hem ýüze çykýan esasy kynçylyklardyr. Size aşakda getiriljek sözlemler hem nätanyş däldir:

– Beýle-de bir ünssüz okuwçylar boljak eken...

– Olaryň ünsüni halys sapakda jemläp bilemok...

– Pikirleneňzok, pikirlenmän jogap berýärsiňiz...

– Pikirlenip bilenoklar-a!..

– Beýle-de bir gowşak synp boljak eken-ow!..

Geçirilen barlaglar okuwçylaryň täze öwrenýän maglumatyna ünsi juda gysga wagtlyk gönükdirip bilýändigini görkezdi. Çünki üns dessine üýtgäp bilýän başarnyk. Pikirlenmek bolsa yzygiderli özleşdirilýän ukypdyr. Bize pikirleniş dowamlylygyny artdyrmak

öwredilmän, näme barada pikir etmelidigimiz öwredilen bolsa, siňdirilen azap biderekdir. Şeýle ýagdaýda pikirlenmek juda kyn we köp zähmeti talap edýän iş bolup görner. Käbirimiz bolsa pikirlenmegiň ýerine özümize taýýar jogaplaryň berlerini has gowy görýäris. Hamana, siz meniň ýerime-de pikirlendiňiz ahyry, maňa taýýar jogaby beräýiň diýýäne meňzeýändir. Gynansagam, men maşgalada-da, okuwda hem çagalarymyza pikirlenmek ukybynyň berilmeýändigine ynanýaryn. Ol-a ukyp bermekmiş, çagalarymyzyň pikirlenmezligi üçin elimizden geleni gaýgyramzok. Şeýlelikde, pikirlenmeýän, hiç bir zada burnuny sokmaýan, gürlemeýän, töwekgelçiliklerden gaça durýan, jogapkärçilik çekmeýän nesil kemala gelýär. Şeýle bir gün gelýär welin, olaryň nalajedeýinligine gaharymyz gelýär. «Goşulmak» düşünjesi babatynda-da ýagdaý ýokarda ýazylyşy ýaly, aslynda, bu üç häsiýet biri-birine juda bagly. Adam näçe ýaşda bolsa-da, ynamy gaçan topluma garylyp-gatylmaga ýaýdanýar. Şeýle ýaýdanjaňlygy okuwçylarymyz hem başdan geçirýär. Eger jemgyýetçilik, psihologiýa we fiziki taýdan endişe duýýan bolsa, şol okuwçydan sapagyň «ody bilen girip, küli bilen çykmagyna» garaşmaň.

Munuň üçin ilkinji edilmeli iş okuwçyda ynam döretmekdir. Muny hem mugallym etmeli. Bu hakykat bize şuny ýatlatmaly:

Eger synpymyzdaky okuwçylarda pikirlenme, ünsi jemleme we sapaga işjeň goşulma meselesi bar bolsa, muňa dogry düşünip şeýle bir batyrgaý ädimi ätmeli: özümizden «Men näme edýärin, nähili edýärin, näderejede edýärin, haçan edýärin, näme kemçilik goýberýärin?» diýen ýaly sowallaryň jogabyny talap etmeli. Bu sowallaryň jogaby bize diňe bir mekdepde däl, maşgala, adamlar bilen gatnaşyk ýaly wezipelerde hem köp zady berip biler.

Munuň üçin, dogry, wagt ýeterlik däldir. Nyşana dogry düşmek üçin kemany öz wagtynda çekmek bilen birlikde size 5N,

1K, 1H we 1E kesgitlemesini maslahat berýärin. Bular näme?

5N – Näme? Nirede? Näwagt? Näme üçin? Nähili?

1K – Kim?

1H – Haýsy?

1E – Eger...

Munuň manysy şeýle: «Nirede?», «Näwagt?», «Näme üçin?», «Näme?», «Nähili?», «Kim?», «Haýsy?» diýen sowallar «Eger...» diýen söz bilen başlanýan soraglar arkaly okuwçylary öwrenmek işiniň jümmüşine alyp gelmeli. Bu sowallar ilki ünsüňizi oýandyrar, soňra-da pikirlenmäge we sapaga işjeň gatnaşmaga itergi berer. Sapagyňyzyň maslahatda çykyş edýän adamyň äheňine meňzemezligine üns beriň. Çünki bu başgalaryň sapaga gatnaşmagyna ýol bermeýän ýeketaraplaýyn çykyşdyr. Mugallymyň etmeli işi gürleýärkä öwretmekdir. Birine bir zady öwretmek üçin diňe ol barada gürrüň bermek ýeterlik däl. Bu işde öwredýän bilen öwrenýän yzygiderli sowal-jogaplary alyşmaly. Okuwçynyň diňe sapaga işjeň gatnaşan ýagdaýynda öwrenip biljekdigini ýatdan çykarmaň. Siz oňa öwrenmegiň ýoluny görkezýän adamsyňyz. Bu ýakynlyk size öz işiňizi has-da söýdürer. Has az ýadap, has netijeli sapak geçmek isleýärsiňizmi? Eger isleýän bolsaňyz, ýoluňyzy özüňiz saýlaň.

Hem özüňize, hem okuwçylaryňyza peýda edeýin diýseňiz, birtaraplaýyn söhbediňiziň dowamlylygy iki minutdan geçmesin. Wagtyňyz doldumy, size muny duýdurjak okuwçyny saýlaň we ondan duýduryşy haýyş ediň. Wagt dolandan soň hökman okuwçylar bilen işleşiň. Olardan juda bir kyn bolmadyk sowallary sorap, okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşmagyny gazanyň. Köp geplilikden dynmak üçin kiçijik synaglar we okuwçylaryň kömegi ýeterlik bolup biler. Okuwçylaryň sapaga işjeň gatnaşmagy size kän artykmaçlyklary gazandyrar. Diýmek, näme etmeli eken?! 5N,

1K, 1H we 1E-den baş çykarmaly.

**5. Aragatnaşyk – esasy zat**

Adamlar bilen sagdyn aragatnaşygy ýola goýmak barada, megerem, kän zat okansyňyz. Şonuň üçin men uzyn ýazyp wagtyňyzy aljak däl. Diňe käbir aýratynlyklary paýlaşyp, özüme görä, olaryň iň möhümine ünsüňizi çekmekçi. Ilkinji bilen, sagdyn aragatnaşyk saklamagyň käbir şertleri:

** Adamlar bilen aragatnaşyk olaryň biri-birine ýetirmek islänlerini garşydaky adamyň duýup bilmegidir;*

** Ýüregimizdäkini diýenimizden soň söhbetdeşimiziň edýän pikirini we özüni duýşuny syzyp bilsek, bu sagdyn aragatnaşygyň ýola goýuldygydyr;*

** Adamyň durmuşdan hoşallygyny onuň töweregindäkiler bilen gatnaşyk saklap bilşi kesgitleýär;*

** Sagdyn aragatnaşygyň binýadynda garşymyzdaky adama hormat goýmak durýar. Munuň üstesine-de, ony ykrar etmek, gadyr goýýandygyňyzy duýmagyny gazanmak gerek;*

** Sagdyn aragatnaşygyň binýadyny düzýän ikinji bir aýratynlyk bolsa çynlakaý bolmakdyr, aşa geçmekden saklanmaly, hemme zady bolşy ýaly kabul etmeli;*

** Ýaşaýşa öz nazaryňyz bilen däl-de, garşyňyzdaky adamyň nazary bilen seretmäge çalşyň. Bu synanyşyk ýürekdeşligi orta çykarar;*

** Aragatnaşyk diňe bir gürleşmek däl. Ol şol bir wagtyň özünde näme aýtjakdygyňy bilmek, ony haçan we nirede aýtsaň, dogry boljakdygyna düşünmek, iň gowy görnüşde nädip aýtjakdygyňyzy saýgarmak, sada we asylly dil bilen düşündirip bilmek, ähli ünsümizi söhbede jemläp, diýýänlerimiziň*

*söhbetdeşimizde nähili täsir döredýändigine göz ýetirip bilmekdir.*

Siziň kärdeşiňiz hökmünde bilim bermek bilen aragatnaşygyň sazlaşygy barada agyz dolduryp söhbet etmegi artykmaç hasaplaýaryn. Bilim bilen aragatnaşyk, dogrusyny aýdanyňda, biri-birine manydaş düşünjelerdir. Ýöne başga bir sowallaryň jogabyny tapsak has gowy bolar. Mugallym üçin iň esasy aragatnaşyk ukyby näme? Sesden dogry peýdalanmakmy? Dogry sözleri saýlamakmy? Beden diliň diýýänlerine üns bermekmi? Hut şu meseläni öwrenýän alymlar ulanýan sözlerimize, olary nähili aýdýandygymyza, ondan hem beter beden dilimizi nähili ulanýandygymyza üns bermelidigini aýdýarlar. Eger söz arkaly aragatnaşygy 100 göterim diýip hasap etsek, şonuň 10 göterimi diýýän sözlerimize, 30 göterimi ony nähili diýşimize, galan 60 göterimi bolsa beden dilimize baglydyr.

Şundan ugur alyp, men mugallymyň eýe bolmaly iň esasy aragatnaşyk ukybynyň okuwçy bilen bary-ýogy 2-5 sekuntlyk dowam eden ýüzbe-ýüz bakyşydygyna ynanýaryn. Diýjek bolýanym, ýöne bakmagyň hatyrasyna bakyş däl. Olaryň adamy kyn ýagdaýa salýandygyny hemmämiz bilýäris. Mugallym şeýlebir bakmaly welin, şol bakyşdan okuwçy özüniň bihal adam däldigine ynanmaly. Bakyşyňyz oňa: «Seniň bilen gyzyklanýaryn, bardygyňy görýärin, seniň mugallymyň bolmak juda ýakymly» diýsin. Şeýle diýip bilen bakyşyň okuwçyda döretjek täsiri barada jedelleşmegiň asla geregi ýok. Onsoňam şeýle bakyş diňe bir okuwçylar bilen däl, durmuşda islendik adam bilen sagdyn aragatnaşygy ýola goýmaga kömek eder. Ine, hut şonuň üçin hem men mugallymyň ilkinji nobatda bakyş arkaly aragatnaşyk saklamak ukybyny ösdürmeginiň tarapdary.

Muny sapakda synap görüň! Türgenleşigi bolsa jansyz zatlara seretmekden başlaň. Başda manysyz we gülkünç görnüp biler. Ýöne 5 sekuntlyk bakyşyň sizi «mekdepdäki iň gowy mugallym»

edip biljek güýjüni soň görersiňiz.

### 6. Esasy itergi

Bir maglumat öwrenilýärkä itergi bermegiň peýdasy ählimize mälim. Okuwçylara esasy itergi berýän güýç bolsa olaryň gazanan netijelerini görmek we baha bermekdir. Islendik okuwçy eden işiniň netijesini bilmäge höwesek. Dogry, eger ol gowy iş eden bolsa, ilkinji bahany bolsa öz ýüregi berýär, ýöne okuwçy üçin öz ýüreginiň beren bahasy ýeterlik däl. Olar üçin iň ähmiýetlisi – daş-töwerekdäkileriň, esasan hem, mugallymlaryň bahasy. Muny her näçe syzdyrmajak bolsalar hem, bu – şeýle! Eger şol gyzyklanmany duýmasalar, bu ýagdaý olaryň okuwyna, düzgün-tertibine hem ýaramaz täsir edip biler. Okuwçylaryň ornuna özüňizi goýup görüň. Aýdaly, size mugt miwe şiresi bilen bilelikde bowling oýnamak teklip edilýär. Siz suwy içip, özüňize göwnüýetijilik bilen bowling topuny nyşana tigirleýärsiňiz, ýöne ol göwnüňizdäki ýaly netije bermeýär. Ine, şol halda bir çetde bu zatlary synlap duran menden dalda gözleýärsiňiz. Men bolsa biperwaýlyk bilen jogap berýärin. Şondan soň siziň ýene bir gezek bowling oýnasyňyz gelermi? Gelmez. Näme üçin? Çünki men bar höwesiňizi küle gardym, gyzyklanmadym. Synpda bolsa siziň keşbiňizi okuwçylar, meniňkini siz ýerine ýetirýärsiňiz. Munuň üçin her gün sanaw düzüp bilersiňiz. Ýöne şol sanaw örän oýlanyşykly düzülsin. Ýekeje ýylgyryşyňyz hem okuwçy bilen gyzyklanýandygyňyzy, oňa üns berýändigiňizi görkezip biler. Muňa ýürekden çykan «Berekellany» hem goşup bileris. Okuwçylaryň eden gowy işi üçin pikirleriňizi gaýgyrmazlyk hem ünsüňizden nyşandyr. Garaz, okuwçylar üçin başarnygyň we üstünligiň bahasy, tagamy sizde. Şonuň üçin hem olardan itergiňizi gysganmaň.

**7. Kagyz ýüzünde öwüň**

Her bir adam özüne üns berilmegini isleýär we bu ýagdaý ony hoş edýär. Esasan hem, özümize ýakyn hasaplaýan adamlarymyzyň ünsi bizi has begendirýär. Şol üns özümizi ýakyndan tanamaga we başarnyklarymyza ynanmaga-da güýç berýär. Her hepdäniň iň soňky okuw gününde azyndan bir okuwçyny kagyz arkaly öwmegiň jadysyny synap görüň. Bu endik okuwçynyň başarnygyna şeýlebir täsir eder welin, özüňiz hem haýran galarsyňyz. Mümkin boldugyndan, bu işi has köpräk etjek boluň. Munuň üçin birki sözlem hem ýeterlik bolup biler. Şeýdip siz bary-ýogy birküç minudyňyzy sarp edip, şol okuwçynyň ýa-da okuwçylaryň üstünlikden doly geljegine maýa goýarsyňyz. Kagyza ýazylan öwgi okuwçynyň özüne bolan ynamyny artdyrar. Gerek bolsa, şojagaz ýazgy üstünden ýyllar geçensoňam oňa nepi deger. Ýöne üns beriň, ýazgy arkaly öwgini kompýuterde däl-de, elde ýazmalysyňyz. Şunda onuň gowy taraplarynyň ählisini agzamaga çalşyň. Bir mysal bereýin:

*– Seljuk, matematikadan özüňe uly ynam we başarnyk bilen ökdeleşýändigiňi görýärin. Meni has begendirýän zat bolsa, diňe bir ýeke özüň ökdeleşmän, ýoldaşlaryňa hem ýardam berýänligiňdir. Munuň bilen öwnüp bilersiň.*

***Mugallymyň we dostuň***

***Hasan Ýylmaz***

Şeýle ýazgyny ýazyp bilmegiň ýekeje syry bar: bu syr hepdäniň dowamynda haýsy okuwça nähili öwgüli sözi ýazyp boljakdygyny bellik etmekdir. Hepdäniň ahyry geldimi, galamyňyzy ele alyp, şol bellikleri sözlemlere öwrüň. Siziň kagyza sessiz ýazan öwgüli sözleriňizi wagty geler welin, bütin dünýä eşider. Belki, bu gyzykly güýmenjä öwrülip biler. Ýagşy niýete eýlenen şol güýmenje örän az wagt sarp edip, dünýäni özgertmegiň iň ýeňil ýollarynyň biridir.

*Mende bir ýumurtga bar, sende bir ýumurtga bar.*

*Eger*

*Sen maňa bir ýumurtga, menem saňa bir ýumurtga bersem, ýene her haýsymyzda bir ýumurtga bolar.*

*Ýöne*

*Sende bir maglumat bar, mende-de bir maglumat bar.*

*Men öz maglumatymy saňa, senem özüňkini maňa berseň, sende-de, mende-de iki maglumat bolar.*

**Konfusiý**

## 8. Iki ädim ädiň

Sapaga girenden tä jaň kakylýança ýerinden galman oturýan kärdeşlerime hiç düşünip bilemok. Onsoňam käbir kärdeşlerimiň okuwçylaryň sapaga ünssüzdigi baradaky şikaýatlaryny diňläp, özümi erbet duýýaryn. Öz bolşuňyz şol bolsa, okuwçylardan nämä garaşýarsyňyz diýsene! Mugallymçylyk barada-ha gürrüňem ýok, söhbet edýän iki adamyň arasynda-da sahypa, stol, torba ýaly haýsydyr bir zat bar bolsa, gürrüň gyzyşybermez. Siz başlygyň otagyna girip gördüňizmi? Giren bolsaňyz ýa indi girseňiz, onuň oturan stolunyň inine üns beriň. Ol edaradaky beýleki stollardan has inlidir. Şonuň sebäbini bilýäňizmi? Stol size başlyga 1,5 metrden golaý baryp bilmejekdigiňizi ýatladýar. Ýöne siz mugallym. Siz hem, okuwçylaryňyz hem şol bir maksada gulluk edýär. Şonuň üçin hem okuwçylarymyz bilen gatnaşygymyza böwet bolup biljek kiçijik päsgelçiliklere çenli aradan aýyrmalydyrys. Munuň esasy ýoly bolsa, oturgyçdan derhal turup, gerek bolsa, tutuş sapagy aýak üstünde geçirmek, okuwçylaryň arasyna aýlanmak gerek. Sapagy janlandyrmak üçin oturan oturgyjyňyzdan galman, näme etseňiz ediň, barybir, yhlasyňyz

puja çykar. Hereket etmek bu sapaga siziň hem höwesekdigiňizi görkezýär. Siz höwesekmi, diýmek, okuwçylaryňyzyň hem gitjek ýeri ýokdur. Sapagyň gyzygy gaçyp başladymy, bary-ýogy IKIJE ÄDIM ädiň, ählisi düzeler. Sizden okuwçylara dessine energiýa geçer. Iki ädimlik hereket siziň güýjüňizi we häkimiýetiňizi görkezer. Her iki ädimden durup bilersiňiz. Şol ädimleri okuwçylaryň öňüne geçip, saga we çepe-de ädip bilersiňiz. Arasynda saklanyň-da, synp bilen sazlaşykly işläň. Bu iki ädimi öňe, yza-da ädip bilersiňiz. Işjeňlik we içki höwes hereketleriňizde duýulsyn, ine, şonda okuwçylar hem size garylyp-gatylyp gidenini duýman galarlar.

**9. Täsir edilýän wagt**

Okuwçylaryň ynamyny artdyrmagyň iň netijeli ýollarynyň biri, olara biparh garamaýandygyňyzy görkezmekdir. Okuwçylaryň köpüsi şahsy başarnyklaryna göz ýumulmazlygyny isleýär. Hut şu babatda mugallym hökmünde siziň täsiriňiz uly zerurlykdyr. Netijeli täsir nähili bolýar? Bu meselede bir topar aýratynlygy gözden salmaly däl. Sähelçejik hereketi ýa-da sözi uly täsir bagyşlap biljek ýeke-täk adam sizsiňiz. Haýsydyr bir okuwçynyň çalaja arkasyna kakmagyňyz hem onuň geljekki başarnyklaryna uly täsirini ýetirip biler. Özi hem şol täsir mähirli salamlaşmakdan başlanýar. Gynansagam, okuwçylarymyzyň käbiri salamlaşmagyň täsirine düşünmeýär. Munuň syry juda ýönekeý: günüň dowamynda ilkinji gezek görüşýän adamyňyz bilen salamlaşanyňyzda onuň göni gözlerine serediň! Ýa-da sapak düşündirýärkäňiz käbir okuwçynyň arkasyna çalaja kakyp, onuň zehinine we başarnygyna hormat goýýandygyňyzy syzdyryp bilersiňiz.

Umuman, okuwçylarda gowy täsir galdyrmagy öz endigiňize

öwrüň. Muny ir säherden olar bilen mähirli salamlaşmakdan başlap bilersiňiz. Günüň dowamynda hem olara biparh däldigiňizi görkezmäge wagt tapyň. Munuň üçin öz ýanyňyzdan haýsy okuwçynyň aýratyn goldawa mätäçdigini kesgitläp, sanaw döredip bilersiňiz.

Eliňiziň okuwçylaryň egnine ýa arkasyna dälde, göni ýüregine täsir edýändigini ýatdan çykarmaň.

**10. Gorka garşy göreşiň**

Gorky öwrenmegiň öňünde duran iň uly päsgelçilikleriň biridir. Samsyklaç görünmek, üstünden gülünmek gorkusy okuwçylaryň töwekgelçilik etmek mümkinçiliginiň öňüni alýar. Bu bolsa onuň hemişe töwekgelçilikden gaça durýan adam bolup ýetişmegine sebäp bolýar. Häzirki zaman dünýäsinde bolsa üstünlik töwekgelçilikden gaçmaýanlaryň ýarany. Şeýle bolsa, gorkynyň okuwçynyň geljegine nähili uly zyýan ýetirýändigi özüňize-de mälimdir. Olaryň gorkyny ýeňmegi üçin esasy kömekçi ýene-de siz bolmalysyňyz. Hut şu meselede köp zat edip bilersiňiz. Ýöne turuwbaşdan göz öňünde tutulmaly käbir aýratynlyklar hem bar: töwekgelçilikden gorkmaýan, mysal üçin, tagta çykýan ýa-da berlen sowala jogap berýän okuwçynyň sapaga ýetişigi nähili bolsa bolsun, ony aýyplamak, ýaňsylamak ýada kemsitmek düýbünden gadagandyr. Eger okuwçylardan bir zada garaşýan bolsaňyz, ilki bilen olara töwekgelçilikden gaçmazlygy öwrediň. Goý, tutuş synp töwekgelçiligiň öwrenmek üçin esasy şertleriň biridigine düşünsin. Aşakylary bolsa ýatlatma hökmünde ulanyp bilersiňiz:

*1. Bir zady başarmazlyk, elbetde, gynandyrar, ýöne synanyşmasaňyz, hiç zat edip bilmersiňiz.*

*2. Her ýalňyşlyk, aslynda, ýeňşe barýan ýoluň bir ädimidir.*

*3. Hakykatda, başaryp bilmezlik diýen düşünje ýok, netije bar.*

*4. Netije nähili tamamlansa-da, onuň berýän sapaklaryna dogry düşünmek üstünlik üçin gerekli esasy zatdyr.*

Sapakda okuwçylaryň töwekgelçilik etmegine ýol beriň. Ýöne bu töwekgelçiligiň netijesinde okuwçylardan nämä garaşýandygyňyzy başdan aýan ediň. Soňra iň kiçiden başlap, iň ulusyna çenli töwekgelçilikleriň derejesi barada maglumat beriň. Iň soňunda-da, töwekgelçiligiň okuwça berip biljek peýdasyny düşündiriň. Goý, okuwçylar töwekgel hereketleriniň soňky gün özlerine serpaý ýapjakdygyna göz ýetirsinler. Iň uly serpaý bolsa, bir işi başarmagyň kalba bagyşlaýan ajaýyp duýgusy bolar. Aslynda, töwekgelçilik ýaşamagyň we öwrenmegiň bir bölegidir. Şuny okuwçylara ýygy-ýygydan ýatladyp duruň. Okuwçylara bermek üçin bolsa müňlerçe mysal bar. Ine, şolaryň biri:

*Tomas Edison 9999 gezek synanyşyp hem, birkemsiz çyrany oýlap tapyp bilmänsoň, tanyşlarynyň biri oňa şeýle diýipdir:*

*– 10 müňünji şowsuzlykdan gorkjak dälmi?*

*Bu sowala Edison şeýle jogap berýär:*

*– Ýok, bu synanyşyklaryň hiç biri şowsuz däl. Olaryň her birinde çyranyň nähili ýagdaýda işlemejekdigini öwrendim.*

Ýokarda ýazylanlaryň ählisinden beter hem, okuwçylaryň wagtal-wagtal siziň töwekgelçilikden gaçmaýandygyňyzy görmegine ýol beriň. Çünki okuwçylaryň biziň aýdýanlarymyza dälde, edýänlerimize üns berýändigini unutmaň. Bizde şeýle hereketi gören okuwçylar ony «göçürmäge» ýykgyn ederler.

### 11. Sapak degişmä beslensin

Ýürekdeş gülkiniň, degişmäniň güýji örän uludyr. Ol ýaşaýyşdaky kynçylyklary ýeňmäge, şadyýanlygyňy artdyrmaga,

meseleleri ýeňil çözmäge itergi berýär, her näçe kyn hem bolsa, ýylgyrmagyň, degişmegiň güýjüni ulanyp bilýän adamlar kynçylyklardan ýeňil baş alyp çykyp bilýärler. Gürrüňsiz, myrryhyňyzy atlandyrýan üýşmeleňe gatnaşyp görensiňiz. Edil şol mahal ýerini bilip orta atylan degişme ýagdaýy birazajyk hem bolsa ýumşadýandyr. Ýa başga bir sowal: içki dünýäsinde degişmeden, ýomakdan zerre hem ýok tanşyňyz sizde-de barmy? Onuň ýaşaýşyny göz öňüne getirjek boluň! Göz öňüňize gelen keşp, gürrüňsiz, şeýledir: kyn, reňksiz, gurak we bagtsyz durmuş. Okuwçylarda şadyýanlyk, keýpihonlyk duýgularyny oýarmak we degişgenligiň ýerini bilip ulanmagy öwretmek, mugallym hökmünde berip biljek serpaýlaryňyzyň iň möhümleriniň biridir. Özi hem bu juda bir kyn iş däl. Munuň üçin ilki özümizde gülmeli ýerde ýaýdanman gülüp bilýän, özi hem şol halda özüni ýitirmekden, çäkden çykmakdan gorkmaýan mugallymyň duýgularyny terbiýelemek gerek. Çünki biziň edýän-goýýanlarymyzyň okuwçylar üçin nähili möhümdigini ýokarda hem telim ýola tekrarlapdym. Edil şeýle duýgulary okuwçylaryň hem duýmagyna ýykgyn ediň. «Nädip?» diýýäňizmi? Ähli zady özümiz başlap. Elbetde, munuň başga ýollaram bar. Men synp üçin ýasaljak degişme diwarlygynyň hem nepiniň degjekdigine ynanýaryn. Täsirli taýýarlanan degişme diwarlygy, gürrüňsiz, okuwçylaryň ünsüni özüne çeker. Munuň üstesine-de, okuwçylaryňyza diýmek isleýänleriňizi şol diwarlygyň üsti bilen hem ýetirip bilersiňiz. Diwarlygy taýýarlaýarkaňyz ol sebäpli size aýdylyp bilinjek tankydy sözlerden gorkmaň. Synpdaky şadyýanlyk ruhuny şol diwarlygyň üsti bilen döredip bilseňiz, siziň işiňiz has ýeňilleşer. Okuwçylara diňe ýol görkeziň, galanyny olaryň özleri alyp çykar. Belki, bu diwarlyk üçin ýolbaşçylaryň hem igenmegi ahmal. Ýöne ýatdan çykarmaň, şol igençleriň bir toparynyň aňyrsynda: «Akylly-başly edilen iş, munuň üçin sizi gutlaýan!»

diýip bilmezligiň miwesi bardyr. Elbetde, kärdeşleriňizdir ýolbaşçylaryňyzyň öwgüli sözleri sizi has ganatlandyrar.

Siziň diwarlygyňyzy öwrenmek işini ýeňilleşdirjek we gyzygyny artdyrjak gülküli sözler, degişme suratlar bezäp biler. Diwarlyga «Gülmek – zerurlykdyr!», «Gülki – gülkä sebäp!», «Gül we pikirlen!» diýen ýaly atlary goýup, şol sözleri hem iň üstki böleginde ýerleşdirseňiz, has gowy bolar. Diwarlyk siz we okuwçylaryňyz üçin göwün açmagyň ammary bolsun. Oňa okuwçylaryň hem goşant goşmagyny gazanjak boluň. Çünki çagalar gülmegi we dynç almagy halaýar. Bu tutum olaryň biri-birine has ýakyn bolmagyna hem ýardam eder.

Ýene bir edilmeli iş degişme diwarlygynda bolmaly aýratynlyklaryň, ýerleşdirilmeli ýazgylaryň öňünden meýilleşdirilmegidir. Bu işe okuwçylaryňyzy hem ýakyndan çekiň. Bu olaryň özlerini gerekli adam hasaplamagy üçin hem zerurdyr. Şol bir wagtyň özünde-de nähilidir bir işe meşgul bolmak çagalaryň wagtyny bihuda geçirmezligine kömek edýär. Ýerleşdirilmeli ýazgylar ýygnandymy, olary ýene bir ýola gözden geçiriň! Iň gereklilerini saýlap alyň. Ýazgylary diwarlyga ýerleşdirmek hem ussatlyk talap edýär. Ýene bir zat: belli bir wagt aralygyndan soň diwarlygy çalşyp, täzeläp durmak gerek. Şeýdilse, ýetiljek bolunýan maksat has ýakynlaşar. Okuwçylaryň arasynda degişme ýazmak boýunça kiçijik bäsleşikleri hem geçirip bilersiňiz. Bäsleşikde ilkinji üç orny eýelänleriň ýazgylary diwarlykdan özüne orun tapsa, beýleki okuwçylar hem höweslener.

***Hekaýa***

*Sokrat bilen aýaly ýetde-gütde günde ýaşaýan eken. Bu ýagdaý halys degnasyna degen öý bikesi günlerde bir gün beýik pelsepeçä awusyny pürküpdir. Ýöne näme üçindir adamsy oňa diýdiňem diýmeýärmiş. Muňa hasam jany ýanan aýaly bir okara*

*suwy lokga soraýypdyr. Suw onuň göwnüne niredendir bir ýerden giňlik getirenmiş.*

*Muny duýan pelsepeçi ýagdaýy şeýle ýorupdyr:*

*– Munça gök gürrüldisinden soňra hökman çabga bolaýmaly. Şeýle-de boldy!*

**Şu duýgulary başgalara bagyşlaň:**

– Siziň taýyňyz ýok. Siz aýratyn...

– Siziň barlygyňyza ýüz-müň şükür...

– Köp sag boluň!..

– Haçan içiňi dökmek isleseň, men ýanyňdadyryn...

– Siziň ýanyňyzda özümi örän gowy duýýaryn...

– Başaryp bilerin öýdýän bolsaň, sen mamlasyň. Synanyş!..

– Ýylgyr! Goý, ol seniň hormatyňy artdyrsyn...

– Durmuşyňda gowy zatlar kän...

**Jemleýji söz:**

*«Pyşbaga syn et, ol diňe kellesini galdyryp, töwekgelçilik edende öňe ilerläp bilýär».*

## 12. Hemişe höwesli boluň

Işe hemişe höwesli çemeleşmek saglygyňyz we keýpiçaglygyňyz üçin gerekli ilkinji şertleriň biridir. Gündelik sapaklaryň gyzygyny artdyrýan ýol ilki özüňi kämilleşdirmegiň we şol kämilligiň miwesini okuwçylara paýlamagyň üstünden geçýär. Şonuň üçin sapagy netijeli guramagyň täze we täsin ýollaryny öwrenmegi hemişe dowam etdirmeli. Nähilidir bir aýratynlyk bilen täze nesli ýetişdirmek mugallym hökmünde her birimiziň başymyzdaky belent borçdur. Kämillige bolan höwes we yzygiderli öwrenmek islegi barka, üstünligiň sizden gaçyp gitjek ýeri bolmaz.

Bu işdäki ilkinji ädim öwreneniňi okuwçylara bermekdir. Adamy kimdir birine bir zat bagyşlamak ýaly bagtly edýän başga aýratynlyk ýok. Hünärleriň arasynda şol bagtyň edil jümmüşine siňmekde mugallymlaryň mümkinçiligi diýseň ýokarydyr. Öwrenýärsiňiz we başgalara geçirýärsiňiz.

Nähili ýakymly?! Şonuň üçin hem şahsy kämillik we onuň miwesini eçilmek işiňizde hemişe esasy ýörelge bolsun.

Şuny başarýarkaňyz işde hiç zat keýpiňizi gaçyrmaz, kämilleşersiňizem, kämilleşdigiňizçe bolsa hormatyňyz artar. Umytlary, höwesi halys tükenen adamy göz öňüne getirjek boluň. Olaryň duýgusyny diňläp bilseňiz-ä hasam gowy. Kimdir biriniň: «Işe ýaramok, ne özüme, ne-de töwerekdäkilere nepim degýär» diýen zeýrenje ýugrulandygyny görmek, hakykatdanam, gynandyryjy. Şeýle diýdigiçe, onuň derdi azalmaz, gaýtam dert üstüne dert müner. Eger şol pikirler sizde bar bolsa ýegşerilermidiňiz? Olardan halas bolmak öz eliňizde. Ähli zat özümize bagly. Kiçijik ädim ädiň. Mysal üçin, kitap dükanyna ýa-da kitaphana gidiň-de, ýöne tekjeleriň arasynda ondan-oňa aýlanyň. Gazetlere göz aýlaň. Haýsydyr bir kitaby saýlap, ony okaň. Maglumat goruňyz artar. Öwrenen täze maglumatyňyzam kimdir biri bilen paýlaşyň. Indi-hä siz hasam baý! Özüňizi öz dykan çukuryňyzdan çykaryň we dünýä nazar aýlaň. Beden, duýgy we zehin güýjüňizden dörän güýç-kuwwatyňyzy: «Fenerbahçe halys tapdan düşd-ow!» diýen ýaly pikirlere sarp etmek güýjüňizi bihuda ýele sowrar. Ýa başga bir peýdasyz güýmenjeler üçin kelle döwmek, bolanja güýç-kuwwatyňyzy hem duw-dagyn eder. Ýok, «Gije-gündiz iş barada pikirlenmeli, başga pikirleri asla kelläňe ýakynlaşdyrmaly däl» diýemok. Çünki ol pikirlerem siziň ýaşaýşyňyzyň bir parçasy. Men olary öz ýerinde goýmalydygyny, durmuşyň baş maksadyna öwürmeli däldigini aýtjak bolýaryn. Eger «Nämeden başlamaly?» diýýän bolsaňyz, size birnäçe kiçijik

ýol salgy berip bilerin. Onda kagyzdyr galam alyň-da, başlaň:

*Ýaşaýşym nähili?*

*Nähili ýaşamak isleýärin?*

*Durmuşymda nämeleri özgertmeli?*

*Men öz durmuşym bilen bagly nämelere jogapkär?*

*Ýaşaýyşdaky esasy maksadym näme?*

*Uzyn we gysga wagt aralygy üçin maksatlarym nähili?*

*Maksada ýetmek üçin nähili ädimleri ätmeli?*

*Ilkinji etmeli işim näme?*

*Nähili artykmaçlyklarym bar?*

*Öňümde nähili päsgelçilikler bar?*

*Mende nähili gowy häsiýetler bar?*

*Meniň ýüz öwürmeli ýa düzetmeli häsiýetlerim haýsylar?*

Bu sowallara jogap bermegiň ýeňil düşmejekdigini we beýnimiziň çep ýarymşarynyň «başdansowma, işe ýaramaýan» sebäpleri gözlejekdigini bilýärin. Emma özümizden şeýle şekilde hasap soramaga mejburdyrys. Dogry, ilki-ilkiler bu hasap sorama gülkünç görnüp biler. Eger şeýle bolsa, munuň sebäbi beýnimiziň haýsy hem bolsa bir bölegininiň heniz hem etjek bolýan işimize boýun bolmaýanlygydyr. Diýmek, şol pikiri köki-damary bilen sogrup taşlamaly.

Nähili bolmak isleýän bolsaňyz, ýygy-ýygydan özüňizi şeýle göz öňüne getiriň. Üýtgetmeli häsiýetleriňiz üýtgese, bolup biljek gowulyklary göz öňüne getiriň. Şol günleriň duýgusyna häzirden berliň. Özi hem gözleriňizi ýumup oýlanyp görüň, nähili ýakymly bolýar?!

Şulardan soň gaýratyňyzy has galkyndyryp, aýnanyň öňüne geçiň-de, özüňize şeýle diýiň:

*– Sen başararsyň!*

*– Ozal hem başaran zatlaryň köp ahyry!*

*– Üýtgäp, durmuşymy ajaýyplaşdyryp bilerin.*

*– Özümdäki ukyby görýärin.*

*– Özümi söýýärin.*

*– Men dogulmadyk bolsam, dünýäniň uly ýetmezçiligi boljak ekeni. Hudaýa şükür, men bar, diýmek, dünýä ajaýyp!*

*– Durmuşym üçin esasy jogapkär – men!*

*– Men – mugallym!*

Özgermegiň ýokarda görkezilen ownujak tärlerini ulanmak üçin uly ýüreklilik hem gerek. Häzirki akym bilen dowam etsek, durmuşymyzda hiç bir özgerişligiň bolmajakdygyny unutmalyň. Muňa garaşmagam akmaklykdyr. Durmuşymyzy özgertmek öz elimizde, ony amala aşyryp biljek ýeke-täk adam özümiz. Bu hiç bir utuşly bijäniň elinden geljek, başarjak zady däldir.

Ýokarda size ýetirmek islänlerimi okuwçylaryňyza-da ýetiriň. Jennetiň hem, jähennemiň hem öz içimizdedigini unutmaň. Mesele özümize haýsyna laýyk görýänligimizde. Içki dünýämiz özüni haýsyna mynasyp görýän bolsa, şonda-da ýaşarys.

Mundan artyk «heläk bolýan» adamyň keşbini oýnamaga ragbatymyz galmady. Özgermeli, özem ertirden däl, häzirden başlap.

***Aziýa nakyly:***

*Bilmeýän we bilmeýänini bilmeýän akmakdyr. Ondan uzak duruň!*

*Bilmeýän, ýöne bilmeýänini bilýän okuwçydyr. Oňa öwrediň!*

*Bilýän, ýöne bilýänini bilmeýän ukudadyr. Ony oýaryň!*

*Bilýän we bilýänini bilýän akyllydyr. Oňa gulak asyň!*

***Hekaýa***

*Massaçusets uniwersitetiniň Tehnologiýa institutynda okaýan bir talybyň hereketi şaýat bolanlara ýekeje işiň nämelere ýol açyp biljekdigini görkezýär. Talyplaryň biri tomus geldigi gara-ak zolakly sport köýnekçesini geýip, Garward uniwersitetiniň futbol meýdanyna gidýär eken. Barybam näme edýär, bilýäňizmi, meýdançanyň ol çetinden bu çetine çenli guşlar üçin iým sepip çykýar eken. Arasynda-da jübüsinden eminleriň ulanýan jürlewügini çykaryp, onuň deminiň ýetdiginden çalypdyr. Onuň gar-ýagyş ýa jöwza diýmän, her gün gaýtalanyp duran bu hereketi, aslynda, özboluşly şowhuna öwrülip gidýär eken.*

*Güýzde täze futbol möwsümine badalga berilýär. Niçikmi, uniwersitetiň futbol topary meýdana çykýar welin, eminiň jürlewügi çalnan dessine bolan zatlary görsediňiz. Edil meýdana iým sepýän oglan ýaly geýnen (ak-gara çyzykly köýnekçeli) eminiň jürlewügi çalaryna mähetdel, meýdana guş bary çozupdyr. Asyl-ha futbol oýnamaga mümkinçilik galmandyr. Şeýdip hem duşuşyk soňa galdyrylýar. Onda-da nähili soňa? Bu meýdanda futbol oýnap bolýança, gör, näçe talyp uçurym bolupdyr?!*

## 13. Umytlary güýçlendirmek

Okuwçylaryň ukyplaryny kämilleşdirmegiň bir ýoly hem, olaryň özleriniň hem göwnejek umytlaryny güýçlendirmekdir. Gowy tarapdan bildirilýän umytlar okuwçylaryň özüne bolan ynamyny artdyrar. Şeýle hem bu ýol bilen olarda işjeň geljege bolan ynamy oýaryp bolar. Asyl-ha okuwçylaryň hyýal güýjüne kembaha seretmäň, tersine, bu güýjüň kämilleşmegine, has ulalmagyna ýol açyň. Goý, olaryň özi hem özünden iň gowy, ýokary derejedäki işleri talap etsinler. Ýatdan çykarmaň, garrylyk düşünjesi ýaş bilen däl-de, umyt bilen bagly. Umydyň ýanyňda

bolsa sen hemişe juwansyň, onuň tükenen güni bolsa garransyň. Uly üstünliklere ýeten adamlaryň umytlarynyň hem uludygyny ýatdan çykarmaň.

Mugallym hökmünde okuwçylardan garaşýan zadyňyz barada olara juda sypaýy gürrüň beriň. Şunda sesiňiziň we ýüzüňiziň örän uly orny bardyr. Bu işde size esasy kömek etjek zat bolsa, okuwçylary ýekeme-ýeke ähli aýratynlyklary bilen tanamak ukybyňyz bolar. Bu tanamakdan asyl maksat näme, bilýärsiňizmi? Eger siz olary dogry tanap bilseňiz, bu olaryň özüni tanamagyna hem ýardam eder. «Özüni tanan – weli». Özüni tanan adam nämeleri başaryp biljekdigine hem göz ýetirer. Şeýle bir söz bardyr: *«Has uly zada garaşýan bolsaňyz, has uly zada-da ýetersiňiz».*

### 14. Nämä garaşýandygyňyzy biliň!

Geçirilen barlaglar öýe berlen işleriň mugallymyň sapak geçişiniň hilini görkezmeýändigini subut etdi. Dogry, öýe ýumuş tabşyrmak okuwçylarda jogapkärçiligi artdyrmak üçin iň ähmiýetli ýollaryň biri. Şonuň üçin hem berilýän ýumşuň okuwçylara nämedir bir zatlary öwredip bilmek aýratynlygyny göz öňünde tutmaly. Gynansak hem, bizde heniz şol bir biri-birini gaýtalaýan ýumuşlar öýde ýerine ýetirmek üçin berilýär. Maksadym öýe berilýän ýumuşlar babatynda jedelleşmek däl. Kitabyň başyndan bäri mugallymlaryň, esasan, öwretmäge däl-de, bilim bermäge üns bermelidigini nygtap gelýärin. Öýe berilýän ýumuşlar bilen bagly setirlerde-de bu işiň çuňlugyna girmek niýetim ýok. Meniň maksadym biziň ýurdumyzda özüne ynanýan, töwekgelçilikden gorkmaýan, jogapkärçiligini duýýan, ýaşaýşy söýýän adamlaryň ýetişmegine azajyk hem bolsa goşant goşmak. Ýöne adam ýetişdirmekde öwretmegiň ähmiýetini hem äsgermezlik edemok.

Ýöne üns berýän bolsaňyz, mysal getirýän aýratynlyklarymyň köpüsi öwrenmek işi bilen bagly däldir. Käbir mysallarda bolsa, bu iş düýbünden ýatdan çykýar. Şonuň üçin hem öýe ýumuş tabşyranyňyz da şeýle bir aýratynlygy gözden salmaň: «Soňundan seljerip, gözden geçirip we netijeleri barada okuwçylara maglumat berip bolmajak ýumuşlary olara bermäň». Eger ýumşuň süňňünde şu aýratynlyklar ýok bolsa, munuň üçin wagt ýitirip ýörmegiň näme hajaty bar?! Şeýle ýumuşlar olaryň jogapkärçiligi dogrusynda hem zyýanlydyr.

Öýe ýumuş tabşyrmak babatynda ikinji bilen şu ýörelgä üns berýärin: «Başarýan, men muny başardym, boldy...» diýen jümleleriň okuwçylaryň aňynda ýaňlanmagyny gazanmak uly başarnykdyr. Bu jümleler bize ýaşaýyşda iň gerekli duýgularyň birini – özümize bolan ynamy bagyşlar. Ine, öýe berlen ýumuşlar hut şu maksada hyzmat etmeli diýip pikir edýärin. Ýöne has kyn ýumuşlary hem bermäň. Bu ýumuşlar okuwçylaryň özüne bolan ynamyny hem syndyryp biler.

Öýe berilýän ýumuşlar bilen bagly üçünji bir aýdylmaly ýagdaý bolsa, mugallymyň olaryň netijeleri barada okuwçylara maglumat berýärkä, öwgüsini gysganmazlygydyr. Aslynda, hoş söz, ýaşyna garamazdan, hemmä ýaraýar. Ol çagalarda bolsa has uly täsir döredýär. Çagalar daş-töwerekdäkilerden, esasan hem, özlerine ýakyn hasaplaýanlaryndan güýçli täsir alýarlar. Eden işi bilen bagly bolsa-da, ýüzüne aýdylan her bir tankyt olaryň tutuş ykbalyna ýaramaz täsir edip biler. Şonuň üçin hem öwgi meselesinde jomartlyk ata-enelere-de, mugallymlara-da mahsus bolmaly esasy aýratynlyklaryň biridir. Ýöne öwýärkäň işi mundan hem gowy edip boljakdygyny ýaňzydyp bolar. Bu örän aňsat: ilki edilen işiň gowy taraplaryny aýtmaly, soňra ony has gowy etmek üçin ýollary salgy bermeli. Ine, bar bolany.

Öýe ýumuş tabşyrylanda ýa-da sapagyň dowamynda,

tapawudy ýok, mugallymyň okuwçylar bilen edýän gürrüňi esasy meseleden we onuň özüni alyp barşyndan uzaklaşmaly däldir. Aýdylýan söz okuwçyny öwýän hem bolsa, içinde «başarnyksyz» diýen ýaly sözleriň ulanylmagy eýýäm öwgä tankyt garar. Şonuň üçin hem haýsydyr bir okuwça «Sen sapaklaryňa gowşak ýetişýärsiň» diýmegiň deregine, sözlemi sypaýyrak düzmek has ýerlikli bolar. Men şeýle sözleriň aýratynlyklaryna häzir girjek däl. Ýöne «Men mugallym, men ilki adam, soňra mugallym» diýen düşünjäni ýatdan çykarmaň.

Ýokarda paýlaşylan pikirlere laýyk gelýän öý we synp ýumuşlary okuwçylaryň kämilleşmegine ýardam eder. Bu aýratynlyklar, ilkinji nobatda, okuwçynyň jogapkärçilik we ynamlylyk duýgularyny kämilleşdirýär. Ýöne esasy düzgüni ýatdan çykarmaň: bu düzgün nämä garaşýandygyňyzy bilmekdir. Nämä garaşýandygyňyzy bilip, şoňa görä iş alyp barmak iň dogry ýoldur.

### 15. Garaşmagy başarmak

Talypkam we işe başlamsoň tanan käbir mugallymlarym juda gysga wagtda köp maglumat berjek bolup, okuwçylaryna juda uly ejir berýärdiler.

Köp gürleýänine «gowy mugallymdyryn» öýdüp düşünýän kärdeşlerimiň okadýan okuwçylaryna haýpym gelýär. Bu ýagdaýyň täsin tarapy käbir ata eneler hem şol mugallymlar bilen pikirdeş. Ýöne şeýle «ukyply» kärdeşlerimiň adamyň öwrenmegi bilen bagly wagt dowamlylygyny unudýandygy gynandyrýar. «Adam nähili öwrenip bilýär?» diýen sowala jogap tapmaýan mugallymlaryň ýokardaky ýalňyşlyklary goýberýändiklerine ynanýaryn.

Aslynda, edilmeli iş örän ýönekeý: garaşmak we pikirlenmek üçin wagt aýyrmak. Belli bir wagt aralygyndan soň okuwçylara

aýdylanlar barada pikirlenmek üçin 30 sekunt çemesi wagt beriň. Siziň bu garaşmagyňyz olaryň aýdylanlary gowy özleşdirip bilmegi üçin iňňän bähbitlidir. Eger şeýtseňiz, okuwçylaryň ýüzünde rahatlygy we has çynlakaýlygy görüp bilersiňiz.

Her 10 minutdan soňra 30 sekuntlyk dymyşlyk bu işde peýdaly bolar. Eger geçilýän täze tema has çylşyrymly bolsa wagt aralygyny gysgaldyp hem bilersiňiz.

**16. Ýyldyza öwrüliň!**

Özüňizi dürsäň, çünki size köpiňiziň öwrenişmedik, käbir kärdeşlerim tarapyndan bolsa kabul edilmejek bir maslahatym bar. Ýöne dessine garşy çykmaga derek aşakdaky okajaklaryňyz barada biraz oýlanyp, soň bir karara geliň. Işiň gyzykly we üýtgeşik bolmagyny hem göz öňünde tutsaňyz gowy bolar. «Göz özüni görmez» diýýärler-ä! Hakykatdanda, öz gözümiz bilen özümizi görüp bilmeris. Diýmek, okuwçylarymyzdan başlap, ähli adamlar bize kemçiliklerimiz barada duýduryp biler. Biz bu duýduryşlary olaryň hereketlerinden we gözlerinden hem okap bileris. Ýöne men has anyk we ýerlikli duýduryşlary almagyň tarapdary.

Onsoň hem bu gyzykly bolmazmy?! Ýöne maslahat berjek usulym hemme zatdan öňürti sizden batyrgaýlygy talap edýär. Gaýratly bolup bilseňiz we durmuşyňyzda nämedir bir zatlary üýtgetmek isleseňiz, maňa gulak asyň. Ýöne ilki bir karara geliň: bu özgerişlik üçin sizde ýeterlik dogum-gaýrat barmy? «Men aýdanlaryňy edip, näme gazanaryn?» diýýän bolsaňyz, öňünden şuny biliň, mundan ozal nähili mugallym bolan hem bolsaňyz, şu maşkdan soňra siz düýbünden başga mugallyma, başgaça aýtsam, has gowy mugallyma öwrülersiňiz. «Men size goşulýan diýseňiz», ine, berjek maslahatym:

*Näçe zähmeti talap edýän bolsa-da, her okuw ýylynda*

*azyndan üç-dört sapagyňyzy wideoýazgy ediň. Bu işden özüňiz hem, okuwçylaryňyz hem hoşal bolar. Çünki wideoýazgy özüňi tanamagyň iň gowy we netijeli ýollarynyň biridir. Soň şol ýazgyny görüp, ýylgyryşyňyz, durşuňyz, özüňizi alyp barşyňyz bilen bagly nähilidir bir üýtgeşmeleri girizmek islärsiňiz. Şol bir wagtda-da, mugallym hökmünde özüňizde bar bolan artykmaçlyklara hem göz ýetirip bilersiňiz.*

Sapaga iň gowy ýetişýän synplaryňyzyň birinde iň täsirli geçip bilýän sapagyňyzy wideo ýazgy ediň. Okuwçylarada maksadyňyzy we olardan garaşýan zadyňyzy düşündiriň. Ýöne wideoýazgy bir synp bilen çäklenmesin, azyndan iki synpda şeýle ýazgyny ediň. Soňra öýde ähli gapylary ýapyň-da, şol ýazga tomaşa ediň. Özüňizde halan we kämilleşdirmeli taraplaryňyzy bellik etmek üçin, eliňize kagyz-galam alyň. Eger edip bilseňiz, bu ýazga maşgala agzalaryňyz bilen bile tomaşa ediň, goý, olaram öz belliklerini aýtsynlar. Başga has gowy usul hem bar: birnäçe ýazgydan soňra olary kärdeşleriňiziň birine görkezip, belliklerini aýtmagyny haýyş ediň.

Bahana gözlemäň, ynanýan we isleýän bolsaňyz, muny başararsyňyz. Birinden wagtlaýyn almaly bolsa-da, bir okuw ýylynyň dowamynda iküç gezek wideokamera tapmak kyn düşmez. Başda da aýdypdym: bu iş batyrgaýlyk, dogum we täzeçillige höwes talap edýär. Eger sizde şu aýratynlyklar ýok bolsa, edip biljek kömegim ýok. Işiň iň gyzykly we netijeli böleginden mahrum galmak – öz saýlan ýoluňyz.

## 17. 10/5 gözden geçirmek (gaýtalama)

Gaýtalamagyň öwrenmekdäki peýdasyny ählimiz bilýäris. Öwrenilenleriň hakydada hemişelik galmagynda gaýtalamagyň ähmiýeti örän uludyr. Eger täze bir temany özleşdirýän bolsag-a,

gaýtalamakdan başga çärämiz hem ýok. Sözlemler we kesgitlemeler ýat tutulanda hem gaýtalamagyň bahasyny ölçäp bolmaz. Umuman, ol öwrenmek işinde iňňän peýdaly usul. Muňa kärdeşlerimiziň köpüsi aňryýany bilen düşünýän hem bolsa, gaýtalamagy synpdan daşary iş ýa-da okuwçylaryň öz jogapkärçiligindäki zat hasaplaýar. Elbetde, bu-da möhüm. Ýöne meniň başga bir maslahatym bar. Şu usuldan köp kärdeşimiň peýdalanýandygyny hem bilýärin. Ýagny her 10 minutlyk sapak üçin gaýtalamaga wagt tapyň. Şunda okuwçylar sözlemleri özbaşdak düzmäge, sowallary bermäge üns bersinler.

## 18. Her okuwçy – bir şahsyýet

***Hekaýa***

***Näçe garlawaç kowduňyz?***

*Bir garlawaç bir adama aşyk bolupmyş. Onsoň ol ähli gaýratyny toplap, şol adamyň ýaşaýan öýüniň penjiresine gonýar-da, çüňki bilen kakýar: tyk, tyk, tyk. Adam ses gelen tarapa – penjirä seretse-de, muňa kän bir üns bermändir. Öz işi bilen meşgul bolup ýörmüş. Onsoňam onuň işden ünsüni sowjak bolýan kiçijik garlawaç dälmi?! Ol üns bereniňe degenog-a!*

*Ýöne garlawajyň hem çyny eken. Ol uludan bir dem alyp dogumlanýar-da:*

*– Eý, adam! Men saňa aşyk boldum. Ýöne sebäbini sorama! Köp wagtdan bärem seniň yzyňda janserek bolup ýörün. Şu gün ýüregimi bire bagladym-da, seniň bilen gürleşmäge geldim. Haýyş edýän, penjiräni aç-da, meni öýe sal. Bile ýaşaly – diýenmiş.*

*Adamyň bu garaşylmadyk teklibe jyny atlanmazmy:*

*– Ýene näme?! Ýok ýerden sen nirden çykdyň indi? Bolmaz, seni öýe salyp bilmen. – Adamyň tapan sebäbem juda*

*ýakymsyzmyş. – Sen guş ahyry! Heý, guşam ynsana aşyk bolarmy?*

*Dogry, bu söz garlawajyň ýüregine batypdyr, ýöne onuň aşyklygy hakdan eken, yza tesmändir. Ara biraz wagt salyp, ol şol adamyň ýaşaýan öýüniň penjiresiniň öňünde ýene gonýar:*

*– Eý, adam! Açsana penjiräňi! Meni öýe sal, men saňa dost bolaryn. Ýüregiňe-de düşmerin.*

*Adamyň bolsa şol öňki hörpümiş:*

*– Ýok, saljak däl! – Üstesine, öňküdenem gödekleşenmiş. – Meň işim kän, git, azar berme!*

*Gyş golaýlaberende garlawaç ýene onuň penjiresiniň öňünde gonýar:*

*– Seret, howa-da sowap başlady, üşeýän, meni öýe sal! Ýogsam ýyly ýurtlara göçmeli bolaryn. Çünki men diňe ýyly howada ýaşap bilýärin. Puşman etmersiň, günlerimiz gyzykly geçer. Bile nahar iýeris. Üstesine-de, sen ýalňyz ýaşaýaň-a! Ýalňyzlygyňy paýlaşaryn.*

*Hakykatdan gaçmak käbir adamlaryň tebigatynda bar. Bu adamam garlawajyň ýalňyzlyk barada aýdanlaryna ot bolup lowlanmyş, gahary hem gitdigiçe möwjänmiş:*

*– Men ýalňyzlygymdan hoşal, düşünýäňmi sen?*

*Soňra ol adam garlawaçdan özüne azar bermezligini sorapdyr. Garaz, ony kowupdyr. Bu synanyşygy-da başa barmadyk garlawaç uzaklara uçup gidipdir-de, uzak wagtlap gara bermändir. Ol gelmänsoň, adam bu gezek başgaça pikirlenip başlapdyr:*

*– Akylsyzlyk etdim-ow! Garaşman durkam, biri dostluk teklip etdi, men yza tesdim. Näme üçin kabul etmedim diýsene! Häzir içimi hümledip oturmanyň deregine, dostum bilen söhbet edip*

*bilerdim ahyry!*

*Garaz, adam eden işine ökünipdir. Ýöne soňky tüýkülik sakgal ezýärmi näme? Onda-da öz-özüne göwünlik berýärmiş:*

*– Howa gyzyp başlasa, geler-le! Ine, şonda oňa öýümden orun berip, bileje ýaşarys.*

*Şeýdip tä howa maýlaýança, onuň gözi ýolda galypdyr. Ýaman ýeri bahar gelip, beýleki garlawaçlar yza dolansa-da, şol adam bilen dostluk açmak islän garlawaçdan derek ýokmuş. Adam tä bahar, hatda tomus hem sowulýança penjiresini açyp, garlawaja garaşypdyr. Ýöne netije bolmandyr.*

*Ol ahyry maslahat almak üçin bir dananyň ýanyna barýar. Bolan-goýanlary gürrüň berýär. Dana ol adamy diňläp, ähli aýdanlaryna bir sözlem bilen jogap beripdir:*

*– Garlawaçlaryň ömri bary-ýogy alty aýdyr.*

*Durmuşda käbir zatlar babatynda bary-ýogy birje gezek mümkinçiligiňiz bolýar. Eger ondan ýerlikli we öz wagtynda peýdalanyp bilmeseňiz, şu hekaýatdaky garlawaç ýaly uçar gider. Käbir ýagşyzada sypatly adamlar hem ömrüňiz-de birje ýola gabat geler. Gadyryny bilmeseňiz, uzaklaşar gider. Gaýdybam gelmez. Ünsli boluň we pikir öwrüň: häzire çenli öz penjiräňizden näçe garlawajy kowduňyz?*

Her bir adamyň älem ýaly giň we uly sarpa eýe bolmalydygyny ýatdan çykarmaň. Käşgä, şu wagt ýüzbe-ýüz söhbet edip, men size bu barada hezil edip gürrüň bersedim. Bir gün meni öz işleýän mekdebiňize çagyrsaňyz, şu temany hökman ýatladyň, gürrüň edeliň! Hut şu babatda siziň bilen gowy goşgularyň birini paýlaşmak isleýärin.

## Çagalarym (Ryfat Ylgazdan)

*Tanamadym sizi synp depderinden,*
*Garagol çagalarym.*
*Sapakdan kän galýany,*
*Kinodan gelýärkä tanadym,*
*Goltugynda satylmadyk gazetler.*
*Tüssä boglan çaýhanada,*
*Agşamy özümçe garşylaýarkam,*
*Maňa süýji berdi iň bir ýaltaňyz.*
*Çyny bilen göterişmek isledi,*
*Elimdäki ysmanakly çemeni,*
*Bu synpdaky iň başagaý okuwçy.*
*Köpiňiz okuwa gelmän ýörsüňiz,*
*Possundyr aýakgap meselesinden.*
*Kim limon satyp ýör Balyk bazarda,*
*Kim Tagtagalda çaýçylyk edýär.*
*Ýöredeliň aç towugyň hasabyn,*
*Täze ýumurtganyň kaloriýasyny.*
*Gör, nämeler öwrenmedik synpda biz,*
*Ölçedik dünýäniň boýun-inini.*
*Hasapladyk uzaklygyn ýyldyzlaň.*
*Gürrüň etdik Orta Aziýa barada.*
*Gürrüňiň gyt mahaly.*
*Birlikde nämeler pikir etmedik,*
*Görmän gözümiziň alnyndakyny.*
*Garyşdyk biz bulutlaňam işine.*
*Güýzüň ýellerine tap getirmedik,*
*Hassa ýapraklara gynanma dykmy?*
*Gyşda serçelere haýpymyz geldi,*
*Özümizi unudyp.*

Indi pikir ediň: kimdir biriniň özüni mertebeli hasaplamagyna iň soňky gezek haçan ýardam beripdiňiz? Eger maňa «Ýaňyrak» diýip jogap berýän bolsaňyz, sizi tüýs ýürekden gutlaýaryn. Diýmek, siz ajaýyp adam! Bu hereketiň özüňizi has gowy duýmagyňyza kömek edendigine hem ynanýaryn. Edil şeýle duýgyny okuwçylaryňyz bilen hem paýlaşyň.

Munuň üçin her gün bu duýga mätäç bäş okuwçynyň adyndan ybarat sanaw düzüp bilersiňiz. Şol gün şol bäş okuwçy bilen bu ýakymly duýgynyň lezzetini paýlaşyň. Ýa-da olaryň ählisiniň doglan günlerini özüňize bellik ediň-de, kimiň doglan güni gelse, şol gün synp tagtasyna şol okuwçynyň ady bilen «Doglan günüň gutly bolsun!» diýen ýazgyny ýazyň. Okuwçylara ady bilen ýüzleniň. Nädip hem bolsa, olary öwmäge bir bahana tapyň. Şol bir wagtda-da ýylgyrmagyň güýjüni ýatdan çykarmaň. Mugallym hökmünde olaryň ykbalynda uly ornuňyzyň bardygyny unutmaň. Olar bilen gyzyklanýandygyňyzy görkeziň, kiçijik hem bolsa söýgiňizi, mähiriňizi we hormatyňyzy paýlaşyň. Şeýtseňiz, ynanyň, iň ýürekdeş synp siziň synpyňyz bolar. Şeýle-de, hut siziň tagallaňyz bilen synpdaky ýagdaýlaryň ýyldyrym çaltlygynda üýtgejekdigine ynanyň.

### 19. «Indiki gezekde»

Bu jümläni ulanmak duranja bir jadydyr. Çünki bu jümle okuwçylardan garaşýan zadyňyzy olaryň aňyna has düşnükli we çalt ýetirer. Mysal üçin: «Sabry, beýleki ýoldaşlaryň pikirlenýänçä, hemme sowallara sen jogap berýärsiň» diýmegiň deregine, «Sabry, indiki gezekde sowala jogap berjek bolanyňda, içiňden dörde çenli sanap, soň eliňi galdyrsaň gowy bolar» diýiň. Garaz, «indiki gezekdäni» ulanyň. Gudratyny görersiňiz.

Okuwçylardan isleýän zatlaryňyz-däl de, islemeýän zatlaryňyz

barada gürrüň eden gezekleriňizi ýada salyň. Şol sözlemleri «indiki gezekde» jümlesini hem goşuň-da, täzeden gaýtalap görüň. Ine, indi siziň diýjek bolýanlaryňyz okuwçynyň aňyna dogry we öýkesiz görnüşde ýeter. Barlap görüň, özüňiz hem halarsyňyz: «indiki gezekde».

### 20. Garaşmagyň güýji

Sapakdaky işjeňligi artdyrmak üçin täze temany düşündirýärkäňiz, arasynda bir dem alyň. Men bu örän sada, ýöne täsirli usuly «Garaşmagyň güýji» diýip atlandyrdym. Maksat okuwçylaryň ünsüni çekmek we muny amala aşyrmak üçin ýeterlik wagt aralygynda garaşmakdyr. Bu garaşmagyň wagty 4-5 sekunt aralygynda bolmaly. Ýerini bilip garaşmak okuwçylaryň ünsüni sapaga has ýakyndan çeker. Belki, siziň üçin 4 -5 sekunt hiç geçmejek ýaly görnüp biler. Käbir mugallym bolsa sapakdaky ümsümlikden gorkýar. Ýöne hut ümsümligiň kömegi bilen hem okuwçylaryň ünsüni sapaga çekip bileris. Şonuň üçin hem sapakda wagtyny bilip, şeýle garaşmalaryň birnäçesinden peýdalanyň.

Sözlemiň edil ortasynda dyngy berip garaşmak, görnüşi ýaly, ýeňil däl. Muňa öýde-de türgenleşip bilersiňiz. Eger şol dyngy bermek bilen maşgalaňyzyň ünsüni özüňize çekip bilseňiz, muny sapakda hem başararsyňyz. Şonuň bilen birlikde bu garaşylýan wagtda beýnimiz azajyk hem bolsa dynç alar. Bu aýratynlyk tä endik bolýança, türgenleşmekden ýadamaň. Soňra-da synpda ýa başga ýerde bolsun, sözlemleriň täsirini artdyryjy garaşmadan özüňiz hem lezzet alyň.

### 21. Çeňňek oklamak

Her bir sapagyň iň soňky 2-3 minudy ähli okuwçylaryň ünsüni çekip, aýdylanlary olaryň aňynda janlandyryp, sözler bilen jadylap,

gysgaça aýtsak, çeňňek oklap biljek wagt aralygyňyzdyr. Çünki indiki sapakdaky üstünlik şu sapagyň täsirli jemlenmesine bagly. Şonuň üçin her bir sapakda aýratyn ähmiýetli minutlar bolýar. Şolary bilmeli we deňiňden bihal geçirmeli däl. Sapagyň hut şol bölümini hem «çeňňek» diýip atlandyryp bileris. Ine, şol çeňňegi dogry oklap, okuwçylary sapaga baglap bilmek üçin 2-3 minut ýeterlikdir.

Bu usul çylşyrymly görünýärmi? Eger şeýle bolsa, ine, size üç maslahat:

1. Indiki sapagyň maksadyna kybap gelýän, şolbir wagtda-da özüne çekiji hekaýa gürrüň beriň.

2. Sapagy özüne çekiji sowal bilen jemläň. Mysal üçin: «Şu güne çenli eden iň akylly işiňiz näme?» diýen sowal bolup biler. Okuwçylara geljek sapagyň başynda bu sowalyň jogabyna garaşýandygyňyzy syzdyryň.

3. Sapagyň ahyrynda pikirlendirýän, täsin bir sözlem düzüň. Ol nakyl ýa-da kimdir biri tarapyndan aýdylan täsirli söz bolup biler. Mysal üçin: «Näme isleýäniňi bilmek oňa ýetmegiň ilkinji ädimidir», «Daş-töwerekdäkiler we şowsuzlyk emelsiz adamlaryň iň uly bahanasydyr» ýa -da «Eger bir adam bir işi başarýan bolsa, edil şonuň ýaly pida bilen bu işi her kes başaryp biler. Şol her kes sizsiňiz» diýen ýaly täsirli sözler okuwçylary özüne çekip biler. Okuwçylardan aýdylanlar barada indiki sapaga çenli pikirlenmeklerini haýyş ediň.

Bu usullaryň gyzykly we täsin boljakdygyna şek-şübhe ýok. Olaryň birini ulanyp bildiňizmi, diýmek, siz çeňňegi okladyňyz. Siz eýýäm geljekki sapaga uly artykmaçyk bilen başlarsyňyz.

## 22. Köpçülikde öwmek

Okuwçylary netijeli öwrenmäge höweslendirip biljek

hereketleriň iň esasylarynyň biri hem, olaryň gazanýan mynasyp öwgüleridir. Olaryň ählisi şol öwginiň öz adyna aýdylmagyny isleýär. Dogry, okuwçylary ýekelikde gabatlaşylanda öwmek hem netijeli, ýöne köpçülikde öwmegiň täsiri has başgaça. Köpçülikde öwmegiň netijesini hem has basym alarsyňyz. Bu usul ýaramaz häsiýeti bolan ýa sapaga gowşak ýetişýän okuwçylaryň hem dogry ýola gönügip gitmegine ýardam berer. Her bir adamda, gürrüňsiz, öwmek üçin bir sebäp bardyr. Her bir adamyň haýsydyr bir hereketi öwgä mynasypdyr. Üns beren mugallym şeýle ýagdaýlary tapyp biler. Rast şol ýagdaýa gabatlaşdyňyzmy, okuwçydan öwgiňizi gysganmaň, özem, mümkin bolsa, köpçülikde öwüň. Şeýlelikde, köpçülikden peýdalanmagyň bir ýoluny ele alarsyňyz. Görersiňiz, bu öwgi gysga wagtda öz netijesini berer. Ýöne bu işiň başga bir tarapy hem bar. Sizden edil şeýle öwgä beýleki okuwçylaryňyz hem garaşar. Olary hem uzak garaşdyrmaň, mümkinçilik boldumy, dessine öwüň!

Işe ertiriň özünde girişip bilersiňiz. Şu gün öýde ertir öwgä mynasyp bolup biljek bäş okuwçy barada pikirleniň. Ertir bolsa uzakly günläp olary öwmek üçin sebäp gözläň. Öweniňizde çynlakaý bolmak hem esasy zatdyr. Ýürekden öwüň. Köpçülikde öwmek bilen bir ykbala nur çaýýandygyňyzy özüňiz hem görersiňiz.

### 23. Belläp almak

Okuwça öwredip biljek iň peýdaly zadymyz onuň nähili öwrenip biljekdigini bilmegidir. Öwrenmek başarnyklary jadyly açara meňzeýär. Maglumata nädip ýetmelidigini, ony nädip öwrenmelidigini, öwrenenlerini aňynda nähili ýol bilen hemişelik saklamalydygyny, olary nirede ulanmalydygyny bilýän okuwçydan üstünligiň gaçyp gitjek ýeri ýok. Alymlar bu başarnyga «Mesele

çözmek başarnygy» hem diýýärler. Öwrenmek başarnygy birnäçe zat arkaly amala aşýar. Olaryň arasynda belläp almak endigi aýratyn ähmiýete eýedir. Edilen bellikler gysga we düşnükli bolsa, aýdylýan zatlara okuwçylaryň has çuňňur düşünmegine ýardam edýär. Ýöne şahsy tejribäm okuwçylarymyň, hatda uly adamlaryň hem köpüsiniň belläp almak endiginden ýerlikli peýdalanyp bilmeýändigini görkezdi. Niçikmi, belliklerden peýdalanmaly wagty gelýärem welin, olara düşünmek hyllalla bolýar. Eger maglumatlar ulgamlaýyn, biri-biri bilen baglanyşykly bolmasa-ha işiň has-da kyn.

Aşakda size belläp almagyň aýratyn hemde gyzykly bir usulyny maslahat bermek isleýärin. Eger bu usuly okuwçylaryňyza geçirip bilseňiz, bu olar üçin eden ýene bir uly ýagşylygyňyz bolar.

Bu usul örän sada. Ilki depderiň bir sahypasynyň dörtden biriçeräk ululykda dörtburçluk çyzdyryň. Onuň içine-de sapagyň temasyny ýazdyryň. Soňrada dörtburçlugyň daşyndan diagonal çyzyklary çyzdyryň. Sapak düşündirilýärkä, okuwçylar ilkinji öwrenen maglumatyny şol çyzyklaryň birine ýekeje söz bilen bellik etsinler. Eger şol maglumat boýunça ýene goşmaça bellikler gerek bolsa, diagonal çyzyga hem goşmaça çyzyklary goşuň. Her çyzykdaky bellik hem bir sözden kän bolmasyn. Ähmiýeti boýunça birinji derejeli täze maglumatlar ýüze çykanda bolsa, olary beýleki çyzyklara belleşdiriň. Şeýlelikde, tutuş sapagy «beýan edip biljek» adalgalaryň toplumy emele geler. Olara bir bakyşda göz gezdirip bilersiňiz. Bu bolsa bellik kagyzlarynyň arasynda bogulmakdan has peýdalydyr. Belläp almagyň bu usuly karta çalymdaşdyr. Bellik kartasy okuwçynyň şol bir temany gaýtalap okamak zerurlygyny aradan aýyrýar. Öz eli bilen döreden kartasyna göz gezdirmek onuň dersi özleşdirmegi üçin ýeterlik bolar.

Tä endige öwrülýänçä, okuwçylaryňyzyň maglumatlary gysga görnüşde belläp alşyna gözegçilik ediň. Elbetde, ilkibaşda

okuwçylaryňyzyň agramly bölegi bellik kartasyndan peýdalanmak islemez. Ýöne hut şeýle usulyň öýde sapaklara taýýarlanmagyň wagtyny 80 göterim azaltjakdygyny, netijeliligini bolsa edil şonça artdyrjak dygyny bilenlerinde, bu işden ýüz öwürmeseler gerek. Belläp almagyň ýokarda maslahat berlen usulyndan peýdalanmagy endik edinen okuwçylaryň gaýdyp ozalky usullara dolanmajakdygyny ynamly aýdyp bilerin.

***Hekaýa***

*Ýap-ýaňy kärdeşlerimiň birinden fizika dersinden alnan synaga baha bermek üçin çakylyk aldym. Ol synaga gatnaşan okuwçylaryň biriniň beren jogabyndan halys kanagatlanman, oňa «0» bal goýan eken. Okuwçy hem munuň bilen ylalaşmandyr. Ol özüniň has gowy jogap berendigini öňe sürýän eken. Garaz, meseläni bitarap eminiň çözüp biljekdigine ynanypdyrlar we meni çagyrypdyrlar. Çakylyk gelen dessine şol kärdeşimiň ýanyna bardym-da, synagda berlen sowaly we okuwçynyň jogabyny okadym.*

*«Barometriň kömegi bilen binanyň beýikligini nähili ýol bilen ölçäp boljakdygyny görkeziň!».*

*«Barometri binanyň iň ýokarky gatyna çykarmaly. Ujuna ýüp baglap, ony aşak oklamaly. Gaýtadan ýüpi ýokary çekip, onuň uzynlygyny ölçemeli. Ýüpüň uzynlygy binanyň uzynlygyny görkezer».*

*Jogap, gürrüňsiz, täsindi. Ýöne bu jogaby üçin okuwça bal berip bolarmy? Okuwçynyň sowala doly we dogry jogap berendigine ynanýandygyna, şonuň üçin hem mynasyp baha garaşýandygyna düşündim. Eger şeýle baha berilse, sowala ýalňyş jogap beren okuwçynyň fizika dersiniň synagyndan üstünlikli geçmegi hem adalatly boljak däl. Şonuň üçin hem okuwçydan şol bir sowala gaýtadan jogap bermegini haýyş etdim. Munuň üçin*

*oňa 6 minut wagt berdim, ýöne beriljek jogapda fizikanyň kada-kanunlarynyň hem orun almalydygyny aýratyn nygtadym. Berlen wagtyň bäş minudynyň geçendigine garamazdan, okuwçynyň kagyzy arassa durdy. Başga synpda sapagymyň bardygyny aýdyp, okuwçydan sowala jogap berip biljekdigini ýa bilmejekdigini soradym. Ol bolsa:*

*– Ýok, synanyşjak – diýdi. – Aslynda, bu sowala birnäçe ýol bilen jogap berip bolar. Men şolaryň iň gowusyny saýlamaga çalyşýaryn.*

*Pikirini bölenim üçin ondan ötünç sorap, ýene-de sessiz-üýnsüz garaşmaga başladym. Bir minut geçensoň okuwçydan şeýle jogap aldym:*

*– Barometri binanyň çür depesine çykararyn. Soňra üçegiň üstünden ony aşak oklaryn. Oklap-oklamankam hem wagt tutmaga başlaryn. Barometr ýere ýetenden hem wagty saklaryn. Şondan soň ýörite formula bilen binanyň beýikligini kesgitlärin.*

*Jogaby alyp kärdeşimiň gözlerine seretdim, ol bu gezek keýpihon halda oňa mynasyp bolan bahasyny berjekdigini aýtdy. Şeýdip ikisini ylalaşdyryp, synpdan çykyp barýarkam, okuwçynyň sowalyň birnäçe jogaby bardygy barada aýdany ýadyma düşdi-de, hyrra yzyma öwrüldim:*

*– Häli, muny ölçemäniň başga ýollaram bar diýipdiňmi?*

*– Elbetde, bar, mugallym! Mysal üçin, gündiz daşary çykyp, barometriň kölegesiniň hem-de binanyň kölegesiniň ölçeglerini alyp hem binanyň beýikligini aňsatjak bilip bolar.*

*– Dogry, beýleki ýollar nähili?*

*– Başga has ýeňil ýoly hem bar munuň. Häzir aýtsam, sizem halarsyňyz. Barometri elimize alyp, basganÇaklar bilen binanyň ýokarky gatyna dyrmaşyp başlamaly. Ýolugra-da, binanyň boýunyň barometriň boýunyň näçe essesidigini hasaplap gitmeli.*

*Has takygy, binanyň üstüne çykýançak barometriň beýikliginiň näçesini alyp bileris, şony bilmeli. Bu boýy fizikasyz, adaty ýagdaýda ölçemekdir.*

*Eger has çylşyrymly ýoly sorasaňyz, barometre ýüp daňyp, ony binanyň üstünden sallamaga başlamaly. Soňra-da iň ýokarky gat bilen barometriň ýere baryp ýetýän nokadynyň aralygyny ölçemeli. – Iň soňunda-da okuwçy şeýle diýdi: – Eger çözgüdi fizikanyň kada-kanunlary bilen çäklendirmeseňiz, ýene-de birnäçe ýoluny tapyp bolar. Mysal üçin, barometri eliňize alyp, binanyň garawulynyň ýanyna baryp hem binanyň beýikligini sorap bilersiňiz.*

## 24. Görelde almak

Bir adam bir işiň hötdesinden gelýän bolsa, edil şonuňkyçarak ukyp we zähmet bilen, şol işi başga bir adam hem başaryp biler. Köpimiz üstünlige ýeten adamlara has ýokary nazar bilen seredýäris: «Ol od-a! Men muny başaryp bilmen» diýip, synanyşman boýun egýäris. Durmuş bolsa «Ol eden bolsa, menem ederin» diýýänleriň üstünliklerinden doludyr. Biler bolsaňyz, şowsuz synanyşyklarymyzyň köpüsiniň astynda özümize öz ellerimiz bilen çeken serhedimiz sebäp bolýar. Haýsy hem bolsa bir ugurda ýeten üstünligi mesaňa görnüp duran adamyň edýänlerini, aýratynlyklaryny, nädip edýändigini, özüni alyp barşyny «göçürmäge» görelde almak diýilýär. Biz bu usulyň aýratynlyklaryny heçjiklemeris. Ýöne bir zady aýtmaly: bu usul durşuna «göçürmek» däldir. Özümize mahsus bolan aýratynlyklardan bütinleý ýüz öwrüp, başga biriniňkini çilmek hem däldir. Her bir üstünlik arkasynda yz galdyrýandyr. Bu usul üstünligiň şol yzlaryndan peýdalanmakdyr.

Mugallymçylykda täze okadyş ýollary öwrenilýärkä, wagt we

energiýa tygşytlamagyň iň gowy ýoly siziň öwrenmek isleýän usulyňyzda kämilleşen mugallymdan görelde almakdyr. Siziň bilen şol bir dersden sapak geçýän we sapak geçişine-de göwnüňiz ýetýän kärdeşiňiziň okadýan synplaryna baryň-da, iň yzky hatara geçip, onuň işini synlaň. Käbir zatlary belläp alyň. Esasan hem, özüňiz üçin täzelik bolup biljek aýratynlyklara üns beriň. Şuňa ýaltanmasaňyz, gysga wagtda özüňiz hem, mekdebiň göreldeli mugallymlarynyň hataryna girip bilersiňiz.

Bu usuldan peýdalanmagyň öňünde duran iň uly päsgelçilik bizi, köplenç, köp zatdan mahrum edýän özümize göwnüýetijilikdir. Eger mugallym «Bu işi menden gowy etjek bolmaz» diýýän bolsa, onuň kämilleşmegine garaşmaň. Eger siz şeýle pikirde bolsaňyz, onda şuny aýtmak isleýärin: şol göwnüýetijiligi hem, siz kimdir birinden alansyňyz. Ýöne şol alan göreldäňiz başga has gowy göreldeleri almagyň ýoluny kesýär. Bizde «Ejem: «Gyzymyň gyzyndan çörek ýapmagy öwrendim» diýdi» diýen nakyl bar. «El elden üstündir» diýen nakyly hem bilýänsiňiz. Biz özümizden üstün eliň eýesiniň ynsan hökmündäki aýratynlyklaryny göçürmeýäris. Ondan görelde alýarys. Öý hojalykçy zenanlary göz öňüne getiriň. Olar kimdir biriniň üýtgeşik bir tagam taýýarlaýandygyny görseler, derrew özleri hem şony taýýarlap görmek isleýärler. Günlerde bir gün hem şol tagamy özbaşdak taýýarlap ýören öý hojalykçy zenana gözüňiz düşer. Aýdaly, siz hem şeýle etmegi gowy görýärsiňiz. Kimdir biri üýtgeşik bir tagamyň taýýarlanylyşyny bilýär. Ondan bu tagamy öwrenmek isleýärsiňiz. Ýöne ol zenan yzygiderli sakgyç çeýneýär, siz bolsa sakgyjy ýigrenýärsiňiz. Ine, şonda: «Sakgyç çeýneýän adamyň taýýarlaýan tagamyny öwrenmek meniň üçin kiçilik bolar» diýermisiňiz? Görýäňizmi, nähili manysyz?! Siziň maksadyňyz sakgyç çeýnemegi däl-de, tagam taýýarlamagy endik edinmek ahyry.

Indi başga bir kärdeşiňiziň sapagyna iň soňky gezek haçan gatnaşandygyňyz barada pikir ediň. Ondan soň hem sapak geçişi özüňiz üçin nusga bolup biljek mugallymy saýlaň. Sapaklarynyň birine gatnaşmak üçin ondan rugsat soraň. Siziň ele geçirjek ilkinji zadyňyzyň özüniň sapak geçişine hormat goýulýan kärdeşiňiziň gözlerindäki şatlyk bolar. Az wagtda köp zady öwrenmek bolsa siziň ikinji bir gazanjak ýeňşiňizdir. Eger şol mugallymyň haýsy aýratynlyklaryny özüňize siňdirmek isleýän bolsaňyz, bu barada onuň özüni hem habarly ediň. Ýene bir zady, sapaga gatnaşmaga baranyňyzda sorajak zatlaryňyzyň sanawyny hem ýatdan çykarmaň. Belki, sowallar sapagyň dowamynda hem ýüze çykyp biler. Mahlasy, bu «myhmançylygy» meýilleşdirmek siziň biraz wagtyňyzy alyp biler, ýöne görjek haýryňyz çeken zähmetiňize deger. Şonuň üçin hem okuwçylaryňyza gowulardan görelde almagy öwrediň. Ýene bir gezek ýatladýaryn: «Üstünlik arkasynda yz galdyrar». Bir adam bir işi başarýan bolsa, muny başgalar hem başarar. Elbetde, munuň üçin ukyp we gaýrat hem gerek.

### 25. Hekaýa gürrüň bermek

Hekaýa gürrüň bermegiň jadyly güýjünden peýdalanyp sapak düşündirmek okuwçylary şol sapaga çekmegiň iň ajaýyp ýollarynyň biridir. Hekaýa gürrüň bermek sapakda okuwçylaryň işjeňligini artdyrýar. Hekaýa kimdir biriniň başyndan geçirenleri bilen hem baglanyşykly bolup biler. Esasy zat ony gürrüň berýärkäňiz keşpleri we wakalary, şonuň bilen birlikde täze öwrenilýän maglumaty okuwçylaryň aňyna ýerleşdirjek boluň. Hatda sapaga täsirli hekaýa bilen başlamak siziň indiki etjek işleriňizi ep-esli ýeňilleşdirip biler. Munuň üçin hekaýanyň gürrüň beriljek wagtyny we wakasyny oýlanyşykly saýlamak gerek. Şunda okuwçylaryň gözlerine seretmek we olardan nämedir bir zatlary okap bilmek ýeterlikdir. Sapagyň bir ýerinde okuwçylaryň

gözlerindäki manysyz bakyşlar gözüňize ildimi, diýmek, bu olaryň pikiriniň başga ýerdediginiň alamatydyr. Ine, edil şol pursatda gürrüň berjek hekaýaňyz siziň dadyňyza ýeti şer. Hekaýa jadylydyr. Islendik adama bir zady düşündirmegiň hem iň täsirli ýoly hekaýa bilen baglamakdyr.

Iň gowy görýän sapaklaryňyzyň birinde muny synag edip görüň. Özi hem hekaýany gürrüň berýärkäňiz keşplere girseňiz has gowy bolar. Şeýlelikde, okuwçylaryňyz ýene synpa «nädip gaýdyp gelenini hem» duýman galarlar. Şonuň üçin hem sapagyň täsiriniň gaçyp başlajak ýerleri üçin öňünde hekaýa taýýarlap goýsaňyz, has ýerlikli bolar. Hekaýa gürrüň berýärkäňiz okuwçylaryň başlaryny galdyryşlaryna, gözlerini açyşlaryna şaýat bolarsyňyz. Käte bolsa hekaýanyň iň täsirli ýerinde saklanyň-da: «Hany, aýdyň, şundan soň näme bolandyr öýdýäňiz?» diýip, olara ýüzleniň we 30 sekunt çemesi garaşyň. Bu hereket pikirleri janlandyrmak üçin peýdalydyr. Şeýle usuldan hekaýanyň jemleýji bölümlerinde ulanmak has ýerlikli bolar.

*Kärdeşler, hekaýa gürrüň bermegiň güýjünden peýdalanyň!*

## 26. Düşünje – Mysal – Düşünje

Okuwçylaryň ünsüni sapaga jemlemekde kynçylyk çekýän bolsaňyz, **DMD** (Düşünje – Mysal – Düşünje) usulyndan peýdalanyň.

Munuň üçin kyn düşünjeleri bolan sapaklaryň birini saýlaň. Ilki bilen düşünjäni öz akyl elegiňizde eläp, ony okuwçylara sada dilde ýetirmek barada pikirleniň. Pikirleriňizi aýdyň we takyk adalgalar bilen ýazyň. Soňra-da şu düşünjäni okuwçylaryň aňyna siňmäge ýardam etjek mysallary toplap başlaň.

Eger okuwçylara bir kesgitlemäni öwretjek bolsaňyz, onda onuň asyl manysyny doly aýdyňlaşdyryň. Soňra-da hekaýa ýa

başga kömekçi serişde bilen täze düşünjä degişli aýdyň mysallary getiriň. Bu mysallar täze öwrenilýän düşünjäniň güýjüni, aýdyňlygyny we ynandyryjylygyny üpjün eder. Soňra kesgitlemä (düşünjä) gaýdyp gelip, ony öz diliňiz bilen okuwçylara düşündiriň. Okuwçylaryň düşünendigine anyk göz ýetirmek üçin, olaryň käbirinden täze düşünje baradaky şahsy pikirlerini soraň. Goý, olar hem bu kesgitleme barada öz mysallaryny getirsinler.

Şeýlelikde, DMD usuly täze düşünjeleri öwretmekde size ýakyn ýardamçy bolup biler.

**27. Höweslendiriň**

Mugallym hökmünde ilkinji maksatlaryňyzyň biri okuwçylaryň ynamyny gazanmak bolmalydyr. Ynam kyn gazanylýan, ýöne aňsatlyk bilen ýitirilýän zatdyr. Ynanýan adamymyzyň ýakynymyzda bolmagy bize ýaşaýyşda uly güýç berýär. Siz okuwçylaryňyz üçin şol adamsyňyz ýa-da şol adam bolmalysyňyz. Olaryň özüňize bolan ynamyny güýçlendirmek üçin bolsa ýüzlerçe mümkinçiligiňiz bar. Olaryň birine ünsüňizi çekeýin: her bir sapagyňyzy taslaň, kagyza käbir bellikleri edip gelmek sapakdaky işiňizi hasda ýeňilleşdirer. Onsoň hem olaryň berilýän maglumaty doly özleşdirip-özleşdirmänligine, berlen ýumuşlary ýerine ýetirmegine garaşmazdan, azda-kände düşünip, azda-kände özleşdiren okuwçylary hem öwüň. «Hany, sen bir tamamla, soň görersiň menden!» diýen kör düşünjäni terk ediň. «Boljak öz-ä!» diýen pikire gulluk edýän öwgi okuwçylaryň zehinini has açmaga, olary dogry ýola gönükdirmäge ýardam eder. Okuwçylar hemişe mugallymyň özlerine gönükdirilen hoş sözlerine garaşýarlar. Heniz doly dogry bolmasa-da, olardan öwgiňizi gysganmaň.

Kiçijik bir üstünlik üçin uly zähmet sarp edýän bolsa, şol başarnyga ýetip bilmeýän bir okuwçyny saýlaň-da, ony dogry

ýoldadygyna ynandyryň. Sähelçejik başarnygy üçin hem öwüň. Sähel salym geçip-geçmänkä, onuň şol işe has uly güýç bilen ýapyşyşyna şaýat bolarsyňyz. «Her ýylgyryş bir ýeňişdir (üstünlikdir)».

## 28. Indiki gezek... Has gowy

Her sapak gowy geçmän biler. Okuwçylaryň käbiri başarjaň bolup biler, käbiri muny başarmaz. Ýöne agsaýan sapagy iň gyzykly sapaklaryň birine öwürmegiň ýoly juda bir kyn däl. Munuň üçin üç zady ýazmaly. Şeýdip sapagyň hiliniň gowulaşmagy üçin diýseň gymmatly serişdäni gazanyp bilersiňiz.

Maslahat beriljek ýol üçin bir boş kagyz bilen galam gerek. Kagyzy keseleýin tutup, üç sütünden ybarat sada jedwel çyzyň. Şol sütünleriň ilkinjisiniň ýokarsyna «Näme edildi?», ikinjisine «Näme edilmeli?», üçünjisine bolsa, «Indiki gezekde» diýip ýazyň. Ilkinji iki sütüniň maksady düşnükli. «Indiki gezekde» atly sütünden bolsa sapakdaky kemçilikleri düzedip biljek zatlary ýazmak üçin peýdalanyň. Ýazyň, okaň, netijesini görersiňiz.

Içgysgynç sapak gutaryp gutarmanka sütünleri doldurmak üçin wagt tapyň. Bu ýagdaýy bir näçe sapakda endige öwrüň. Ine, onsoň «Indiki gezekde» bölümine ýazanlaryňyz bilen sapagyň gowulyga tarap özgerýändigini özüňiz hem görersiňiz. Hemişe şol bir işi şol bir görnüşde edýän bolsaňyz, aljak netijäňiz hem şol bir zat bolar.

## 29. Ýeterlik gyzyklanma bildiriň

Üstünlik gazanan ýada işleri pyrryk islendik adamyň düşen ýagdaýynyň aňyrsynda başgalaryň oňa bolan gyzyklanmasy ýatandyr. Bu düzgün hem ululara, hem çagalara, şol sanda okuwçylara-da degişlidir. Özüňiz aýdyň, ömrüňizde uly yz

galdyran adama garaýşyňyz nähili?

| Sapagyň ady:<br>Synp: | Tema:<br>Sene: | |
|---|---|---|
| Näme edildi? | Näme edilmedi? | Indiki gezekde |
| | | |

Dostlar, kimdir biri bilen gyzyklanmagyň, kimdir birine ýakyn durmagyň dört görnüşi bar. Olar gowy (1), ýaramaz (2) tarapdan gyzyklanmak, asla gyzyklanmazlyk (3) we belli bir dereje gyzyklanmakdyr (4). Indi bu sananlarymyza ýönekeýje mysallary getireliň. Aýdaly, bir dostuňyz täze boýunbag satyn alypdyr-da, ony dakynyp gelipdir. Eger biz ýokarda görkezilen gyzyklanmalaryň birinji görnüşine uýsak, «Boýunbagyň juda owadan eken, saňa gelşäýipdir» diýmeli. Ikinji görnüşde *«Şundan başga boýunbagy tapmadyňmy-aý?»* diýip, onuň göwnüni bölmeli. Üçünji görnüşe uýsak bolsa, onuň täze boýunbag dakynanyna üns hem bermeýäris ýa görsegem, görmediksirän bolýarys, ýa-da *«Mugallymdyr-da, boýunbag dakynmasa bolmaz-a!»* diýeris. Soňky görnüşde gözleriňiziň näme diýýänini boýunbag satyn alan kärdeşiňiz özi «okap» biler.

Biz ilki adam, soň mugallym. Diýmek, her birimizde birinji görnüşli gyzyklanmany başaryp biljek derejede gaýrat bar. Şol gyzyklanmanyň adamlarda döredýän täsirini göreniňizde bolsa, eden hereketiňize buýsanarsyňyz. Kimdir birinden hoş sözleri eşiden adamyň diňe bir üstünliklerinde däl, durmuşynda hem özgermeler bolup bilýär. Üstesine-de, olaryň kalbyna mundan beýläk hem adamlar bilen hoşmeýilli bolmak duýgusy gonýar. Eger şol gyzyklanmany bagyş etmesek, olar bu ýagdaýa öwrenişip,

özleriniň gerekmejek adamdyklaryna ynanýarlar. Bu ýowuz ynanjyň nämelere eltip biljekdigi barada özüňiz pikir ediň. 1999-njy ýylda Adanada gysga möhletli okuwa gatnaşan bir kärdeşimiň gürrüň beren wakasy ýadyma düşdi:

*Bejergi gidip durka Mehmet beýe ýüzlendim:*

*– Aýalyňa iň soňky gezek haçan «Seni söýýärin» diýdiň?*

*Mehmet beý az salym pikirlendi-de: «7-8 ýyl-a bolandyr» diýip, äwmezlik bilen jogap berdi. «Näme üçin düýn däl?» diýenimde bolsa, «Aýdýanyň näme, çaga ýaly, ýygy-ýygydan «Seni söýýärin» diýip gaýtalap ýöreýinmi?!» diýen jogaby eşitdim. Aradan birnäçe gün geçensoň Mehmet beý pikir öwrüpdir-de, «Şuňkam mamla bolaýmasyn! Hany, bir synap göreýin» diýen karara gelipdir. Bir desse gül alyp, aýalyna: «Seni söýýän, mähribanym!» diýende, aýaly näme diýipdir, bilýäňizmi? «Sen näme işleri edip ýörsüň? Ýaranjaňlyk etme-de, göniňden geliber».*

Dostlar, ol zenanyň başyna düşen ahwala «gyzyklanmagyň urgusy» diýilýär. Onuň üçin ýanýoldaşynyň özi bilen gyzyklanmazlygy şeýlebir adaty ýagdaýa öwrülipdir welin, indi ýürekdeş gyzyklanmalary kabul edibem bilenok, başgaça düşünýär. Onuň beýnisinden beýle galyp bütinleý ýok bolup gidipdir. Şonuň üçin hem ýokarda okan jogabyňyz berilýär.

Bilýän, gürrüňi biraz uzaltdym we pikirlerimi derbi-dagyn etdim. Ýöne haýyş edýän, unutmaň, töweregimizdäki adamlaryň, okuwçylarymyzyň, dostlarymyzyň, ýanýoldaşymyzyň, çagalarymyzyň, hatda gündelik ýaşaýşymyza dahylly her bir adamyň, öýümizde işleýänleriň, dükançynyň, köçede oturan, häli-şindi öňünden geçýän Ahmet agamyzyň biziň gyzyklanmamyza haky bar. Gyzyklanmalarymyz diňe bir olaryň üstünligine we özüni alyp barşyna täsir etmeýär. Sähelçe gyzyklanma hoş duýgularyň birnäçesini bagyşlaýar. Özüňizde

barlaň, kimdir biri bilen ýakyndan gyzyklanyp, ýürekdeş gürrüň edeniňizden soň, öz kalbyňyza nähili ýakym çaýylýar?! Eger agşam ýatanyňyzda: «Bu gün men kimiň özüni gowy duýmagyna goşant goşdum? Ýylgyryş, salam, hat ýa başga zat?..» diýen sowala jogabyňyz ýok bolsa, gynanýan, siz güni bihal geçiripsiňiz.

Indi esasy gürrüňe gaýdyp geleliň. Okuwçylar bilen ýakyndan gyzyklanmagyň birnäçe ýolunyň bardygyna garamazdan, olaryň içinde iň täsirlisi durup, olary diňlemekdir. Olaryň zerurlyklar, islegleri we meseleler barada aýdýanlaryny diňläň. Munuň üçin her gün birnäçe minudyňyzy sarp etseňiz hem ýeterlik bolar. Ýöne şojagaz minutlar siziň okuwçylaryň aňynda ajaýyp adam bolup galmagyňyza ýol açar. Birmahal siziň üçin hem şeýle ýagşylygy eden mugallymy häzir hem ýakym bilen ýatlaýandygyňyza ynanýaryn.

Munuň üçin şeýle etmäge mejbur okuwçylaryň sanawyny düzüň. Günüň dowamynda olaryň birki sanysyny diňlemäge wagt tapyň. Okuwçyny gürletmegiň iň gowy ýoly onuň gyzyklanýan zatlary bilen bagly sowallary bermekdir. Şonuň üçin birnäçe sowal taýýarlasaňyz has gowy bolar. Diňläň, diňlemek sowgatlaryň ulusydyr. Çünki diňlemek adamlara gadyr goýýandygyňyzy görkezýär.

**Kiçijik balyk**

*Iýilýän bir zatdyr öýden bolmaly,*

*Atyldy çeňňege tarap*

*Dodagynda güýçli agyry syzdy,*

*Gümmür-gümmür ýandy ýüregem.*

*Soňam çeňňek bilen ýokary çykdy.*

*Aslynda, hemişe höwes edýärdi,*

*Deňizleriň üstüni.*
*Nämä meňzeýärkä ajaýyp asman?*
*Bir tarapda dag ýaly gyzyklanmasy,*
*Başga bir tarapda ölüm gorkusy.*
*Käbir bagtlylar bar, şeýle bagtlylar,*
*Olar asman bilen adamy görüp,*
*Soň olardan halas bolup bilenler.*
*Barmaklarnyň arasynda balykçyň,*
*Düşündi gelenne ýoluň soňunyň.*
*Birmahal ýüregi deňze sygmadyk,*
*Balyk indi ýüzýär ýaşyl legende.*
*Bar zat göz öňünden geçdi bir demde,*
*Görse, ýalmanyp dur gara pişigem.*
*Goja dünýä assa-ýuwaş garaldy,*
*Başam aýlanýardy.*
*Soňky gezek giden mawy çuňlugy,*
*Hyýalynda aýlap ýuwdundy balyk.*
*Ap-ak merjenleri, ýaşyl otlary,*
*Hyýalynda aýlady.*
*Şol mahal eglip aldym-da ony,*
*Gadam goýdum mawy kenara sary.*
*Ogşap onuň kindiwanja başyndan,*
*Iki damja gözýaşyndan ybarat,*
*Dabarajyk bilen atdym deňze.*
*Biraz salym şeýle bir bakdy ol,*
*Soňam begenç bilen ýüzdi-de gitdi.*

*Gaýgy-gussasyny kenarda taşlap.*
*Unutmady balyk minnetdarlygam,*
*Elimde galdyryp iküç teňňesin.*
*Gözüme bakyp balykçy hem pişigi,*
*Meňzediler maňa höküm kesjege.*
*Günleriň bir güni galaýsam menem,*
*Legendäki balyk ýaly çäresiz,*
*SOŇKY DEME ÇENLI UMYDYM BOLSUN.*

**30. Gülkünç kartlar**

Gülmek öwrenmäge joşgun berýär, çünki durmuş has köp gülkä mätäç. Gülki egniňdäki ýüki ýeňledýär. Synpda şeýle bir çekişme hem gurap bilersiňiz: onuň maksady nähili ýüzüň islendik adam üçin ýakymlydygyny kesgitlemek bolsun. Ýylgyryş – orta çykjak ýeke-täk jogap bolar. Degişmäniň sapaklaryň jümmüşine hemişelik aralaşdyrjak gural «Gülkünç kartlar» bolar. Bu kart okuwçylary döredijilige hem höweslendirer. Karty çaklaňja degişme gazeti hökmünde göz öňüne getiriň. Kartlarda okuwçylaryň ýazan degişmeleri, gülkünç tapmaçalar, elde çekilen karikaturalar we okuwçylaryň başyndan geçen wakalar orun alsyn. Ýöne okuwçylaryňyza degişmekde çäk goýmagy hem öwrediň. Bu işi olary toparlara bölüp hem edip bolar. Mysal üçin, synpy dört-bäş topara bölüp, her topardan birine gülkünç kart taýýarlamagy ýumuş tabşyryp bilersiňiz. Bu işi edýärkä okuwçyny höweslendiriň we peýdalanyp biljek zatlary barada maglumat beriň. Taýýarlanjak kartyň okuwçynyň öz pikirlerine mahsus bolmagyna hem üns beriň. Soňra-da şol işi edýän okuwçylara ynanyň.

### 31. Akylyňda gaýmalaşýan jogaplar bilen diňlemek

«Ýene diňlemekmi?» diýýänsiňiz. Hawa, ýene diňlemek. Şol bir zada kitabyň birnäçe ýerinde ýüzlenmegimden ýadan bolmagyňyz hem ahmal. Eger şeýle pikir edýän bolsaňyz, diýmek, men maksadyma ýetipdirin.

Kärdeşler, okuwçylaryňyza edip biljek serpaýlaryňyzyň iň ulusy diňlemekdir. Ýöne bu o diýen aňsat däl. Çünki her birimiziň beýnimiz bir topar mesele bilen dos-doludyr. Onuň bu «başagaýlygy» bolsa, akylly başly diňlemegi kynlaşdyrýar. Netijede, okuwçyny kelläňizde gaýmalaşýan jogaplar bilen diňlärsiňiz.

Muny şeýdýänimizi söhbetdeşimiz aňar, sebäbi bu duýgyny gizläp bolmaýar. Köplenç, söhbetdeşimiz aýtjagyny aýdyp bolandan soň, sekundyň 10-dan biri çemesi wagtdan jogap berip başlaýarys, käte bolsa onuň sözüni bölmämiz hem ýok däl. Kimdir birini ýürekden diňleýändigiňizi görkezmek üçin onuň gözlerine serediň, gulak däl, kalp bilen diňläň. Baş atyp ýa mylaýym ýylgyryp özüni diňleýändigiňizi duýdursaňyz-a hasam gowy. Eger gürleşýäniňiz okuwçyňyz bolsa, onuň aýdanlaryny gaýtalaň, goý, käbir aýdanlaryna aýratyn üns berýändigiňizi gözleriňizden okasyn.

Indi bellik depderiňize serediň-de, özüniň diňlenilmegini isleýän iki okuwçyny saýlaň. Ýöne şolar siziň diňlemek islemeýän okuwçylaryňyz bolsa has gowy. Soňra ýanlaryna baryp, bir sebäp tapyň-da, olary diňläň. Soraga-da tutmaň, öwüdem bermäň, diňe diňläň. Özem beýniňizde ozaldan taýýar edilen jogap bilen däl-de, mähir, söýgi bilen diňläň. Nämeleriň üýtgeýändigini görseňiz, işiňize bolan höwesiňiz hem şonça artar. Özüňizi bu lezzetden mahrum etmäň.

## 32. «S2G» usulyndan peýdalanyň

Sapakda diýýän sözleriňiz, aslynda, okuwçylara ýetirmek isleýänleriňiziň bir bölejigine ýardam edýär. Çak bilen aýtsak, olaryň paýy umumy ýetirilmek isleýän düşünjäniň 10 göteriminden hem azdyr. Diýmek, biz «S2G» usulyndan peýdalanmaly. Bu usul «söz», «ses» we «görmek» diýmekdir. Okuwçylaryňyz bilen sagdyn aragatnaşyk üçin bu usula mätäçsiňiz. Başgaça aýtsak, bir zady birine ýetirenimizde sözüň öz orny bar, sesiň öz orny. Bularyň ýanynda söhbetdeşimize (okuwçymyza) biziň nähili görünýändigimiz hem wajyp. Meseläniň täsin tarapy ýokarda ýazylan gatnaşykda bu üç aýratynlyk aýry-aýry paýa eýe.

Okuwçylara aýdan zatlarymyzda sözüň paýy 10 göterim bolsa, sesiňki 30, görnüşimiziňki bolsa 60 göterime deňdir. Diýmek, özara gatnaşyklarda sözüň orny örän kiçi. Käbir okuwçylaryň näme üçin kyn öwrenýändiginiň sebäbi şu hakykatdan hem gelip çykýar.

Täze sapagy düşündirýärkäňiz, indiki gezek ses beýikligiňizi üýtgedip synag edip görüň. Soňra-da bu usulyň okuwçylarda döredýän täsirine nazar aýlaň. Üçünji bir sapakda bolsa, bularyň üstüne işjeň hereketi hem goşuň. Ine, şonda «S2G-niň» nähili uly ähmiýetiniň bardygyny görersiňiz.

## 33. Ýagşylyk ýaýyň, mähir paýlaň

Ýakynda gowy dostum Mustafa Ozodaşkyň täze kitaby neşir edildi. «Döwrebap adamlaryň ýalňyzlygy» atly bu kitaby bir günde okap çykdym. Aslynda, ýalňyzlyk we bagtsyzlyk – soňky ýyllarda iň öňe saýlanan mowzuklar. Adam hökmünde bu duýgulara, elbetde, käte özümem berilýärin, şeýle-de bolsa olar barada ýazylan sussupes pikirlere goşulmak islämok. Ýeri gelende, ruhy

halypam hasaplaýan mugallymym Prof. Dr. Üstün Dökmeniň «Ertire kim galar? Tebigat bilen sazlaşykda BARLYK KÄMILLIGI» atly eserini okamagy maslahat berýärin. Eger dünýä, özüňize we adamlar bilen gatnaşyklaryňyza täze reňk çaýmak isleýän bolsaňyz, okamaly kitaplaryňyzyň sanawynda ilki bilen şu kitaby ýazyň. Bilýäňizmi, geçirýän okuwlarymda ýakyn kärdeşlerimiň birinden eger gürrüňi uzaldyp, süýndürip başlasam, bu barada maňa duýdurmagyny haýyş edýärin. Hatda ony bu iş üçin jogapkär belleýärin. Şeýlelikde, ol diňe ikimiziň düşünjek yşaratymyz bilen maňa bu ýagdaý barada duýduryp durýar, men bolsa özüme gözegçiligi güýçlendirýärin. Gynansamam, şu kitaby ýazýarkam ýanymda şeýle wezipäni alyp barýan dostumyň ýokdugy, kompýuterimiň hem dilsiz-agyzsyz emirlerimi berjaý edip oturan dygy üçin käte gürrüňi uzaldýan ýerlerim hem bar. Men ýene şeýtdim, diýmek, esasy gürrüňe dolanmaly.

Içiňizden şu sowallara jogap beriň: Siziň pikiriňizçe, bagtlylyk näme? Baýlyk näme? Ýalňyzlygyň berýän ezýetinden nähili gutulmaly?

Käbirimiz ýere-göge sygmaýan, soňky nusgadaky ulagymyzyň, kaşaň öýümiziň bolmagyny baýlyk hasaplaýarys. Munuň üstesine-de, şu zatlaryň bize bagt eçilip biljekdigine hem ynanýarys. Şeýle şertlerde ýaşaýan adam ýalňyzlykdan ejir çekýän däldir öýdýäris. Şeýle baýlygymyň ýokdugy sebäpli men onuň doly manydaky bagtlylyk däldigine ýürekden ynanýaryn. Hemme zady bar adamlaryň hem gorkunç ýalňyzlykda ýaşaýanyny göre-göre gelýärin. Käbir tanaýanlarym hem bar. Puly, maddy baýlygy äsgermezçilik edemok. Boýun alaýyn, SERIŞDE HÖKMÜNDE MAŇA WE ÝAKYNLARYMA NEPI DEGSE, puly-da gowy görýärin. Ýöne dünýäňe öwüşgin çaýýan bagta ýetirip bilýän güýjüň bu zatlar däldigi aýan. Baýlyk adamy gemrip barýan ýalňyzlykdan halas edip bilenok. Şeýle bolsa, asyl bagtlylyk nämelerdekä?

Dünýämizi nur bilen doldurjak şol Güneş – adamlar bilen gatnaşyklarymyz. Has dogrusy, şol gatnaşyklarymyzyň hili. Hem özümiz, hem töweregimizdäkiler bilen gatnaşygymyzyň derejesi. Ýokarky sözlemdäki «töweregimizdäkiler» diýen düşünjä diňe janly adamlardyr jandarlary däl, jansyz zatlary hem goşup pikirlenmegiňizi haýyş edýärin. Adamlara, haýsydyr bir jansyz zada, töwerege, özümize bolan garaýşymyz arkaly zehinimizde emele gelýän suduryň aýdyňlygy biziň ýaşaýşa bolan söýgimizi, bagtlylygymyzy, joşgunymyzy we üstünliklerimizi kesgitleýär. Indi gürrüňe has dogruçyl çemeleşeliň: maksadym size bagtlylygyň emini salgy bermek däl.

Soňky gezek haçan haýsydyr bir adam, haýwan, agaç, döwlet, dünýä, atmosfera ýa-da älem giňişligi üçin hiç hili bähbit gözlemän, maddy ýa maddy däl ýagşylyk etdiňiz? Özüňize ýa-da töweregiňizdäkilere (bu düşünjä giňişleýin düşünýänsiňiz diýip umyt edýärin) edip bilen soňky täsiriňiz nämeden ybaratdy? Näme berýärsiňiz? Biziň şahsy bagtlylygymyzyň asyl çeşmesi şu we şuňa meňzeş sowallara berip biljek jogabymyzdadyr. Men mugallym hökmünde bizde şeýle bagtlylyga mümkinçiligiň kändigini aýratyn nygtamak isleýärin.

Meseläni has çuňlaşdyralyň. Nähilidir bir ýagşylygy ýaýmak bilen, kimdir biriniň özüni gowy duýmagyna hem goşant goşup bilersiňiz. Ýagşylyk adamyň özüni gowy duýmagyna, ýaşaýşa bolan söýgüsiniň artmagyna ýardam edýär. Ýagşylygyň has uly bolmagy, ýadygärlik derejesine göterilmegi hökman däl, esasy zat, ol ýatda galyjy bolsun. Ýakynlaryňyzyň birini mähirli sözler bilen gutlamak hem, kimdigine garamazdan, adamlaryň ýüzüne ýylgyryp bakmagam, irden işe gidilýärkä, şol bir ýanýodadan barýan, ýöne biri-birini tanamaýan adamlaryň salamlaşmagy hem ýagşylykdyr. Salamyň güýjüni diýseňizläň! Şol günüň siziň üçin hem, salamlaşanyňyz üçin hem juda gowy gün boljakdygyny ynam

bilen aýdyp bilerin. Ýagşylyk – özüňde ulag ýokdugyna garamazdan, başgalaryň ulagynyň tekerini deşip biljek demir bölegini ýoldan aýryp, zibile oklap bilmek. Ýagşylyk – ozon gatlagyna zyýan berýändigi anyklanan ýaramaz endiklerden daşda durmak. Irden iş stolumyzyň başynda kofe bilen iýen kökelerimiziň galyndylaryny guşlaryň iýmegi üçin olary penjiräniň daş ýüzünde goýmagam ýagşylyk. Garaz, çalaja pikirlenseňiz, ýagşylyk etmäge müň bir sebäp bar. Biziň beren mysallarymyzda bolsa, üns berseňiz, size maddy bähbit getirip biljek zat asla ýokdur. Ýöne has uly serpaý – ADAM BOLMAK serpaýy siziňki bolar. Onsoň hem şol işleri etmek artykmaç wagt we zähmet talap edenog-a! Şonuň üçin edil häzir bir amatyny tapyňda, ýagşylyk ediň. Onsoň ýüregiňizi diňläp, duýgularyňyz bilen ikiçäk galyň. Özüňizi häzirkiden has gowy duýjakdygyňyza jedel hem edip bilerin.

***Hekaýa***

*Kakasynyň işi sebäpli çagasynyň orta bilimi arakesmelere sezewar boldy. Orta bilimiň ikinji synpynda okaýarka (Türkiýäniň bilim ulgamyna laýyklykda – terj.bell.), mugallymy geljekde saýlamak isleýän hünäri barada beýannama ýazmagy tabşyrdy.*

*Okuwçy uzak gijäni atçylyk fermasyny edinmek baradaky maksatlaryny beýan edýän 7 sahypalyk beýannama ýazmaga sarp etdi. Hyýalyndakylary iň inçe aýratynlyklary bilen düşündirdi. Hatda hyýalyndaky 200 gektarlyk ýeriň kartasyny hem çyzdy. Onda binalaryň, ahyrlaryň, ylgaw ýodalarynyň ýerleşjek ýerlerine çenli görkezdi. Kartada 1000 inedördül metrlik öý hem öz ornuny tapdy. Garaz, okuwçynyň ertirligi mugallymyna tabşyran 7 sahypalyk işi, bir söz bilen aýdylanda, onuň ýüreginiň owazydy.*

*Iki günden soňra ol eden işine mugallymyň beren bahasy bilen ýüzbe-ýüz boldy. Mugallym gyzyl galam bilen ullakan edip «0»*

*belgini goýupdyr we «Sapakdan soň ýanyma gel!» diýip ýazypdyr.*

*– Näme üçin «0» aldym – diýip, sapakdan soň okuwçy mugallymyndan sorady.*

*– Sebäbini bilesiň gelýärmi? Diňle onda: ýazanlaryň seniň ýaşyňdaky çaganyň akylyndan zyýada gelýär. Şonuň üçin goýdum. Puluň ýok. Özüň häli-şindi göçüp-gonup ýören maşgalanyň çagasy. Atçylyk fermasyny gurmak üçin bolsa pul gerek. Ilki bilen ýer satyn almaly, soň atlary. Bu zatlary başaryp bilmegiň mümkin däl. Eger öýe berlen ýumşa bolup biläýjek zatlary ýazyp, täzeden çemeleşseň, bahaňy ýokarlandyraryn.*

*Öýüne gaýdyp gelen okuwçy uzak pikirlendi-de, ahyry kakasyna sala saldy.*

*– Oglum, diňle! – diýip, kakasy başga hörpden gopdy. – Bu meselede ahyrky karara özüň gelmelisiň. Çünki ömür, durmuş seniňki. Şonuň üçin çözgüt hem diňe saňa bagly.*

*Bir hepdeläp pikirlenen okuwçy beýannamany ýene şol durşuna mugallyma eltip berdi. Soňam näme diýdi bilýäňizmi:*

*– Siz-ä beren bahaňyzy üýtgetmäň, menem hyýallarymy!*

## 34. Bäş harply ýakymsyz söz

Hany, biliň bakaly, okuwçylarymyz üçin bäş harpdan ybarat bolan ýakymsyz söz nämedir? Eger özüňiz bilmeseňiz, bu tapmaçany okuwçylaryňyza berip görüň. Olaryň biljegine ynanýaryn. Bu tapmaçanyň jogaby SYNAG diýen sözdür. Eýýäm 17 ýyldan bäri mugallymlary taýýarlaýan merkezlerde işläp gelýärin. Kämahal başgaça bolaýmasa, geljekde mugallym boljak talyplarym üçin iň kyn sapagyň «Ölçermek we netije çykarmak» dersidigine göz ýetirdim. Meniň pikirimçe, bu ders bilen bagly gorky onuň süňňünden syzylyp çykanok. Ol talyplarymyň aňynda

ornaşan «synag» sözünden gözbaş alýar.

Hut şonuň üçin hem kitabyň şu bölümini ýazýarkam ýygy-ýygydan arakesme berip, iş otagymda o ýan-bu ýan gezmelemeli boldum. Asla näçeräk kofe içip, Wiwaldiniň sazlarynyň näçesini diňlänimi-hä bilemogam. Belki, şu mesele bilen bagly aýtjaklarymy size göwnümdäki ýaly ýetirip bilerin.

Indi arkaňyzy oturgyja beriň-de, özüňizi rahat duýuň, soňra-da göz öňüne bir synpy getiriň. Synpdaky okuwçylar ellerini galdyryp, size sütem baryny berýärler:

— Mugallym, hany, bu gün synag boljakdy-la!

— Mugallym, synag alaýyň-da! Nähiliräk öwrenenimizi biljek bolýarys.

— Mugallym, haýyş edýärin, men ýalňyşlarymy görmek isleýärin.

— Ýalňyşlarymyň bardygyny bilýärin, ýöne anyk göz ýetirip bilemok. Şonuň üçin biz synag tabşyraýalyň!

— Synag almasaňyz, mundan soň nädip öwrenip bilerin. Haýyş edýän, bizden synag alyň, mugallym!

Bilýän, ynanmadyňyz! Göz öňüne getirmegem kyn. «Hany, göterilsene!» diýýänleriňizem bardyr. Dogry aýdýaňyz, beýle-de bir synp bolarmy? Ýöne siziň pikiriňiz şu bolsa, beýle synp geljekde-de bolmaz.

Günä «synag» sözünde däl. Serimizde orun tutýan zat sözüň özi däl-de, onuň aňladýan manysynyň salýan agramydyr. Meniň pikirimçe, şu hyýaly synpdaky okuwçylaryň aňynda şeýle pikirler bolmaly:

• Synag gorkuzmak ýa tertibe salmak üçin serişde däl;

• Synag nämäniň öwrenilendigini, nähiliräk öwrenilendigini, nämeleriň egsikdigini, nämäniň ýalňyş öwrenilendigini

kesgitlemäge ýardam berýän zat;

• Synag bize indiki sapaklarda näme etmelidigimizi salgy berip bilýär;

• Synag okuw işiniň aýrylmaz bölegidir;

• Mugallym synag alanda diňe bir okuwçylary däl, öz öwredip biliş derejesini hem terezä salýar;

• Synag okuwçylar üçin özüne bolan ynamy güýçlendirmegiň, täze zatlary öwrenmäge bolan höwesi artdyrmagyň serişdesidir;

• Synag okuwçyny özüne has ýakynlaşdyrýar.

Üns beren bolsaňyz, ähli parçalarda synagyň ýönekeý bir guraldygy barada pikir öňe sürülýär. Hakykatdan-da, synaglar bilen bagly goýberýän esasy ýalňyşlygymyz hem şundan gelip çykýar. Synaglar bilen bagly häzirki gorky, häzirki endişe olary gural däl-de, maksat hökmünde görýändigimiz bilen baglydyr. Oňa maksat hökmünde seredýän mugallymyň etsem-goýsamlary belli. Sowallary taýýarla, synagda okuwçylaryň göçürmegine ýol berme, jogaplary bahalandyr, bahalar bilen okuwçylary tanyşdyr, soňra-da okuwçylaryň ýetişigi barada mekdebiň ýolbaşçylaryna habar ber. Hemmesi şundan ybarat. Mugallym şondan soň özüni rahat hasaplaýar. Çünki iş tamam — wessalam! Ýöne synagy gural hökmünde görýän mugallym üçin iş şondan soň başlanýar. Ol okuwçylaryň öwrenmekdäki ýetmezçiliklerini, säwliklerini seljermeli. Synagyň netijelerine esaslanyp, sapaklary has täsirli we netijeli geçmek üçin täze meýilnamanyň ugruna çykmaly. Şol bir wagtda indiki ediljek işler okuwçylaryň öwrenmek isleginiň hem soňuna sogan ekmeli däl.

Söwdagäriň özüne zat satjak bolýan adamyň ýagdaýyna düşmek islämok. Kärdeşlerimiň köpüsiniň hakyny iýmekden hem gorkýaryn. Ýöne başdaky setirlerimde-de bu kitabyň ilkinji maksadynyň maglumat paýlaşmak ýa-da akyl satmak däldigini

ýazypdym. Ilkinji maksadym pikirlerimi, olardan zyýada hem duýgularymy paýlaşmak. Asyl maksadym bolsa islendik hünäri ýa adamy kämilleşdirýän zadyň özüni kemsiz seljermekdigini subut etmek. Mugallymlar gününde ýa-da mümkinçilik bolan islendik wagtda özümizi taryplamagyň bize nepi degmez.

Men şeýle bir mugallymlary tanaýaryn: olar synaglary okuwçylar üçin ýaga depmek ýaly bir derejä çenli getiripdirler.

Şeýle bir kärdeşlerimi tanaýaryn: pes baha goýmak, tutuş synpyň sapaklara gowşak ýetişişini görmek olara lezzet berýär.

Şeýle bir mugallymlary tanaýaryn: olar netijeli, ynamly we aýdyň sowallary bermegiň ýerine iň kynlaryny saýlamagy mugallymçylyk işiniň ýokary derejesi hasaplaýarlar.

Şeýle bir mugallymlary tanaýaryn: okuwçylary ençeme ýyl geçensoň hem olary diňe kyn synaglary bilen ýatlaýarlar, çünki olar bilen bagly ýatlara başga hiç zat ýok.

Şeýle bir mugallymlaryny tanaýaryn: her bahasyny, hamana, zergäriň terezisinde ölçäp, soň goýýarlar.

Şeýle bir mugallymlary tanaýaryn: olaryň şowsuzlygyň şowsuzlyk, üstünligiň üstünlik döredýändigine düşünmeýişlerine haýpym gelýär.

Menden gaty görmäň, ýöne bu pikirimi ýene biraz dowam edesim gelýär.

Şeýle bir mugallymlara gabat geldim: berlen her bir sowalyň maksadynyň bolmalydygyny, sapagyň asyl maksady bilen sowallaryň arasyndaky baglanyşygy unudan;

Şeýle bir mugallymlara gabat geldim: berýän sowallarynyň tutuş sapagy öz içine almalydygyny unudyp, birküç sowal bilen hemme meseläni çözendirin öýdýän;

Şeýle bir mugallymlara gabat geldim: bilýäni, has gowy

bilýäni, ortaça bilýäni, az bilýäni we has az bilýäni biri birinden tapawutlandyrmak üçin sowallary aňsatdan kyna çenli saýhallamalydygyny bilmän, öňünden çykan sowaly taýýarlaýan;

Şeýle bir mugallymlara gabat geldim: synaglarda sowallary ýerleşdirmegiň tertibini hem heniz bilmeýän;

Şeýle bir mugallymlara gabat geldim: kiçijik zähmetden gaçyp, sowallarynyň sanyny köpeltmedik we synpa gelip, «Hany, synag alýan. Ýazyň, 1-nji sowal...» diýip işe başlaýan;

Şeýle bir mugallymlara gabat geldim: sowal kagyzynyň başyna sowallaryň sanyny, berlen wagty, baha paýlanyşygyny we ş.m. maglumatlary ýazmagy hem ýatdan çykarýan.

Dogry, bes edeliň, men hem size goşulýaryn. Ýöne sizden başga bir zady haýyş etjek: ýokarda synaglar bilen bagly ähli paýlaşanlarymyň aýratynlyklaryny, synaglaryň asyl pelsepesini seriňizde aýlap, şu zatlary özüne siňdiren synpy bir göz öňüne getiriň. Onsoň okuwçylaryň diýjek zatlary barada täzeden pikir öwrüň. Ýeri, nähili, şeýle synpy döretmek mümkin däl ekenmi?

Mundan birnäçe ýyl ozal geçirilen barlag barada gürrüň bermek isleýärin. Barlag üznüksiz 8 ýyllyk bilime geçilmänkä we synpdan galdyrmak usulynyň ulanylýan ýyllaryna degişli.

Başlangyç bilimiň 3-nji synpynda gowşaklygy uly ile aýan, bilim derejesine görä, şek-şübhesiz synpdan galdyrylmaly 20 okuwçy saýlanylýar. Ynanyň, olaryň 20-si hem indiki synpa geçirip bolmajak derejede gowşak. Şeýle-de bolsa, gerekli rugsatnamalar alnyp, olaryň deň ýarysy 4-nji synpa geçirilýär, galan 10-sy bolsa, elbetde, 3-nji synpda galyberýär. Indiki okuw ýylynda bu 20 okuwçynyň okaýşyna üns berilýär. Sapakdaky başarnygyndan başlap, dostlary bilen sazlaşygy, öýe berlen ýumuşlary ýerine ýetirişi, garaz, ähli aýratynlyklar aýry-aýry bellik edilýär. Netije nähili bolandyr öýdýärsiňiz: 4-nji synpa geçirilen 10 okuwçynyň

6-sy gysga wagtyň içinde beýleki synpdaşlarynyň derejesine çenli ýetýär. 2 sanysy bolsa beýleki synpdaşlaryndan hem ozdurýar. Garaz, öňki derejede diňe 2 sany okuwçy galýar. 3-nji synpda galdyrylanlar nähili bolandyr öýdýärsiňiz?! Olaryň 7-si indiki okuw ýylynda-da 3-nji synpdan ýokary geçip bilmeýär, diňe 3-si zordan 4-nji synpa geçirilýär.

Bu barlagdan şeýle netije çykýar: haýsydyr bir okuwça «tüweleme» diýmek onuň hakykatdan-da şol söze mynasyp bolmak üçin jan etmegine ýol açýar. Gysgaça aýtsak, ýekeje söz ony ruhlandyrýar. Tersine, başga bir okuwçynyň gowşaklygyny ýüzüne bassaň, onda «şol takdyra» kaýyllyk duýgusy oýanýar. Bu mehanizmi sakawlaryň ýagdaýyna meňzetmek isleýärin. Olar köpçülige goşulyp aýdym aýdyp bilýärler, garaňkylykda sakynman gürläp hem bilýärler. Sakawlama bolsa «Men ýene sakawlaryn-ow!» diýen gorky bilen bile dogulýar. Soň olaryň gorkany başyna gelýär. Bir zady düşündirip bilmeýän adamyň ahwaly hem şuňa meňzeş. Mahlasy, iň erbedi — başarmazlyk gorkusyny takdyra öwürmek. Gynansagam, mekdepde käbir okuwçylarymyz bu gorkudan halas däl. «Näme etsemem bolanok, synanyşanyňda näme peýdasy bar?» diýen düşünje bolsa olary batga batyrýar.

Diýmek, şol pikire gulluk edýän okuwçylarymyz kiçijik kömege mätäç. Şol kömegiň nämedigini bilýärsiňizmi? Ol ÖZ ÜSTÜNLIGINI GÖRÜP BILMEGI ÜÇIN ÇAKLAŇJA YŞYK DÖRETMEK. Olaryň ýüreginde: «Boldy, başardym! Ýene başararyn» diýen pikiri döredip bilseňiz, bu siziň eden uly ýagşylygyňyz bolar.

Biz mugallym dälmi? Özümiz hem ilki adam, soň mugallym bolmak pelsepesi bilen işleýäris. Biz diňe ýa-da ilki bilen sapagynyň däl-de, okuwçysynyň mugallymy bolmagy saýlap aldyk. Haýyş edýärin, şu aýratynlyklarymyzy ýygy-ýygydan ýatlap duralyň. Men ilki adam, soňra mugallym. Men okuwçymyň

mugallymy. Bu sözleri, gerek bolsa, aýnanyň öňüne geçip aýdyň. Birbada gülkünç görnüp biler, ýöne netijesine ynanmarsyňyzam.

***Hekaýa***

*William Holman Hant XIX asyryň beýik iňlis suratkeşleriniň biridir. Onuň bir howlyny beýan edýän suraty Londonyň Korollyk akademiýasynda ýaýbaňlandyrylan sergide görkezilýärdi. «Tebigatyň yşygy» atly bu eserde suratkeş gije howluda elinde çyra tutup duran akyldarpisint bir adamy şekillendiripdi. Ol boş eli bilen gapyny kakyp, içerden jogap gözleýäne çalymdaşdy. Suraty göz eleginden kemsiz geçiren bir tankytçy Hanta ýüzlenip şeýle diýdi:*

*— Dogrusy, owadan surat, ýöne manysyna takyk düşünip bilmedim. Kakylýan gapyny hiç kim açanokmy? Çünki gapa tutawaç dakmagy unudypsyňyz...*

*Hant ýylgyrdy-da, şeýle jogap berdi:*

*— Üns berseň, ol adam adaty gapyny açanok ahyryn! Bu gapy — ynsan ýüreginiň alamaty. Onuň diňe içerden açylýandygy üçin daşyndan tutawaç dakmagyň geregi hem ýok.*

Ýokarda size ýetiren bölümlerimi okap, «ýaltalyga we gowşaklyga baýrak bereliň» diýen netije çykarmazlygyňyzy haýyş edýärin. Bu ýerde size ýetiriljek bolan zat bu däl. Diýmekçi bolan zadym «Gowşaklygy sylaglamak» däl. Meniň size ýetirmekçi bolýan hakykatym mugallymyň maksadynyň ýitirilmegi däl-de, gazanmak, onda-da ýeňiş gazanmak bolmalydygydyr. «Okuwçylaryň ählisi uçdantutma gowy okap bilmez-ä» diýmezligidir. Her bir adamyň özüne mynasyp mertebesiniň bardygyna we her kimiň üstünlik gazanyp biljekdigine ynanmagydyr. Muňa ynanyp, okuwçylarymyzyň hakyky başarnygyny açyp bilse, sebedimiz alma, erik, ülje... bilen dolar. Ýöne alma agajyndan erik, erikden ülje, üljeden garaly almaga

synanyşsak, hem okuwçylarymyza, hem olaryň ata-enelerine, hem özümize, hem watanymyza ezýet berdigimiz bolar. Ýöne alma agajyndan has iri we tagamly almalary, erikden has süýji erik almaga ýykgyn etsek, netijesi bütin dünýä ýşyk saçar. Bu düşünjä «gowşaklyga baýrak bermek» diýip bilmersiňiz. Men bu düşünjä belet. Onuň ýakymsyz netijelerini öz durmuşymda hem gördüm:

Üç perzendimiň iň körpesiniň mekdebe salam beren ýylynda Manisanyň Demirçi etrabyndaky bir mekdepde işleýärdim. «Uly ykballar kiçijik ýerde döreýär» diýip eşidensiňiz. 20 müň çemesi ilatly Demirçide men uly adamdym. Heniz degişli edaralaryň agzasy bolmasam hem, maňa professora çemeleşişleri ýaly çemeleşýärdiler. Ýagny, siziň hem göz öňüne getirişiňiz ýaly, «möhüm» adamdym. Ýedi sany başlangyç bilim berýän mekdebi bolan etrapda tas ähli mugallymlar diýen ýaly meni tanaýardylar. Ýaňy başlangyç bilime gadam goýan oglumy görüp: «Bu kimiň ogly?» diýip soranlara: «Sen şonam tanaňokmy? Hasan Ýylmazyň ogly ol» diýip jogap berýärdiler. Bu jogaby eşiden mugallymlaryň soňky diýýänlerine bir serediň-ä: «Baý-bow, onda bu doglanda okumyş bolup doglandyr. Gaty zehinli çagadyr bu!».

Gynansagam, oglumyň mugallymy hem şeýle pikire gulluk edýänleriň biridi. Ol sözlemde Ankara şäheriniň adyny ýazanda baş harpy kiçi bilen ýazsa-da mugallymy ony düzetmeýärdi. Ýönekeýje goşmak-aýyrmagy ýalňyş işlände-de: «Berekella, Seljuk! Zehinlije sen» diýerdi. Birnäçe gezek: «Beýtmäň, ýoldaş mugallym! Bu dogry däl» diýsemem: «Alada etmäň, mugallym! Ol diýseň zehinlije çagajyk. Hemmesi ýerbe-ýer bolar» diýip göwünlik beren bolýardy. Netijede, «işlemek, başarnyk we ýerine ýetirmek» düşünjeleri Seljugyň aňynda şu görnüşde ornaşdy: «Men her bir işi aňrybaş ýerine ýetirýärin. Işläýin, ýataýyn, ýöne näme etsemem, meniňki hak. Şonuň üçin gereginden artyk kelle döwmek nämä gerek?!». Eýýäm 17 ýaşy arka atan körpämiz

mugallymlarynyň şol ýalňyşy sebäpli häzir hem bize dert baryny çekdirýär.

Gepiň «mustapasy», kärdeşler, şu bäş harpdan ybarat meşhur söz baradaky pikirdir düşünjeleriňizi täzeden hem bir gözden geçiriň. Ondan soň bu işe täze garaýyş bilen çemeleşiň. Mysal üçin, hem öz aňyňyzda, hem okuwçylaryňyzyň dünýäsinde «synag» sözüniň manysyna başgaça düşünmek arkaly işe girişip bilersiňiz. «Synag» sözüniň ornuna «bilýänlerimizi gözden geçirmek» diýen düşünjäni ulanyp bilersiňiz. Ýekeje sözüň üýtgedilmegi, aslynda, köp zadyň üýtgemegine sebäp bolup bilýär. Bu özgerme şowsuzlyk gorkusyny ynam bilen çalşar. Hatda sowal kagyzyna hem «synag» sözüni başgaça ýazyp bilersiňiz. Müňlerçe kilometrlik ýoluň ilkinji ädimden başlaýandygyny ýatdan çykarmaň. Durmuşymyzdaky kiçijik özgerme hem uly täsirleri döredip biler.

## 35. Düzgünleri goýuň, ýöne ilki bilen...

Synpdaky tertip-düzgün biziň günlerimizde mugallymlary esasy başagaý edýän meseleleriň biri. Öz synpyňyzyň netijesini iň ýokary derejä çykaryp biljek tertip-düzgün kadalaryny kesgitläň. Okuwçylar özlerinden nämä garaşylýandygyny takyk duýanlarynda we kadalara boýun bolmasaň nämeleriň garaşýandygyny bilsinler. Aslynda, synpdaky tertip-düzgün bilen bagly meseleler hut şolar sebäpli ýüze çykýar. Olaryň birinjisi aýdyň we ders bilen gönüden-göni baglanyşykly sapak beriş taslamasynyň bolmazlygy, ikinjisi içgysgynçlygyň hem gözüni çykarýan mugallym, üçünjisi bolsa synpda goýlan, ýöne aýdyň bolmadyk düzgün-tertip kadalary. Ilkinji iki sebäbiň size degişli däldigine ynanýaryn, diýmek, biz üçünji sebäp boýunça pikir alyşmaly.

***Hekaýa***

Ýetginjekkäm dünýäni özgertmek isläpdim.

Ýöne dünýäni üýtgetmegiň mümkin däldigine göz ýetirip, ýaşaýan döwletimi üýtgetmek kararyna geldim. Munam başarman, ýaşaýan şäherimiň daşyna geçdim. Oňa çenli ýaşymam ep-esli boluberdi. «Bu ýaşda şäher üýtgedip ýörmek nämä gerek?» diýen pikire gulluk etdim-de, maşgalamy üýtgedeýin diýen karara geldim...

Ýöne akylym goýalyşansoň, ýeke-täk üýtgedip biljek zadymyň özümdigine göz ýetirdim. Ine, şonda mundan birnäçe ýyl ozal ähli işi özümi üýgetmekden başlan bolsam, birmahallar maksadyma ýetip biljekdigime düşündim. Eger men üýtgän bolsam, bu maşgalamy-da üýtgederdi. Biz bilelikde ýaşaýan şäherimizi özgerdip bilerdik. Şäherdeşlerim döwletimizi, döwletimiz bolsa dünýäni özgerderdi.

Synpda tertip-düzgün kadalaryny üstünlikli ornaşdyrmagyň syry okuwçylaryň şol kadalary özüniňki ýaly kabul etmegini gazanmakdyr. Goý, synpdaky tertip-düzgün kadalaryny kesgitlemäge okuwçylaryň özleri hem gatnaşsyn. Siz bolsa olara diňe ýol görkeziň. Kadalary olaryň özleri düzerem, kesgitlärem. Kadalaryň doly sanawy taýýar bolansoň, ony synpda hemmeleriň gözüniň iljek ýerinde goýuň. Sanawyň kiçeldilen görnüşini okuwçylaryň özlerine-de paýlap beriň, goý, depderlerine ýelmesinler. Merkezinde okuwçylar bolan kadalar gysga wagtda synpa bahar howasyny bagyşlar. Üstesine, bu usul olaryň öz hereketlerine gözegçilik etmek ukybyny hem artdyrar. Diňe bu-da däl, gapdalda kimdir biri düzgünleri bozýarka hiç kim «Maňa näme?!» diýip, biperwaý oturyp bilmez. Bularam gowy, ýöne has uly ýeňşiňiz başga bir zat bolar: olar indi adaty çaga däl-de, ulalyp başlanlaryna, indi özleri üçin düzgün-tertip kadalaryny özleriniň

kesgitläp biljekdiklerine ynanarlar. Kadalary özleriniň taýýarlandygy üçin olary berjaý etmek babatynda okuwçylaryň jogapkärçiligi hem artar. Diňe şu hereket arkaly «dolandyrylýan adamlary» däl-de, «dolandyryjylary» ýetişdirmäge goşant goşup bilersiňiz.

### 36. Batyl ynançlary ýok ediň

Käbir okuwçylar janyňy alyp barýan, ýöne melhemini tapyp boljak batyl ynançlardan ejir çekýärler. Bu ynançlardan hem iň erbedi «başarmaryndyr». Gözbaşyny kiçi synplardan we öýden alan bu ynanjyň wagtynda öňi alynmasa, gitdigiçe kök urar.

Ine, şol ynanjyň köküni gyrmak gaýgydyr şowsuzlyklary ýok etmegiň ilkinji ädimidir. Mugallym hökmünde bu babatda okuwçynyň ýardamçysy bolmak biziň borjumyzdyr. Hatda bu işde mümkinçiligi iň uly bolan adamlar mugallymlardyr. Batyl ynançlaryň melhemi baradaky söhbede geçmezden ozal olaryň käbirini mysal getirmek isleýärin:

Bu gün meniň günüm däl...

Ýene bir keýpiňi gaçyrýan duşenbe...

Synag ýadyma düşende kellām agyryp başlaýar...

Meniň ýaraýan işim ýok...

Asla mümkinçiligim ýok...

Elimi nirä uzatsam, bir bela çykyp dur...

Dogulmadyk bolsam bolmaýarmy?!

Hemme zat erbet...

Käte özümi ýigrenýärin...

Barybir hiç derde ýaramajak bolsa, näme üçin işläýin?!

Hiç zadam öz wagtynda bolanok...

Wah, käşgä has köp wagtym bolan bolsady...

Şu sapagy ýekimde ýigrenýärin...

Gürrüňsiz, edil men ýaly, siz hem bu mysallara ýygy-ýygydan gabatlaşýansyňyz. Mekdeplerdir bilim jemgyýetleriniň käbiri okuwçylarynyň dogry öwrenmek endigini ele almagyny gazanmak üçin, meni gysga wagtlyk okuw bermäge çagyrýarlar. Bu okuwlaryň agramly bölegini okuwçylaryň batyl ynançlaryny ýok etmek baradaky söhbede bagyşlaýandygym üçin kärdeşlerimiň käbiri geňirgenýärem. Aslynda, olar meniň geçýän okuwlarymdan öýe berlen ýumuşlara netijeli taýýarlyk, gaýtalamagyň, bellik tutmagyň, ünsi jemlemegiň we ünslüligi sapagyň bütin dowamynda saklap bilmegiň usullary barada maglumat almak isleýärler. Ýöne okuwçynyň aňynda ýokarky diýilýän batyl ynançlar kemsiz kök uran bolsa, siz dünýäniň iň netijeli sapak geçiş usulyndan peýdalanýan hem bolsaňyz, azabyňyz ýele sowrular.

Bu ynançlary ýok etmegiň birnäçe ýollary bar. Olary siz ýakyn wagtda eliňize gowuşjak, içinde 100 çemesi synpda peýdalanyp boljak usullardyr ýollar maslahat berilýän kitabymdan hem okap bilersiňiz. Häzirlikçe bolsa siziň bilen diňe iki sany usuly gysgaça paýlaşmak isleýärin.

## ÖZBAŞDAK IŞ

## ÖZÜM BILEN BAGLAŞAN ŞERTNAMAM:

## Men jogapkär

***Maksat***

Okuwçylaryň birnäçesi jogapkärçilikden gaçyp, serinde batyl ynançlaryň ýesiri bolup, öz durmuşyny özi dolandyrmakdan ýüz öwürýär. Biziň bu hödürleýän özbaşdak işimiz olaryň öz durmuşy üçin ilkinji jogapkär adamyň özleridigini heran-haçan ýatladyp durar. Olar bilen şertnama baglaşmak jogapkärçilik babatynda

okuwçylarymyza ýardam berer.

***Dowamlylyk***

1. Jogapkärçilikden gaça durup-durmaýanlygyny bilmek üçin okuwçylara sowallary beriň.

2. Adamyň öz öňündäki jogapkärçiliginiň ähmiýeti barada çekişmeleri guraň.

3. Her sözlemi okap, yzyndan pikir alşyň.

4. Aşakdaky mysal getirilen şertnamanyň slaýtyny taýýarlaň.

5. Şertnamadaky her bir sözlemi okuwçylara okadyp, olaryň ähmiýeti barada pikirlerini beýan etmegi haýyş ediň.

6. Şertnamadaky haýsy bölümiň olar üçin has möhümdigi barada pikir alşyň. Haýsydyr bir bölümiň möhüm hasaplanmagynyň sebäbini soraň.

7. Manysyna has aýdyň düşünmekleri üçin sözlemleri gaýtadan okadyň.

8. Şertnamanyň nusgasyny okuwçylara-da paýlap beriň, soňra oňa gol çekmeklerini soraň.

***Okuwçy merkezli gaýtalamak***

Şertnama gol çekilensoň okuwçylary gutlaň we olaryň öz durmuşlary üçin iňňän möhüm iş edendiklerini düşündiriň. Soňra aşakdaky sowallar bilen bagly çekişme guraň:

— Adamyň öz pikiri, duýgulary we özüni alyp barşy babatynda jogapkärçilik näme üçin beýle zerur?

— Bu jogapkärçilikden gaça dursaňyz näme bolar?

— Şol jogapkärçiligi onki süňňi bilen syzan adama nähili ýakymly ýagdaýlar garaşýar?

— Nähili alamat adamyň jogapkärçilikden gaçýandygyny görkezýär?

***Usullar:***

— Ýüzüne «Meniň jogapkärçiligimiň şertnamasy» diýlen diwarlygy taýýarlap, ony synpyň görnükli ýerinde ýerleşdiriň. Şertnamanyň üstki böleginiň bir ýerine görnükli edip: «Sizden kim jogapkär?» diýen sözleri hem giriziň.

— «Siz jogapkärçiligiň eýesi» jümlesi ýazylan 3x5 ölçegindäki kart taýýarlap, jogapkärçilikden gaçýan adamlary görenlerinde olara bermegi okuwçylaryňyzdan haýyş ediň.

**ŞERTNAMA**

Meniň adym ______________________________.

Aşakda ýazylan bölümleri gözden geçirdim. Hemmesini kabul edýärin we ýerine ýetirjekdigime söz berýärin. Men sözümde tapylyp bilýän adam, şonuň üçin şu sözi özüme berýärin.

___ / ___ / 20___ ýyl.

1. Her günki pikirlerime dolulygyna özümiň jogapkärdigimi kabul edýärin. Pikirlerimiň öz dünýämi we durmuşymyň hakykatlaryny aňladýandygyny bilýärin. Öz dünýämi döredip, ony dolandyrýandygyma düşünýärin, çünki mende öz pikirlerimi dolandyrmak ukyby bar.

2. Gelen kararlaryma dolulygyna özümiň jogapkärdigimi kabul edýärin. Ýaşaýyş hilimiň kararlarymyň hili bilen berk baglydygyny bilýärin. Çünki kararlar meniň hut özüme degişli.

3. Maksat goýmakda we olary amala aşyrmakda hem men jogapkär. Maksatlarymyň geljekki ýolumy salgy berýändigini bilýärin. Ýene bir zady: maksatlarym durmuşymy has manyly edýändigini bilýärin.

4. Ruhy dünýämdäki iň gymmatly baýlygym bolan özüme ynamymy güýçlendirmek hem öz jogapkärçiligimde. Bagtly ýaşamak üçin men ilki bilen özümi söýmeli.

5. Durmuşymdaky gowulyklaryň doly jogapkäriniň özümdigini kabul edýärin. Gowulygy başgalardan hem gözlesem tapyp biljekdigime ynanýaryn. Adam görmek islän zadyny görer.

6. Öwrenmek babatynda doly jogapkär adam ýene-de özümdirin. Eger bir zat öwrenmeli bolsam, munuň maňa baglydygyny bilýärin. Her ýaşalan gün öwrenmegiň bir tejribesidir. Men bu hakykata hemişelik göz ýetirmeli.

7. Ynançlarym babatynda özümiň doly jogapkärdigimi kabul edýärin. Durmuşymdaky äheňi ynançlarym döredýär. Ynançlarymy üstünliklerime ýetmekde kömek edýän hyzmatkärime öwrüp bilerin.

8. Dünýäde görýän gözelliklerimde hem dolulygyna özüm jogapkär. Gözellikleri görmegi we olaryň gadyryny bilmegi başarýaryn.

9. Öz durmuşymdaky söýgä men jogapkär. Özümi we başgalary söýsem, maňa-da söýgi bilen jogap beriljekdigini bilýärin.

10. Başymyň rahat bolmagy üçin hut özümiň jogapkärdigimi bilýärin. Munuň üçin batyl ynançlarymyň köküni sogurmaly. Gorkudan, gahardan we şübheden halas ýaşamagy başarmaly.

ÝAŞAMAK ÜÇIN MAŇA BERLEN ÖMÜR BABATDA DOLULYGYNA ÖZÜMIŇ JOGAPKÄRDIGIMI KABUL EDÝÄRIN. ÖMRÜMI UMYT WE BAGTLYLYK BILEN DOLDURJAKDYGYMA SÖZ BERÝÄRIN.

Gol.

Kärdeşler, batyl ynançlar bilen göreşmek babatynda size ikinji berjek usulym «Gowy pikirleriň senenamasy» diýlip atlandyrylýar.

***Maksat***

Bu iş size we okuwçylaryňyza her gün Güneş nuruny paýlamak

maksady bilen taýýarlanyldy. Gowy pikirleriň senenamasy şeýle pikirleri öz içine alýan 30 günlük senenamadyr.

***Düşündiriş***

Her bir adam içki dünýäsi bilen gürleşýär. Her gün özümize ýüzlerçe zady aýdýarys. Ine, şol «içki gürrüňimiz» günüň dowamyndaky ahwalymyza hem täsirini ýetirýär. Geçirilen barlaglar içki dünýämiz bilen gürrüňdeşlige, köplenç, durmuşymyzdaky agyr günler sebäp bolýandygyny, munuň hem özümiz üçin dürli çäklendirmeleri goýmak arkaly tamamlanýandygyny görkezýär. Özümiz bilen buýsançly gürrüň edip, üstünligimizi we şatlygymyzy artdyryp bileris. Bu meselede owunjak duýduryşyň hem uly nepi degip biler. Gowy pikirleriň senenamasy öz-özümize diýýän gussaly sözlerimizi aradan aýryp, üstünliklere beslenen ýaşaýşa getirjek 30 günlük senenamadyr.

***Dowamlylyk***

1. Okuwçylardan irden oýanyp, aýna bakanlarynda özlerine näme diýýändiklerini soraň. Aýdylýan zatlar gowumy ýa gussaly? Aýnadaky özüň bilen näme gürrüň edilýär?

2. Özleri bilen şu gün irden eden gürrüňleri barada çekişme guraň.

3. Tagtanyň bir tarapynda gowy, beýleki tarapynda bolsa gussaly sözleriň sanawyny ýazyň.

4. Gowy we gussaly sözleriň okuwçylarda döredip biljek täsiri barada çekişme guraň.

5. Okuwçylary bäş topara bölüp, her topardan gussaly sözleri gowy sözlere öwürmegini haýyş ediň.

6. Günüň ilkinji minutlarynda aýtmaly zatlary barada okuwçylara maslahat beriň.

7. Okuwçylara aşakda nusgasy paýlaşyljak senenamany paýlap

beriň.

8. Senenamadaky her bir sözüň ähmiýeti barada pikir alşyň.

9. Senenamada görkezilýän sözleri ähmiýetine görä hatarlaň.

10. Okuwçylara senenamanyň heniz doldurylmadyk görnüşini paýlap berip, ony okuwçylaryň özleriniň doldurmaklaryny isläň.

11. Olardan senenamany has uzaltmagy haýyş ediň.

12. Gowy sözleri ýazýarkalar şol ýazylan sözüň gününe üns bermegi haýyş ediň. Mysal üçin, duşenbe günlerinde mekdepde ýa-da iş ýerinde tertip düzgüniň saklanylmalydygy baradaky sözlemler bolup biler.

13. Bu işi mümkin boldugyndan GYZYKLY görnüşe getirmäge çalşyň.

14. Okuwçylardan öz ýazan sözlerini ýoldaşlary bilen hem paýlaşmaklaryny haýyş ediň.

***Okuwçy merkezli gaýtalamak:***

Bir ýa iki okuwçyny tagta çykaryp, olar bilen senenamanyň ähmiýeti barada pikir alşyň. Goý, olar tagtada duran ýerlerinden tutuş synpyň pikiri bilen hem gyzyklansynlar. Şeýdip her bir okuwçy öz pikirlerini ýoldaşlarynyňky bilen deňeşdirmegi öwrensin.

## GOWY ZATLARY PIKIR ETMEGIŇ SENENAMASY

| | | |
|---|---|---|
| 1<br>Durmuşa geçirilmeýän maglumat ýerliksizdir. | 6<br>Öz durmuşyma özüm jogapkär. | 11<br>Üstünlik başaryp bilen işlerimizde gizlenýär, başaryp bilmediklerimizde däl... |

| | | |
|---|---|---|
| 2<br>Her bir synanyşygy söýýärin, çünki olar özünde taýsyz pursatlary jemleýärler. | 7<br>Öz geljegimi şekillendirip bilerin. | 12<br>Başgalary söýüp bilerin. |
| 3<br>«Muny başaryp bilerin» diýip, gorkynyň ýykyjy täsirinden halas bolýaryn. | 8<br>Maksadym — dünýä täzeçe we tapawutly seretmek. | 13<br>Özgerişlikleri halaýaryn. |
| 4<br>Özümi öz dünýämde howpsuz duýýaryn. | 9<br>Maksadyma ýetmekde nepi degjek çeşmeleri gözleýärin. | 14<br>Erbet pikirler saglygym üçin zyýanlydyr. |
| 5<br>Paýlaşmak, gyzyklanmak we söýmek üçin ýaşaýyş ajaýyp pursatdyr. | 10<br>Ertire hemişe düýn bilen ýaşap ýetip bolmaz. | 15<br>Durmuşymyň ýüpleri öz elimde. |
| 16<br>«Şu wagt» maňa berlen serpaýdyr. | 21<br>Maksatlarymy we düýşlerimi amal etmek üçin häzir men iň gowy ýaşda. | 26<br>Beýnimi galyndy döredýän kärhana ýaly işledemok. |

| | | |
|---|---|---|
| 17<br>Güýçden, umytdan we bagtdan ybarat dünýäni döretmek üçin gorkudyr çäklendirmelerden ybarat dünýäni terk edýärin. | 22<br>Ýaşaýan her bir pursadym gymmatly. Men muny duýýaryn. | 27<br>Özümdäki artykmaçlyklary bilýärin. |
| 18<br>Öz dünýämde her bir zerurlygymyň we islegimiň öz jogaby bar. Eýe bolan zatlaryma oňat düşünýärin. | 23<br>Töwekgelçilik edip bilerin. Özüme ynanýaryn. | 28<br>Öz dünýäme özüm jogapkär. |
| 19<br>Hemme zatda, ähli ýerde, her kimde gowulygy görüp, ony duýýaryn. | 24<br>Durmuşdan näme isleýändigimi bilýärin. Isleglerimi amal etmek üçin öz üstüme düşen jogapkärçiligi ýerine ýetirýärin. | 29<br>Bu gün arkamda tamamlanmadyk işleri galdyryp, ertir «käşgäler» bilen ýaşamak islämok. |
| 20<br>Gören gözelliklerim bilen her gün öz dünýämi gözelleşdirýärin. Men gözel... | 25<br>Nämäni isleýändigimi, nähili zerurlygymyň bardygyny seljerýärin. | 30<br>Özüm bolmak meni bagtly edýär. Özümi söýýärin. |

Şularyň üstünde hem işläň:

— Özümiz bilen gowy tarapdan ýürekdeş gürrüňdeşlik güne nähili täsirini ýetirer?

— Näme üçin gowy gürrüňleri tapmak gussaly gürrüňleri tapandan has kyn?

— Gussaly gürrüňler duýgularyňyza we özüňizi alyp barşyňyza nähili täsir edýär?

— Eger içki dünýämizi şeýle pikirler gurşap alsa, olardan halas bolmak üçin näme edýäris?

Okuwçylaryňyza özümiz bilen keýpimizi gaçyryjy gürrüňleri edenimizde, şol gürrüňleriň ýaşaýşymyza-da siňýändigini düşündiriň. Edil şonuň ýaly hem gowy gürrüňler ýaşaýşymyza nur çaýyp biler.

***Usullar:***

Okuwçylaryňyzdan öz senenamalaryny partalarynyň görnükli ýerinde ýerleşdirmeklerini haýyş ediň. Goý, bu senenamany okan her bir adam özüni gowy duýsun.

Şol günüň gowy sözüni synp tagtasynda ýazmak arkaly sapaga başlamak hem netijeli bolar. Eger mümkin bolsa, bu ýazgy okuw gününiň ahyryna çenli öçürilmesin.

Günüň dowamynda islendik wagtda nämedir bir sebäp üçin göwni bozulan okuwçyňyza tagtada ýazylanlary sesli okadyň. Şeýle okuwçyny olary ünsli synlamak arkaly tapyp bolar. Üns berseňiz, pikir dünýäsine çümen adamyň göreji çep tarapdan aşaga bakýar.

## 37. Ýaralaýan sözleri aradan aýryň

Birnäçe ýyl mundan ozal nepaga çykan ozalky müdirden üstünligiň syry barada soradym. Ol: «Agzymdan çykanlara we

agzyma goýanlaryma üns berýärin» diýip jogap berdi. 93 ýaşy arka atan we heniz hem tut ýaly sagdyn kärdeşimiň bu pelsepesiniň iki tarapy hem dogrudy.

Her gün özümizi gowy duýmak mümkin däl. Hemmämizde erbet günler, hatda erbet hepdeler hem bolýar. Bu — adaty ýagdaý. Şeýle ýagdaýlarda töweregimizdäki adamlar bilen gatnaşyklarymyza, esasan hem, agzymyzdan çykan sözlere üns bermek gerek. Käte özümiz hem bilmän okuwçylarymyza aýdan ýürek ýaralaýjy sözlerimiz öz täsirini hiç haçan gaçyrmaýar.

Keýpsiz günlerimizde munuň üçin esasy jeza çekýänleriň okuwçylarymyzdygy barada oýlanyp gördüňizmi? Mysal üçin, mekdep ýolbaşçylarynyň biri ýa-da barlagçy bilen sözümiz azaşsa, gelip okuwçylarymyza gaharymyzy pürkýäris. Dogry, şeýle ýagdaýda özümiziň aňmaýan zyýanymyz bar: aýdylan sözler okuwçylarda hemişelik ýara galdyrýar.

Duýgularyny dolandyryp bilmek, öýkesini sypaýy sözler bilen ýeňip bilmek kämil adamlaryň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Käte bu aýratynlyklardan mahrum adamlara: «Bu bolşuňyz meni gynandyrýar» diýmek hem üstüňizdäki ýüki azajyk egser. Üstesine-de, beýnimizde dykyn alyp duran «tamamlanmadyk işleriň» üstüne täze täze işleriň goşulmagynyň hem öňüni alar. Ýokarky aýratynlygymyz bar bolsa, okuwçylaryň günäsiz ýere gahar oklarynyň nyşany bolmagynyň öňüni alarys, şol bir wagtda öz ruhy saglygymyza hem nepimiz deger.

Agyzdan çykýanlara üns berip, adamlary ynjytjak sözleri diýmekden saklanyň. Şeýle sözleriň okuwçylaryň kalplarynda bitmesi kyn ýara galdyrjakdygyny ýatdan çykarmaň. Ýygy-ýygydan aýdýan sözleriňiziň okuwçylar üçin nähili möhümdigini öz-özüňize ýatladyp duruň. Eger bu özüňize başartmasa, okuwçylaryň birinden ýardam soraň: goý, göwün ynjadyjy sözleri aýdyp

başlanyňyzda ol bu barada size duýdursyn. Onuň bilen özara düşünişmek alamatyny kesgitläň. Näme edýäniňi we näme diýýäniňi bilmek özgerişlige barýan ýoluň ilkinji ädimidir. Size bermek isleýän başga bir maslahatym bolsa, kyn günleriňizde ýagdaýlara başgaça çemeleşmäge synanyşyň.

Eger göwün ýaralaýjy sözleriň haýsy hem bolsa birini ulanan bolsak, gijä galman ýalňyşymyzy düzetmegiň ýoly bar. Ilki bilen şol sözüň agzyňyzdan çykandygyny özüňiz biliň, soňra-da ötünç soraň. Sözlüklerdäki iki söz ähli gowulyklaryň başydyr. Olaryň bir-ä «Minnetdar!», ikinjisi bolsa «Bagyşla!» sözleridir. Bu sözler dilimizde öz wagtynda we ýeri gelende çykanda köp kynçylyklaryň öňüni alar, ýalňyş düşünmeleri düzeder, üstesine-de, adamlaryň özlerini gowy duýmaklaryna ýardam eder. Bu iki sözüň içinden «Minnetdary» ulanmak beýlekisini ulanandan has ýeňildir. «Bagyşla!» diýmekde welin köp adamyň kösençlik çekýändigini göre-göre gelýäris. Ýöne bu sözi ulanyp bilmek adamçylygyň aňrybaşydyr. Aslynda, ýaş, dereje babatynda özümizden uly adamlardan ötünç soramak ýene-de aňsat, çagalarymyzdan ýa-da okuwçylarymyzdan ötünç soramak iň kyny. Ýöne kimdir birini söz bilen ýaralanymyzdan soň munuň başga dermany hem ýok.

***Ralf Waldo Emerson*** *şeýle diýipdir:*

*«Ýygy-ýygydan we köp gülmek, zehinli adamlaryň hormatyny we çagalaryň söýgüsini gazanmak, ýerlikli tankytlananyňda takdyryňa kaýyl bolmak we ýalňyş dostlugy wagtynda saýgaryp bilmek, gözelligi görüp bilmek, başga adamlardaky gowy taraplary duýup bilmek, terbiýeli çaga, bagy-bossanlyga bürenen howly we başga bir gowulyk bilen dünýäni häzirkisinden ajaýyp görnüşde terk edip bilmek, diňe bir adamyň hem bolsa siziň barlygyňyzda rahat ýaşamagyny gazanyp bilmek hakyky başarnykdyr».*

**38. Ruhlandyryjy tapyň**

Biziň günlerimizde dünýä, daş-töweregimiz we özümiz bilen sazlaşygy emele getirmegi başarmak üçin, Dökmen mugallymyň aýdyşy ýaly, özgermek we kämilleşmek gerek. Bu biziň kärimizde has möhüm. Çünki daş-töweregimizdäki ähli zat, ähli adamlar özgerýär, okuwçylarymyz bolsa biziň elimize şol özgerişlikleriň içinden geçip gelýär.

Häzir hem ýokary ýa orta hünär okuw mekdebinde alan bilimi, terbiýesi, pedagogik düşünjesi bilen işläp ýören kärdeşlerim bar. Käte bolsa dünýägaraýşy okuwçylaryň derejesinden hem yza galan mugallymlaryň bardygyny görýärin. Elbetde, bu ýagdaý diýseň gynandyrýar. Şol kärdeşlerimiz bilen gyzyklananymyzda ösen jemgyýetden uzakda bolmagy halaýan adamlardygyny görýäris. Ýöne bu häsiýetiň olara diňe zeleli deger. Aslynda, şeýle bolmak bu kärdeşlerimiň özüne hem ýakanok. Şeýle-de bolsa, tapýan bahanalary bilen gününi halas etmäge çalyşýarlar.

Özgerişlikleri başlamagyň we olary dowam etdirmegiň kyndygyny bilýärin. Ýöne özümizi gowy duýmagymyz, kämillik ugrunda ilkinji ädimi ätmegimiz üçin başga çykalgamyz hem ýok.

Bu ädimi ätmegiň esasy şerti bolsa özgerişlikden soň gazanyp biljek gowulyklarymyzy hyýalda janlandyrmakdyr. Häzir sizden käbir zatlary haýyş etjek:

*1. Durmuşyňyzy özgertmek üçin haýsy özgerişligi saýlap aljakdygyňyzy kagyza ýazyň, ýazanlaryňyz:*

*1.1. Takyk bolsun, nämälim we amala aşyryp bolmajak uly işler bolmasyn;*

*1.2. Siziň ýürekden isleýän özgerişligiňiz bolsun;*

*1.3. Size gowy tarapdan peýda getirip biljek özgerişlik bolsun;*

*2. Özgerişligi durmuşyňyza girizmekde nähili böwet bar bolsa,*

*olaryň hem sanawyny drediň.*

*3. Bu özgerişlik üçin nähili artykmaçlygyňyz bar bolsa, olary hem bellik ediň.*

*4. Özgerişlik üçin ädilmeli ädimleri kesgitläň.*

*5. Her bir ädim üçin wagt belläň. Haýsy ädimi haçan ätmeli?*

*6. Siziňki ýaly ädim bilen kämillige, üstünlige ýeten adamlary tanaýarsyňyzmy? Eger şeýle adamlardan habarly bolsaňyz, olaryň kämillik ýoluny gözden geçiriň.*

*7. Bu özgerişlikden soň gazanjak zatlaryňyz barada pikir ediň. Maksada ýeten günleriňizi göz öňüne getiriň. Sesleri eşidiň.*

*8. Özüňize bir aýna ediniň. Bu näme diýmek, bilýäňizmi? Bir ynamdar adam tapyp: «Men özgermegi maksat edindim. Munuň üçin şu-şu ädimleri ätjek. Her ädimi şu-şu wagt aralygynda ätjek. Ýöne seniň kömegiň gerek. Meniň özgerişligi kabul edýän döwrümde seniň duýduryşlaryň gerek. Maňa aýna bol we ýolumdan sowlup başlasam duýdur» diýip, ondan ýardam soraň.*

Käbirimiziň özgerişlik meselesinde goýberýän esasy ýalňyşlygymyz başgalaryň pikiriniň azlyk etmegidir. Çünki başgalaryň pikiri seni bu işe has höweslendirýär. Şol bir wagtyň özünde-de bu pikirler seniň jogapkärçiligiňi artdyrýar.

Kimdir birinden sizi ruhlandyrmagyny soran bolsaňyz, onuň jogapkärçiliklerini hem ýatladyp duruň. Esasy zat bolsa, ondan ýüz görüp, gapyrga syrmazlygyny haýyş ediň. Onsoň hem maksada ulaşmak üçin äden her bir ädimiňizi ruhlandyryjyňyz bilen paýlaşyň. Özgerişlik babatynda siziň öz meýilnamaňyz we senenamaňyz bolşy ýaly, edil şol zatlar sizi ruhlandyrýan adamda-da bolmalydyr.

Unutmaň, üstünlikli amala aşyrylan özgerişlik baýlykdyr. Ol biziň ýaşaýşymyzyň hilini gowulandyrýar.

## 39. Rahatlanyň!

«Munuň üçin wagt barmy näme?» diýmäň. Rahatlanyň! Gündelik durmuşymyzdaky wakalar, sesler, jogapkärçilikler, zerurlyklar, esasan hem, aň, pikir bilen baglanyşykly ynjalyksyzlyklar şeýle bir tapdan düşürýär welin, aýdyp diýer ýaly däl. Şonuň üçin özüňize ilki bilen özüňiz ýardam etmeli. Zehin, duýgy we fiziki zähmet babatynda sazlaşygy guramak üçin rahatlanmagy öwrenmek we muňa kömek etjek maşklary ýerine ýetirmek juda möhümdir. Günüň dowamynda birnäçe ýola berlen bary-ýogy 15 sekuntlyk kiçijik arakesmeleriň şeýle bir nepi deger welin, özüňiz hem ynanmarsyňyz.

*Şol maşklar bilen bagly käbir maslahatlary bermek isleýärin:*

1. Beden arakesmesi dem alyp, garnyňyzy şar ýaly çişirmek bilen baglydyr. Öýkeniňizi howadan dolduranyňyzdan soňra, bu howany 5 sekunt çemesi wagtyň dowamynda assa-ýuwaşdan goýberiň. Bu maşky yzygiderli edýän bolsaňyz, günleriň geçmegi bilen demi goýberýän wagtyňyzy 7, 10, 15, 20 sekunda çenli uzaldyň. Bu maşky günüň dowamynda azyndan 10 gezek gaýtalaň.

2. Özüňiz üçin amatly ýerde oturyň. Elleriňizi garnyňyzyň üstüne goýuň-da, gözleriňizi asudalyk bilen ýumuň. Göwräňizi, mümkin boldugyndan, rahat tutuň. Öýkeniňiz barada pikir ediň. Hamana, onuň iki bölümden ybaratdygy barada oýlanyp, içiňizden «Biiir» diýip birinji, «Ikiii» diýip ikinji bölegini dolduryň. Birnäçe sekuntlyk demiňizi tutup, ony bu gezek has haýalrakdan «Biiiiir», «Ikiiii» diýip, iki ädimde goýberiň. Ýöne bu maşky yzygiderli iki gezekden köp etmek maslahat berilmeýär.

3. Ýene-de özüňiz üçin amatly görnüşde oturyň. Özüňizi asuda duýup, gözleriňizi ýumuň. Çuňdan dem alyp, ony içiňizde 20 sekunt çemesi saklaň. Soňra-da tutuş göwräňizi ýuwaşjadan

gowşadyň.

4. Beden arakesmesini bermegiň ýene bir ýoly hem gözleriňizi ýumup, degna nokatlaryny kesgitlemek we çalt depginde beden barlagyny geçirmekdir. Aýagyňyzy barmaklaryndan başlap, kelläňize çenli ähli beden agzalaryňyzy ýeke-ýekeden çala hereketlendirip, bu hereketi süňňüňiz bilen syzyň. Äňiňizi we omuzlaryňyzy eýläk-beýläk hereketlendirip, degna dartgynlylygynyň dargamagyna kömek ediň. Şol mahal hem bedeniňizde kemala gelýän rahatlandyryjy ýylylygy we çalaja agyryny syzyň. Bu işler üçin 5 sekunt çemesi wagt ýeterlik. Ýöne täsiri has güýçlüdir, görersiňiz, hälkiden has köp energiýaňyz bolar.

5. Indi beýni arakesmesine geleliň. Bu arakesme akyl saglygy üçin iňňän uly ähmiýete eýedir. Ol zehin ýadawlygyny aradan aýryp, ýene-de işe höweslendirer. Mylaýym, haýal, şol bir wagtda-da äheň bilen özüňize «Rahat bol, özüňe ynan!» diýip, ähli pikirleriňizi bir nokada üýşürmäge synanyşyň. Birnäçe sekuntda pikirleri bir ýere jemläp bilmek, size söz bilen düşündirip bolmajak güýç berer. Bu ýagdaýy «Özüňden hoşal bolmak duýgusy» diýip atlandyryp bilersiňiz.

Dostlar, hakykatdanam, işimiz ýeňil däl. Bu işde degnaňa degjek zatlar näçe diýseň bar, daş-töweregimiziň bolsa meseleleri hiç haçan hem tükenenok. Dogry, işimizi ýeňilleşdirjek tehnologik oýlap tapyşlardan hem peýdalanýarys. Ýöne şol tehnologiýalaryň juda agyr degýän ýaramaz täsiri hem bar. Käbir awtor şolar sebäpli kelle-beýni keseline ýolugýandygymyzy hem ýazýar. Şonuň üçin hem gündelik meselelerden baş alyp çykmakda özümize özümiz kömek etmeli. Muny edip bileris. Käbiriňiziň saz çalyp bilýäniňizi, käbirleriňiziň gowy suratkeşdigiňizi, käbiriňiziň bolsa görkezme esbaplaryny taýýarlamakda ussatdygyňyzy bilýärin. Biler bolsaňyz, bu aýratynlyklaryňyzyň size diýseň uly

nepi deger. Şol ukyplaryňyz gündelik durmuşda gabat gelýän san-sajaksyz meseleleriň içinde hiç haçan ýitip gitmezler. Şu mahal meniň çäksiz hormatyma mynasyp bolan mugallymym Jelil Wardary, halypamy ýatladym. Ol 40 ýaşdan soň ud saz guralyny çalmagy öwrenip, durmuşyna özgerişlik girizip bilen adam. Boş wagtlarynda iş otagynda oturyp çalan birki sany sazyny diňläp, oňa bolan hormatym has-da artypdy.

Siz hem bir zatlar etmeli. Şu günem edil düýnki ýaly ýaşajak bolsak, durmuşymyzda hiç zat özgermez. Ýokarda juda bir inçe aýratynlyklaryna aralaşmazdan maslahat berlen rahatlanmak usullary sizi günüň dowamyndaky kynçylyklardan, daş-töwerek bilen aragatnaşykdaky çaprazlyklardan halas eder. Hany, edil şu mahal ýokarda görkezilenleriň arasyndan birini saýlaň-da, ýerine ýetirmäge girişiň.

### 40. Gaýtalamak tolkuny

Zehin we fiziki taýdan işjeňlik öwrenilen maglumatyň ýatda uzak galmagyna, onuň soň-soňlar hem nepiniň degmegine ýardam edýär. Zehin taýdan işjeňligiň iň netijeli we gyzykly ýoly «Gaýtalamak tolkunynyň» ulanylmagydyr. Täze öwrenilen maglumatlary her 10 minutdan bir gezek okuwçylaryň özi bilen gaýtalamak maglumaty olaryň aňyna ozalkydan 40 göterim berk ornaşdyrar. Futbol ýa basketbol duşuşygyna tomaşa eden bolsaňyz, janköýerleriň ör turup, tolkun döredişini görensiňiz. Synpda täze maglumaty gaýtaladýarkaňyz edil şu usuldan peýdalanyň. Hem gyzykly, hem netijeli bolýandygyny özüňiz hem görersiňiz.

Bu işde ilkinji ädim okuwçylara gaýtalamak tolkunynyň nämedigini düşündirmekdir. Ol şeýle amala aşyrylýar:

*1. Her bir okuwçy sapagy ünsli diňläp, täze maglumat barada*

*gysgaça bellik etmeli;*

*2. 10 minutdan soňra mugallym barmagy bilen bir okuwçyny görkezmeli;*

*3. Görkezilen okuwçy ýerinden turup, sapakda öwrenilen sözi ýa-da jümläni öz beýan edişi boýunça gaýtalap, dessine-de oturmaly;*

*4. Ol oturyp-oturmanka, hälki hereketleri gapdalyndaky okuwçy gaýtalamaly;*

*5. Şeýdip bu iş synpdaky iň soňky okuwça çenli tolkun görnüşinde dowam etmeli. Şeýlelikde, gaýtalamak işi çalt, netijeli we gyzykly amala aşar.*

Synpdaky tolkuny öňden arka, sagdan çepe hem döredip bilersiňiz. Her 10-15 minutdan döredilen gaýtalamak tolkuny hem sapagyň gyzykly geçmegine, hem öwrenilenleriň okuwçylaryň aňynda uzak wagtlyk galmagyna ýardam edýär.

Bu usuldan peýdalanyp başlan ilkinji günleriňizde ýüze çykyp biljek sazlaşyksyz hereketler keýpiňizi gaçyrmasyn. Hemme zadyň ýola düşmegi üçin wagt gerek. Işi göwnüňizdäki ýaly ýola goýanyňyzdan soň siz mekdepde sapagyny iň gyzykly geçýän mugallymlaryň birine öwrüler siňiz.

## 41. Synanyşmazlar... Näme üçin?

Wagtal-wagtal synpyň öňüne geçip, okuwçylaryň gözlerine serediň. Olaryň serine dolan duýgulary okamaga çalşyň. Ine, şonda köp zady okap biljekdigiňize ynanýaryn.

Fakultetdäki talyplarym bilen bu işi geçirenimde olaryň köpüsiniň gözlerinde boş bakyşlary gördüm. Bu bakyşlar: «Men synpda däl», «Sapak bilen gyzyklanmaýaryn» diýýärdi. Diýmek, olar öwrenmäge synanyşyk hem edenoklar. Ýöne, köplenç,

munuň sebäbini tapyp bilemok. Ýogsam olaryň köpüsiniň öwredilýän maglumaty gowy özleşdirjekdigini hem, hatda has köp işi edip biljekdigini hem bilýärin. Muňa garamazdan, bu «gyzyklanamoklaryň» sebäbi nämekä?

Dostlar, üstünlige böwet bolýan esasy zatlaryň biri GORKUDYR. Adamlaryň içindäki gorky daşdan görenlere «gyzyklanamok» bolup görünýär. Hatda öz gorkymyzy gyzyklanmazlyga salyp bukjak bolýarys. Meniň okuwçylarym hem şeýdýärdiler. Bilmeýän ýa üstünlikden gorkýan wagtlary gyzyklanmazlyga salyp, özlerini goramaga çalyşýardylar. Şol gorka-da bäs gelip bilenokdylar. Öwrenmäge synanyşmaga derek gorkusyny gyzyklanmazlyk arkaly goramaga synanyşýardylar.

Okuwçylaryňyza: «Synpymyzda üstünlige däl-de, synanyşyklara üns berler» diýiň. «Bu synp synanyşmagyň öwgi bilen serpaýlanýan jennetidir» diýlip ýazylan diwarlygy taýýarlap, synpyň görnükli ýerinden assaňyz-a has gowusy!

Ähli okuwçylar bilen haýsy hem bolsa bir okuwçynyň öwrenmek üçin synanyşmazlygynyň sebäbi barada çekişme guraň. Olardan munuň sebäplerini soraň. Soňra-da üstünlik gazanmak, kämilleşmek üçin töwekgelçiligiň gerekdigini düşündiriň. Gorkynyň bu işi nähili bökdeýändigini ozal okan ýa-da özüňizden toslan hekaýalaryňyz bilen beýan ediň.

Ýene bir zady: olaryň şu duýga gaplanan ýeke-täk okuwçy däldigini hem düşündiriň. Şol bir gorky ähli okuwçylarda bar. Töwekgelçilikden gorkmaýan we kämilleşmäge höwesek az sanly okuwçylaryň beýleki synpdaşlaryny hem höweslendirjekdigine ynanyň.

## 42. Baglanmalar

Okuwçylaryna garramagyň aýratynlyklaryny düşündiren

psiholog Dr. Paul Ruskin olara şu waka barada okap beripdir:

*«Näsag ne gürleýär, ne aýdylanlara düşünýär. Käte bolsa uzak wagtlap bir zatlar samraýar. Haýsy döwür, ýer ýa adam hakda gürleýäni belli däl. Diňe nädibem bolsa öz ady tutulanda bir gozganýar. Men eýýäm alty aý bäri onuň ýanynda, ne sagalmak üçin gaýrat görkezýär, ne-de bejergä ýardam berýär. Ony hemişe başgalar iýdirýär, ýuwýar, geýindirýär. Dişleri ýok, şonuň üçin hem iýjeklerini püre görnüşine getirip bermeli. Köýnekleri tegmil-tegmil. Ýöräp bilenok. Belli ýatybam bilenok. Ýarygije oýanyp, şeýle bir ses edýär welin, öýdäkileriň ählisiniň süýji ukusy kesilýär. Köplenç, keýpi erbedem däl, ýöne hiç bir sebäpsiz hem gaharlanyberýär. Soň biri gelip köşeşdiräýmese, öz-özi köşeşjek gümany ýok».*

*Bu ýagdaý barada okap berip, Ruskin okuwçylaryndan şeýle näsagyň ýanynda bolup-bolmajakdyklaryny sorady. Elbetde, okuwçylaryň ählisi seňrigini ýygyrdy. Ruskin bolsa özüniň bu işi uly höwes bilen edýändigini, okuwçylaryň hem şeýtmelidigini aýtdy. Okuwçylaram muňa haýran galdylar.*

*Soňra Ruskin bu näsagyň suratyny görkezdi. Suratdaky doktoryň alty aýlyk gyzydy.*

Dr. Ruskin Amerikanyň lukmanlar birleşiginiň žurnalynda ýalňyş baglanmagyň adama edýän täsiri barada makala bilen çykyş etdi.

Synpdaky ähli okuwçylary ýeke-ýekeden göz öňüne getiriň. Olaryň içinden haýsysyny halaňzok? Ony näme üçin halamaýarsyňyz? Kagyz-galam alyp, göniňizden geliň-de, şol okuwçynyň gowy we erbet taraplary barada ýazyp başlaň.

Käte synlaýan suratymyzdaky bir nokada, haýsydyr bir reňke ýa-da başga aýratynlyga baglanýarys. Şondan soň tutuş surata bizi özüne baglan nokada görä baha berýäris. Käte bolsa okaýan

ýazgymyzyň bir nokadyna baglanýarys. Soň, özümiz hem duýmazdan, tutuş ýazgyny şol nokat bilen seljerýäris.

Käte haýsydyr bir okuwçymyzyň haýsydyr bir aýratynlygyna baglanýarys. Iň ýamany hem, şondan soň şol okuwçynyň her bir hereketine bizi özüne baglan aýratynlyk bilen baha berýäris. Özi hem baglanýan aýratynlygymyz, köplenç, ýaramaz aýratynlykdyr. Şol aýratynlyk sebäpli ol adam gözümizden düşýär. Okuwçylarymyz babatynda-da şeýle. Aňymyz onuň ýaramaz aýratynlygyna baglanýar. Aşakdaky suraty siz hem gören bolsaňyz gerek!

*Näme görýärsiňiz? Zenan maşgala, şeýlemi?! Näçe ýaşynda? Köp adam bu surata ilkinji gezek seredip, garry zenany görýär. Şony görüp hem belli bir aýratynlyga (meselem, onuň garrylygyna) baglanýar. Ýöne üns berseňiz, suratda iki zenan bar: olaryň biri ýaş we owadan, ikinjisi bolsa siziň görýäniňiz.*

Ilki nämä baglansaňyz baglanyň, bu ýagdaý siziň ikinji zenany görmegiňiz üçin kynçylyk döreder.

Synpa girdiňiz we kimiň gelip-gelmändigini barladyňyz. Şol gün sapaga gelmändigine begenýän okuwçyňyz barada pikir ediň. Olaryň haýsy okuwa gelmese begenerdiňiz? Soňra-da şol okuwçynyň şol aýratynlygyna näme üçin baglanandygyňyz barada oýlanyň. Näme şol aýratynlyk? Eger okuwçynyň ýaramaz aýratynlygyna baglansaňyz, onda hiç haçan hem gowulyk görmersiňiz. Gowy serediň, gowy niýet bilen seretseňiz, gowy zatlary hem görersiňiz. Baglanýan ýeriňize üns beriň, çünki ol görjek zadyňyzdyr.

Dostlar, görmegi başaryp bilsek, her bir okuwçymyzda ünsi çekerlik ýüzlerçe aýratynlyk bardyr.

Şertler dünýä bakyş giňişligimde uly ähmiýete eýedir. Başymyzdan geçirenlerimiz sebäpli, dünýä, ýaşaýşa belli bir nazar

bilen çemeleşmäge endik edinipdiris. Şol şertlendirme mugallymyň gözünden sypmaly däl ýagdaý ýüze çykanda-da, ony görmezlige salmagymyza sebäp bolýar. Bu ýagdaý bolsa okuwçylar bilen gatnaşyklarymyza hem ýaramaz täsirini ýetirer.

Özüňizi gözden geçirip, hem özüňizde, hem başgalarda görmek islemeýän zatlaryňyzy tapmaga çalşyň. Her pursatda: «Hakyky ýol şumy ýa men özümi dünýä şeýle nazar bilen seretmäge şertlendirýärinmi?» diýip içki dünýäňize sowal beriň. Munuň üçin dürli ýollary we aýratynlyklary tapmaga synanyşyň. «Jansyz ozanlaryň guramasy» atly film köpleriň ýadyna düşýän bolsa gerek. Ol ajaýyp ýolgörkezijilere şeýle bir baý film welin, belki, 40 gezek dagy tomaşa edendirin. Her gezek hem ahyrynda aglaýaryn. Filmden bir sahna ýadyňyzdamy: ýeke-ýekeden oturgyjyň üstüne çykyp, okuwçylaryň mugallymyny ugradýan sahnasy bardyr-a! Oturgyja ilkinji okuwçynyň çykýan sahnasyny bir ýatlaň! «Biziň kapitanymyzyň» okuwçylary ýeke-ýekeden oturgyja çykaryp, «Hany seret, ol ýerden dünýä nähili görünýär» diýen sahnasyny... Ol muny näme üçin şeýdipdi, bilýäňizmi? «Oturan ýeriňizden siziň nazaryňyz bilen dünýä şeýle görünýär. Ýöne oňa başga ýerden başga nazar bilen seretsek, nähili görner?» diýjek bolýar ol. Ol hut şonuň üçin hem okuwçylary oturgyja çykarýar.

Hakykatdan-da, her ýagdaýda şu usuldan peýdalanyp bilsek, dünýä, adamlara garaýşymyz düýbünden başgaça bolardy. Hatda, has üstünlikli bolardyk. Görmeýän zadymyz galmazdy, baglanmalarymyz ýok bolardy.

Görmezlige salmak we baglanmalar adamlar bilen gatnaşyklarymyza täsir edýär, hatda sagdyn gatnaşygyň hem köküni gyrýar. «Nädip?» diýýäňizmi? Meniň bilen deň-duş kärdeşlerimiň geçen asyryň segseninji ýyllarynyň öňüsyrasyndaky ýagdaýlar ýadyndadyr. Taýýar boluň, dogry many çykararsyňyz

diýen umyt bilen, size bir wakany gürrüň bermekçi:

*Talyby bolanlygym üçin başymy mydama dik tutup gezýän Ankara uniwersitetiniň pedagogika bilimleri fakultetine 1978-nji ýylda kabul edildim. Şol wagtky düzgünlere görä, okuwa kabul edilen talyplar dessine aýry-aýry toparlara bölünýärdi. Arakesmä çykylanda, toparlaryň ýöreýän eýwanlary hem aýrydy. Iki eýwanyň arasynda bolsa polisiýanyň işgärleri durýardy. Toparlar bir hajathanadan, garbanyşhanadan hem peýdalanmaýardylar. Şeýdip men adyny hem bilmeýän adamlarym bilen duşmanlaşdyryldym. Olary ömrümde ýeke gezek görendigime garamazdan, men olaryň duşmanydym. Onda-da nähili duşmandyk, bilýäňizmi: bu döwletiň halas edilişiniň şol adamlaryň ýok edilmegi bilen baglydygyna ynanar derejede duşmandyk. Olaryň kimdigi, pikiri, ýaşaýşy, maksady piňime-de däldi. Olar meniň, hatda biziň, hatda ähli watandaşlarymyň, hatda tutuş adamzadyň duşmanlarydy. Maňa şeýle öwredilendigi üçin şeýle pikir edýärdim.*

*Fakultetde dawa-jenjele gytçylyk ýokdy. Şol jenjeller başlanynda özlerine degişli däl ýaly üns hem bermeýän polisiýa işgärleri, niçikmi, ähli zat gutarar welin, bu jenjele dahylly ýa dahylsyz oglanlaryň baryny (jenjel gidip durka şol töwerekde görnen bolsaň ýeterlik) alar-da, ullakan awtobusa mündürip, Atçylyk toplumynyň ýanynda ýerleşýän «Baş polisiýa müdirligi» diýen ýazgyly binanyň ýerzeminindäki darajyk otaglara gabardy. Bary-ýogy 16-20 inedördül metrlik otaglarda «günäli» 8-10 okuwçynyň ýarysy saga, galan ýarysy çepe bakdyrylyp oturdylardy.*

*1979-njy ýylyň 27-nji dekabrynda men hem bu otaglaryň birine düşdüm. Elbetde, ilkinji minutlar haýran galyjylyk, çyga, ýarym garaňkylyga öwrenişmek duýgulary bilen geçdi. Tagtadan edilen iküç metr uzynlygynda oturylýan ýerler bardy. Ýöne oňa*

*birbada 10 oglan syganokdy. Biri-biriňe ýeňsäňi öwrüp otursaň, ýene biraz ýer açylýardy. Ine, şonda ýeňsäm ilkinji gezek ganym duşmanlarymyzyň ýeňsesine degdi. Haýran galaýmaly, olaryň ýeňsesi hem biziňkä meňzeşje! Gözümiň gytagy bilen ýüzüne bakanymda ýüz-gözüniň hem biziňki ýalydygyny gördüm. Muňa näme üçin ozal üns bermedimkäm?! Ilkinji gezek hiç hili dawa-jenjelsiz gürleşip başladyk. Sesimiz beýigem bolsa urşamzokdyk, ýöne gürleşýärdik. Ilkinji aýdylýanlar şeýleräk mazmundady:*

*— Gapyny saklap, kim bilýär kimler üçin 3 minutlyk dymyşlyk, «Her kim ýerinden galsyn» diýip gygyrmak nämäňe gerekdi diýsene! Ol näme, şehitmi?*

*— Hamana, geçen hepde siz şondan gowy iş etdiňiz-ow!*

*Soň biri-biriniň yzyndan kerwen gurap gelen uzyn gündizlerde we gijeler, gör, haýsy gürrüňleriň başy agyrdylmady. Ilkinji söýgüler, kakamyzyň «şeker şapbady», başlangyç mekdepdäki mugallymlarymyz, ýetginjekligiň ilkinji şemaly, gör, nämeleriň başy agyrdylmady. Men bolsa her gürrüňde içimden: «Gör-ä muny! O-da meniň ýaly adam eken. O-da gynanypdyr, o-da begenipdir. Diýmek, biz şol bir duýgulary başdan geçiripdiris» diýýärdim. Olaryň hem şu pikire çümendigine ynanýaryn.*

*Şeýlelikde, men kalbymy baglan gubardan we gulpdan assa-ýuwaş halas bolup barýardym.*

*Göz astynda saklanan ilkinji günümizdäki nahar bilen bagly waka bolsa häzir hem göz öňümde dur. Açdyk, onda-da gaty açdyk. Hatda ömrümde ilkinji gezek açlygyň beýle aýylganç zatdygyny gördüm. Şol aýylgançlygyň içinde niredendir bir ýerden ýadyma merhum enem düşdi. Obanyň abraýly adamynyň maşgalasy bolan enem hiç haçan açlyk belasyny görmändir. Mekgejöwen üwelip, suw bilen garyşdyrylyp iýilýän 1935-1940-njy*

*ýyllarda ol bugdaý ununy tapyp biljek derejede gurply eken. Çagakam: «Alla jan, bendäňi açlyk bilen synama!» diýip doga edýän enemi görenimde, onuň aýdýan sözlerinden many çykaryp bilmezdim. Ýöne bu sözleriň manysyna göz astynda ýatan günlerimde aňryýany bilen düşündim. Geçen asyryň segseninji ýyllarynyň başlarynda çöregiň arasyna salnan bagyr satylýardy. Talyplar üçin iň arzan tagam şoldy. Meniň gadyrdan duşmanlarymyň käbir ýaranlary tussaglykda ýatan şepelerine şol tagamdan wagtal-wagtal ugradardylar. Şol gezekleriň birinde gadyrdan duşmanym tagamdan ilkinji dişlemini aldy-da, ony ýuwudyp-ýuwutmanka maňa-da ullakan bölegini bölüp berdi. Dogry, ýüzüni sowup otyrdy, ýöne bu piňime-de däl, ol maňa iýer ýaly zat berdi ahyry! Hernäçe ajam bolsam, meniň ilkinji jogabym onuň ganyny gyzdyryp biljek derejededi: «Merez bolsun, iýjek däl, özüň iý!». Şu sözleriň heniz hemmesini aýdyp ýetişmänkäm içime uly puşmanlyk doldy. Çynym bilen: «Belki, ýene bir gezek uzadar» diýip tamakin bolýardym. Edil Hakyň rehmedine gowşan Osman aga bilen başymdan geçirenlerim ýaly. Ol Safranboluda biziň öýümize ýakyn ýaşaýardy. Osman aga. Nahar iýilýän wagtlarynda, köplenç, olaryň öýünde bolýardym. Tikinçilik bilen meşgullanýan Osman aganyň meniň bilen deň-duş iki ogly bardy. Her gün günortanlyk iki tegelek çörek bilen iki ýarym kilogram et alyp, aýalyna kebap bişirdip iýýärdi. Arasynda-da maňa bir bölek kebap hödürläp: «Burnuň ys alandyr, oglum! Al, senem!» diýerdi. Iýesim gelip ölüp barýan hem bolsam: «Ýok, Osman aga, walla, ysy çykanok! Onsoňam men häliräk kebap iýip gaýtdym, ejem bişiripdi» diýerdim. Edil şonda-da häzirki ýaly aýdanlaryma puşman edip, kebaba derek öz etimi iýerdim. Ýöne çaga belet Osman aga ýene birküç gezek dagy hödür ederdi. Ahyry bir bölek kebap alyp iýemsoň, ikimizem ynjalardyk. Duşmanym bagyrly çörek hödür edýärkä-de göz açyp-ýumasy salymda Osman aga*

*ýadyma düşüp gitdi. Hernä, ol ikinji gezek hem hödür edäýdi. Ýöne ýüzüme bakanokdy: «Al diýýän saňa! Bilýän-ä aç oturanyňy!». Şol mahal ajaýyp bir duýgyny başdan geçirdim. Belki, edil şol mahal häzir dünýägaraýşyma öwrülen hakykatyň tagamyny ilkinji gezek duýdum: Biz adam — hemmämiz adam! Haýsy pelsepä, haýsy ýola gulluk etse etsin, ýöne adam bolmak düýbünden başgaça zat. Ine, şol ilkinji bölüşilen tagam süýji gürrüňdeşligiň başy boldy. Ilki-ilkiler azmly çykan seslerimiz gitdigiçe ýumşaýardy...*

*Wagtymyz dolup, talyplyk resminamamyz hem ullakan oýulyp, täzeden bilim alýan ýerimize gaýdyp gelenimizden soňra, ýene her haýsymyz öz toparymyza goşuldyk. Ýöne ne meniň, ne-de olaryň «duşmanlarymyza» el galdyrmaga gaýratymyz çatdy. Belki, töweregimizdäkilerden ýaýdanýandygymyz üçin edil tussaglykdaky ýaly iç döküşip bilmedik, ýöne pete-pet gabat gelşilende, gözlerimiz bilen salamlaşmagy ahmal etmeýärdik...*

Gürrüňi ýene uzaltdym. Hatda bu gezek hekaýa ýazmaga synanyşdym öýdýän. Ýöne şu zatlary siziň bilen hem paýlaşmak isledim. Sizi, kärimizi juda hormatlaýandygym üçin şeýtdim. Men bu gün bir hakykata ynanýaryn: bu köpçülikde adamlary biri-birine duşman etjek bolsaňyz, aralarynda diwar galdyryň. Göze görünmeýän, sözler, pikirler bilen gurlan diwar... Adamlary parahat ýaşatmak isleýän bolsaňyz, şol diwarlary ýykyň. Näme bilen diýýäňizmi? Elbetde, ýürekdeş gatnaşyk bilen. Gürlemekdäki we diňlemekdäki aýratyn ukyp bilen. Uniwersitetlerde mugallymçylyk eden 17 ýylymda özümi iň bagtly duýan pursatlarym barada bilesiňiz gelýärmi? Dünýägaraýşy çapraz gelýän iki okuwçymyň bir stoluň başynda çaý içip oturanyny görmek dünýä deňdi meniň üçin.

Gadyrdan mugallym, ilki bilen öz gulplaryňy aç! Ilki bilen öz äwmezligiňi aradan aýyr!

Soňra-da, okuwçylaryňa şuny öwret:

Tapawutlylygyň baýlyk we gözellikdigini öwret. Tapawutlylygyň döwletiň mümkinçilikleriniň esasy güýjüdigini öwret. Biz muny başaryp biljek adamlar. Çünki biz ilki adam, soňra mugallym. Çünki biz okuwçymyzyň mugallymy. Çünki biz öz işimizi bilýän mugallym.

Sizi söýýärin.

*Adamlaryň köpüsi ýitirmekden gorkýandygy üçin söýmekden gorkýar.*

*Söýülmekden gorkýar — özüni söýülmäge mynasyp görmeýändigi üçin.*

*Pikirlenmekden gorkýar — jogapkärçiligini artdyrjakdygy üçin.*

*Gürlemekden gorkýar — tankytlanmakdan gorkýandygy üçin.*

*Duýgularyny beýan etmekden gorkýar — ret edilmekden gorkýandygy üçin.*

*Garramakdan gorkýar — ýaşlygynyň gadyryny bilmändigi üçin.*

*Unudylmakdan gorkýar — dünýä bir zatlar goýup gitmeýänligi üçin.*

*Ölmekden gorkýar — aslynda, ýaşamany öwrenmändigi üçin.*

**W. Şekspir**

## 43. Endikleriň kömekçisi

Käbir endikleri gazanmak, soňra-da üýtgetmek kyn görünýär. Bu ýagdaý ýyllaryň dowamynda özümize mahsus aýratynlyga eýe bolup giden endiklerimizi üýtgetmek babatynda has uly kynçylyk döredýär. Ýöne mümkin däl zat ýokdur. Haýsy endigiň dogabitdi bolmasa, ony soň tapan bolsaň, onuň soňuna çykyp hem bolar.

Ilki bilen şu hakykaty kabul etmeli. Esasy zat islemek we göreşmekdir. Hut şu meselede size we okuwçylaryňyza juda ýönekeý usuly salgy bermek isleýärin. Bu usuly äsgermezçilik etmän oňa eýerseňiz, gazanjak zadyňyz kän bolar.

Özümçe «Endikleriň kömekçisi» diýlip atlandyrylan bu usuldan peýdalanmak üçin size diňe kagyz bölegi gerek.

**Endiklere gözegçilik etmegiň jedweli**

| Ady ........................................<br>Familiýasy .............................<br>Başlamaly wagty .................. | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Özgerdilmesi maksat edilýän endikler** | 1-nji gün | 2-nji gün | 3-nji gün | 4-nji gün | 5-nji gün | 6-njy gün | 7-nji gün | 8-nji gün | | | 31-nji gün |
| **Aýalyma her gün «Seni söýýärin» diýmek** | | | | | | | | | | | |
| **Aýakgabymy her gün boýamak** | | | | | | | | | | | |
| **Synpdan çykmazdan ozal tagtany tämizlemek** | | | | | | | | | | | |

1. Ilki bilen endikleriňiziň haýsy birinden ýüz öwrüp, haýsy birini kämilleşdirjekdigiňizi anyk kesgitläň. Şeýle endikleriň üçüsini belläp alyň.

2. Eliňizdäki kagyza ýokardaky jedweli çyzyň. Ol 32 bölümden ybarat bolmaly. Görşüňiz ýaly, ilkinji sütün has giň, galanlary dardyr.

3. Özgertmek we düýbünden hoşlaşmak isleýän endikleriňizi jedwele ýazyň. Eger mümkin bolsa, endikleriň sanawy olaryň zerurlygyna görä bolsun.

**Endiklere gözegçilik etmegiň jedweli**

| Ady ........................................<br>Familiýasy ..............................<br>Başlamaly wagty .................. | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Özgerdilmesi maksat edilýän endikler** | 1-nji gün | 2-nji gün | 3-nji gün | 4-nji gün | 5-nji gün | 6-njy gün | 7-nji gün | 8-nji gün | | | 31-nji gün |
| **Aýalyma her gün «Seni söýýärin» diýmek** | **xx** | **xx x** | **x** | **xx x** | **xx** | **x** | **x** | **xx** | | | |
| **Aýakgabymy her gün boýamak** | **x** | **x** | **x** | **x** | **x** | **x** | **x** | **x** | | | |
| **Synpdan çykmazdan ozal tagtany tämizlemek** | **xx** | **xx x** | **x** | **xx** | **x** | **x** | **xx** | **xx** | | | |

4. Bir aýyň dowamynda şol endiklere eýerseňiz, onuň deňine belgijik goýuň. Mysal üçin, bu belgi **x** görnüşinde bolup biler. Eger endik bir günüň dowamynda birnäçe gezek gaýtalanan bolsa,

şonça gezek bellik ediň.

Bu meselede geçirilen barlaglar bir endikden ýüz öwürmek ýa-da ony kämilleşdirmek üçin 21 günüň gerekdigini görkezýär.

5. Her hepde jedweldäki bellikleriň sanyna görä özüňizi höweslendirip bilersiňiz. Mysal üçin, halaýan tagamyňyzy iýiň ýa da aýnanyň öňüne geçip, «Berekella, Hasan, başarjagyňy bilýärdim» diýiň.

Dostlar, özüňi çaga ýaly alyp barmagy halamaýan kärdeşlerimiň bir toparyna bu usul gülkünç görnüp biler. Olara-da diýjek sözlerim bar:

*Ýaşaýşymyza biraz degişme we güýmenje goşmagyň kime zeleli bar? Hernäçe görmezlige salsagam, içki dünýämizde hemişelik ýaşaýan we hiç haçan ulalmadyk çagajyga biraz üns bermek bilen näme ýitirýäris? Gaýtam, bu biziň ýaşaýşa bolan höwesimizi artdyrmazmy?*

Üstesine, ýalňyş ýa-da ýetmezçilik edýän endiklerimizi gözden geçirmek çaga bolmakdan zyýada uly adam bolmagyň hut özi dälmi? Başga bir tarapdan bolsa iňňän peýdaly bu usuldan özümiz peýdalanmak islemesek, ony okuwçylarymyza maslahat berip bileris.

Munuň üçin işe her bir okuwçymyzdan özgertmek isleýän üç endigi barada soramakdan başlap bileris. Soňra-da okuwçylarymyzyň sanyna görä ýokarda nusgasy görkezilen jedweli köpeltmeli. Şondan soň bu işe olary hem goşup bileris. Şeýtsek, okuwçylarymyzyň öz endiklerine gözegçilik etmegine ýardam bereris.

*Bir alym kölüň kenarynda oturanmyş. Ol teşnelikden ýaňa heläk bolup barýan bir itiň suwuň gapdalyna gelip, soňam gorkup yza çekilişini görüpdir. Alym bu ýagdaýa esli salym syn edip durýar. Dogry, köpek suwa teşne, ýöne özüniň suwuň ýüzündäki*

*keşbinden heder edip, oňa ýakynlaşyp bilenok. Ýöne teşneligi gorkusyndan rüstem gelen köpek ahyrsoňy özüni suwa urýar. Elbetde, tolkunlaryň arasynda sudur hem ýitip gidýär. Ol şondan soň suw içip, teşneligini gandyrýar.*

*Häliden bäri köpegi synlap duran alym öz ýanyndan: «Bu ahwalatdan öwrenere zat bar — diýip pikir öwürýär. — Islendik adamyň isleglerine böwet bolýan zat içindäki gorky eken. Içki dünýäňde ulaldylan böwedi ýeňip bilseň, islegleriň amala aşýar».*

*Ýene biraz pikirlenen alym bu ahwalatdan başga has uly bir hakykata göz ýetirýär. Bu hakykat adamyň, hatda ol alym hem bolsa, köpekdenem öwrenip biljek zadynyň barlygydyr. Şonuň üçin bilýänleriňi paýlaş, adamlaryň senden hem öwrenip biljek zady bardyr.*

*Her bir adamyň hekaýasy we aýtjak zady hökman bardyr.*

## 44. Günäkärlemegi bes etmek

Öz ýaşaýşyna gözegçilik edip bilmegi başarmak okuwçylaryňyza öwretjek esasy aýratynlyklaryňyzyň biridir. Özüne we hereketlerine jogapkärçilik islendik adam üçin üstünligiň, bagtly bolmagyň açarydyr. Islendik işde päsgelçilikler bilen ýüzbe-ýüz bolmak durmuşymyzyň aýrylmaz kadalarynyň, düzgünleriniň biridir. Ine, şeýle ýagdaýda bize iki ýoluň birini saýlamak galýar. Adamlaryň käbiri: «Hereketlerime men jogapkär» diýen pikire gulluk edip, näme edendigi, näme kemçilik goýberendigi barada çynlakaý pikirlenip, täze usullary gözleýär. Käbirlerimiz bolsa ýagdaýlaryň günäkärini tapmaga çalyşýarys, bagtymyza, ony tapýarys hem. Çünki zehinimiz pikirlerimiziň ýönelen ugruna görä çykalga tapmaga we netije çykarmaga ukyplydyr. Ýöne günäkäri gözlemek öz jogapkärçiligiňi aradan aýyrmaga, şeýdip hem geljekde çykgynsyz ýagdaýlaryň üstünden

barmaga iterýär.

Fakultetdäki talyplarymyň käbirinde eýýäm ençeme ýyldan bäri bu häsiýeti görýärin. Isle sapakdaky başarnyk meselesi bolsun, isle göwün beren gyzlary bilen duýgy babatyndaky gatnaşyklary bolsun, tapawudy ýok, maksadyna ýetip bilmese, günäni başgalardan gözleýän talyplarym, gynansagam, ýok däl. Şeýle adamlar kyn ýagdaýlarda, köplenç, başgalary günäkärleýän hem bolsalar, käte öz başarnyklaryny hem azda-kände günäkärläp bilýärler. Meniň ýanyma: «Men barypýatan akmak...» diýip gelen okuwçym kän bolupdy...

Bir zady ýatdan çykarmaň: şowsuzlyk her dürli kyn ýagdaýlardan çykalga gözlemegiň ýerine günäkäri gözleýän adamlaryň ýazgydyna ýazylandyr. Olar, adatça, gurban gözleýän adamyň keşbini ýerine ýetirmegi saýlaýarlar. Käte bolsa ýeňlen gahrymanlara öwrülýärler. Olary diňleseň, haky iýlendir, depelenendir. Ýöne, göýä, ýykylan däldir, heniz hem aýak üstündedir. Şuňa meňzeş ýaşaýyş terzi ömrümiziň birnäçe ýylynyň (esasan hem, ýetginjeklikde) esasy aýratynlygy bolupdy. Ýöne ömürboýy şu ýörelge bilen ýaşan adamlary hem tanaýaryn. Emma şeýle ýaşap, üstünlige ýeten ýa-da bagtly bolan birini tanaýaryn diýsem ýalançydyryn. Özümiz hem saýgarman ähli zatdan öňürti haýsydyr bir adamy ýa-da ýagdaýy günäkärleýän bolsak, özümiziň hem gowy görýän we isleýän bir topar zadymyzdan mahrum bolýandygymyzy ýatdan çykarmalyň.

Işleriňiziň juda bir ugrugybermedik günlerini seriňizde aýlaň. Şol günlerde nähili duýgulary başdan geçiripdiňiz? Özüňize erk edip bilipdiňizmi ýa günäkärlemegi galkan edinendigiňiz üçin çäkden çykypmydyňyz? Günäkäri gözlemek endigi soň gazanylýar. Eger özümiz bilen bile dogulmadyk endik bolsa, ony näme üçin özgerdip bilmeris? Muny başaryp bilsek, bize üstünliklere beslenen bagtly ýaşaýyş garaşýar. «Durmuşymda gowulyklar

köpelsin» diýýän bolsaňyz, munuň iň gysga ýoly her hili ýagdaý bolsa-da özümizi we töweregimizdäkileri günäkärlemezlikdir. Haýsydyr bir ýagdaý üçin kimdir birini günäkärlejek bolanyňyzda «Kimi näme üçin günäkärleýärin-ä! Hany, yza gaýt derrew!» diýip, özüňize erk edip bilmek hökman oňyn netijesini berer. Näme edýäniňi bilmek gowy özgerişlige tarap ilkinji we möhüm ädimdir.

Okuwçylaryňyzy günäkäri gözlemek endiginden dyndarmak üçin size kiçijik bir maslahatym bar. Bu maslahat «Näme edýäniňi bilmek gowy özgerişlige tarap ilkinji we möhüm ädimdir» ýörelgesine esaslanýar:

*1. Kiçijik gapdaky indeks kartjagazlaryny satyn alyň.*

*2. Kartlaryň birnäçesine gyzyl galam bilen «GÜNÄKÄRLEMEGI BES ET!» diýip, görnükli şekilde ýazyň. Bu ýazgyny şonuň manysyna kybapdaş karta ýazyp hem bilersiňiz.*

*3. Kartlaryň başga bir bölegine bolsa gök ýa-da ýaşyl galam bilen «HEREKETLERIME MEN JOGAPKÄR» diýip ýazyň.*

*4. Heran-haçan haýsydyr bir okuwçyňyzyň ýa-da ýakynyňyzyň kimdir birini günäkärlejek bolýandygyny göreniňizde, oňa ilki gyzyl galam bilen ýazylan karty, soňra-da gök ýa-da ýaşyl galam bilen ýazylanyny beriň. Kartlary näçe kän taýýarlasaňyz, şonça gowy bolar. Çünki hiç biriniň hem yrýa gitmejekdigine kepil geçip bilerin. Durmuşda özgerişlige mätäç adam şeýle bir kän welin, kartlaryňyzyň sany olardan hemişe egsik geler durar.*

Her bir ýalňyşlykda günäkäri gözlemek durmuşyňyzdaky gowy zatlaryň hem soňuna sogan eker. Durmuşyňyza gözegçilik etmegi başaryň, günäkärleriň awçysy bolmak gylygyny taşlaň. Eger seriňize günäkäri gözlemek pikiri dolsa, onuň bir ýerine «Men jogapkär!» diýen düşünjäni hem ýerleşdiriň.

*Günäkärlemegi bes et!*

*Men jogapkär!*

*«Elim birine degsin, ýyladaýyn üşäni,*

*Soňky ýylylygym gitmesin yrýa...».*

**Ryfat Ylgaz**

**45. Gijeki gaýtalama**

Bu gün näme başardyňyz? Nähilidir bir üýtgeşiklik döretdiňizmi? Başagaýlyga bürenen dünýämizde, köplenç, bu sowallara jogap tapmaga wagt hem aýramzok. Ýöne şu sowallaryň we olaryň jogabynyň unudylmagy içki dünýämiz däki ýagşylyklaryň, gowulyklaryň unudylmagydyr. Mugallym hökmünde her gün dünýä eden ýagşylygymyz hakynda pikirlenmek biziň üçin juda möhüm. Bu sowal-jogap jogapkärçiligimizi artdyryp, ýaşaýşa, işe bolan höwesimizi ýokarlandyrar.

Aslynda, güni keýpihon, özümizden göwnühoş jemlemegiň iki formulasy bar. Olaryň biri «K & B» — kämilleşmek we bermek, ikinjisi bolsa «Ö & P» — öwrenmek we paýlaşmakdyr. Tebigaty sebäpli biziň kärimiz bu formulalaryň ikisine hem mahsusdyr. Belki, şonuň üçinem adamlaryň içinde iň bagtlylary we keýpihonlary mugallymlardyr. Bu joşgunyň we göwnühoşlugyň uzaga çekmegi üçin kiçijik maslahat bilen ýüzlenmek isleýärin:

Her gije başyňyzy ýassyga goýanyňyzdan soň özüňize şu üç sowaly beriň:

— Bu gün näderejede kämilleşdim?

— Bilýänlerimi we tejribämi okuwçylarym bilen paýlaşdymmy?

— Bu gün kimiň özüni gowy duýmagyna kömek etdim?

Öz berýän jogaplaryňyzy üns bilen diňläň, eger bir ýagşylyk eden bolsaňyz, ony söýgi bilen kalbyňyzda saklaň. Wagtyň

geçmegi bilen bu hereketiňiz endige öwrülip gider. Çünki mugallymçylyk gahrymanlaryň işidir. Içki dünýäňizdäki gahrymanyň bagtly bolmagy üçin her gün özüňize gijeki gaýtalamany ýatladyň.

### 46. Diňe sowal beriň

Wagtynda berlen we öňünden ölçerilip dökülen sowallaryň okuwçylary sapaga höweslendirmekdäki ähmiýetini siz hem bilýänsiňiz.

Pikirlenmäge iterýän sowallar okuwçylaryň öwrenmek işine işjeň gatnaşmagyna ýol açýar. «Nädip» we «Eger» diýen sözler bilen başlaýan sowallar olary has köp pikirlenmäge mejbur eder. Şonuň üçinem sowal beriş usullaryňyzy kämilleşdirip, okuwçylaryňyzy ýokary derejede pikirlenmäge gaýratlandyryp bilersiňiz.

Ozal hem aýdylyşy ýaly, okuwçylaryň sapakdaky işjeňligini peseltjek gürrüňleriňiz iki minutdan geçmesin. Olara ýygy-ýygydan sowallary berip, sapaga gatnaşygyny her pursatda işjeň saklamaga çalşyň.

Netije çykarylmagyny talap edýän sowallary tapsaňyz has gowy bolar. Şunda SBÇ usulyndan peýdalanmak has ýerliklidir:

— Sowaly beriň;

— Bu sowalyň jogaby barada pikirlenmek üçin okuwçylara bäş sekuntlyk wagt beriň;

— Bir okuwçyny çagyryň.

**Bir üýtgeşiklik edip bilerin**

*Köne kompýuterim ýeterlik ýady bolmadyk ilkinji nusgalaryň biridi. Ýadynyň çäkli bolanlygy üçin hem ýekeje düwmä basmak arkaly ep-esli işi edip bolýardy. Hawa, 102 düwmäniň diňe*

*ýekejesi hem ekranda uly özgerişligi amala aşyrmak üçin ýeterlikdi.*

*Siz? Siz hem şeýle bolup bilersiňiz. Çünki dünýäde ýekeje siz bar. Näme edýäniňizi bilseňiz we muňa özüňizde gaýrat tapsaňyz, oňyn özgerişligi döredip bilersiňiz.*

*Käte talyplarym bilen köne kompýuterimiň arasynda bir baglanyşygyň bardygy barada pikir edýärin. Olar başaryp bilmändikleri üçin däl, başaryp bilmejegine ynanandyklary üçin şowsuzlyga uçraýarlar. Hut şol şowsuzlygyň zeleli hem diňe özlerine däl, maşgalalaryna, mekdeplerine we tutuş jemgyýetçilige ýetýär.*

*Indiki gezek haýsydyr bir işi başaryp bilmejekdigiňiz kelläňize gelse, meniň köne kompýuterimi ýatlaň. Şondan soň özüňize: «Men — aýratyn ukyply adam, bir özgerişlik girizip bilerin» diýiň.*

*Her bir işde başgalara görelde bolup biljekdigiňizi unutmaň. Sizde bolup geçýän özgerişlikler we durmuşyňyzyň ajaýyplaşmagy, gürrüňsiz, töweregiňizdäkilere hem ylham berer.*

## 47. Wezipäňe düşünmek gerek

Mekdepde geçen kyn günüň ahyrynda özüňize «Näme üçin?», «Bu kime gerek?», «Nämäni üýtgedip bilerin?» diýen ýaly sowallary berdiňizmi? Eger seriňize şeýle sowallar gelip başlan bolsa, mugallymçylyga näme üçin gelendigiňizi ýadyňyza salyň. Tümlügi ýagtyltmak üçin şem ýakmak, hut şunuň üçinem nähilidir bir özgerişlikleri amala aşyrmak siziň wezipäňiz dälmi eýsem? Ýa siziň pikiriňizçe, bu zatlaryň gymmaty hem ýokmy?

Gadyrdan dostum Ramazan Abajy «Ýaşaýşy häsiýetlendirmek» atly kitabyna Haýret Karajanyň (Eroziýa ata) goýberen ýalňyşlygy baradaky söhbetden başlaýar (Gadyrdan Karaja, elbetde, ýalňyşlyk goýbermedi. Ýöne bu Abajynyň bir

meselä ünsi çekmek üçin ulanan usulydy). Abajy Eroziýa atanyň netijäni sebäp hasaplap, ýurdumyzdaky eroziýanyň öňüni almakda bag dikmekden ozal adamlaryň beýnisindäki eroziýany aradan aýyrmagyň nepiniň degjekdigi barada pikir edendigini ýazýar. Eýsem, muny kimdir biri başaryp bilýän bolsa, ol hem mugallym bolmalydyr. Adamlaryň aňyndan eroziýany syryp süpürip aýyrmak ýöne-möne wezipemi eýsem?

Işe bolan höwesimizi öldürmezligiň açary ol heniz azalyp başlamanka alawlandyrmakdyr.

Bir kagyz-galam çykaryp ýa-da kompýuteriňizde öz saýlap alan käriňizde halaýan 10 aýratynlygyňyzy ýazyň. Degmäň, goý, galam ýa-da klawiatura sözleriň ummanynda hezil edip aksyn. Sebäpleriň kagyz ýüzüne dökülmegine rugsat beriň. Ine, şonda wezipäňiz sözlere dökülip, özüňizi has gowy duýarsyňyz.

### 48. Iň möhüm aýratynlyk: rahat bolmak

Mugallymçylyk dartgynlylyk ähtimallygy iň ýokary kärleriň biridir. Günüň dowamynda sabyr käsämizi doldurjak zatlar şeýle bir kän bolup geçýär welin, käte olara çydaman, sabyr käsäň dolaýýan pursatlary hem bolýar.

Şeýle ýagdaýlarda özümizi rahat tutup bilmek üçin näme etmeli? Özümizi ýitirmezligiň syry özümize diýýän sözlerimizde gizlenip ýatandyr. Hawa, hawa, özümize ýagdaýa nähili çemeleşjekdigimizi kesgitleýär. Olar gowy zatlary hem, erbetlikleri hem ýüze çykaryp biler. Beýniňizdäki ses käte şeýle bir çalt gürleýär welin, onuň näme diýýänine düşünmek hem hyllalla. Ýöne bu ses ýa çäkden çykan gahara, ýa-da özüňi rahat tutmak başarnygyna getirer. Olaryň haýsynyň «dünýä injekdigi» özümize diýýänlerimize bagly bolandygy üçin, şeýle ýagdaýda ilkinji etmeli işimiz şol diýýänlerimizi dogry «okap bilmekdir».

Isle mekdepde, isle başga ýerde özüňi rahat alyp barmagyň ýa-da muny başarmagyň köp meseläni çözýändigine ynanyň. Bir aýratynlygy bolsa asla unutmazlygyňyzy isleýärin: sapakda we beýleki ýerlerde biziň sabyr käsämizi dolduryan hereketleriň esasy maksady biziň sabyr käsämizi doldurmakdyr. Bu sözlemiň ýaňyltmajy ýatladýandygyny men hem bilýärin. Size özüňi alyp baryş ýörelgeleriniň ýene birini ýetireýin: «Adamlaryň hereketleriniň ähli̇si haýsy-da bolsa bir maksada ýetip bilmek üçindir». Indi bolsa bu iki sözlemiň manysyny size has içgin düşündirýän bir mysala gulak asyň:

*Sabry 7 ýaşly, orta mekdebiň ikinji synpynda okaýan okuwçy. Neriman hanym bolsa meniň tanaýan gowy mugallymlarymyň biri. Onuň Sabryny diýseň gowy görýändigini hem bilýärin. Sabry 45 minutlyk sapagyň bütin dowamynda elindäki galamy partanyň bir tarapyndan beýleki tarapyna tigirläp, onuň ýere gaçmagyna garaşýar. Ýere gaçdygam, ony alyp, bu hereketi ýene gaýtalaýar. Eger başga bir mugallym bolsa bir sapagyň dowamynda telim ýola Sabra: «Goý galamy ýerinde», «Ýanyňa barsam döwýän häzir galamyňy» ýaly sözleri aýdardy. Ýene bir mugallym tutuş sapagyň dowamynda Sabra galam ellemegi gadagan ederdi. Ýöne Neriman hanym sapak tamamlanýança sabyr bilen dymmagy we özüni rahat alyp barmagy başardy. Hamana, ol Sabryny görmeýän, hatda onuň synpdadygynam bilmeýän ýaly hereket edýärdi. Mugallym özüni rahat alyp bardygyça, Sabrynyň hem ýüregedüşgünç hereketi kem-kemden azaldy, ahyrynda bolsa doly kesildi. Neriman mugallym şu ýerde başga-da bir zat etdi. Galamy tigirlemesini goýdugy Sabra sowallary berdi. Özi hem onuň aňsatlyk bilen jogabyny tapyp biljek sowallaryny saýlady. Boýun almagyň zerurlygy barmy ýa ýokmy, bilmedim, Sabry — meniň ortanjy oglum.*

Siz bilen paýlaşan bu wakamy okan bolsaňyz, ýokardaky

sözlemlere gaýdyp geleliň. Näme diýipdik: «biziň sabyr käsämizi dolduryan hereketleriň esasy maksady biziň sabyr käsämizi doldurmakdyr» we «adamlaryň hereketleriniň ählisi hem haýsy-da bolsa bir maksada ýetip bilmek üçindir» diýipdik. Şu sözlemleri ýene bir gezek okap, Sabry bilen bagly waka barada özüňiz pikir ýörediň.

Käte özümizi ýitirip, garşymyzdaky adama maksadyna ýetmäge kömek edýäris. Başgaça aýtsak, onuň biziň üçin ýazan sahna eserinde oýnaýarys. Gaharly adamyň ýanynda özüňizi rahat tutup bilen wagtyňyz bolupmydy? Eger şeýle bolan bolsa, netijesi barada pikirleniň. Nähili ýagdaý bolsa-da, bizdäki rahatlyk söhbetdeşimiziň öz hereketleri barada oýlanmagyna sebäp bolandyr. Ine, şu netijä kembaha garamaň. Haýsydyr bir ýaramaz häsiýeti üýtgetmegiň ilkinji basgançagy özüňde onuň bardygyny bilmekdir. Gaharly adam gaşyndakynyň rahatlygyny görüp, içki dünýäsine: «Men barypýatan akmaga meňzeýärin» diýmezmi?! Özüňizi rahat alyp barmak gaýratlylygyny görkezip, diňe siz ýeňiş gazanarsyňyz.

Adamlaryň özüni alyp baryş aýratynlyklarynyň ählisi hem haýsydyr bir maksada gulluk edýär diýipdik. Siziň pikiriňizçe, Sabrynyň hereketlerindäki maksat nämedi? Megerem, köpiňiz Sabrynyň dili bilen: «Heý, mugallym, men bärde, seretseňizläň maňa, gyzyklanyň ahyr meniň bilenem, maňa-da üns beriň!» diýýän bolmagyňyz mümkin. Hawa, hakykatdanam, Sabrynyň hereketleriniň maksady şoldy. Edil köçede ýazgy edilýärkä arkadan geçýän adamlaryň elini galdyryp, «mawy ýaýlymyň» başyndaky ýakynlaryna ýa-da ähli tomaşaçylara özüni görkezjek bolşy ýaly. Neriman mugallym bolsa bu sebäbe aňryýany bilen düşünipdi. Ol Sabra beden dili bilen: «Beýle hereketler bilen-ä meniň ünsümi çekip bilmersiň, ýöne ünsümi çekip biljek başga hereketlerem bar» diýipdi. Şeýdibem Sabra dogry ýola

gönükmäge ýardam edipdi. Ol juda gowy mugallymdy, goý, gulagy şaňlasyn.

Indi bolsa aşakdaky ýagdaýlar dogrusynda pikir öwürmegiňizi isleýärin:

*— Garry eneňiz bar, özem hemişe ýarawsyzlykdan ejir çekip ýör. Lukmanlar ondan derekli bir keselem tapanok, ol bolsa lukmanlaryň sowatsyzlygyndan zeýrenýär;*

*— 9 ýaşly çagaňyz bar. Niçikmi, siz başgalar bilen gürrüňe başlaýarsyňyzam welin, ol ara girýär. Köplenjem, esasy gürrüň bilen baglanyşyksyz, samsyklaç gürrüňleri edýär ýa-da ýüregedüşgünç sowallary berýär;*

*— Bir okuwçyňyz bar. Sapagyň başyndan tä ahyryna çenli edip bilenini edip, ony bozmaga synanyşýar.*

Mysallarda görkezilenleri seljermek asla kyn däl. Ine, söýgüli dostlar, şeýle ýagdaýlaryň ählisinde ýeňiş gazanmagyň iň täsirli ýoly özüňi rahat alyp barmakdyr. Rahatlyk bu ýagdaýlardan çykalga tapmagyň ýeke-täk ýoly diýemok. Ýöne onuň size çözgüt üçin indiki ýollary tapmaga ýardam etjekdigine ynanýaryn. Fakultetde okaýarkam Leýla Küçükahmet mugallymyň hut şu meselede bize maslahat beren has netijeli başga bir ýoly hem bar: Içiňizden 60-a çenli sanaň! «60 juda kän, men munça sabyr edip bilmerin» diýýän bolsaňyz 30-a çenli sanaň. Nähilidir bir garşylyk bermänkäňiz özüňiz üçin aýran şu ujypsyzja wagtyňyzyň nähili peýdaly boljakdygyny soň görersiňiz.

Özüňi rahat alyp barmak üçin näme etmeli? Munuň üçin ilki bilen şol pursatda içki dünýäňde dörän sesi diňlemeli we ony üýtgetmäge çalyşmaly. Megerem, içki dünýäňizdäki ilkinji ses: «Bu okuwçynyň şeýle garagol bolup biljekdigine ynanýan däldirin. Bu — juda gorkunç» diýýändir. Indi bu sesiň diýýänleriniň mazmunyny üýtgetmäge çalşalyň. Sesiňizi Mikki Maus bilen

Donald Dakyň sesine meňzediň we ýokarda mysaly görkezilen sesi gaýtadan gaýtalaň. Ynanyň, şol bir sözlem size bu gezek başgaça täsir eder. Şeýlelikde, siziň garagol okuwça berjek jogabyňyz hem başgaça bolar. Bu ýerde esasy zat içki sesi has netijeli ulanyp bilmekdir.

Mugallym ýa-da ene-ata hökmünde hemme zady bilip, aň ýetirmäge borçly dälsiňiz. Öz çagalygyňyzy ýatlaň. Ata-enelerimiziň biziň bezzatlyklarymyz üçin uzyn nutuk aýdyp bermesi nähili ýürekgysgynçdy. Özem bärsi bar-da, aňyrsy ýok şol nutuklary diňlänimizde näme barada pikir edýärdik? Has dogrusy, şol nutuklaryň biziň düzelmegimize nepi degipmidi?

*Nähili ýagdaý bolanda-da, rahatlygyňy gorap bilmek öwgä mätäç başarnykdyr.*

*Ýüzbe-ýüz gürrüňdeşliklerde gynanja, alada ýugrulan jogaplardan uzaklaşyp bilmek diňe bir adamkärçilikden däl, eýsem, öz işine ussat mugallym bolmakdan hem habar berýär.*

*Fakultetde bir talybym sapaga üns bermän žurnal okap otyrdy. Oňa hernäçe üns bermejek bolsam hem başarmadym. Ýygy-ýygydan oňa gözüm düşüp, ünsüm bölünýärdi. Içki dünýämdäki ses bolsa, «Git-de, şonuň žurnalyny zibile okla» diýýärdi. Şol mahal şol ses şeýle bir «saýrady» welin, ýokarky aýdanynyň üstüne ýene bir topar zady sugşurdy: «20 ýaşly ullakan adam, ýene bir ýyldanam mugallym bolmaly. Edýän zadyna sered-ä! Mugallyma-da hormaty ýok. Adam biraz hereketlerinden utanmazmy?»...*

*Içki dünýämdäki ses artdygyça, ünsüm has köp bölünýärdi we gazabym güýçlenýärdi. Ine, birden hem özümi rahat alyp barmalydygymy ýatladym. Içimden 60-a çenli sanadym. Uludan dem aldym, demi içimde saklap, daşyna goýberdim. Garaz, içki dünýämdäki sesi ýeňmek üçin nähili usul bolsa, baryny ulandym.*

*Elbetde, bu usullaryň nepi hem degdi, özümi hälkiden gowy duýýardym. Soňra şol talybyň ýanyna baryp, egnine elimi goýdum-da, ony aýyplamaýan terzde: «Beh, möhüm zat okaýaň öýdýän. Meniň düşündirýänlerimdenem möhüm bolmaly. Hakykatdan-da, gyzyklanma bilen soraýaryn, belki, synpdaşlaryň hem bilesi gelýändir: näme okaýaň, näme ýazylypdyr o ýerde?» diýip soradym. Talybym jogabyň ýerine diňe «Bagyşlaň, mugallym!» diýdi. Sapakdan soň ýanyma ýöriteläp gelip, ýene bir gezek ötünç sorady. Soňky sapaklarda bolsa ol aýdylýanlary iň ünsli diňleýän talyplaryň birine öwrüldi. Bu işiň has täsin tarapy, şondan sähel soňra şol synpdan başga bir talyp gelip, özi üçin 5-10 minut wagt aýyrmagy haýyş etdi. Ol maňa minnetdarlyk bildirmek isleýärdi. Ol başga bir mugallymyň sapagynda ýaňka meňzeş hereketi edendigi üçin tutuş sapagyň dowamynda ahlak we hormat meselesine bagyşlanan wagyz-ündew diňlemäge mejbur bolandygyny aýtdy. Ýöne ol şol bir herekete başgaça çemeleşmä şaýat bolupdy. Soňra-da: «Eger siziň žurnal okaýan ýoldaşyma eden belligiňiziň ýaradan täsirine şaýat bolmadyk bolsadym, onda özüňi hakykatda nähili alyp barmalydygyna düşünmezdim» diýip, otagymdan çykyp gitdi. Men şondan soň pikire çümdüm. Şol bir ýagdaý bilen ýüzbe-ýüz bolýan kärdeşlerimiň tejribesi menden asla egsik däl. Aramyzdaky tapawudam göze görnüp durar derejede däl. Aslynda, ýagdaýyň başlangyç tapgyrynda ählimizem şol bir içki sesi diňläpdik. Ýeke-täk tapawudymyz ol ýarym minut rahat bolmagy başarmandy. Eger muny edip bilen bolsa, meselä tapan çözgüdimiziň meňzeş boljakdygyna ynanýaryn.*

*Käbir ýagdaýlarda özüňi rahat alyp barmagyň kyndygyna düşünýärin. Ýöne onuň nepi, ynanyň, juda uly. Şeýle ýagdaýda edilmeli ýeke-täk iş: «Rahat bol, Hasan, rahat bol! Ine, görersiň, sen ýeňiş gazanarsyň» diýmekdir. Men synap gördüm, netije*

*berýär.*

**49. Hökman jaň ediň!**

Haýsydyr bir ömrüň akymyny üýtgedip, ony halas etmek isleýärsiňizmi? Eger isleýän bolsaňyz, bu hereketiňiz size nähili duýgulary bagyşlar? Aslynda, bizde muňa mümkinçilik bar. Bize — mugallymlara şol mümkinçiligi kärimiz bagyşlaýar. Munuň üçin gerekli zat her gün 5 minutlyk wagt.

Haýsydyr bir okuwçynyň özüne bolan hormaty artanda, okuwda uly üstünlikleri gazanyp biler. Bu artyş oňa ömürbaky peýda berer. Ine, «Bir ömri halas etmek» diýip şuňa aýdylýar. Munuň üçin her gün 5 minut wagt ýeterlik bolar. Ýöne bu iş belli bir derejede gaýrat talap edýär. Şol gaýraty tapyp bilseňiz, serpaýy juda uly bolar. Ine, munuň maslahat berilýän usuly:

*1. Okaýşy we özüni alyp barşy sizi ynjalykdan gaçyrýan okuwçylaryňyzyň gowy taraplary barada kiçijik ýazgy ýazyň ýa-da şol gowulyklary görseňiz, öz ýanyňyzdan bellik ediň. «Ýok» diýmäň, islendik adamda-da bir gowy tarap bardyr. Men «Bir gowy tarap» diýäýdimmi? Ýok, olar, aslynda, kändir.*

*2. Her gün öz ýanyňyzdan şeýle okuwçylaryň bäşisini belläň.*

*3. Agşamlyk ýa-da özüňiz üçin amatly bolan islendik wagtda şol okuwçylaryň ata-enelerine olaryň gowy taraplaryny aýtmak üçin jaň ediň.*

*Ine, şeýdip siz diňe bir adamyň däl, birnäçe adamyň ömrüni halas edýärsiňiz. Indi oturgyja arkaňyzy ýassanyp, jaň eden maşgalaňyzdaky şatlygy göz öňüne getiriň. Bu şatlyk siz sebäpli döredi.*

*Edil şu usuldan başgaça-da peýdalanyp bolar:*

*1. Okuwçylaryňyzy, hakykatdan-da, köptaraplaýyn tanaň.*

*Onuň gowy taraplarynyň sanawyny düzüň.*

*2. Her gün (ýa-da her iki-üç günden bir) bäş sany okuwçyňyzy bellik ediniň.*

*3. Olaryň öýlerinde iş stolunyň başyna geçýän wagtyny kesgitläň. Bu wagtyň onuň öýe berlen ýumuşlary ýerine ýetirýän wagtyna gabat gelmegi zerurlyk däl. Ol kitap okaýan hem bolup biler.*

*4. Jaň edip, okuwçyňyza: «Şu mahal ertirki sapaklara taýýarlyk görýändigiňi bilýärin. Men saňa üstünlik arzuw etmek üçin jaň etdim» diýiň. «Okuwa işjeň gatnaşygyň, özüňi alyp barşyň üçin sagbolsun aýdaýyn» diýseňizem bolar. Başga-da bir hoş söz bar: «Şu günki ýoldaşlaryň bilen ýürekdeşligiňi haladym, munuň üçin seni gutlaýaryn». Gözüňizi we göwnüňizi açsaňyz, islendik okuwçyňyzda gutlamaga we gowy taraplary barada gürrüň etmäge sebäp taparsyňyz.*

Hemmesi şundan ybarat. Käte kärdeşlerim şol bir pikiri kän gaýtalaýandygym üçin meni tankytlaýarlar. Olara görä, men mugallymlara «Siz — Gahryman» diýip kän aýdýarmyşym. Ýöne meniňkem ýalňyş däl-ä! Ýokardaky ýaly hereketlere uýup bilýän mugallyma «Gahryman» diýmän, näme diýjek, eýsem?! Deňizde gark bolup barýan bir adamy halas edene gahryman diýýäris-de, ýüzlerçe ömri halas edene gahryman diýmeli dälmi eýsem? Meňki dogry, men hakly. Şu kitapda şekillendirilmäge çalşylýan mugallym — gahrymanyň hut özi. Biziň ýurdumyzyň bolsa has köp gahrymana zerurlygy bar.

*Kärimde başarjaň bolup bildimmi?*

*Eger okuwçylaryňyz sizi özlerine goýan gadyryňyz, rahatlygyňyz we hormatyňyz bilen ýatlaýan bolsa, bu kärde siziň goýan yzyňyz hem hökman bardyr.*

**50. Saz — hökmanylyk**

Siziň pikiriňizçe, her sapakdan soň berilýän arakesmäniň maksady näme? Dynç almak we täze sapak üçin güýç toplamak, şeýle dälmi?! Adama dynç berýän köp zat bar. Olaryň arasynda sazyň güýjüni bolsa ilkinjileriň hatarynda goýmak isleýärin. Biziň döwrümizde sazyň ösümlikleriň ösüşi üçin hem peýdalydygy subut edildi. Käbir alymlar «balzam» atly ösümlige saz «diňledilende», onuň boýunyň adatdakysyndan 20 göterim uzyn, ýapraklarynyň bolsa 72 göterim köp bolýandygyny görkezipdir.

«Bu tejribäniň okuwçylarymyza näme dahyly bar?» diýýänsiňiz. Maňa diňe maslahat bermek galýar. Özara pikir alyş we pikirleriň biri-birine uýan ýeri bolsa, muny durmuşa geçirip görüň:

*1. Arakesmelerde görnüşini gowy saýhallap, okuwçylaryň ýaşyna kybap gelýän sazlaryň diňledilmeginiň haýrynyň kän boljakdygyna ynanýaryn.*

*2. Surat, zähmet, bedenterbiýe ýaly sapaklarda sazyň okuwçylaryň işjeňligini has ýokarlandyrýandygyny görersiňiz.*

*3. Beýleki sapaklarda hem okuwçylara özbaşdak iş tabşyranyňyzda ýaňlanyp duran mylaýym saz olaryň ýumuşlary has gowy ýerine ýetirmegine ýardam eder.*

*4. Şeýle-de bolsa, sazyň okuwçylaryň ýetişigine täsiriniň ylym tarapyndan doly tassyklanmandygy üçin her bir sapakda, onuňam bütin dowamynda saz ýaňlandyryp oturmagy hem dogry hasaplamaýaryn.*

*5. Surat, zähmet we bedenterbiýe ýaly sapaklarda okuwçylara nähili sazyň diňledilmelidigi barada soraýan bolsaňyz hem, bu sowala takyk jogap berip bilmerin. Ýöne ilki bilen iki zady aýtmak gerek:*

— sazda gaýgy-hasrat duýulmasyn;

— bu babatda biziň ýurdumyzda geçirilen ylmy gözlegleri tapmadym ýa-da bar bolsa-da, men olara gabat gelmedim. Daşary ýurtlarda geçirilen barlaglar bolsa näçe diýseň hem bar. Maslahat bermek maksady bilen däl de, maglumat paýlaşmak üçin aýdýaryn: geçirilen barlaglaryň netijelerine görä, sazyň «barokko» atly görnüşine degişli eserler okuwçylaryň işjeňligine we özüni alyp barşyna oňyn täsir edýän eken. Nusgawy sazlaryň beýniniň iki ýarymşarynyň hem deň depginde işlemegine ýardamy degýär diýýänler hem bar.

Eger biziň ýurdumyzda-da şeýle barlaglaryň geçirilendiginden habarly kärdeşlerim bilýän maglumatlaryny meniň bilen paýlaşsalar, juda hoşal bolardym. Men lukmanlarymyzyň ruhy keselleriň bejergisinde sazdan giňişleýin peýdalanýandygyny bilýärin. Özem bu bejergi usulynyň taryhy asyrlara uzaýar. Saz rahatlanmaga, özüňi asuda alyp barmaga ýardam edýär. Ýekeje diýjek zadym, ondan haçan peýdalanmalydygyny özüňiz kesgitläň. Ýöne eýtmeli-beýtmeli, sapakda sazyň nepinden hökman peýdalanmaly. Synap görüň! Iň bolmanda, başgalardan tapawutlanmak isleýän gahrymanlarymyz üçin gowy maslahat.

*Özüňi güýçli hasaplamagyň ýollary:*

*1. Geçmiş we geljek barada pikirlenip, häzirki işlerde hem jogapkärçilik duýmak.*

*2. Uly maksatlary goýmak;*

*3. Takyk ýoly kesgitlemek;*

*4. Usul kesgitlemek;*

*5. Hyjuwyňy güýçlendirmek;*

*6. Bahanalardan halas bolmak;*

*7. Arzuwlaryňy kämilleşdirmek;*

*9. Başyna baran işiňi dessine etmek;*

*10. Eseri tamamlamak.*

## 51. W + J = N

Biziň duýgularymyzy kim dolandyrýar? Örän kyn we bulaşyk sowal berenimi bilýärin. Eger özüm bir meselä ýoluksam, öz-özüme şu sowaly berýärin. Eger maksadym netijäni üýtgetmek bolsa, men näme etmeli? Şol mahal ýadyma Don Kihot baradaky hekaýalar düşýär. «Olaryň bu sowala näme dahyly bar?» diýmäň. Birazdan ähli zada düşünersiňiz.

Hyýalyňyzda şeýle bir pursady janlandyryň: daşarda ýagyş ýagýar. Haýyş edýän, onuň sesini duýmaga çalşyň. Gök gürläp, ýyldyrymam çakýar. Asman, hamana, bütinleý içini egismäge çalyşýar.

Siziň pikiriňizçe, ýagşyň ýagmasy aýratyn bir wakamy? Elbetde. Ol wakanyň hut özi.

Ýagşyň astynda ýöreýärin, boýdan-başa süllümbaý ezilipdirin. Egin-eşigimde bolsa asla gury ýer galmandyr, olary syksaň, bir legen dagy suw çykjak.

Meniň ýagşa ezilmegim NETIJE, şeýle dälmi? Indi bolsa aşakda görkezilen, ýöne bir agzasy egsik formula üns beriň:

**Ýagşyň ýagmagy + ? = Meniň ezilmegim**

Meniň ezilmegim netije bolsa, men şol netijäni üýtgetmek isleýän bolsam, formuladaky sorag belgisiniň ornuna näme goýmaly bolaryn?

Käbirimiz wakanyň akymyny üýtgetsek, netijäniň hem üýtgejekdigine ynanýarys. Şonuň üçin hem bar güýç-gaýratymyzy wakany üýtgetmäge sarp edýäris. Ýöne wagt wakany üýtgedeniň bilen netijäniň üýtgemejekdigini görkezýär. Bu bolsa kyn ýagdaýda günäkäri gözlemäge çenli getirýär. Gysgaça aýtsak,

şondan soňra «tümlüge awyňy pürkmek» başlaýar. Ýöne formula örän ýönekeý: **W (waka) + J (jogap) = N (netije).**

Bu formulanyň manysy hem ýönekeýje:

JOGABA GÖZEGÇILIK ETMEK ARKALY NETIJÄNI DOLANDYRYP BILERIS

**WAKA + JOGAP = NETIJE**

**W + J = N**

Eger ýola çykmazdan öňürti ýanyňyza bir saýawan alsaňyz, ýagşa ezilmersiňiz. Ýa-da ýagyşly howada daşaryk çykman hem ezilmekden gaça durup bolar. Ýöne ýagşyň ýagmagynyň öňüni alyp bilmersiňiz. Ýagşa agzyňyza geleni aýtmak netijäni üýtgedenok. Indi ýagşa ýumrugyňyzy çenemek bilen Don Kihotyň arasyndaky baglanyşyga düşündiňizmi?

Durmuşda her dürli kynçylyklaryň gurbany bolmazlygy üçin okuwçylaryňyza bu formulany öwrediň. Dürli-dürli wakalary oýlap tapyň, olary okuwçylaryň göz öňünde janlandyryň. Soňra-da şol wakalaryň hem gowy, hem erbet netijesi barada pikir alşyň. Biziň wakalara bolan garaýşymyzyň olaryň netijesine täsirini ýetirip bilýändigi barada oýlanyň. Ine, şonda netijäniň pikirlerimize baglydygyna göz ýetirersiňiz.

Şu kitabyň taslama nusgasyny okap bermegini haýyş eden kärdeşlerimiň aglabasyndan şeýleräk tankyt aldym: «Hemme zat gowy, ýöne, näme üçindir, ulgamy tankytlamansyň. Bilim ulgamymyzyň kemçilikleri barada käbir zatlary goşsaň gowy bolardy». Ýöne siziň beýle pikire gulluk etmeýändigiňizi bilýärin. Çünki bu pikire gulluk edýän kärdeşlerime men kitabyň asyl maksady barada gürrüň bermändim. Bu maksada, onuň süňňündäki pelsepä olar düşünmändir diýemok, men düşündirmändirin. Meniň maksadym tümlüge awymy pürkmek däl-de, şem ýakmak, ýagtyltmak. Niýetim haýsydyr bir ulgamy

tankytlap, soňam goranjak bolmak däl, haýyş edýän, siz bir beýle pikir etmäň! Ýöne men ulgamdan ozal adamlarymyzyň özgermelidigine ynanýaryn. Tokaýlary goramak baradaky Kanun olary doly gorap bilmez. Ýewropa Birleşigine goşulyşmagyň talaplary barada Kanun çykaryp, Ýewropa derejesine göterilip bolmaz. Bizde Bilim jebisligi baradaky Kanun, gör, näçe ýyldan bäri hereket edip gelýär, ýöne ol häzire çenli öz maksadyna ýetip bildimi? Şonuň üçinem menden ulgamy tankytlamagy soranlar meni bagyşlasyn, ýöne muny edip biljek däl. Çünki meniň maksadym bu däl. Meniň tankytlanym bilen hem ulgamyň özgermejekdigi köre hasa. Meniň maksadym gahrymanlarymyň kalbyna siňip bilmek. Bu kitap näçeräk sanda çap ediler, ol barada-da pikirlenemok. Ýazylanlar diňe ýekeje mugallymyň ýa-da okuwçynyň ykbalyna täsir edip bilse-de, demimi sanap ýatan wagtym ýüzümde hoşnutlyk görersiňiz. Bu babatda başga zat ýazmak islämok.

## 52. Öwmegiň 60 ýoly

*«Örän gowy jogap, minnetdar!».* Mekdepde eden gowy işiňizden soň öwlen pursatlaryňyzy ýadyňyza salyň. Bu juda beýik duýgy. Çünki öwgi özüňize goýýan hormatyňyzy artdyrmaga, indiki töwekgelçilikler üçin güýç toplamaga çeşmedir. Şol güýjüň we hormatyň okuwçylaryňyzda döremegi üçin olary adaty adamlardan hem iki esse kän öwmek gerek. Indi pikir ediň, öwmek jomartlygy size mahsus häsiýetmi ýa-da siz bu häsiýeti özüňizde indi terbiýelemelimi?

Okuwçylaryňyzy mümkinçilik dörän her bir pursatda öwüň. Şunda biri-birinden tapawutly sözleri we beden diliňizi ulanmak has ýerlikli bolar. Tutuş synp bilen bilelikde, günüň, hepdäniň, aýyň okuwçysyny saýlap, suratyny we öwmäge mynasyp

taraplaryny ýazyp, synpda görnükli ýerde asyň. Ýöne şol Hormat tagtasyna her bir okuwçynyň girmegini gazanyň. Aýdaly, olaryň biri öý işlerine berýän ünsi, ýene biri ýoldaşlary bilen gowy gatnaşyklary, ýene biri ýardam etmegi gowy görýändigi, käbiri edebi üçin bu tagtada görkezilip bilner. Diýjek bolýanym, gowy okuwçy diňe gowy okaýanlar däldir. Gözleseňiz, her bir okuwçyňyzdan öwmäge mynasyp gowulyk taparsyňyz.

**«Aperin!» diýmegiň 60 ýoly**

*Belki, bolmalysyndan biraz artygrak, ýöne ýürekdeş we mynasyp öwgini iň soňky gezek haçan gazanypdyňyz? Şol haçan bolan hem bolsa, bu öwgi siziň on iki süňňüňizi ýakymly duýga besläpdi, şeýle dälmi? Ýürekdeş öwgi sizi herekete geçirip,ýoluňyzy dowam etdirmäge itergi berýän zehin habarnamasydyr. Mugallymyň sapakdaky öwgüsi okuwçylaryň sapaga has işjeň gatnaşmagynyň we olaryň özüne goýýan hormatynyň artmagynyň açary bolup hyzmat edýär. Ýöne öwgüde-de şol bir sözleri gaýta-gaýta eşitmek olaryň täsirliligini azaldýar. Täze we tapawutly sözleri tapmagyňyza ýardam etmek üçin aşakdaky sanawy size niýetläp taýýarladyk. Birnäçesini okasaňyz hem näme diýjek bolýanyma düşünersiňiz:*

- Siziň mugallymyňyzdygym üçin men juda bagtly!
- Siziň mugallymyňyz bolmak — maňa ykbalyň eçilen iň uly şowlulygy!
- Özümi gowy duýmaga kömek edýärsiň...
- Işjeňligiň meni begendirýär...
- Örän dogry...
- Ajaýyp iş. Dowam ediň!
- Bir söz bilen aýtsam, «Ajaýyp!».
- Sen her gün gowulyga tarap özgerýärsiň...

- Hemişe işleýärsiň. Minnetdar!
- Gün geçdigiçe kämilleşýäň sen...
- Bu gün tutuş synp «Aperin!» diýmäge mynasyp!
- Sen — aýratyn gowy oglanjyk!
- Sapaga üns berýändigiň görünýär. Minnetdar!
- Sen mamla!
- Berekella, Hasan!
- O-ho, ajaýyp!
- Gowy, örän gowy!
- Men size buýsanýaryn! Gürrüňsiz, hawa, gürrüňsiz!
- Dogry, dogry, dogry!
- Goldawyň üçin minnetdar!
- Örän ajaýyp jogap!
- Örän gowy!
- Ömrüme reňk çaýanyňyz üçin minnetdar!
- Bu has gowy!
- Hemişe — iň gowusy!
- Bu synp hemişe gowy!
- Beýle synpda sapak geçmegiň özi uly lezzet!
- Hakykatdanam, sen üýtgeşik!
- Gürrüňsiz, ajaýyp!
- Bu örän dogry, akylly edilen iş!
- Örän täsirli. Dowam ediň!
- Juda täsin çemeleşme!
- Ýagdaýlara başgaça çemeleşýärsiň. Bu bolsa seniň aýratynlygyň!

- Minnetdar!
- Bu gowudan hem gowy!
- Sende zehin bar!
- Ünsüňe berekella!
- Bu gidişiňe, iň güýçlimiz sen bolarsyň!
- «Gowy» diýmek hem bärden gaýdýar!
- Mundan gowusy bolubam bilmezdi!
- Örän gowy! Hakykatdanam, örän ajaýyp!
- Paýlaşanyň üçin minnetdar!
- Dogry. Gördüňmi, bolýan ekeni!
- Pikirleriň akylymy haýran edýär...
- Ajaýyp iş!
- Sen mendenem güýçli bolup barýarsyň!
- Özüňe buýsanyp bilersiň!
- Seniň göwünjeňligiňi halaýan-da!
- Dowam et!
- Sendäki aýratynlygy görýärin!
- Men saňa buýsanýaryn, Hasan!
- Gowy hereketleriň hemişe göz öňümde.
- Sen-ä muny ýeňiljek çözäýdiň. Gutlaýan!
- Hemişe şunuň ýaly bol!
- Sen mamla! Sen mamla! Gürrüňsiz, mamla sen!
- Sen diňlemegi başarýarsyň.
- Seniň ýaly çagasy bardygy üçin eneň-ataň nähili bagtly!
- Sen ähli ýoldaşlaryňa görelde!

Üns bilen synlasaň, her bir okuwçyda öwmek üçin onlarça sebäbiň bardygyny göreris.

Okuwçylaryňyzdan söz serpaýyny gysganmaň. Başgalaryň ýanynda öwmek olarda has ýiti täsir galdyrar. Ýoldaşlarynyň ýanynda haýsydyr bir aýratynlygy üçin öwlen okuwçylar soň şol aýratynlygy endigine öwrüp bilýär. Öwgüdäki sözleri saýlanyňyzda bolsa, okuwçynyň ýaşyna we onuň zerurlyk duýýan sözlerine üns beriň. Çünki islendik öwgi islendik ýaşdaky adamda deň täsiri döredip bilmez. Netijesiniň garaşylýanyndan tersine bolmagy hem ahmal.

Ýokarda okuwçylary öwmekde ulanyp boljak käbir mysallar berildi. Öz döredijilik ukybyňyzdan peýdalanyp, başga öwgi sözlerini hem tapyp bilersiňiz.

### 53. Iň gowusyny geýiň

Daş görnüşiňiz sypaýy bolsa, özüňizi duýşuňyzam, sapak geçişiňizem başgaça bolar. Bu täsir okuwçylaryňyza-da geçer. Lybaslaryňyzyň iň gowularyny geýmek hem özüňize, hem işiňize goýýan hormatyňyzdan nyşandyr. Özüňi ajaýyp duýmagyň iň gowy ýoly ajaýyp görünmekdir.

Bu maslahat mugallymlaryň maddy ýagdaýy bilen bagly ýaly görünýär. Dogry, belli bir derejede şeýle baglylyk ýok hem däl. Ýöne gowy geýinmek lybaslaryň gymmat bolmalydygyny aňlatmaýar. Gowy geýinmek başga zat, lybasyň köp bolmagy düýbünden başga zat. Özüňe gelişýän lybaslary geýmek başga, gymmat lybaslary geýmek başga. Arassa, sazlaşykly we ütüklenen lybas şu aýratynlyklary bolmadyk gymmatbaha lybasdan has gowy görner. Men käbir kärdeşlerimi tanaýaryn: olar ýylyň 365 gününde-de saçyna we sakgalyna aýratyn üns berip gezýärler. Dynç günlerinde hem özüne seretmegi ahmal etmeýän zenan

kärdeşlerimden hem tanaýanym kän. Bu — ýaşaýşyň özenidir. Özem her bir mugallyma mahsus bolmaly ýaşaýyş terzi. Ýaşaýyş terziniň mugallymyň hem özüne, hem işine goýýan hormatydygyny ýokarda aýdypdyk. Azda-kände bolsa-da, özüňizi höweslendirmegi ýadyňyzdan çykarmaň.

**54. Jadyly aýna**

Şu gün irden aýna bakanyňyzda, özüňize näme diýdiňiz? Meniň pikirimçe, nämedir bir zat gözlediňiz we ony tapdyňyz. Gynansagam, käbirimiz has gowy görünmäge çalyşýarys, muny başarýarysam. Erbetligi tapmak o diýen erbet häsiýetem däl. Ýöne irden aýnanyň öňünde dile getirilen kemçiligiň tutuş günüň dowamynda adamlar bilen gatnaşyklaryňyza täsir edip biljekdigini ýatdan çykarmaň. Bar, şol sözler biziň çaklaýşymyzdan biraz sypaýyrak bolsa-da, barybir, günüň geçişine erbet täsiri bardyr. Şu ýerde özüňizdäki gowulyklary görmegiň bir ýoluny salgy bermek isleýärin: ertir irden Ýer ýüzündäki iň möhüm ynsan bilen araňyzy sazlamaga çalşyň. Elbetde, ol siziň özüňizden başgasy däl. Günüň dowamynda özüňizi gowy duýmagyň açary irden hammamda aýna seredip, energiýa — güýç toplamakdyr. Munuň üçin ilki bilen hammamyň gapysyny gulplasaňyz gowy bolar.

Şondan soň özüňi oňat duýmak bölümini netijelendirmegiň esasy tapgyry başlanýar. Aýnada 10 sekunt çemesi wagt özüňizi synlaň. Soňra-da ýaşaýşa söýgi bilen ýylgyryň-da, şol görnüşde 15 sekunt çemesi saklanyň. Şeýle ýagdaýyň gowy duýgulary döretmek güýji çäksizdir. Ondan soň özüňiz bilen bagly gowy zatlaryň bäşisini tapmaga çalşyň. Tapylan delilleriň fiziki hereketler bilen bagly bolmagy şert däldir, islendik zat bolup biler. Munuň üçin azajyk pikirlenmek ýeterlik. Bu ýagdaý size özüňiz bilen ysnyşykly bolmalydygyňyzy ýatladar. Işe geleniňizde

bolsa, sizdäki üýtgeşmäni kärdeşleriňizdir okuwçylaryňyz hem görer. Çünki gowy duýgular bilen başlanan günüň her bir pursadynyň ýakymly boljakdygy durmuşyň subut eden hakykatydyr.

«Ähli zat bir maksat üçindir».

Şeýle pikir edýän adamlar başgalaryň şowsuzlyk hasaplaýan zatlaryny DURMUŞYNA ÖZGERIŞLIK GIRIZMEK ÜÇIN PURSAT ýa-da MÜMKINÇILIK diýip bilýärler.

## 55. Bu işi gylla ýarysynda kesiň

Aýtmak islemändigimize garamazdan, dilimizden çykan sözler zerarly özümizi masgara edýän günlerimiz seýrek hem bolsa bar. Elbetde, bu ýagdaýyň salýan tragiki ýarasy hemmä mälimdir. Özem özümiz barada aýdan şol sözlerimiz diňe bir özümize däl, eýsem, başgalara bolan garaýşymyzyň hem aýnasydyr. Mysal üçin, özüňizi başga biri bilen deňeşdirip gördüňizmi? Eger deňeşdiren bolsaňyz, ol adamyň nusgalyk taraplaryna üns bermän, kemçiligini özüňiziňkä meňzedensiňiz. Ýüregiňizi para-para edýän duýgular, ine, şondan soň ýüze çykýar. Parhyna barsagam-barmasagam, her deňeşdirmede içki dünýämiz bilen gapma-garşy bolýarys. Iň esasy zat bolsa, ol öz özümiz bilen edýän gürrüňimiziň esasy mazmunydyr. Içki dünýämizden gelýän ses şeýle bir hilegärdir welin, ony eşitmesegem, özümizi erbet duýýarys.

Eger bir islegimiz bar bolsa we üstünde yhlas bilen işlesek, şol sesi öz gözegçiligimizde saklap bileris. Munuň üçin «gylla ýarysynda kesmek» (ara girmek) diýlip atlandyrylýan ýönekeýje usuldan peýdalanyp bileris. Bu usul ömrüňizdäki şatlygy azaldan ýa-da öňüni alan pikirleri gap bilinden döwüp biler. Eger ýokarda görkezilen ýagdaýa uçrasaňyz, uly joşgun bilen öz-özüňize şeýle

diýiň: «Ýok! Ýok! MEN ÖZÜMI SÖÝÝÄN AHYRY!». Muny daşyňyzdan ýa içiňizden aýdyp bilersiňiz. Ynanyň, bu dälilik däl, nepi degjek usul. Ilkinji nobatda, ol öz-özüňize diýýän göwnedegiji sözleriň gylla ýarysynda kesilmegine getirer. Ikinjidenem, özüňizi oňat duýmagyňyza sebäp bolar. Edil şu usuly okuwçylaryňyza-da öwrediň. Bu usul olaryň tutuş ömür ýoluna täsir etjek iň peýdaly usullaryň biri bolar. Elbetde, bu endigi edinen okuwçy ony özüne bagyşlan mugallymyny hemişe ýagşylykda ýatlar.

Synanyşmaga edil häzir başlap bilersiňiz. Her bir işiň ilkinji ädimi bardyr, şony gijikdirdiňizmi, soň başlamak juda müşgildir. Hany, bile gaýtalalyň:

*«Ýok! Ýok! MEN ÖZÜMI SÖÝÝÄN AHYRY!».*

*Mekdepde «özüňizi söýýän» günleriňize badalga beriň!*

## 56. Aýdylyşa üns bermeli

Synplaryň we eýwanlaryň diwarlaryndan asylan bildirişleriň mazmuny diýseň sowuk. Şeýle dälmi?! Asyl olar köpçülikleýin çärelere işjeň gatnaşmaga höweslendirýärmi ýa mejbur edýär, o-da belli däl. Hut özüm-ä şu güne çenli okan bildirişlerimiň ählisinde nähilidir bir ynamsyzlyk ýa-da gorkuzma gördüm. Ýöne bildirişiň özenini emele getirýän aýratynlyklar birek-birek bilen aragatnaşygy ýola goýmaga kömek edýän, okuwçylaryň görmek isleýän zatlary bolmaly dälmikä? Ozal okalyp-okalyp leji çykan bildirişlere girizilen sähelçe üýtgeşme hem täze bildirişiň has täsirli we netijeli bolmagyna getirip biler.

Mekdepdäki her bir bildirişe ýönekeýje düşünjeleriň ikisini goşuň. Olar «Haýyş edýän!» we «Minnetdarlyk bildirýän!» diýen düşünjelerdir. Meniň pikirimçe, mekdepdäki ähli bildirişler «Haýyş edýän» bilen başlap, «Minnetdarlyk bildirýän» bilen tamamlanmaly. Çünki bu sözleriň adamlarda ýiti täsir galdyrmak

güýji bardyr. Ýönekeýje zat ýaly görnüp biler, ýöne bu özgertme mekdepde «Bildiriş» düşünjesini düýbünden üýtgeder we hemmeleriň oňa üns bermegine getirer. Adamzadyň ugrunyň diňe gowulyga we ýagty ertiredigini hergiz ýatdan çykarmaň. Özüne ýagşy niýet bilen çemeleşilýändigini duýan adam hut şeýle niýet bilen hem jogap berer.

### 57. «Näme edýärin?»

«Näme edýärin?». Özüňize beren şu sowalyňyzyň jogabyny okuwçylaryňyzdan soranyňyzda, elbetde, ýakymsyzrak ýagdaýlar hem ýüze çykyp biler, ýöne esasy zat işde kämilleşersiňiz. Okuwçylaryňyzdan özüňiziň soňky alty hepdäniň içindäki okadyş güýjüňiz bilen bagly ýazmaça pikirlerini haýyş etmek, elbetde, uly ýürekliligi talap edýär. Çünki käbir pikirler keýpiňize sogan dograp biler. Ýöne işde, umuman, sapak geçmekde kämilleşmegi, öňe ilerlemegi maksat edinýän bolsaňyz, bu pikir soraşmanyň iňňän uly nepi bardyr. Şonuň üçinem beýle uly ýeňiş üçin gysga wagtlaýyn ynjamaga çydam etse bolar. Goý, okuwçylaryňyz size täsirli we gowy mugallym bolmakda kömek etmek üçin mümkinçilik alsynlar. Elbetde, bu hereket sizden gahrymançylygy talap edýär.

Bu işi her 6 hepdeden bir gezek geçirip bolar. Munuň üçin okuwçylara özüňiz bilen bagly sowallardan düzülen sanawy paýlaň. Goý, olar atlaryny görkezmän, şol sowalnama jogap bersinler. Sowallary düzeniňizde nusga alýan kärdeşiňiziň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup bilersiňiz. Göreliň hany, siz onça barmykaňyz. Mysal üçin, sowallar şeýleräk bolup biler:

— Meniň dersimi netijeli özleşdirmegiňize näme ýardam edýär?

— Size sapagy özleşdirmäge päsgel berýän zat näme?

— Sapagyň haýsy aýratynlygyny halaýarsyňyz we näme üçin?

— Indi bolsa halamaýan ýagdaýyňyz we onuň sebäbi barada ýazyň.

— Sapagy has netijeli geçirmek üçin näme edip bilerin?

Özüňiz baradaky köptaraplaýyn pikirleri bilmek üçin her gezek sowallary üýtgetmek zerur. Has netijeli sowallary tapmak üçin okuwçylaryňyzdan hem kömek sorap bilersiňiz. Her bir okuwçynyň pikiriniň özüňiz üçin gymmatlydygyny olara ýetiriň.

Eger şu gahrymançylygy görkezip bilseňiz, onuň netijesi siziň garaşyşyňyzdan hem ýakymly bolar. Okuwçylaryňyz hem özlerine üns berýändigiňizi, adam ýerinde goýýandygyňyzy bütin süňňi bilen syzarlar. Mugallymynyň bu hereketi hiç haçan olaryň ýadyndan çykmaz, hatda geljekde şol hereketden özleriniň hem görelde alaýmagy mümkin. Gowy hereket — ýokuşagandyr. Ony ýokuşdyryjy bolmak ýaly gowy zat barmyka?!

### 58. Işiňde üstünlik, gadyrdan kärdeşim!

Mugallymlar otagyndan synpa tarap ýönelenimizde, köplenç, bir-birimize üstünlik arzuw edýäris. Bu arzuw biziň endigimize öwrülip gidipdir. Eýsem, şu gün size kärdeşleriňizden haýsydyr biri işde üstünlik arzuw etdimi? Eger şeýden bolsa, onuň sözleri size nähili täsir etdi? Aslynda, bu arzuw meniň üçin-ä adaty zat, şonuň üçin onuň içki dünýämde döredýän täsiri hem juda bir üýtgeşik däl. Ýöne tüýs ýürekden aýdylan sözüň göni ýürege ýetýändigini durmuşda özümiz hem telim ýola görendiris. Şol sözüň, mysal üçin, ýürekden dilenen üstünligiň güýji tutuş sapakda siziň gaýratyňyza gaýrat, zehiniňize zehin goşar. Eýsem, şol bir üstünligi ýürekden arzuw etmegiň nähili ýoly barka?

Kärdeşlerim, meniň pikirimçe, munuň ýoly biziň çykyp gaýdan synpymyza girjek indiki mugallym üçin ilki bilen tagtany

tämizlemekden başlanýar. Özüm sapaga girenimde, synp tagtasy arassa bolsa hökman «Menden öň haýsy mugallym okatdy?» diýip, okuwçylardan soraýaryn. Onuň kimdigini bilemsoň, maňa we işime goýýan hormaty üçin oňa minnetdarlyk bildirýärin. Eger synpa girenimde, tagta geçen sapagyň bulam-bujar ýazgylaryndan doly bolsa, elbetde, myrryhym atlanýar.

Bu endigi öz işleýän mekdeplerimize hem getirsek oňat bolmazmy? Muny etmek örän aňsat. Ilki bilen özüňiz synpa sizden soň geljek kärdeşleriňiz üçin tagtany tämizläp goýmaly. Ikinjiden bolsa, tagtany tämizlän kärdeşiňize salymyny bermän minnetdarlyk bildirmeli. Ine, görersiňiz, bu ýagdaý gysga wagtda mekdepde endige öwrülip gider.

***Bir hekaýat***

*Gadymy zamanlar bir patyşa köşge gelýän ýoluň üstünde äpet gaýa bölegini goýdurypdyr-da, nämeleriň bolup geçjekdigini görmek üçin penjireden seredip oturypdyr. Köşge irdenden agşama çenli ýurduň iň baý täjirleri, tejribeli kerwenbaşylary, köşk işgärleri gelip-gidip dur diýýär. Olaryň ählisem şol bir hereketi gaýtalap, ýolda duran gaýa böleginiň deňesinden sowlup geçýärmişler. Aglabasam: «Halkyndan şunça salgyt alybam ýollary bolmalysy ýaly saklamaýar» diýip, patyşadan nägile bolýarmyşlar.*

*Agşamlyk köşge öz ýetişdiren miwelerinden alyp gelýän bir bagbanyň ýoly bu gaýa böleginiň üstünden düşýär. Ol eglenjegini bilse-de, alyp gelýän miwelerini goýup, gaýa bölegini bir gyra itip başlaýar. Gara dere batybam, ony ýoldan aýyrýar. Ol goşlarynyň ýanyna dolanjak bolanda gaýa böleginiň duran ýerindäki köne kersene gözi düşäýmezmi?! Ýakynlaşyp görse, kerseniň içi altyndan dolumyş diýýär. Gapdalynda-da patyşanyň haty barmyş: «Bu altynlar agyr harsaňy ýoldan aýranyň zähmet hakydyr».*

## Özbaşdak pikirlenmelere sebäp bolup biljek sanaw — 1

• Ulanylmaýan maglumat ilkinji böküşde açylmadyk paraşýut ýaly peýdasyzdyr.

• Edip biljek işleriňiz we başarmadyklaryňyz barada pikirlenýän bolsaňyz, siz dogry ýoldasyňyz.

• Şu güne çenli eden işleriňizi şu günem gaýtalasyňyz, gazanjak zadyňyz öňküden üýtgeşik bolmaz.

• Ýaşaýşymyň hili özüm we başgalar bilen aragatnaşygymyň hem-de saýlan ýolumyň hiline baglydyr.

• Bilime, başarnyga we ynama eýe bolsak, maksat edýän belentliklerimize ýetip bileris. Şeýle bolsa, näme üçin yzygiderli şikaýat edip, durmuşdaky gözellikleri görüp bilmeýäris.

• Nähili bolsa-da, gündelik pikirlerim ýaşaýşymyň aýnasydyr. Eger şol pikirlerime gözegçilik edip bilsem, ýaşaýşyma hem gözegçilik etmegi başararyn.

• Dünýäni has gowy ýere öwürmek üçin başarnyklarymy, çeşmelerimi we zehinimi ulanýaryn.

• Üstünlik edip bilmediklerimizde däl-de, edip bilen işlerimizde gizlengidir.

• Adamyň iň ýaman günäsi hiç zat etmän ölüp gitmekdir.

• Başaryp biljegimi bilýärin... Hawa, bilýärin... Duýýaryn. Isleglerime, dileglerime we hyýallaryma ýetýänçäm, göreşi dowam etdirjek. Bu — meniň ýazgydym.

• Özüme edilmegini islemedik işimi başgalara-da edemok.

• Men — ýeke-täk. Özümi söýýärin. Ýeke-täk bolmak aýratynlykdyr. Men — üýtgeşik bir adam!

• Mende döredijilik ukyby bar. Ony diňe bir işimde däl, oýun

oýnamda hem görkezýärin.

• Geljekden umytly men. Durmuşyň maňa şatlyk eçiljekdigine we ýaşaýşymyň gyzykly boljakdygyna ynanýaryn.

• Durmuşyň her bir pursadynyň öz gymmaty bar. Şonuň üçin onuň her sekundynyň gymmatyny bilip ýaşamaga çalyşýaryn.

• Öz durmuşyma erk edip bilýändirin diýip hasaplaýaryn. Çünki nirä barýanymy we näme isleýänimi bilýärin. Bu syýahat gyzykly bolsa gerek!

• Özüme mahsus häsiýetleri söýýärin.

• Durmuşy söýýäňmi? Şeýle bolsa wagtyňy bihuda geçirme, çünki durmuş wagtdan ybaratdyr.

**B. Franklin**

• Öz başarnygyňy bilmezlikden hem agyr zat bar. Ol ony bilibem ulanmazlykdyr.

• Hyýallarynyň ornuny puşmanlyk eýelemese, adam hemişe ýaşdyr.

• E-he-he-he-e-eý! Özümi söý-ýärin!

• Bir zady ýat tutmak bilmek däldir. Düşünmeýän zatlarymyzy özümiziňki hasaplap bolmaz.

**Gýote**

## Özbaşdak pikirlenmelere sebäp bolup biljek sanaw — 2

• Her kim adamzadyň ýaşaýşyny üýtgetjekden. Ýöne hiç birimiz bu işiň özümizi üýtgetmekden başlaýandygy barada pikir edemzok.

**L. Tolstoý**

• Durmuşyňyz çarkandakly ýola giren bolsa, ruldaky adamyň özüňizdigini ýatdan çykarmaň!

**M. Longsdon**

• Üstünlik – isleýän zadyňa gowuşmakdyr. Bagt bolsa eýe bolan zatlaryň gadyryny bilmekdir.

• Üstünlik batyrgaýlygyň perzendidir.

**B. Disraeli**

• Her näçe bilýän hem bolsaň, olaryň gadyry garşyňdaky adamyň düşbüligine baglydyr.

• Hemme kişi şol bir zat barada pikir edýän bolsa, hiç kim aýratyn pikir edip bilmeýär diýmekdir.

**W. Lippman**

• Dünýäde diňe iki adam ýalňyşmaýar. Olaryň birinjis-ä aradan çykdy, ikinjisem heniz doglanok.

**Hytaý nakyly**

• Ýa ýoly taparys, ýa täzesini çekeris.

**Hannibal**

• Näme görjekdigiňiz näme gözleýändigiňize baglydyr.

**J. Labbok**

• Kynçylyklar üstünligiň gadyryny artdyrýan bezegdir.

**Moller**

• Käbir adamlar merdiwanyň birnäçe basgançagyna çykansoň, ony ýalňyş diwara söýändigini görýärler.

**J. Alta**

• Bir şem başga bir şemi tutaşdyrany bilen öz ýagtylygyndan hiç zat ýitirmez.

**Möwlana**

• Şöhle paýlamagyň iki ýoly bar: ýa şem bolarsyň, ýa aýna.

• Umydyny ýitiren adamda başga ýitirere zat galmaýar.

**W. Dýubua**

• Pikirlenmän öwrenmek ýitirilen zähmetdir.

• Üstünlik üçin köp zat gerek. Ýöne olaryň ilkinjisi özüňe bolan ynamdyr.

• Öwrenmek — bir maglumaty edinmek däl, ony gerekli ýerinde peýdalanyp bilmekdir.

• Bir kilometrlik ýol hem ilkinji ädimden başlanýar.

• Ömür bir sekunt soňra-da näme boljagyny bilmeýändigimiz üçin ajaýypdyr.

**J. Meriç**

• «Gülüň tikeni bar» diýip şikaýat etmegiň deregine, «tikeniň güli bar» diýip şükür etmeli.

**Möwlana**

• Agyr iş wagtynda edilmedik ýeňil işleriň üýşmeginden emele gelýär.

**Žan Žak Russo**

• Bir karara gelip bilmezlik we gijikdirmek şowsuzlygyň açary. Edil häzir we dessine!

• Edil şu wagt bolmasa, onda haçan?!

**Dasis**

• Adamlar köpri gurulmaly ýerde diwar gurýandyklary üçin ýalňyz galýarlar.

**I. Nýuton**

• Gyşyň sowugyny görmedik baharyň tagamyny alyp bilmez.

• Bilim adamy körzehinlilikden, ýagşylyk ezýet çekmekden,

anyk netije berip bilmek bolsa şowsuzlykdan halas edýär.

**Konfusiý**

• Bilim almagyň syýahat etmek we dynç almakdygyny ýatdan çykarmaň.

**Eýnşteýn**

• Her gije şol gün näme edendigiň we ertir näme etmelidigiň barada pikirlenmän düşege geçme.

**A. F. Başgil**

• Hiç zat gowy ýa-da erbet däldir. Ol seniň nähili pikir edişiňe bagly.

**Şekspir**

• Täze güne täze pikir bilen giriş.

**Demokrit**

• Aýdylýanlar ýürekden çykýan bolsa, ýürege girer, ýöne dilden çyksa, gulakdan aňry geçip bilmez.

• Başaryp biljekdigiňize ynanmasaňyz, başaryp bilmersiňiz.

## GAZLARDAN KÖP ZAT ÖWRENIP BOLÝAR

*Ýabany gazlaryň göçüp barýarka, toýnuk gurap uçýandygyny (V şekilinde) siz hem görensiňiz. Alymlar olaryň näme üçin toýnuk gurap uçýandygynyň sebäbini gözläpdiler.*

*Asyl görlüp oturylsa, toýnuk gurap uçulanda, öňden barýan gaz ganaty bilen yzdaka howa akymyny ga:ldyryp gidýän eken. Şol akym hem yzdan gelýän gazyň howada has ýeňil gaýmalamagyna ýardam edýän eken. Bu usul olaryň uçuş aralygyny adaty bolmalysyndan 70 göterim artdyryp bilýär. Başgaça aýtsak, bir gaz süri bolup uçanda, ýeke özi uçanynda geçip biljek aralygynyň tas iki essesini geçýär.*

*Guralan toýnukdan çykan gazyň tizligi dessine haýallaýar. Çünki ol beýleki ýoldaşlarynyň döreden howa akymynyň täsirinden çykýar. Şonuň üçin hem ol wagt ýitirmän sürä dolanýar-da, ýoluna olar bilen bilelikde dowam edýär.*

*Elbetde, süriniň başyny çekip barýan gaz hiç bir howa akymyndan peýdalanyp bilmeýär. Şonuň üçin hem ol ýoldaşlaryna garanyňda tiz ýadaýar. Şeýle bolansoň, süriniň başyny çeken gaz birsalymdan süriniň iň yzyna geçýär, onuň edil arkasyndan barýan gaz bolsa kerwenbaşynyň ornuny alýar. Bu orun çalyşma süri tä bir ýerde saklanýança dowam edýär. Şeýlelikde, islendik gaz süriniň islendik nokadynda uçup bilýär.*

*Eger uçuşyň tizligi gowşap başlasa, yzdan barýan gazlar ses çykaryp, öňdäkileri tijeýärler.*

*Ünsi çekmeli ýene bir ýagdaý bar: topardaky gazlaryň biri ýarawsyzlyk tapynsa ýa awçylaryň günäsi bilen uçup bilmejek hala gelse, sürüden ýene-de iki sany gaz aýrylyp galýar we ýaraly (kesel) gazy gorap başlaýarlar. Olar tä ýarawsyz gaz uçup biljek derejä gelýänçä (eger ölse, ölýänçä) onuň başynda nobatçylyk çekýärler, ýöne uçup bilmeýän ýoldaşyny taşlamaýarlar. Hemme zat düzelenden soň yzdan gelýän başga bir sürä goşulyp, ýoluny dowam etdirýärler. Hiç bir süri olaryň gelip goşulmagyna garşylyk görkezmeýär.*

**Özüm bolup bilýändigim üçin men bagtly!**

*Özüňizi kabul etmegi öwreniň! Dünýäde kemsiz adam ýokdur, ýöne taýsyz adam bardyr. Şol adamyň özüňizdigiňize ynanyň!*

**Özüm bolup bilýändigim üçin men bagtly!**

**ÇÜNKI**

- *Mende ýaşamaga bolan uly höwes we joşgun bar;*
- *Gowy tarapdan pikirlenmegi başarýaryn;*

*• Men başgalar bilen, olar hem meniň bilen bagtly;*

*• Ýolumdaky kynçylyklara döş gerip bilýärin;*

*• Dostlarym meni gowy görýär, çünki men olaryň gadyryny bilýärin;*

*• Saýlap alan islendik ýolumda üstünlik gazanyp bilmek başarnygym bar;*

*• Aňsat öwrenýärin, täze maglumatlary öwrenmek meniň durmuşa bolan söýgimi artdyrýar;*

*• Her gün işleýärin, işledigimçe-de, sagdyn we güýçli bolýaryn;*

• ..............................................................

• ..............................................................

• ..............................................................

**59. Iň meşhur söz**

Ata-eneleri ýa mugallymlary bolsun, parhy ýok, haýsydyr bir çaganyň kemçiligini ýüzüne basmak üçin ol barada ulanýan iň meşhur sözi haýsy sözdür, siziň pikiriňizçe?! Men bu sözüň «garagol» sözüdigine ynanýaryn. Bu söz şeýle bir meşhur boldy welin, ol gündelik gepleşiklerimiziň iň köp ulanylýan jümlesine öwrülip barýar. Eýsem, siz şol sözüň köküni derňediňizmi? Siz çagalaryň özüni alyp barşynyň haýsy aýratynlygyna görä, oňa bu sözi şapba ýelmediňiz? «Garagol» näme diýmek? Bu babatda siziň bilen birnäçe pikirimi paýlaşmak isleýärin.

Kärdeşler bu sözi nähili ýagdaýda ulansak ulanalyň, barybir, şol söz bilen çaganyň tutuş şahsyýetini kemsitdigimiz bolýar. Haýsydyr bir çaga «Garagol çaga» diýsek, onuň özüni, ähli aýratynlyklaryny, gepiň gysgasy, her tarapyny nyşana aldygymyzdyr. Iň bolmanda, çagalaryň özi şu meselä şeýle düşünýär. Biz bolsa, göýä, onuň özüni däl-de, hereketlerini

terbiýelemäge çalyşýana çalymdaş.

Mahlasy, biziň garagollyk diýip häsiýetlendirýän aýratynlyklarymyzyň ählisiniň binýadynda şu maksat bar. Aslynda welin, garagolluk şony eden çaganyň haýsydyr bir bitirilmedik isleginden kemal bolan zatdyr. Tejribeli ata-ene ýa-da mugallym çaganyň garagollugyny tankytlamak ýerine oňa düşünmäge, garagollugyň näme sebäpden ýüze çykandygyny anyklamaga çalyşýar. Halanmaýan endikleriň çeşmesini tapmasak, olaryň soňuna çykmak mümkin däldir.

Aslynda, garagolluklar zehiniň miwesidir. Başgaça aýtsak, ol öz «eýesinden» döredijilik ukybyny talap edýär. Garagollugyň gözbaşy nähili hem bolsa, çaga o barada pikirlenipdir. Şonuň üçin hem ulularyň bu garagolluk bilen göreşjek bolmagy, çaganyň döredijilik ukybynyň düýbüne palta urýar. Bu barada siz bilen bolup geçen bir wakany paýlaşaýyn:

*Dört ýarym ýaşly Seljuk çagalar bagyna gatnaýardy. Bir gün onuň terbiýeçileriniň biri maňa jaň edip: «Ýoldaş mugallym, gelip gidermisiňiz? Bir meselämiz bar» diýdi. Şol ýyllarda çaklaňja etrapçada işleýändigim üçin 5-10 minutda çagalar bagyna ýetdim. Terbiýeçi hetdenaşa gaharly we gaýgylydy. Men mesele bilen gyzyklandym.*

*— Ýene garagolluk. Men ogluňyza nähili çäre tapjagymy bilemok. Haýyş edýän, maňa kömekçi boluň!*

*Oglumyň nähili ýakymsyzlyk edendigini soradym. Onuň beren jogabyna bolsa gülmän zordan saklandym. Seljuk birnäçe hepdeden bäri çekirtge ýygnap, olary bir çüýşe gapda birikdirýän eken. Olary iýmitlendirmäge synanyşyp, çekirtgeler bilen oýnaýan ekenem. Bu ýagdaýa terbiýeçiler ilki-ilkiler Seljugyň tebigata bolan söýgüsi hasaplan hem bolsalar, hakykat soň ýüze çykypdy. Seljuk hemmeleriň daşarda oýnap ýören wagty gyzjagazlaryň*

*torbalaryna ýeke-ýekeden çekirtge goýuşdyryp çykýan eken. Niçikmi, hemmeler gaýdyp gelip, torbalar açylýaram welin, otagy gyzjagazlaryň çirkin sesleri gaplaýan eken. Olaryň gygyrany haýsy, aglany haýsy, ata-enelerine şikaýat edeni haýsy! Garaz, barypýatan garagolluk bu!*

*Indi bu wakada şaýat bolan garagollugymyzyň üç aýratynlygyny bilelikde seljereliň!*

1. Köpçüligiň rahatlygyny bozýan, hemmeleri gorkuzýan we hiç kimiň islemeýän çagasy bar. Muny görmezlige çalyşmalyň!

2. Bu garagolluk — çaganyň döredijilik ukybynyň miwesi. Özem ajaýyp döredijilik!

3. Ony durmuşa geçirmek bolsa uly töwekgelçiligi we batyrgaýlygy talap edýär. Soňunda terbiýeçilerinden almytyny aljagyny bilýän hem bolsa, bu töwekgelçiligi eden çagany gutlasa da bolar.

Siziň pikiriňize görä, Seljuga jeza bermelimi? Gürrüňsiz, hawa! Ýokardaky üç bölümiň ilkinjisini alyp göreliň. Okuwçynyň eden etmişiniň jogapsyz galmazlygy — bilim ulgamynyň aýrylmaz parçalarynyň biri. Ýöne jezalandyrmagy hem ýagdaýa görä ulanmaly. Bu ýagdaýy has içgin öwrenmäge girişmänkäk, jeza bermegiň käbir düzgünlerini ýatlalyň:

*Jeza bermegiň mazmuny okuwçyny sylagdan mahrum etmekdir. Özi hem beriljek jeza gijikdirilmeli däl, ýöne ol edilen etmişden agyr hem bolmaly däl. Hatda beriljek jeza barada okuwçynyň özüne sala salynsa, has ýerlikli bolar. Ol okuwçynyň eden etmişine düşünjek derejesinde bolmaly. Jeza okuwçy öz işjeňligi, ynamy we döredijilik güýji barada pikirlener derejede saýlanmaly. Käte bolsa okuwçynyň eden garagollugyna ýürekden garşy çykmak hem jezanyň ýerini tutup bilýär. Ýöne bu örän inçe iş: okuwçynyň şahsyýetini kemsitmeli däl. Çünki jeza bermek*

*söýgüden we gyzyklanmadan mahrum etmek däldir. Adamkärçilikden çykýan jeza okuwçynyň gowy ýola girmegine ýardam edip bilmez. Üstesine-de, fiziki jeza ony ulanýanyň ejizliginden, çäresizliginden habar berýär. Fiziki jezany ulanýan mugallymyň beden dili näme diýýär, bilýäňizmi? «Seni boýun egdirmek, eden işleriň ýalňyşdygyny düşündirmek üçin nähilidir bir ýol bolmaly, ýöne men ony bilemok. Hut bilmeýänim üçin hem seni urjak». Hawa, fiziki jeza şeýle diýýär. Indi garagollukdan gözi açylmaýan okuwçynyň beden diliniň diýýänlerine gulak asyň: «Hawa, etdim, edil şeýle ýepbeklenmeden gorkmasam, ýene gaýtalaryn». Garaz, ol eden işiniň telekdigine düşünmez. Fiziki täsiriň onuň şahsy özbaşdaklygyna, özüne bolan hormatyna we işjeňligine zyýan berşi ýaly, käte endige öwrülip gider. Wagtyň geçmegi bilen hem olar taýaga öwrenişip gider. Belli bir wagt geçensoň bolsa, ol ýygy-ýygydan fiziki jezany küýsär. Şeýdip hem jeza mynasyp boljak hereketlerini yzygiderli gaýtalar. Oýlanyşyksyz ulanylan jezanyň filmlerdäki erbet gahrymanlary hakyky durmuşda döredäýmek howpy hem ýok däl. Şonuň üçin hem halys zerur bolmasa, bilim bermek işinde jezadan saklanan ýagşy. Sylaglamak, höweslendirmek we düşündirmek bolsa hemişe jeza bermekden bir basgançak ýokarda durandyr.*

Seljuga nähili jeza bermeli? Şol mahal terbiýeçi menden bir jeza däl-de, olaryň tutuş bir sanawyny isleýärdi. Başgaça aýtsam, «Kyrk gatyrmy, kyrk setir?» sowalynyň jogabyny talap edýärdi. Ýöne ýokarda getirenlerimizi hiç haçan ýadyňyzdan çykarmaň: adamyň her bir hereketi — gowusy, erbedi, peýdalysy, peýdasyzy haýsy hem bolsa bir maksada gulluk edýändir. Şonuň üçin hem olaryň hereketinden many çykarmaga çalşanymyzda, şol maksada çynlakaý düşünjek bolmak örän ýerlikli usuldyr. Gürrüňsiz, ýokarda getirilen wakanyň bir aýratynlygy siziň hem ünsüňizi özüne çekendir: Seljuk diňe gyzlaryň torbalaryna çekirtge

goýupdyr. Ol 4,5 ýaşynda. Bu iki maglumat, aslynda, bize köp zady bermeli. Çagalaryň dünýäsine düşünýänler şu ýaşdaky çagalaryň garşy jynsdaky deň-duşlaryndan rüstem gelmek üçin «ellerinden gelenini gaýgyrmaýandygyny» bilýändirler. Şonuň üçin hem garagolluk eden çagany jezalandyrmak üçin onuň zerurlyk duýan ýagdaýyna, maksadyna düşünmek gerek. Şonuň üçin hem saýlanyljak jeza onuň döredijilik ukybyna we şol ukypdan dörän miwelere zeper ýetirmeli däldir. Çünki «çekirtgeçi» çaganyň ulalansoň hem kärdeşleriniň torbalaryna çekirtge goýmajakdygy mesaňa mälim ýagdaý. Çagalykda gyzlaryň torbalaryna çekirtge goýup çykmaga sebäp bolan döredijilik güýjüni onuň geljekde jemgyýete peýdaly täze taslamalar üçin sarp etmegi ahmal.

Gürrüňsiz, köpiňiz Seljuga näme jezanyň berlendigi bilen gyzyklanýansyňyz. Terbiýeçiniň, Seljugyň goşulmagyndaky kiçijik ýygnak bilen oňa şeýle jeza berdik: bir hepdeläp iýlip-içilýän wagty gyzlaryň iýjek içjeklerini Seljuk taýýarlap bermeli. Şol hepde agşamlyk naharynyň başynda Seljukdan gyzlaryň iýjek-içjekleriniň taýýarlaýarka, özüni nähili duýýandygy barada soradym: «Elif bilen Semra höwes bilen hyzmat edýärin. Olar gowy gyzlar. Aýşe bilen Hüsnini bolsa etjegim bar entek. Beýlekilerine bolsa...».

## Birnäçe dürdäne pikir

Şeýle bir hereket et, başgalar hem seniň hereketleriň kanunlaryndan ugur alsyn.

**Kant**

Hernäçe bilýän hem bolsaň, bilýänleriň garşyňdakynyň düşünip bilşine görädir.

**Möwlana**

Okap bilseňiz, her adam bir kitapdyr.

**W. Elleri Çanning**

Bilýän zadyň barada dymmak, bilmeýärkäň gürlän ýaly elhençdir.

**Platon**

Meseläniň kyndygyndan şikaýat etme, eger ol kyn bolmasa, mesele diýmezdiler.

**F. Foç**

***Hekaýa***

***Bagyşlamagyň güýji***

*Orta mekdepleriniň birinde ýokary synplary okadýan mugallym bir gün okuwçylaryna şeýle teklip bilen ýüzlenipdir:*

*— Bir durmuş tejribesine goşulmak isleýärsiňiz mi?*

*Okuwçylar örän sylaýan mugallymlarynyň bu teklibine dessine razy bolýarlar.*

*— Beýle bolsa, mundan soň men näme diýsem, ýerine ýetirjekdigiňize söz beriň! — Elbetde, okuwçylar söz berýärler. — Indi bolsa ertirki öýe berlen ýumuşlara taýýar boluň. Ertir her biriňiz bir plastiki gap we 5 kilogramdan ýeralma getiriň.*

*Okuwçylar mugallymyň näme etjek bolýanyna känbir düşünmeselerem, ertir synpda ýeralmalardyr torbalar taýýar boldy. Mugallym özüne uly gyzyklanma bilen seredýän gözlere seredip şeýle diýdi:*

*— Indi şu güne çenli bagyşlamadyk her bir adamymyz üçin bir ýeralma alyň-da, ýeralmanyň ýüzüne onuň adyny ýazyp, gaba goýuň.*

*Okuwçylar işe girişýär. Az salymdan kimsiniň torbasynda iküç ýeralma görünýän bolsa, käbiriniň torbasy agzyna çenli ýeralmadan doly diýýär. Mugallym özüne: «Ýeri, indi näme bolarka?» diýýän nazar bilen seredýän okuwçylaryna bakyp, işiň indiki ädimini yglan etdi:*

*— Bir hepdäniň dowamynda nirä gitseňizem, bu ýeralmaly torbalar ýanyňyzda bolsun. Ýatanyňyzda, awtobusda, synpda, garaz, hiç bir ýerde olary gapdalyňyzdan goýmaň.*

*Ezýetli hepde geçýärem welin, okuwçylar mugallym synpa girip-girmänkä, şikaýat ýagdyryp başlaýarlar:*

*— Ýoldaş mugallym, beýle agyr torbany ähli ýere süýrekläp ýörmek juda kyn.*

*— Ýeralmalar porsap başlady. Walla, adamlar birhili seredýär indi maňa. Ýüregimize düşdi, ýadadyk.*

*Mugallym ýylgyrdy-da, okuwçylaryna şeýle diýdi:*

*— Görýäňizmi, kimdir birini bagyşlamazlyk bilen, aslynda, özüňizi jezalandyrýarsyňyz. Özüňizi ruhy dünýäňizde agyr ýüki daşamaga mejbur edýärsiňiz. Bagyşlamazlyk ar almakdyr öýdüp pikir edýärsiňiz, ýöne bagyşlamak, ilkinji nobatda, özümize edýän ýagşylygymyzdyr.*

Şol bir dilde gürleşýänler däl, şol bir pikirleri paýlaşýanlar düşünişip biler.

**Möwlana**

**Umumy peýdalarymyz**

*Öwretmäge däl, ÖWRENMÄGE;*

*Ýat tutmaga däl, DÜŞÜNMÄGE, SYNAP GÖRMÄGE, SELJERMÄGE;*

*Şekile we galyba däl, ADAM ÝETIŞDIRMÄGE;*

*Yzagalaklygy ölçermäge däl, ÜSTÜNLIGI ÖLÇEMÄGE;*

*Hatardan çykarmaga däl, ISLEGE WE BAŞARNYGA GÖRÄ NETIJE ÇYKARMAGA WE ŞOL UGRA GÖNÜKDIRMÄGE;*

*Merkezde okuw maksatnamasyny däl, OKUWÇYNY GOÝMAGA;*

*Bir çeşmä baglanmaga däl, ÇEŞME BAÝLYGYNA;*

*Berleni bolşy ýaly kabul etmek düşünjesine gulluk etmäge däl, ERKIN WE YLMY TAÝDAN PIKIRLENMÄGE, PELSEPE DÖRETMÄGE;*

*Mejbur etmäge däl, HÖWESLENDIRMÄGE;*

*Gorkuzmaga däl, SÖÝMÄGE, GADYR GOÝMAGA WE DEMOKRATIÝA GULLUK EDÝÄN BILIM DÜŞÜNJESINI DURMUŞA GEÇIRMEK.*

## JEMLEÝJI SÖZ

Kitaby okadyňyz. Çynymy aýtsam, meni pikirleriňiz gyzyklandyrýar. Başynda-da ýazdym: bu kitabyň maksady pikirleri we duýgulary paýlaşmakdyr. Pikirlerdir duýgularyň dürli-dürli bolmagy, aslynda, baýlykdyr we adam bolmagyň esasy şertleriniň biridir. Siz pikirdir duýgularyňyz has başgaça we baý bolup biler. Bu — tebigy ýagdaý. Ýöne bir käriň, bir toplumyň we bir dünýäniň wekilleri bolandygymyz üçin tapawutly pikirlerimiziň bardygyna garamazdan, umumy peýdamyzyň bolmalydygyna ynanýaryn. Bu umumy peýdalar nämeler bolup biler? Olara ýetmek üçin aşakda bir deňeşdirmäni hödürleýärin. Onuň ähmiýetli boljakdygyna-da ynanýaryn.

Bu pikirlerimi goldaýan bolsaňyz, şuňa-da ynanyň: bilim ulgamyndaky özgerişlik, ilkinji nobatda, MUGALLYMLARYMYZYŇ BEÝNISINDE başlamalydyr.

Haýyş edýärin, kitap baradaky pikirleriňizi meniň bilen paýlaşyň! Her bir hatyňyza, jaňyňyza we elektron hatyňyza höwes bilen jogap bererin. Meni mekdebiňize-de çagyryp bilersiňiz. Mümkinçilik boldugyça, okuwçylaryňyzyň ata-eneleri, okuwçylaryňyz we siz bilen tanyşmak meni şat eder.

Hyýal etmäge, iň esasysy bolsa, ony durmuşa geçirmäge üns

beriň!

Mugallym — gahrymandyr! Höwes we uly söýgi bilen öwrediň!

**Hasan Ýylmaz**

## TERJIMEÇIDEN

Kitabyň başyndan bäri okap gelýän bolsaňyz (ol žurnalyň geçen ýyldaky ikinji sanyndan çap edilip başlandy), ilkinji sözlemi «Ähli zat Osman mugallym bilen baglanyşykly başlandy» diýýändir. Meniň hem şeýle başlasym gelýär: ähli zat žurnaldaky terjimeleriň birini okamakdan başlandy. Hemişeki endigime görä, agşamky gezelençden soň «Türkmenmetbugata» göz gezdirip otyrkam, «Dünýä edebiýatyndaky» bir terjimede eglenenimi özüm hem duýman galypdyryn. Çeper eser däldi, üstünlige ruhlandyryjy eserdi. Eseriň terjimeçisini tanaýandygym üçin wagtyň giç bolandygyna garamazdan, jaň edip, gowy terjime üçin ony gutladym. Ol bolsa terjime bilen özümiň hem meşgullanyp görmegimi, eger göwnesem, özünde gowy kitaplaryň kändigini aýtdy.

Bu barada käte-käte özüm hem pikir edýärdim. Ýöne orta mekdepden galam ýöredip, indi 10 ýyldan bäri şondan çörek iýip gelýän hem bolsam, şygryýetde poema, kyssada powestdir roman ýazmakdan hem uly eserleri terjime etmekden ýaýdanýardym. Gowy terjimesi bilen görelde görkezen kärdeşimiň sözleri ganatlandyran ýaly bolaýdy. Garaz, birki gün geçip-geçmän, elektron salgyma türkiýeli mugallym Hasan Ýylmazyň «Şu kitaby okap görüň, mugallym!» («Öğretmenim, lütfen bu kitabı okur musun!») atly kitaby geldi.

Galamdaşym kemsiz tarypyny ýetiren hem bolsa, kitabyň bir bölümini hem dolulygyna okaman, töwekgelçilik bilen ony terjime

etmäge girişdim. Näme bolandyr öýdýäňiz, bir oturyşyma, kitabyň 7 sahypasyny dagy terjime edäýipdirin. Munam «Bir dynç alaýyn!» diýip, kompýuteriň başyndan biraz çekilenimde gördüm. Setirler şeýle bir özüne çekýärdi welin, Ýeriň dartyş güýji ýaly, nirädir bir ýere aýrylyp gitjek gümanaň ýok. Şeýdibem žurnalyň geçen ýylyň ikinji sanyndan bäri bu kitaby siz bilen bile okap başladyk.

Diplomym boýunça asyl kärim mugallymçylyk hem bolsa, heniz bir gezek hem sapaga girip göremok. Tä şu kitaby okap, terjime edýänçäm, beýle niýetim hem ýokdy. Ýöne indi haçan hem bolsa bir wagt asyl kärime dolanyp baryp, türkmen dilinde siz bilen paýlaşanlarymy durmuşa geçirip görmek niýetim ýok däl. Siz kitaby okap, onda berilýän maslahatlaryň iň bolmanda ýekejesini durmuşa geçirip gören hem bolsaňyz, terjimäniň awtoryndan has bagtly we has öňdebaryjysyňyz. Onsoň awtoryň özüniň hem ýazyşy ýaly, kitapda diňe pikirlerdir duýgular paýlaşylýar. Olary goldamak ýa goldamazlyk özüňize bagly. Ýöne, gadyrdan mugallymlar, her niçik hem bolsa, diňe Türkiýede 12 gezek gaýtadan çap edilen kitabyň size-de haýrynyň degjekdigine ynanýaryn. Eger şeýle bolsa, ejemden miras galan asyl kärimiň eýelerine eden ýerlikli ýagşylygymyz bolardy. Kitabyň özüniň maňa eden uly ýagşylygy bolsa, hysyrdysy ýetik žurnalistik işimiň daşyndan täze terjimelere höweslendirdi. Dünýä edebiýatynyň ýeneki saýlama eserlerini ene dilimizde bilelikde okaýançak, aman galyň!

**Türk dilinden terjime eden**

**Agageldi ITALMAZOW**